TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

**YZZEDDIN IBN ESIR**

# KÄMIL TARYH

عزّ الدين ابن الاثير

# الكامل في التاريخ

**III**

**Arap dilinden terjime eden
we çapa taýýarlan
Kakajan Janbekow**

AŞGABAT «MIRAS» 2005

**UOK 950**
**I 12**
**I 12 Ibn Esir Y.**
Kämil taryh, III jilt. A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 – 236sah.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**R.Geldiýew,** *dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

*XIII asyrda ýaşap geçen beýik taryhçy alym Yzzeddin ibn Esiriň «Kämil taryh» atly kitaby dünýä taryhyny öwrenmekde iň ygtybarly çeşmeleriň biri hasaplanýar. Ömrüniň agramly bölegini türkmen hökümdarlarynyň hemaýatkärliginde geçiren Ibn Esiriň türkmen serkerdeleriniň ýörişlerine, söweşlerine taryhçy hökmünde gatnaşandygy has-da gyzyklydyr. Ol birnäçe wagtlap Mosul atabegleri bilen halypanyň arasynda ilçi bolýar. Ol öz ýazgylarynda beýan edýän wakalarynyň köpüsine gözli şaýat bolan şahsdyr.*

*Ibn Esiriň «Kämil taryh» atly köp jiltli eseriniň esasan türkmen halkynyň taryhy bilen baglanyşykly bölümleri saýlanyp terjime edildi.*

*Türkmen halkynyň taryhyna degişli gyzykly maglumatlary özünde jemleýän bu kitap Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy zamanasynda ilkinji gezek türkmen dilinde neşir edilip, giň okyjylar köpçüligine ýetirilýär.*

**TMMMM №29**

**TDKP №5** **2005** **KBK 63,3(5)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 ý.
Ibn Esir Y., III jilt, 2005 ý.
Janbekow K., terjime, çapa taýýarlama, 2005 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň***
***Ilkinji we Ömürlik Prezidenti***
***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň***
***howandarlygynda neşir edilýär.***

## GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň il-günüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany

dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-***

***babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr»*.** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

Eziz halkym!

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**

**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

## 584-NJI HIJRI ÝYLY
*( 02.03.1188-21.01.1189 ý.)*

## SOLTAN SALAHEDDINIŇ KÖWKEP GALASYNY GABAWA SALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda, gyş paslynyň ahyrynda Soltan Salaheddin esgerleri bilen Akkadan Köwkep galasyna ýöriş edip, ony gabady. Soltan Salaheddin esgerleriniň azlygyna garamazdan, galany basyp almak ýeňil düşer öýtdi. Galanyň goragynyň güýçlüdigini görende, maksadyna ýetmegiň kyn düşjekdegine düşündi. Ol birnäçe wagtdan Köwkebiň gabawyna Gaýmaz Nejmini hemişelik gözegçi belläp, özi dört tirkeşigiň birinji aýynda ýola düşdi. Mälik Gyzyl Arslanyň, Gylyç Arslanyň we başgalaryň ilçileri Soltan Salaheddiniň ýanyna gelip, ony ýeňiş bilen gutladylar. Soňra ol Köwkepden Damaska gitdi. Adamlar onuň dolanyp gelmegine örän şatlandylar. Soltan Salaheddin goşun ýygnamak üçin ýurduň ähli ýerine hat ýollady. Özi bolsa kenarýaka ülkelere gitdi.

## SOLTAN SALAHEDDINIŇ ÝEWROPA ÝURTLARYNA EDEN ÝÖRIŞINIŇ BEÝANY

Soltan Salaheddin Damaskdan gitmezinden ozal maslahatlaşmak we hoşlaşmak üçin kazynyň ýanyna bardy. Kazy bilen

hoşlaşyp, Soltan Salaheddin dört tirkeşigiň birinji aýynyň ortasynda Damaskdan Humusa ýöneldi. Ol Humusyň günbataryndaky Kadas kölüniň ýanynda düşledi. Onuň ýanyna dürli ýerlerden goşun gelip başlady. Ilkinji bolup Sanjar hökümdary Ymadeddin Zeňňi ibn Mewdut ibn Aksungur geldi. Mosul we Jezire ýurtlaryndan hem goşuna esger gelip goşuldy. Esger gelip, goşun köpeldi, hatda onuň bir çeti kürtleriň galasynyň gündogar tarapyna çenli baryp ýetdi. Men hem [Ibn Esir, terj. bell.] şol wagt onuň ýanyndadym. Şol günden başlap esgerler Ýewropa gidip ugradylar. Olar Sofiýany, Uzaýmany, Ýahmury we beýleki welaýatlardyr ýurtlary basyp aldylar. Soltan Salaheddin ýurtlary aýlanyp görüp, bu ýerlere gelýän ýollary we bu ýerler bilen araçäkleşýän ýurtlary öwrenip, goşun leşgergähine sag-salamat dolanyp geldi. Esgerler dürli-dümen olja alyp, dört tirkeşigiň birinji aýynyň ahyryna çenli kürt galasynda galdylar.

## JEBELÄNIŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Salaheddin kürt galasynda bolýarka, onuň ýanyna Jebeläniň kazysy Mansur ibn Nebil geldi. Ol Antakyýanyň we Jebeläniň kazysydy we ol ýerleriň eýesi Bimondyň ýakyn ýardamçysydy. Kazy gepi diňlenýän, uly hormatdan peýdalanýan, şol ýeriň ähli musulmanlaryna hökümini ýöredýän adamdy. Kazy Soltan Salaheddinden başga dine gulluk edýänlerden musulmanlary azat etmegini sorady. Soltan Salaheddin kazy bilen ýörişe gitdi. Soltan Salaheddin baryp görse, ýewropalylar ondan gorkusyna şäheri boşadyp, barysy galanyň iki minarasyna jemlenipdir. Bu iki minara özbaşyna bir gala ýalydy we güýçli goralýardy. Musulmanlar galanyň diwarlaryny, gaýry dinlileriň ýaşaýan öýlerini ýykyp-ýumrup weýran etdiler. Soltan Salaheddin bu iki minarany gabawa aldy. Bir minaranyň adamlary aman diläp, Soltan Salaheddiniň ýanyna geldiler.

Soltan Salaheddin olara aman berdi. Soňra galany (minarany) ýumurdyp, her bir daşjagazyna çenli deňze oklatdyrdy. Beýleki bir minarada buthana bardy. Şol minara basylyp alynmady. Olaryň serkerdesi Kudus basylyp alnanda Soltan Salaheddine ýesir düşdi. Soltan Salaheddin Antartus welaýatyny harap etdi. Ol Antartusdan Marakyýa gitdi we şäheri adamlardan boşatdy.

Sisiliýalylar (Saklyýa) kenarýaka ýewropalylara kömek sorap ýüz tutdular. Olar Trablusda jemlendiler we Soltan Salaheddiniň gelýändigini eşidip, onuň ýoluny saklamak üçin, deňiz ýakasyna – Markabyň etegine geldiler. Soltan Salaheddin bu ýagdaýy görüp, bogazyň başyndan aýagyna çenli ok atyjylaryň goýulmagyny, olaryň yzynda ýaýçylaryň durmagyny emr etdi. Musulmanlar bogazdan geçip, ýewropalylaryň arkasyndan geldiler we dört tirkeşigiň üçünji aýynyň on sekizinde Jebeläni basyp aldylar. Kazy hem olar bilen Jebelä bardy. Soltan Salaheddin gelip, galanyň diwarynyň üstünde öz tuguny dikdirdi. Ýewropalylar öz galalarynda gizlendiler. Kazy olar bilen gürleşip, olary gorkuzdy we aman dilemeklerini sorady. Ýewropalylar aman soradylar we paç tölemäge boýun boldular.

Soltan Salaheddin Jebeledäki ýagdaýlary düzgünleşdirip, oňa Osman ibn Deýýany emir belläp, özi ýola düşdi.

## LAZYKYÝA GALASYNYŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Salaheddin Jebeläni düzgünleşdirip, Lazykyýa galasyna tarap gitdi. Ol Lazykyýa galasyna dört tirkeşigiň üçünji aýynyň ýigrimi dördüne baryp ýetdi. Ýewropalylar güýjüniň ejizligi sebäpli şäheri taşlap gitmäge mejbur boldylar. Olar dagyň üstünde ýerleşýän iki galada ornaşyp, şol ýerde gorandylar. Musulmanlar kükrekleri bilen galanyň düýbüne süýşüp baryp, galanyň diwarynyň aşagyny gazyp ugradylar. Olar altmyş zy-

rag gazanlarynda ýewropalylar özlerine abanýan howpa göz ýetirdiler. Jebeläniň kazysy olaryň ýanyna baryp, musulmanlaryň güýçlüdigini we eger olar aman dileseler, aman beriljekdigini habar berdi. Olar aman dilediler. Soltan Salaheddin olara aman berdi. Soltan Salaheddin şähere geleninden üç gün soň, iki galada-da yslam tugy dikildi.

Lazykyýe galasy owadan ymaratlardan we mermer jaýlardan doludy. Musulmanlar köp ýerleri harap edip, ymaratlardan goparylan mermerleri satdylar. Mermeriň her bir bölegi uly girdeji getirdi. Soltan Salaheddin şäheri agasynyň ogly Takyýeddine tabşyrdy.

## SISILIÝA DEŇIZ GÜÝÇLERINIŇ ÝAGDAÝYNYŇ BEÝANY

Soltan Salaheddiniň Lazykyýadaky söweşi hakyndaky habar Lazykyýa gämi duralgasyna gelip ýetende, gämi duralgasynyň daş-töwereginde ýaşaýanlar Soltan Salaheddiniň öňünden çykyp, gämi duralgasyny oňa tabşyryp, soltanyň tabynlygyna girdiler.

Deňiz güýçleriniň ýolbaşçylarynyň biri Soltan Salaheddinden aman diledi we duşuşmak isleýändigini duýdurdy. Soltan Salaheddin oňa aman berip, ony kabul etdi. Ol adam Soltan Salaheddiniň ýanyna gelip, iki elini ýere goýup, ýeri ogşady. Soltan ondan bu eden işiniň manysyny düşündirmegi sorady. Ol: «Sen rehimdar we sahy soltansyň. Sen ýewropalylara diňe geçirimlilik etdiň. Indi bolsa olar bilen dürli ýurtlary we galalary basyp al. Isleseň, sadyk gullaryň bolup hyzmat etsinler. Deňiz üsti bilen abanýan howpdan gorasynlar» diýdi. Soltan Salaheddin ol adamyň sözüni kabul etdi we oňa halat-serpaý ýapdy.

## SIHÝUN WE BAŞGA-DA BIRNÄÇE GALALARYŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Dört tirkeşigiň üçünji aýynyň ýigrimi ýedisine Soltan Salaheddin Lazykyýadan Sihýun galasyna tarap ýola düşdi. Galanyň dagda ýerleşýändigi, aşagynyň jülgedigi, ýollarynyň dardygy galanyň basylyp alynmasyny has-da kynlaşdyrýardy. Manjanyklaryň daş zyňyp biläýjek tarapynda dag ýerleşýärdi. Başga taraplarynda-da garym gazylyp, diwarlar galdyrylypdy. Soltan Salaheddin daga diräp birnäçe manjanyk goýduryp, Halabyň hökümdary — ogly Mälik Zahyry gözegçi belledi. Jülgäniň dar ýerine manjanyk goýduryp, ol ýerden-de gala daş zyňdyrdy. Soltan Salaheddiniň goşunynda dagda ýaşaýan birnäçe adam bardy. Batyrgaýlykda, naýza tutmakda olaryň deňitaýy ýokdy. Musulmanlar duşmanyň gapyllygyndan peýdalanyp, dagyň daşlaryndan dyrmaşyp çykyp, galanyň bir tarapyny eýeledi. Soňra musulman goşuny aýylganç söweşip, duşmany derbi-dagyn edip, galanyň galan bölegini hem eýelediler. Ýewropalylar bir gala gaçyp girip, şol ýerde derwezäni gulplap, gulplanyp, galanyň diwarlarynda durup söweşdiler. Güýjüniň ejizdigine, ahyrynda ýeňiljekdigine gözi ýeten duşmanlar aman dilediler. Emma Soltan Salaheddin olara aman bermedi. Duşmanlar gyrlyp, olaryň galalary eýelenip, örän köp mukdarda olja alyndy. Gala seretmek we bu ýere gözegçilik etmek Aby Kubaýs galasynyň hökümdary Nasyreddin Mengubarsa ynanyldy. Sihýun galasy eýelenenden soňra musulmanlar şol töwerege ýaýradylar we Blatunus galasyny basyp aldylar. Bu galadaky ýewropalylar öň hem musulmanlar bilen söweşipdiler. Şol sebäpli olaryň gelýändigini eşidenden, gorkularyna galany taşlap gaçdylar. Musulmanlar başga-da birnäçe galalary basyp alyp, yslam döwletiniň çäklerini giňeltdiler. Galalaryň birnäçesi ýewropalylaryň elinde bolsa, galan bir bölegi bolsa ysmaýylylaryň elindedi.

## BAKAS WE ŞUGR GALALARYNYŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Dört tirkeşigiň dördünji aýynyň üçüne Soltan Salaheddin Sihýun galasyndan çykyp, Bakas galasyna tarap ýola düşdi. Ol bu ýere gelende ýewropalylaryň galany boşadyp, Şugr galasynda gizlenendigini eşitdi. Şeýdip, Bakas galasy hiç hili ýitgisiz, söweşsiz musulmanlaryň eline geçdi. Soňra ol Şugr galasyna ýöriş edip, galany gabawa saldy. Bakas we Şugr galalary Lazykyýa we Jebelä barýan iň ýakyn ýoluň ugrunda ýerleşýärdi. Soltan Salaheddin galanyň goragynyň güýçlüdigine, hiç bir ýol bilen oňa ýakynlaşmagyň mümkin däldigine göz ýetirip, esgerlerine galanyň aşagyny gazmagy we manjanyklar oturtmagy emr etdi. Esgerler onuň aýdyşy ýaly etdiler. Emma manjanyklaryň zyňýan daşy gala ýetenokdy, gala ýetýäni hem uly bir zyýan ýetirenokdy. Musulmanlar şeýle ýagdaýda birnäçe gün gabawy dowam etdirdiler. Olar indi näme etjekdiklerine akyl ýetirip bilenokdylar.

Şol bir wagtda Soltan Salaheddin we onuň egindeşleri galany nähili ýol bilen almalydygy hakynda maslahatlaşdylar. Soltan Salaheddin olara «Allanyň özi bize ýeňşi bagyş eder we biz galany alarys» diýdi. Edil şol wagt bir adamyň galadan çykyp, özüne aman berilmegini diläp, Soltan Salaheddiniň ýanyna eltilmegini soraýandygyny habar berdiler. Ilçini Soltan Salaheddiniň ýanyna alyp gitdiler. Soltan Salaheddin ilçä, eger galadakylar üç günüň içinde boýun egseler, onda olaryň özlerini, mal-mülküni aman goýjakdygyny aýtdy. Üçülenji gün diýlende, galanyň adamlary boýun egip, Soltan Salaheddiniň ýanyna geldiler. Bu hadysa dört tirkeşigiň dördünji aýynyň on altysyna anna güni bolup geçdi. Bu gala Antakyýa hökümdary Bimonda degişli galalaryň biridi. Galadakylar Bimonddan kömek sorap, ilçi iberdiler. Emma ondan jogap bolmandan soň

we Allanyň olaryň ýüregine dowul düşürmegi sebäpli, galadakylar Soltan Salaheddine boýun bolýarlar. Soltan Salaheddin gala Gylyç atly emirini häkim belläp, özi ol ýerden gitdi.

## SARMINIÝA GALASYNYŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Salaheddin ady agzalan galalar bilen meşgul bolup ýörkä, onuň ogly Halabyň hökümdary Mälik Zahyr Gazy Sarminiýa galasyny gabawa saldy. Ol galadakylary bu ýerden çykaryp, galany ýer bilen ýegsan etdirdi. Bu galada musulman ýesirleri bardy. Mälik Zahyr olary azat edip, egin-eşik berdi. Dört tirkeşigiň dördünji aýynyň ýigrimi üçüne gala musulmanlaryň eline geçdi.

Allanyň emri bilen Jebeleden Sarminiýa galasyna çenli ähli şäherdir galalar musulmanlaryň güýçli gollarynda jemlendi. Antakyýanyň kiçiräjik galalaryndan galany musulmanlaryň eline geçdi.

## BARZAÝA GALASYNYŇ ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Salaheddin Şugr galasyndan Barzaýa galasyna tarap ýola düşdi. Barzaýanyň ýanynda Afemiýa galasy ýerleşýärdi. Bu iki galanyň arasynda Barzaýa dagyndan çogup çykýan çeşmeler, köller bardy. Bu galalaryň adamlary ýolda musulmanlary talap, köp ezýet berýärdiler. Soltan Salaheddin bu ýere dört tirkeşigiň dördünji aýynyň ýigrimi dördüne gelip, galanyň daşyndan atly aýlanyp gördi we söweşmek üçin galanyň günbatar tarapyny saýlap alyp, şol ýerde birnäçe esgeri bilen kiçiräjik çadyr gurdurdy. Bu galalaryň günorta we demirgazyk tarapyndan ýakynlaşyp boljak däldi, sebäbi daga çykar ýaly hiç hili ýol ýokdy. Gündogar tarapyndan daga çykyp bolsa-da, ol

ýerde söweşmek mümkinçiligi ýokdy. Günbatar tarapy jülgedi we ol ýere manjanyklary hem eltip bolýardy. Duşmanlar hem galadan manjanyklardan daş zyňýardylar. Men hem [Ibn Esir] daga çykyp, galany synladym we galadaky bir aýalyň manjanyga ok salyp, manjanykdan daş zyňýandygyny gördüm. Soltan Salaheddin manjanyklaryň gaty bir peýda bermeýändigine göz ýetirip, esgerlerini üç topara bölüp, galadakylar bilen söweşe girmegi emr etdi. Toparlar gezekleşip söweşýärdiler. Birinji topar söweşip ýadandan soň, ikinji topar ony çalyşýardy. Ikinji topar ýadasa, üçünji topar bilen çalyşýardy. Emma galadaky ýewropalylaryň çalşyp durmaga artykmaç adamlary ýokdy. Olar basym ýadadylar we galany taşlap daga çekildiler. Bu waka dört tirkeşigiň dördünji aýynyň ýigrimi ýedisine bolup geçdi. Ymadeddin Zeňňi ibn Mewdut daga çekilen ýewropalylaryň yzyndan ýetip, olar bilen söweşe girdi. Musulmanlar olary toparlary bilen gyrdylar. Duşman dagdan daş inderýärdi. Emma musulmanlara hiç hili zeper ýetirip bilenokdylar. Soltan Salaheddin we onuň agasynyň ogly Takyýeddin saýlama goşun bilen söweşe girdiler. Soltan Salaheddin öýläne çenli söweşip, leşgergähine dolandy. Olary nobatyna garaşyp duran topar çalyşdy. Ymadeddiniň dynç alan esgerleri bilen söweşe girdi. Duşmanlaryň ýagdaýy kynlaşdy. Gün gyzýardy, olaryň ýadawlygam üstesine bolup, ýaraglaryny götermäge-de mejallary ýokdy. Musulmanlar ýewropalylaryň üstüne çozdular. Duşman gaçyp gala girdi. Musulmanlar hem olar bilen gala girdiler. Ýewropalylar Soltan Salaheddin tarapa topulyp, kiçiräjik musulman toparynyň ýakynlaşandygyny ünsden düşürdiler. Şeýdibem, gabawa düşdüler. Musulmanlar duşmany rehimsizlik bilen gyrdylar. Az sanly ýewropaly gaçyp, galanyň bir çetinde gizlendiler. Duşmanlar musulmanlaryň ýesirleriniň aýagyna

ýüp daňyp galanyň üstüne çykardylar. Ýesirler Alla tekbir[1] aýdyp ugradylar. Musulman goşuny galadaky musulman ýesirlerini azat edip, duşmanlaryň özlerini ýesir etdi. Öýlerini otlap, galalaryny ýumurdy. Ýesir düşenleriň içinde Barzaýanyň hökümdary, onuň aýalydyr çagalary hem bardy. Esgerler olaryň her haýsyny bir ýere iberdiler. Soltan Salaheddin olary gözledip tapdyrdy we yzyna satyn alyp, hemmesiniň başyny jemledi. Soňra olary özi bilen alyp gidip, Antakyýanyň golaýynda azat edip goýberdi. Sebäbi Barzaýanyň hökümdarynyň aýaly Bimondyň aýalynyň doganydy. Soltan Salaheddin şeýdip özüniň ynsanperwerlik häsiýetini görkezdi.

## DARB SAK GALASYNYŇ ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Barzaýa galasy alnan gününiň ertesi Soltan Salaheddin Antakyýanyň golaýyndaky galalaryň birine tarap ýola düşdi. Ol ýolda düşläp, yzyndan gelýän goşuna garaşdy. Esgerleri gelenden soňra rejep aýynyň sekizine Darb Sak galasyna gitdi. Bu gala kynçylyga düşülende peýdalanmak üçin bina edilen galady.

Musulmanlar galanyň golaýyna baryp, manjanyklar bilen gala tarap daş zyňyp ugradylar, emma gala kän zeper ýetirip bilmediler. Soltan Salaheddin gala hüjüm etmegi, galany deşiji ussalara bolsa galanyň diwarlaryny deşmegi emr etdi. Nakkaplar esgerler geçer ýaly deşik etdiler. Galadakylar kömek sorap, Antakyýa hökümdaryna ýüz tutdular. Emma hiç hili kömegiň gelmeýändigini görüp, ýüreklerine öldürilmek, gul edilmek gorkusy aralaşdy. Olar Soltan Salaheddine aman diläp ýüz tutdular. Soltan Salaheddin olara bir şert bilen, ýagny galadan hiç zat alman, diňe egnindäki eşikleri bilen çykyp

[1] «Allahy ekber» sözüni gaýtalamak.

gitseler, aman bermäge razy boldy. Darb Sak galasy rejep aýynyň on dokuzyna alyndy we galanyň adamlary Antakyýa sürgün edildi.

## BAGRAS GALASYYŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Salaheddin Darb Sak galasyndan Bagras galasyna bardy we galany gabady. Bagras galasy Antakyýanyň golaýynda ýerleşýärdi. Soltan Salaheddin we onuň egindeşleri manjanyklar bilen gala daş zyňdyrdylar. Emma gala belent ýerde ýerleşendigi sebäpli, hiç hili täsir edip bilmediler. Soltan Salaheddiniň ýakyn wagtda galany alyp biljegine gözi ýetenokdy. Az wagtdan galanyň derwezesi açylyp, galadan bir adam ylgap çykdy we aman diläp, Soltan Salaheddin bilen görüşmek isledi. Ol adam Soltan Salaheddinden galadakylar üçin aman diledi we Darb Sakdaky ylalaşylan şerte razydyklaryny aýtdy. Soltan Salaheddin olara aman berdi we yslam tuguny oňa berip, galada dikmegi buýurdy. Musulmanlar galany maly-mülki, ýaragy, baýlyklary bilen kabul edip aldylar. Soltan Salaheddin galany harap etmegi buýurdy. Bu ýerde ýaşaýan musulmanlaryň jaýlaryna-da zeper ýetdi.

## MUSULMANLAR BILEN ANTAKYÝANYŇ HÖKÜMDARYNIŇ ARASYNDAKY ÝARAŞYGYŇ BEÝANY

Soltan Salaheddin Bagras galasyny alanyndan soňra, Antakyýa gitmäge hyýallandy. Antakyýanyň hökümdary Soltan Salaheddinden gorkusyna oňa ýaraşyk teklip edip, ilçi ýollady. Ol galadaky ähli musulman ýesirlerini azat edip goýberdi. Antakyýanyň hökümdary ýewropalylaryň içinde uly ýeriň we

çäksiz maly-mülkiň eýesidi. Trablusyň hökümdary Kumus ölenden soň, ýewropalylar Trablusy hem Bimonda berdiler, sebäbi Kumusyň ogly-gyzy ýokdy. Bimond uly ogluny Trablusa hökümdar etdi.

Soltan Salaheddin bolsa Antakyýa hökümdary Bimond bilen ýaraşyk yglan edenden soň, meret aýynyň üçünde Halaba dolandy. Halaba baryp, az wagtdan Damaska gitdi. Soltan Salaheddin Damaska barandan soň, ol ýerdäki esgerlerini dürli etraplara böldi. Ymadeddin Zeňňi ibn Mewdudy Sanjara we Habura hökümdar edip iberdi. Halapdan Damaska gidende birnäçe keramatly adamlaryň guburyna zyýarat etdi.

Soltan Salaheddiniň ýanynda Yzzeddin Kasym ibn Muhanna Alawy diýen emir bardy. Soltan Salaheddin ony tiz-tizden görüp durmagy, onuň bilen söhbet guramagy gowy görerdi. Yzzeddin Ildiş şäheriniň emiridi. Soltan Salaheddin ony diýseň hormatlap, köp işlerinde oňa sala salardy. Esgerleri paýlamakda we hökümdar, emir bellemekde onuň bilen maslahatlaşýardy. Soltan Salaheddin «Ömür gysga, ajala bolsa ynam ýok, haçan gelse geläýmeli» diýerdi.

## KEREK GALASYNYŇ WE ONUŇ TÖWEREKLERINIŇ EÝELENMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Salaheddin ýewropalylardan Kerek galasyny basyp almak üçin goşun ýollady. Goşun Keregi gabawa salyp, uzak wagt saklady welin, ýewropalylar galanyň içindäki ähli azyklaryny iýip gutardylar. Goşuna Soltan Salaheddiniň dogany Mälik Adyl serkerdelik edýärdi. Ýewropalylar ondan aman dilediler we galanyň oňa boýun bolýandygyny habar etmek üçin ilçi iberdiler. Ol galadaky ýewropalylara aman berip, galany olaryň ellerinden aldy. Kerek bilen bile başga-da birnäçe

Şobek, Hurmuz, Wueýra, Sylga ýaly galalar yslam döwletiniň hataryna goşuldy.

## SAFAD GALASYNYŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Salaheddin Damaska gelende, egindeşleri oňa esgerleri bölüp, Safad we Köwkep ýaly ýerlerde goýmagy maslahat berdiler. Ol oraza aýynyň ortasyna çenli Damaskda galdy. Soňra Safad galasyna gidip, ol ýeri gabawa saldy we söweş işlerine başlady. Manjanyklardyr ýaýçylar bilen galany gije-gündiz daşdyr oka tutdurdy.

Galanyň ýaşaýjlarynyň gabaw başlaly bäri azyklary azalypdy. Açlykdan ölmese-de, Soltan Salaheddine garşy dursalar, onuň ýiti gylyjyndan öljekdiklerine doly göz ýetiren adamlar Soltan Salaheddinden aman dilediler. Soltan Salaheddin olara aman berdi we galany olaryň ellerinden alyp, olary galadan çykaryp goýberdi. Ýewropalylar Sur şäherine gitdiler. Alla musulmanlary olaryň şer işlerinden halas etdi. Bu gala yslam döwletiniň merkezinde ýerleşýärdi.

## KÖWKEP GALASYNYŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Salaheddin Safad galasyny gabawa alan mahaly Sur galasyndaky ýewropalylar ýygnanyp maslahat etdiler. Olar: «Musulmanlar Safady alsalar, Köwkebi hem beýle ýagdaýda goýmazlar. Şonuň üçin biz bu ýurtdan, bu galadan tamamyzy üzäýmeli» diýdiler we gerek bolanda halas etmäge geler ýaly galanyň daşynda iki ýüz ýaragly esger gizlediler. Olar gündizini buky ýerde geçirerdiler.

Allanyň gudraty bilen Köwkebiň gabawyny saklaýan musulmanlaryň biri aw edip ýörkä, bukudaky ýatan ýewropalylaryň birine duşýar. Onuň bu ýerlerde näme işleýändigini, näme üçin bu ýere gelendigini bilmek üçin, musulman esgeri duşmany tutup, serkerdeleri Gaýmaz Nejminiň ýanyna eltdi. Gaýmaz Nejmi ýewropalynyň habaryny eşidip, esgerlerini ýewropalylaryň buky ýerlerine bakan ugratdy. Gaýmaz Nejmi duýdansyz olaryň üstüni basyp, bukudaky ýewropalylaryň ählisini ýeke-ýekeden yzarlap tutdy. Olaryň iki sany esasy serkerdeleri bardy. Musulmanlar olaryň ikisini hem Soltan Salaheddiniň ýanyna Safad galasyna alyp gitdiler. Soltan Salaheddin, adatyna görä, duşmanyň serkerdelerine aman bermeýärdi. Bu gezek hem olary öldürmegi buýurdy. Olaryň biri «Biziň geljekki ykbalymyz nähili erbet hem bolsa, bize siziň nurana ýüzüňizi, mübärek keşbiňizi görmek miýesser etdi» diýdi welin, Soltan Salaheddin (goý, Alla oňa rehim etsin!) örän geçirimli we mylakatly adam bolandygy üçin, şeýle-de bu sözleri eşidip, olary öldürtmän zyndana oklatdy.

Soltan Salaheddin Safad galasyny eýeländen soň, Köwkep galasyna gelip, gabawy güýçlendirdi. Ol galanyň içindäkilere ilçi iberip, özüne boýun bolmagyny we aman dilemeklerini talap etdi. Eger gulak asmasalar, olaryň öldüriljekdigini, gul edilip, mal-mülküniň elinden alynjakdygyny habar berdi. Galadakylar gulak asmakdan boýun gaçyrdylar. Şondan soň, Soltan Salaheddin söweşe başlady. Manjanyklar bilen gala tarap yzlyyzyna daş zyňdyrdy. Ýaýdan oklar ýagyş ýaly ýagýardy. Atylýan peýkamlardan ýaňa Günüň öňi tutuldy. Musulmanlar bu uzak garaşylan ýeňiş üçin gije-gündiz dynman söweşdiler.

Musulmanlar nakkaplary getirip, galanyň diwaryny deşmek islediler. Soltan Salaheddiniň esgerleri nakkaplary galanyň diwarlaryndan hüjüm edýän ýewropaly ýaýçylardan goraýardylar. Duşmanlaryň ýekejesi hem galanyň diwaryndan kel-

lesini galdyryp bilenokdy. Nakkaplar galanyň diwaryny deşdiler welin, ýewropalylaryň ýüregine dowul düşdi. Olar gorkularyna derrew Soltan Salaheddinden aman dilediler. Soltan Salaheddin aman berdi we olaryň barysyny bu galadan çykaryp, Sur galasyna ugratdy.

Ýewropalylaryň barysy diýen ýaly Sur galasyna ýygnandylar. Olar entägem pälinden gaýdanokdylar. Dürli tarapa ilçi ýollap, kömek soraýardylar. Emma hiç hili kömek gelenokdy.

Musulmanlar Antakyýa töweregindäki Sur galasyndan başga ähli galadyr şäherleri ýewropalylardan azat etdiler. Soltan Salaheddin Safad galasyndan Kudusa baryp, gurban baýramyny belledi. Soňra Akka baryp, ýylyň ahyryna çenli şol ýerde galdy.

## SOLTAN TOGRULYŇ HALYPANYŇ GOŞUNYNY DERBI-DAGYN ETMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl halypa Nasyr Lidinillä uly goşun jemledi. Olara weziri Jelaleddin Abydyllany serkerde edip belledi. Goşun soltan Togruly ýurda goýbermeli däldi we Gyzyla kömek bermelidi. Emma Gyzyl olaryň ýanyna gelmedi. Goşun sapar aýynyň üçüne Hemedanyň golaýyna geldi. Şol ýerde Togrul olar bilen duşuşdy. Aýylganç söweş bolup, bagdatly esgerler derrew derbi-dagyn edildi. Halypanyň goşuny aljyraňlylyga düşüp, duw-dagyn bolup, aýagaldygyna gaçmak bilen boldy. Goşun dargandan soň, weziriň ýeke özi galdy. Onuň ýanynda diňe gylyç bilen Gurhan bardy. Togrulyň bir esgeri weziri ýesir alyp, onuň ýanyndaky ähli degerli zatlaryny talady. Halypanyň goşuny Bagdada dagynyk ýagdaýda dolanyp geldi.

Men [Ibn Esir] şol wagt Şamda Soltan Salaheddiniň ýanyndadym. Oňa nejepliler halypanyň goşuny bilen bolup

geçen hadysany gürrüň berdiler. Şol ýerdäkileriň biri: «Bu näme üçin beýle bolduka?» diýip, Soltan Salaheddinden sorady. Ol: «Wezir uruş taglymatlaryny bilenok we şol sebäpli goşun oňa boýun bolasy gelenok. Onuň tersine, soltan ýaş, gujur-gaýratly, batyr, uruş tälimlerini gowy bilýär we onuň ýanyndakylar oňa doly boýun bolýarlar» diýip jogap berdi.

Weziriň goşuny masgaraçylykly ýeňlişden soň, Bagdada gaýdyp baranda, köp şahyrlar olary ýaňsa alyp goşgy goşdular. Ahmet ibn Wasyk şeýle diýdi:

Sap-sap goşun gitdiler Horasana,
Gylyçlar syrylar, boýalar gana.

Wezir serkerdelik etdi olara,
Horasan örän baý, zat köp alara.

Näkesligi zyýan etdi weziriň,
Soltan gördi oljalaryň hözirin.

Ýeňiş üçin giden wezir goşuny,
Gaçyp sypdy, aman goýdy başyny.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylda halypanyň seljuklardan bolan aýaly Seljuka hatyn bint Gylyç Arslan ibn Mesut ibn Gylyç Arslan aradan çykdy. Seljuka hatyn ilki Nureddin Muhammet ibn Gara Arslanyň aýalydy. Ol wepat bolandan soňra, halypanyň özi oňa öýlendi. Seljuka hatyn halypanyň söýgüli aýalydy. Halypa onuň ölümine örän gynandy. Halypalygyň köp ýerlerinden Seljuka hatynyň jynazasyna geldiler. Jynaza duran adamlaryň sany-

sajagy ýokdy. Halypa Seljuka hatynyň gabrynyň üstüne gümmez galdyrtdy. Ol gümmez şäheriň islendik ýerinden görnüp durdy.

## 585-NJI HIJRI ÝYLY
*( 19.02.1189 – 10.01.1190 ý.)*

## ŞAKYF ARNUN GALASYNYŇ ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşigininiň birinji aýynda Soltan Salaheddin Şakyf Arnun galasyna gitdi. Bu gala synmaz diýip hasap edilýän galalaryň biridi. Soltan Salaheddin şol galany gabamak üçin ýola düşdi. Ol Marajul Uýunda düşledi. Onuň ýanyna Şakyf galasynyň hökümdary Arnat geldi. Ol mekir we örän hilegär häsiýetli adamlardandy. Arnat Soltan Salaheddiniň ýanyna gelip, özüniň oňa boýun bolýandygyny, hormatlaýandygyny bildirip: «Men seni gowy görýärin, seniň edýän haýyr işleriňi bilýärin. Ýöne men Sur galasynyň hökümdary Markisiň ikimiziň aramyzdaky gatnaşygy bilip, meniň maşgalama, çagalaryma ezýet bermeginden gorkýaryn, sebäbi olar Markisiň ýanynda. Eger sen olary halas etseň, seniň tabynlygyňa girip, biziň hemmämiz saňa hyzmat ederdik, galany saňa gowşurardyk. Näme ykta berseň, şonuň bilen hem kanagat ederdik» diýdi. Soltan Salaheddin onuň sözüne ynandy we onuň diýenini kabul etdi. Arnat galany dört tirkeşigiň dördünji aýynda gowşurmagy wadalaşdy.

Soltan Salaheddin Arnat bilen duşuşandan soň, Marajul Uýunda galdy. Ol gaýgy-gamly pikir edip otyrdy, sebäbi Bimond bilen onuň arasynda biri-biri bilen söweşmezlik ylalaşygy bardy. Bu ylalaşygyň wagty tamam bolup barýardy. Ol doganynyň ogly Takyýeddine esgerleri bilen Antakyýa gitmegi

we ýaraşyk ylalaşygynyň wagty gutarandan soň, Antakyýany almaga taýýar bolmagy emr etdi. Başga-da ýewropalylaryň köp bölegininiň Sur şäherinde ýygnanmagy uly howp döredýärdi we Soltan Salaheddini ünjä goýýardy. Ýewropalylara deňiz üsti bilen kömek gelip bilýärdi. Soltan Salaheddiniň ýesir alan, soňra azat eden ýewropalylarynyň şasy – Sur galasynyň hökümdary Markis bilen alagözdi. Emma soňabaka bularyň arasynyň gowulanmagy Soltan Salaheddini oýlanmaga mejbur edýärdi. Ol Şakyfy goýup, Sur galasyna gitmäge çekinýärdi. Sebäbi ol ýere ähli ýewropalylar ýygnanyp, uly güýje öwrülipdi. Muňa seretmezden, Soltan Salaheddin Şakyf hökümdary Arnat bilen ylalaşan ähdine wepalydy.

Arnat bolsa ýaraşyk ylalaşygy mahalynda Şakyf galasyny goramak üçin ýaraglaryň dürli görnüşini satyn alýardy. Soltan Salaheddiniň oňa edýän gümany has-da artýardy. Öň Soltan Salaheddiniň egindeşleri oňa Arnadyň örän mekir adamdygyny we wagt utjak bolup ony saklap, Sur galasyndan kömegiň gelerine garaşýandygyny habar beripdiler. Haçan-da ýaraşyk ylalaşygynyň wagty gutarmaga az galanda, Soltan Salaheddin Şakyf Arnunyň ýanynda çadyr gurmagy emr edýär. Arnat onuň ýanyna gelip, entek ylalaşygyň gutarmagyna üç gün bardygyny, Markisiň ýanyna maşgalasy üçin gidip bilmändigini aýdyp, galanyň oňa berilmegine ýene-de garaşmagyny sorady. Şu ýerde Soltan Salaheddine Arnadyň mekirligi aýan boldy. Ol Arnady tussag edip, Şakyf galasyny gabawa saldy we galany kömek ýa-da azyk gelmeginden kesdi.

## ÝEWROPALYLAR BILEN ÝEZEKLERIŇ ARASYNDA ÝÜZE ÇYKAN ÇAKNYŞYGYŇ BEÝANY

Soltan Salaheddin Marajul Uýunda Şakyf galasyny gabawa salýarka, oňa egindeşlerinden hat geldi. Sur şäherindäki ýewro-

palylara garşy goýan adamlary, ýagny ýezekler Soltan Salaheddine ýewropalylaryň Sida galasyny «gabawa saljak» diýip hemle atýandyklaryny habar berdiler. Soltan Salaheddin batyr esgerlerinden bir toparyny alyp, şol ýere ýola düşdi. Emma şol bir wagtda Şakyf galasyndan hem gabawy aýyrmady, ýöne Soltan Salaheddin gelende, eýýäm boljak iş bolupdy. Ýewropalylar ýüreklerine düwen maksadyna ýetmek üçin, Sur galasyndan çykypdylar. Olar ýezekler bilen bogazda duşuşdylar. Aldym-berdimli aýylganç söweş boldy. Iki tarapdan hem örän köp adam gyryldy. Ýewropalylaryň ýedi sany meşhur serkerdeleri öldürilip, başga-da birnäçesi ýaralandy, birnäçesi ýesir alyndy. Musulmanlardan hem ýitgiler boldy. Soltan Salaheddiniň mamluklarynyň içinde edermen bir pälwan bardy. Ol ýewropalylaryň saplarynyň içine aralaşyp, gylyjyny saga-sola urýardy. Emma ýewropaly esgerler onuň daşyna köpläp geçip öldürdiler. Goý, Alla oňa rehim etsin! Ýewropalylar güýjüniň ejizländigine, Sida galasyny alyp bilmejeklerine gözi ýetip, yzlaryna dolandylar.

## IKINJI ÇAKNYŞYGYŇ BEÝANY

Soltan Salaheddin ýezekleriň kiçijik çadyryna gelende, eýýäm çaknyşyk bolup geçipdi. Soltan Salaheddin ýewropalylara garaşyp, olardan öldürilen musulmanlaryň aryny almagy ýüregine düwdi. Ol atyna münüp, şol töwerekleri gözden geçirdi we ýewropalylaryň gelerine garaşdy.

Soltan Salaheddin ýewropalylaryň Sur galasyndan çykandygyny eşidip, olaryň garşysyna ýörişe çykdy. Musulman goşunyndan bir topar Soltan Salaheddiniň goşunyndan daşlaşyp, has öňe düşdi. Soltan Salaheddin emirleriniň birnäçesini olaryň yzyndan iberip, özüne garaşmaklaryny emr etdi. Emma öldü-

rilen egindeşleri üçin ar almakçy bolýan bu esgerler oňa gulak asmadylar.

Ýewropalylar bu topary görüp, olaryň goşundan has uzak arany açandygyny aňdylar. Onda-da ynjalmak üçin bir adamy barlaga iberdiler. Ol musulmanlaryň yzynda bukuda hiç hili goşunyň ýokdugyny anyklap geldi. Ýewropalylar az sanly musulman goşunynyň üstüne hüjüm etdiler. Bu güýç taýdan deň bolmadyk söweşde musulmanlaryň birnäçe adamy öldürildi. Goý, Alla olara rehim etsin we olardan razy bolsun! Soltan Salaheddin bu habary eşidip, diýseň gamlandy. Bu çaknyşyk dört tirkeşigiň üçünji aýynyň dokuzynda bolup geçdi.

Soltan Salaheddin bolup geçen çaknyşygy görüp, esgerleri bilen ýewropalylaryň üstüne çozdy. Ol köprüde ýewropalylaryň öňünden çykyp, olaryň ýoluny saklady. ýewropalylaryň ýüze golaýy özüni suwa oklady. Sowutlylar suwda ýüzüp bilmän, gark bolup öldüler. Ýewropalylaryň galanlaryny bolsa soltanyň esgerleri derbi-dagyn etdiler. Soltana dürli tarapdan kömek gelip başlady. Muny gören ýewropalylar Sur galasyna gaçmak bilen boldular. Soltan Salaheddin olaryň gaçandygyny görüp, Tibnine, ondan Akka gitdi. Soňra-da goşunynyň ýanyna, çadyryna dolanyp geldi.

## ÜÇÜNJI ÇAKNYŞYGYŇ BEÝANY

Soltan Salaheddin goşunynyň ýanyna gaýdyp gelende, oňa ýewropalylaryň Sur galasyndan çykandyklary hakyndaky habar gelip gowuşdy. Ol Akkadaky esgerlerine hat ýazyp, özüniň dört tirkeşigiň dördünji aýynyň sekizine başgüni olara goşuljakdygyny we ol barýança, jülgelerde, dag eteklerinde buky ýer taýýarlamagy emr etdi. Soltan Salaheddiniň özi bolsa batyr, edermen ýigitlerden goşunyna adam ýygnady. Soltan Salaheddin bir topary ýewropalylaryň öňünden iberdi. Ol esgerlerine

duşman bilen az-kem söweşen bolup, bukudaky esgerler tarapa çekilmegi, şeýdip, olary gabawa salmagy emr buýurýar.

Taraplar duşuşyp, aýylganç söweş bolup geçdi. Musulmanlar özlerinden öňki gezekki ýeňildi tagmasyny aýyrmak üçin janlaryny aýaman uruşýardylar. Uruş uzak dowam etdi. Musulmanlaryň bukudaky esgerleri örän köp garaşdylar. Olar wadalanyşy ýaly egindeşleri gelmänden soň, bukudan çykyp, söweşe girdiler. Musulman goşunynda dört sany keseki ýurtly emir bardy. Olar bu ýerlere näbeletdiler. Olar bukudaky esgerleriň garaşýan ýeridir öýdüp, jülgä tarap gitdiler. Olaryň yzyna mamluk Salaheddiniň esgerlerinden hem birnäçesi düşdi. Bularyň jülgä tarap gidenini görüp, ýewropalylar olaryň bu ýerleri bilmeýändigini aňdylar we olaryň yzyndan baryp, söweşe girdiler. Ýewropalylar san taýdan musulman esgerlerinden üç esse köpdi we şol sebäpli musulmanlaryň bu topary ýeňlişe sezewar boldy.

Mamluklaryň biri bu söweşde ýaralanyp, atyndan düşdi we daşda oturyp, ýaýyny eline aldy. Ol özüni goramak üçin olara ok atyp, olaryň köpüsini ýaralady. Onuň özüne-de köp ýara düşdi we mejaldan gaçyp, ýere ýykyldy. Duşmanlar ony öldürendiris öýdüp yzyna dolandylar. Ertesi ol ýere musulmanlar gelip, ol mamlugy tapýarlar. Allanyň emri bilen ol diri galdy.

## ÝEWROPALYLARYŇ AKKA ÝÖRIŞI WE ONY GABAWA SALMAGYNYŇ BEÝANY

Öň aýdyp geçişimiz ýaly, Soltan Salaheddin bir galany ýa-da şäheri basyp alanda, ondaky aman dilän ýewropalylary Sur galasyna kowýardy. Olaryň aýallaryna, çagalaryna, köplenç, maly-mülküne-de degmezdi. Şeýdip, Sur galasynda köp mukdarda baýlyk we meşhur alymlar, tanymal adamlar ýygnanypdylar. Olar galalaryndan çykarylmagyna, Kudusyň ellerinden gitmegine gynanyp, ýas tutup gara geýdiler. Poplar bolsa Isa

pygamberiň suratyny üýtgedip, bir arabyň Isany urup duran suratyny çekdirip, halka: «Musulmanlaryň pygamberi Muhammet Isany urup öldürdi» diýýärdiler. Bu ýagdaý ýewropalylara güýçli täsir edýärdi. Olaryň ählisi, hat-da aýallary-da urşa çykmaga meýil bildirýärdiler. Kimde-kim urşa çykyp bilmese, hakyna tutup birini ibermelidi ýa-da pul tölemelidi. Şeýdip, musulmanlara garşy söweşmek üçin örän köp adam we sansyz pul, baýlyk ýygnaldy.

Indi ýewropalylara Sur galasy darlyk edip ugrady. Olar Sida galasyny almagy maksat edinýärdiler. Olar Akka dolanyp barmagy we ony gabawa salmagy ýüreklerine berk düwdüler. Olar atly we pyýada esgerleri bilen Akka ýöriş etdiler. Olaryň ýaraglary we azyklary deňiz üsti bilen gämide alnyp gidildi. Ýewropalylar rejep aýynyň sekizine Akka tarap ýörişe ugradylar we rejep aýynyň ortasynda Akka baryp ýetdiler. Olar Akkada ýekeräk gezseler, ýezek musulmanlary olary ýesir alýardylar. Soltan Salaheddine ýewropalylaryň Akka gidendigi hakyndaky habar baryp ýetenden, ol emirlerini ýygnap maslahat etdi. Ol ýewropalylar bilen Akka ýetmänkäler söweşmekçidi. Emma maslahatdakylar ony bu raýyndan dändirdiler. Ýewropalylar Akka musulmanlardan öň bardylar. Soltan Salaheddin Akka gelende ýewropalylar deňiz ýoluny, gury ýerdäki ýollary saklaýardylar. Musulman goşunyna diňe olaryň golaýynda çadyr dikinmekden başga ýol ýokdy. Soltan Salaheddin çadyryny Tal Kaýsanda gurdy. Ol goşun jemlemek üçin, dürli taraplara hat ýollady. Soltan Salaheddiniň hatyny alyp, Mosuldan, Diýarbekirden, Sanjardan we Jezire ýurtlaryndan esger geldi. Şeýle-de onuň doganynyň ogly Takyýeddin Omar we Harranyň we Ruhanyň hökümdary Muzaffareddin ibn Zeýneddin öz esgerleri bilen kömege geldiler. Musulmanlara kömek gury ýerden gelse, ýewropalylara deňiz üsti bilen gelýärdi. Günde-günaşa di-

ýen ýaly taraplaryň arasynda Akka üçin kiçi çaknyşyklar bolup geçýärdi.

Soltan Salaheddin Akka gelip düşenden soň, ýewropalylar musulmanlaryň üstüne hüjüm etmäge çekindiler. Şeýle ýagdaý rejep aýy geçýänçä saklandy. Meret aýynda söweş başlady. Iki tarap hem uly üstünlik gazanyp bilenokdy. Taraplar ertirden agşama deňiç dynman söweşýärdiler.

Öýle wagtlarydy, Takyýeddin Omar batyr esgerlerini ýanyna alyp, ýewropalylaryň üstüne hüjüm etdi. Onuň batyrgaý hereketi, gaýduwsyzlygy ýewropalylary aljyraňňylyga saldy. Olar biri-birini depeläp, dogan-dogany taşlap gaçdylar. Ýurduň ýarysy ýewropalylardan boşap, Takyýeddiniň eline geçdi. Musulmanlar ýurdy eýeläp, örän köp ýarag, mal-mülk olja aldylar. Galadaky duşmanlaryny ýadaýança gyryp rahatlandylar. Ýewropalylardan bu çaknyşykda örän köp adam öldürildi.

## ÝEWROPALYLARYŇ ARAPLAR BILEN BOLUP GEÇEN ÇAKNYŞYGYNYŇ BEÝANY

Akkadaky söweşiň ertesi güni meret aýynyň altysynda musulmanlar güýç toplap, ýewropalylaryň üstüne ýörişe gitdiler. Ýewropalylar olary görüp, düýnki eden işine ökündiler we musulmanlar geçip bilmez ýaly garym gazdylar. Musulmanlar garymy görüp, yzlaryna döndüler. Araplar ýewropalylaryň öz taraplaryna gelýändigni eşidip, söweşe taýýarlyk görüp, bukuda gizlendiler. Ýewropalylar adatyna görä, arkaýyn tokaýdan çykdylar welin, araplar olaryň üstüne çozup, olaryň köpüsini gylyçdan geçirdiler. Olaryň ýanyndaky zatlary olja alyp, kellelerini kesip, Soltan Salaheddine eltip berdiler. Soltan Salaheddin olara jomartlyk bilen halat-serpaý ýapdy.

# AKKANYŇ ÝANYNDA BOLUP GEÇEN ULY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Musulmanlar meret aýynyň ýigrimisine çenli ýewropalylaryň üstüne çozuş edip durdular. Ýewropalylar öz çadyrlaryndan çykanokdylar. Emma taşlap hem gidenokdylar. Soňra olaryň serkerdeleri maslahata ýygnar: «Soltan Salaheddiniň goşunyna müsürli esgerler ýardama gelmedik ýagdaýynda, şeýle eger olar ýardama geläýse nähili bolar? Şonuň üçin biz ertir olara kömek gelmänkä, üstlerine çozmagymyz gerek. Şeýle etsek, ýeňiş biziň tarapymyzda bolar» diýip maslahat etdiler.

Soltan Salaheddiniň goşunynyň köp bölegi onuň ýanynda ýokdy. Birnäçesi Antakyýanyň golaýyndady, birnäçesi Sur galasynyň ýanyndaky musulman ýurtlaryny goramaga gidipdi, başga bu topar Trablusy goraýardy, Müsürdäki esgerler bolsa entek gelip ýetişenokdy. Şeýle ýagdaýda şu wagt söweşmek ýewropalylar üçin bähbitlidi.

Musulmanlar adatdakysy ýaly irden turup, kimsi urşa taýýarlanýardy, kimsi çadyrynda galýardy. Ýewropalylar ýer ýüzüni ýegsan etjek ýaly bolup, çadyrlaryndan çykyp gaýtdylar. Olaryň maksady sag tarapdan hüjüm etmekdi, sebäbi şol tarapa Soltan Salaheddiniň doganynyň ogly Takyýeddin Omar serkerdelik edýärdi. Duşmanlar isleýän adamsyny görüp, oňa garşy at goýdular. Ýagdaýy görüp duran Soltan Salaheddin ýanyndaky diýarbekrli we gündogarly esgerleri Takyýeddine ýardama iberdi. Ýewropalylar Soltan Salaheddiniň ýanynda adamyň azalandygyny görüp, hüjümi şol ýere gönükdirdiler. Bu aýylganç söweşde köp musulman esgerleri, ylym we din adamlary şehit boldular. Goşunyň merkezinde duşman hüjümini serpikdirmäge, gaýtarmaga adam galmady diýen ýalydy. Indi duşman Soltan Salaheddiniň çadyryny gözleýärdi. Soltan Salaheddiniň çadyrynyň ýanynda örän köp adam şehit boldy. Allanyň

eradasy bilen, ýewropalylar Soltan Salaheddiniň çadyryny tapmadylar.

Ýewropalylaryň goşuny yzyndaky kömekçi esgerler bilen arasynyň üzülendigini görüp, howsala düşdüler we yza çekildiler. Ýewropalylaryň yzdaky goşunyny musulmanlaryň sag ganatdaky goşuny saklapdy. Olar ýewropalylar bilen gaýduwsyz söweşýärdiler. Çep ganatdaky goşun Soltan Salaheddiniň çadyryny tapman, gaýdyp gelýän ýewropalylar bilen gapma-garşy geldi. Olar az salymyň içinde duşmany çym-pytrak etdiler.

Soltan Salaheddin gaçan esgerlerini ýygnap, söweşmäge çagyrdy. Ol esgerlerini ýanyna alyp, çep ganatyň esgerleri bilen söweşýän ýewropalylaryň arkasyndan bardy. Duşmanlaryň ýekejesi hem aman sypmady. Köpüsi öldürildi, galany ýesir alyndy. Deňiz kenarynda bolan söweşde hem örän köp ýewropaly öldürildi. Olaryň sany on müň adama ýetýärdi. Duşman esgerleriniň jesedi ýewropalylaryň içýän derýasyna oklandy. Ýesir alnanlary öldürmek üçin ýaraglaryny alanlarynda, olaryň üçüsiniň zenandygy mälim boldy. Soltan Salaheddin duşmanlaryň çadyryna aralaşdy. Ol bu gezek adamlardan alnan zatlaryň baryny yzyna gaýdyp bermegi buýurdy.

## SOLTAN SALAHEDDINIŇ GITMEGI WE AKKANYŇ GABAWA ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Ýewropalylardan şeýle köp adamyň öldürilmegi bu ýerleriň howasynyň üýtgemegine, keselçiligiň döremegine sebäp boldy. Bar ýerde maslyk ysy ýaýrapdy. Soltan Salaheddine içagyry keseli degdi. Bu keseliň agyrysyna, sanjysyna çydar ýaly däldi. Emirler onuň ýanyna gelip, başga ýerden mekan tutmagy maslahat berdiler. Tebipler hem bu maslahaty goldadylar. Sol-

tan Salaheddin oraza aýynyň dördüne Haruba gitdi. Ol Akkada galýan esgerlerine galanyň derwezelerini ýapmagy we iň soňky demine çenli galany goramagy emr etdi.

Soltan Salaheddin gidenden, ýewropalylar ýene-de garym gazyp, diwar galdyryp, urşa taýýarlanyp başladylar. Olar ýezekler bilen günde duşuşýardylar. Emma hiç hili dawa edenokdylar. Sebäbi olar öz işleri bilen gümrady. Ýezekler her gün ýewropalylaryň edýän işleri bilen Salaheddini habardar edip durýardylar. Soltan Salaheddin agyr keselledi. Onuň urşa gitmeg-ä beýle-de dursun, hat-da turmaga-da mejaly ýokdy. Emirler oňa ähli goşuny Akka iberip, ýewropalylar bilen söweşmegi maslahat berdiler. Soltan Salaheddin olara: «Eger men olar bilen gitmesem, hiç bir zat edip bilmezler» diýip, olara gulak asmady. Ýewropalylar bolsa öz maksatlaryna ýetdiler.

## MÜSÜRLI ESGERLERIŇ WE MÜSÜR DEŇIZ GÜÝÇLERINIŇ GELMEGINIŇ BEÝANY

Baýram aýynyň ortasynda Akka müsürli esgerler geldiler. Olaryň serkerdesi Mälik Abdyleziz Abu Bekir Eýýupdy. Bularyň gelmegi bilen adamlar ruhlandylar, güýçlendiler. Olar özleri bilen dürli-dürli harby gurallary getirdi. Şeýdip, Şam ýurtlaryndan Soltan Salaheddiniň goşunyna uly güýç gelip goşuldy.

Soňra Emir Lulunyň baştutanlygynda Müsür harby deňizçileri geldi. Ol örän batyr, edermen deňzi bilýän we gaýduwsyz söweşiji adamdy. Ol Akka gelýärkä, ýewropalylaryň uly gämisine duşdy we gämidäki ýewropalylar bilen söweşip, olary ýesir aldy. Ol gämidäki ähli baýlyklary olja alyp, gämini Akka getirdi. Şeýlelikde, musulmanlar ýene-de ruhlandylar we olaryň güýjüne güýç goşuldy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň sapar aýynda halypanyň ogly Abu Nasyr Muhammet ibn Nasyr Lidinillä tagt mirasdüşeri diýip yglan edildi. Bagdat al-ýaşyl bezelip, raýatlara dinar-dirhem seçildi. Şol günden başlap halupalygyň ähli ýerlerinde halypa bilen birlikde, tagt mirasdüşerine-de hutba aýdylyp başlandy.

Bu ýylyň oraza aýynda Damask kazysy, şapygy alymy Şerefeddin Abu Sagt Abdylla ibn Muhammet wepat boldy. Ol şapygy mezhebiniň iň görnükli alymlarynyň biridi.

Bu ýylyň boş aýynda Soltan Salaheddiniň emirleriniň biri bolan Zyýaeddin Isa Hekkäri wepat boldy. Ol örän edermen emir we örän ylymly adamdy.

Bu ýylyň boş aýynda Nyzamyýa medresesiniň mugallymy, hatdat Abu Talyp Mübärek ibn Mübärek Kerhi wepat boldy. Onuň ylmyna we eden haýyr işlerine halypa-da uly hormat goýardy. Goý, Alla olaryň ählisine rehim etsin!

## 586-NJY HIJRI ÝYLY
*( 08.02.1190 -30.12. 91 ý.)*

## ÝEZEKLER BILEN ÝEWROPALYLARYŇ ÇAKNYŞMAGY WE SOLTAN SALAHEDDINIŇ ÝEWROPALYLARYŇ ÝERLERINI EÝELMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Salaheddin keselinden aýňalýança, Harubadan hiç ýere gitmedi. Ol Harubada bolan wagtynda ýezekler bilen ýewropalylaryň arasy gowulaşmady. 586-njy ýylyň sapar aýynda ýewropalylar Soltan Salaheddiniň awa çykandygyny eşitdiler. Olar ýezekleriň azdygyny göz öňünde tutup, ikindin wagty garymdan çykyp, musulmanlaryň üstüne hüjüm etdiler. Mu-

sulmanlar ýaýdan ok atyp gorandylar. Söweş güýçlenip, musulmanlara ýeňmek üçin diňe sabyr etmek galýardy. Taraplar gijäniň bir wagtyna çenli dynman söweşdiler. Uly ýitgilerden soň, ýewropalylar garymlaryna çekildiler. Soltan Salaheddin bolup geçen çaknyşygy eşidip, adamlary ýeňşe ruhlandyrdy. Oňa ýewropalylaryň garyma dolanandygy hakyndaky habar baryp ýetdi. Soltan Salaheddiniň goşunyna Damask, Humus, Hama we başga-da ýakyn ýerlerden ýardam bermek üçin esgerler gelýärdi. Soltan Salaheddin Harubadan Akka tarap ýola düşdi. Ol Tel Kaýsana baryp çadyr dikindi. Musulman esgerleri bilen ýewropalylar günde-günaşa çaknyşyp ugradylar.

## DIŇLERIŇ ÝAKYLMAGY WE DEŇIZDÄKI ÇAKNYŞYGYŇ BEÝANY

Ýewropalylar Akkada bolan wagtlarynda agaçdan üç sany diň gurdurdylar. Bu diňler örän beýikdi. Her diňiň uzynlygy altmyş zyraga ýetýärdi. Olar bäş gatlakdan bolup, ýewropalylar ony otdan goramak üçin deri, palçyk bilen örtdüler. Oňa barýan ýollary bejerdiler. Bu diňler Akkany haýbatly görkezýärdi. Akkanyň musulman ilaty Soltan Salaheddiniň ýanyna adam iberip, ýagdaýlaryny habar berdiler. Soltan Salaheddin esgerlerini alyp, Akka ugrady. Soltan Salaheddin ýewropalylaryň dürli taraplaryndan hüjüme geçdi. Ýewropalylar iki topara – Soltan Salaheddiniň garşysyna söweşýän we Akkanyň musulman ilatyna garşy söweşýän topara bölündiler. Söweş sekiz gije-gündizläp dowam etdi. Musulmanlar ýewropalylar urşanda Akkanyň diňlerine daýanyp, şolary goraýandyklaryny aňdylar. Yza çekilýän ýaly edip, nebite batyrylan mata böleklerini ýakyp, diňlere zyňyp başladylar. Emma hiç hili täsir edip bilenokdylar.

Musulmanlaryň içinde nebit bilen iş salyşýan bir adam bardy. Oňa diňleri ýakmaga buýruk berildi. Ol deri oralan, palçyk bilen suwalan diňleri nähili edip ýakyp boljagy hakynda kelle döwýärdi. Ol Akkanyň hökümdary we mütewellisi Garaguşuň ýanyna gelip, manjanyklar bilen nebitden doly gazanlary zyňdyrmagy emr etmegini sorady. Garaguş Akkanyň ähli ýeri ýanaryndan we zeper ýeterinden gorkdy. Garaguş oňa: «Senden öňküler hem hemme usuly ulanyp gördüler. Emma netijesiz boldy» diýdi. Onda ol gelen adam: «Alla ýeňşi meniň elimden etjekdir» diýdi. Garaguş onuň diýeni bilen razylaşdy we nebitden doly gazany manjanyklar bilen diňe tarap zyňdyrdy. Ýewropalylar diňe garşy ylgap, ody öçürmek islediler. Görseler hiç hili ot ýok. Soňra manjanyklardan diňe tarap iki-üç gezek nebitli gazan okladylar. Ýewropalylar musulmanlaryň üstünden gülüp, diňiň ýanynda tans edip ugradylar. Manjanygyň dördünji gezekki zyňanynda nebit bilen birlikde ot hem bardy. Diňler ýanyp başlady. Ýewropalylar nämäniň nämedigine düşünýänçäler, ýangynda galdylar. Ýewropalylar ýaraglaryny diňiň bäşinji gatynda saklaýardylar. Ýangynda ýaraglar ýanyp, özleri hem heläk boldular. Allatagala olara o dünýäniň odundan öň bu dünýäniň oduny görkezdi. Ot birinji diňden ikinji diňe, ondan üçünjä geçip, kapyrlaryň guwanjy hasaplaýan haýbatly diňlerini küle öwürdi. Musulmanlar näçe kynçylykdan soň oda seredip şatlanýardylar.

Diňi ýakan adamy Soltan Salaheddiniň ýanyna eltdiler. Soltan Salaheddin oňa mal-mülk, ykta berdi. Ol adam bu zatlardan ýüz dönderip: «Men bu işi Alla ýolunda etdim, sylagada şondan garaşýan» diýdi.

Dürli ýurtlara hat ýollanyp kömek çagyryldy. Ilkinji bolup Sanjar we Jezire diýarynyň hökümdary Ymadeddin Zeňňi ibn Mewdut, soňra Mosul hökümdary Alaeddin ibn Yzzeddin Mesut ibn Mewdut ibn Zeňňi, soňra Erbil hökümdary Zeýneddin

Ýusup dagylar ýardama geldiler. Olaryň hemmesi öz esgerleri bilen ýewropalylaryň üstüne hüjüme geçdiler.

Müsürden çykan harby gämi Akka garşy gitdi. Gämi hakynda eşiden ýewropalylar ony eýelemek islediler. Soltan Salaheddin uly goşuna baş bolup, ýewropalylaryň niýetini bilmezden, olaryň Akkada Müsür gämisini tutjak bolýan ýerine ugrady. Soltan Salaheddin ýewropalylar bilen söweşe girdi. Söweş gije-gündiz gury ýerde, deňizde alnyp baryldy. Bu gün taryhda bolmadyk waka bolup geçdi. Musulmanlar ýewropalylaryň ýaragdan doly gämisini uruşsyz ýesir aldylar. Olar hem musulmanlaryň şeýle gämisini ýesir aldylar. Emma ýewropalylardan örän köp adam öldürildi. Müsür harby gämisi sagaman dolanyp geldi.

## ALMAN ŞASYNYŇ ŞAMA GELMEGI WE ONUŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylda Alman şasy öz ýurdundan çykyp, ýörişe ugrady. Almanlar ýewropalylaryň uly halklaryndan biridi. Alman şasynyň esasy maksady Kudusy musulmanlardan almakdy. Haçanda almanlar Konstantynyýa gelenlerinde konstantynyýalylar olaryň garşysyna çykdylar. Konstantynyýa hökümdary almanlaryň köpdügini görüp, olara ýurtdan geçip gitmäge rugsat berdi. Emma raýatlaryna olara azyk, ýarag bermegi gadagan etdi. Almanlar Konstantynyýa aýlagyndan geçip, yslam döwletiniň serhedine geldiler. Bu ýerler Mälik Gylyç Arslan ibn Mesut ibn Süleýman ibn Gutulmyş ibn Seljuga degişlidi. Ýurda aralaşanlaryndan, olara Uç türkmenleri garşy çykyp ugradylar. Gyş paslydy, bu ýurtlarda bolsa gyş örän ýowuzdy. Almanlary sowuk, açlyk we türkmenler heläk etdi. Olaryň sany azaldy.

Almanlar Konýa ýakynlaşanlarynda, söweşmek üçin olaryň öňünden Gylyç Arslanyň ogly Mälikşa Kutbeddin çykdy. Emma adam sanynyň azdygyny görüp, ol Konýa gaýtmaga mejbur boldy. Gylyç Arslan hem oglunyň ýanyndady. Almanlar Gylyç Arslana sowgat iberdiler we «Biz seniň ýurduňy almaga gelmedik, onuň ýaly pikir niýetimizde-de ýokdy. Biziň maksadymyz Kudusy almak» diýip hat ýolladylar. Olar Gylyç Arslandan raýatlaryna almanlara başardygyndan azyk we başga zatlar bilen ýardam bermegi buýurmagy talap etdiler. Gylyç Arslan olaryň aýdyşy ýaly etdi. Almanlar Kutbeddine hem şeýle talap bilen ýüz tutdular we emirlerinden birnäçesini bermegini soradylar. Kutbeddin ýigrimi sany ýigrenýän emirini almanlaryň ýanyna iberdi. Almanlar emirleriň elini aýagyny daňyp, alyp gitdiler. Emirleriň birnäçesi heläk bolup, birnäçesi janyna kast etdi.

Soňra almanlar Ermeni ýurduna baryp, edil öz ýurtlarynda ýaly, rahat dynç aldylar. Ýürekleri aram tapdy. Bu ýerden almanlar Antakyýa tarap ýola düşdüler. Ýolda öňlerinden derýa çykdy. Almanlaryň şasy suwa düşmekçi boldy. Ol suwa girdi we Allanyň emri bilen dyzdan sähel geçýän suwda gark bolup, wepat boldy. Onuň ýerine tagta ogly geçdi. Almanlaryň arasynda jedel başlandy. Olaryň ýarysy yza gaýtmagyň tarapdary bolsa, ýarysy maksada ýetmegiň tarapdarydy. Şol wagt almanlaryň esgerleriniň sany kyrk müňe ýetýärdi. Goşuna mergi keseli degip, heläkçilik köpeldi. Olar Antakyýa baranda gabyrdan çykan ýalydylar. Akkadaky ýewropalylar olary gujak açyp garşyladylar. Soňra musulmanlaryň eýelän Jebele, Lazykyýa we beýleki galalarynyň üstünden geçdiler. Ol ýerden köp adamy goşuna aldylar. Goşuna täze alnan adamlara-da mergi keseli degip ölýärdiler. Goşunda müň adama golaý esger galdy. Akkadaky ýewropalylar olara deňiz üsti bilen gämili kömege geldiler. Emma olaryň ýagdaýyny görüp, derrew yzyna dolan-

ýarlar. Bu gämidäki ýewropalylar hem Akkadan uzak daşlaşman, deňizde gark bolup, ählisi heläk boldular.

Almanlaryň ençe-ençe ýurtlary geçip gelmegi Soltan Salaheddini uly ünjä goýýardy. Soltan Salaheddin emirlerini ýygnap, maslahat geçirdi. Gylyç Arslandan oňa hat geldi. Ol hatynda almanlary saklap bilmändigi üçin, ötünç sorap, munuň sebäbini ogullarynyň öz tabynlygyndan çykyp, ony diňlemändigi we goşunyň bölünip gidendigi bilen düşündirdi.

Allatagala hiç wagt Soltan Salaheddini kyn günde goýanokdy. Bu gezek hem ýeňilmezek we sansyz hasaplanýan alman goşuny öz-özünden dargap, galanlary hem heläk boldular.

## MUSULMANLAR BILEN ÝEWROPALYLARYŇ ARASYNDA AKKA ÜÇIN BOLUP GEÇEN ÇAKNYŞYGYŇ BEÝANY

Bu ýyl dört tirkeşigiň dördünji aýynyň ýigrimisine ýewropalylar garymlaryndan çykyp, musulmanlaryň üstüne ýöriş etdiler. Olaryň esgerleri sanardan köpdi. Ýewropalylaryň maksady Mälik Adyl Abu Bekir ibn Eýýubyň baştutanlygyndaky Müsür goşunydy. Müsürliler olaryň maksadyny aňyp, söweşe taýýarlandylar. Taraplar duşuşyp, aldym-berdimli söweş bolup geçdi. Müsürliler yza çekilip, olary özleriniň leşgergählerine iberdiler. Ýewropalylar bu hilä düşüp, çadyrlary talamaga başladylar welin, Müsür goşuny täzeden olaryň üstüne hüjüm edip, ýewropalylaryň köpüsini gylyçdan geçirdiler. Ýewropalylar bu söweşde uly ýitgä sezewar boldular. Müsürlileriň bir topary ýewropalylaryň garymyna hüjüm edip, öňdäki ýewropalylary kömek barmagyndan kesdi. Ýewropalylar garynja ýaly ählisi birleşip uruşýardylar. Haçan-da yzlaryndan kömek gelmesi kesilende, olaryň ýüreklerine dowul düşdi, saplar bozuldy,

goşunda aljyraňňylyk başlandy. Müsürliler bu ýagdaýy aňyp, güýçli hüjüm etdiler. Ýewropalylaryň hatda goranmaga-da akyly çatanokdy. Olar uly ýitgä sezewar boldular. Olardan heläk bolanlaryň sany ýigrimi müňe ýetdi.

Müsür goşunynyň golaýynda mosully esgerler-de bardy. Olar hem söweşe goşulyp, duşmany derbi-dagyn etdiler. Soltan Salaheddiniň ýanyndaky saýlama goşun söweşe goşulmady. Musulmanlaryň bu şatlygynyň üstüne Alman şasynyň gark bolandygy hakyndaky buşluk gelip gowuşdy.

Iki gün soňra Kind Hiraniň serkerdelik etmeginde ýewropalylara deňiz üsti bilen kömek geldi. Kind Hira olara azyk, ýarag, pul kömegini berip, şol gämide yzyna dolandy. Ol ýewropalylara ýene-de esger kömeginiň geljekdigini habar edip, iň soňky demlerine çenli öz ýerlerini goramagy tabşyrdy. Soltan Salaheddin bu ýerleriň howasynyň zaýalanandygy sebäpli, ýene-de tapdan düşdi we şol sebäpli ýene-de Haruba dolandy.

Bu ýeňişden soň Rimdäki iň uly ruhany – Rim papasy Akkadaky ýewropalylara kömege barmaly diýip karar çykardy. Nasranylarda onuň sözi sözdi. Onuň garşysyna çykmak haram iş hasap edilýärdi. Şeýdip, ýewropalylar ägirt uly goşun jemlediler. Olar gury ýer we deňiz üsti bilen Akkadaky ýewropalylara ýardam bermek üçin ýola düşdüler.

## ÝEWROPALYLARYŇ GARYMLARDAN ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Ýewropalylara kömek gelip durdy. Kind Hira örän uly goşun jemledi we olar bilen Akka geldi. Ýewropalylar garymdan çykyp, Akkany gabap, ol ýeriň musulman ilatyny gyryp başladylar. Olaryň sany çöldäki çäge ýalydy. Soltan Salaheddin olary görüp, musulmanlaryň esasy bölegini Kaýmuna geçirdi. Kaýmun Akkadan üç parsah uzaklykdady.

Soltan Salaheddiniň ogullary Mälik Zahyr Gazy we Mälik Zafar goşunyň ýüregindedi. Goşunyň sag ganatyny dogany Mälik Adyl Abu Bekr we Müsür goşuny, çep ganaty Sanjar hökümdary Ymadeddin, Hamaň hökümdary Takyýeddin, Jezire hökümdary Mugyzzeddin Sanjarşa dagylar saklaýardylar. Soltan Salaheddin kiçiräjik depäniň üstünde çadyr gurduryp, şol ýerden goşuny synlaýardy.

Ýewropalylar gündogar kenardan geldiler we derýanyň gözbaşyna çenli yzarlap gitdiler. Ýewropalylar jälişiýalylara duşup, peýkam ýagdyryp ugradylar. Peýkamlardan ýaňa Günüň öňi tutuldy, älem-jahan tümlüge bürendi. Ýewropalylar jälişiýalylar bilen söweşe girdiler. Jälişiýalylar gaçyp, ýewropalylary üstüne çozar ýaly etdiler. Ýewropalylaryň yzdaky goşun bilen arasy üzüldi. Olar howsala düşdüler, garymlaryndan daşlaşandyklaryna ökündiler. Gijäni şol ýerde geçirmeli boldular. Ertesi garymlaryna dolanmakçy bolanda jälişiýalylar olaryň söbügine mündüler. Olar kä ok atyp, kä naýzaly, käte gylyçly söweşe girýärdiler. Ýewropalylar öldürilen esgerleriniň jesedini özleri bilen alyp gidýärdiler. Sebäbi olar ýitgilerini musulmanlara bildirmejek bolýardylar. Ýewropalylar garymlaryna baranlarynda musulmanlar olaryň üstüne hüjüm edip, örän köp esgerlerini gyrdylar.

Baýram aýynyň ýigrimi üçüne musulmanlaryň bir topary buky ýerde gizlendiler we başga bir topary dört ýüz atly bolup, ýewropalylaryň üstüne çozdular. Musulman esgerleri az-kem söweşip, bukudaky esgerlere tarapa yza çekildiler. Ýewropalylar olaryň yzyndan kowdular. Bukudakylaryň deňinden geçeninden soň, bukudan esgerler çykyp, ýewropalylaryň üstüne at goýdular. Bu söweşde ýewropalylaryň biri hem aman sypmady.

## SALAHEDDINIŇ ESGERLERINIŇ AKKANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Gyş düşüp, sowuk şemal öwüsýärdi. Akkadaky ýewropalylar sowuga çydaman, gämilerine münüp, ýurtlaryna dolanyp başladylar. Olar bu ýerdäki gymmatbaha zatlardan ýüküni tutup, Akkany taşlap gitdiler. Akka deňiz üsti bilen gelinýän ýol goragsyz galdy. Akkadaky musulmanlar ýagdaýy Soltan Salaheddine habar berdiler. Soltan Salaheddin tizden-tiz altmyş emiriniň ýigrimisini gämilere mündürip, Akka ugratdy. Akka giren emirleriň içinde Seýfeddin Aly ibn Ahmet Maştup, Yzzeddin Esedi dagylar bardy. Gyş pasly geçenden soň, ýewropalylar Akka dolanyp gelende, ol ýeriň Soltan Salaheddiniň esgerleriniň eýeländigini gördüler. Bu waka 587-nji hijri ýylynyň başynda bolup geçipdi. Soltan Salaheddin Akkadaky emirlerine we esgerlerine halat-serpaý etdi.

## ERBIL HÖKÜMDARY ZEÝNUDDIN ÝUSUBYŇ WEPAT BOLMAGY WE ONUŇ ORNUNY MUZAFFEREDDIN GOKBÖRINIŇ EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Zeýnuddin Ýusup ibn Zeýnuddin Aly Erbiliň hökümdarydy. Ol hem Akka ýanyndaky söweşe gatnaşmak üçin, esgerleri bilen Soltan Salaheddiniň ýanyna gelipdi. Oraza aýynyň on sekizine ol keselledi we keselinden aýňalman aradan çykdy. Onuň ornuny dogany Muzaffareddin Gökböri eýeledi.

## GYÝASEDDINIŇ WE SOLTANŞANYŇ ARASYNDAKY HORASANDA BOLAN SÖWEŞIŇ BEÝANY

Horezmşanyň dogany Soltanşa Gur şalary Gyýaseddin we Mugyzeddiniň ýurtlaryna ýöriş etmäge niýetlenýärdi. Gyýaseddin söweş taýýarlygyny görüp, 585-nji ýylda Firuz Kuhdan Horasana gitdi. Ol Soltanşanyň göz dikýän ýerleri Merwe, Talykana, Benjede tarap atlandy.

586-njy ýyl girdi. Soltanşa goşun jemläp, Gyýaseddiniň üstüne ýöriş etdi. Taraplar duşuşyp, aýylganç söweş bolup geçdi. Atyň toýnagynyň tozanyndan ýaňa älem-jahan tümlüge bürendi. Gylyç gylyja degende ýyldyrym çakan dek bolýardy. Soltanşa bu bolup geçen söweşde ýeňlişe sezewar boldy. Gyýaseddin onuň birnäçe ýerlerini alyp, Gazna dolandy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylda hadys alymy Mesut ibn Nedir Saffar wepat boldy. Ol hatdatlyk bilen hem meşgul bolardy.

Şeýle-de bu ýylda Mosul kazysy, alym Abu Hamyt Muhammet ibn Muhammet ibn Abdylla ibn Kasym Şährezury wepat boldy. Ol ýagşy gylyk-häsiýetli we serkerdelik etmegi başarýan adamdy. Goý, Alla olaryň ählisine rehim etsin!

## 587-NJI HIJRI ÝYLY
*( 29.01.1191 – 20.12.92 ý.)*

## MOSUL HÖKÜMDARY YZZEDINIŇ JEZIRÄNI GABAWA SALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda Mosul hökümdary Atabeg Yzzeddin Mesut ibn Mewdut ibn Zeňňi ibn Omar adasyna gitdi we ol ýeri gabawa saldy. Ol ýeriň hökümdary San-

jarşa ibn Seýfeddin Gazy ibn Mewdutdy. Ol Yzzeddiniň doganynyň ogludy. Yzzeddiniň bu ýeri gabawa salmagynyň sebäbi Sanjarşa ony diýseň ýadadypdy. Sanjarşa Soltan Salaheddine hat ýollap, kä «Yzzeddin seniň ýurduňy almak isleýär», käte «Yzzeddin seniň duşmanlaryň bilen dil düwüşdi» diýip, ýalan habar iberýärdi. Yzzeddin Sanjarşanyň Soltan Salaheddine tabyn bolmagyndan gorkýardy. Geçen ýyl hemme galalaryň, şäherleriň hökümdarlary Akka ýygnananda, Sanjarşa az salym bolandan, Soltan Salaheddinden gitmäge rugsat sorady. Soltan Salaheddin oňa: «Bu ýerde dürli etraplaryň hökümdarlary bar. Sanjar hökümdary Ymadeddiniň ýaşy uly bolsa-da ýa-da agaň ogly Yzzeddiniň senden ýaşy kiçi-de bolsa, olaryň hemmesi gapydan girende, oturyp-turanda saňa öýkündiler» diýip, köpmanyly gürledi. Sanjarşa hiç zat diýip bilmän, ýüzüni sowdy. Jeziräniň adamlary Soltan Salaheddiniň ýanyna gelip, Sanjarşanyň zalymlygyndan, ezýet bermeginden arz etdiler. Sanjarşa Soltan Salaheddin gije ýatyrka ýene-de rugsat soramaga bardy. Soltan Salaheddin oňa rugsat berdi. Emma onuň beýle gitmegini halamady we Mosul hökümdary Yzzeddine Jeziräni gabawa salmagy emr etdi. Yzzeddin Jeziräni dört aýlap gabawda saklady. Soňra Soltan Salaheddin Yzzeddin bilen Sanjarşany ýaraşdyryp, Jeziräniň ýarysyny Yzzeddine, ýarysyny-da Sanjarşa berdi. Yzzeddin meret aýynda yzyna Mosula dolandy.

## TAKYÝEDDIN OMARYŇ FYRATDAN GEÇIP, HARRAN WE BAŞGA ÝURTLARY EÝELEMEGINIŇ WE AHLADA GIDIP, OL ÝERDE WEPAT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň sapar aýynda Takyýeddin Şamdan çykyp, aradaky ýurtlara – Harrana we Ruha gitdi. Soltan Salaheddin

bu ýerleri Muzaffareddinden alyp, Şamdaky ýerlere goşmaça ykta beripdi. Takyýeddin Fyratdan geçip, Maýýafarykyna gitdi. Takyýeddin ol ýeriň golaýyndaky Diýarbekriň Hani şäherini gabawa saldy we ol ýeri eýeledi. Takyýeddiniň ýedi ýüz atlysy bardy. Ahlat hökümdary Seýfeddin Bekdemir bu habary eşidip, goşun jemledi. Onuň esgerleriniň sany dört müňe ýetdi. Taraplar duşuşyp, aýylganç söweş başlandy. Ahladyň esgerleri köp hem bolsalar, Takyýeddinden ýeňildiler. Takyýeddin olaryň ýurduna girdi. Emma soňra pikrini üýtgedip, Malazgirde gitdi we ol ýeri gabap aldy. Gabaw uzaga çekdi. Galadakylar Takyýeddine galany bermelimi ýa-da ýokdugy hakynda az wagt oýlanmak üçin Takyýeddiniň puryja bermegini soradylar. Takyýeddin razylyk berdi. Puryjanyň gutarmagyna iki gün galanda, Takyýeddin keselläp aradan çykdy. Takyýeddin wepat bolandan soň, onuň esgerleri gabawy taşlap, dumly-duşa dargadylar. Takyýeddiniň ogly we egindeşleri onuň jesedini Maýýafarykyna getirdiler.

## GÜNBATARLY ÝEWROPALYLARYŇ DEŇIZ ÜSTI BILEN AKKA GELMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Akkadaky ýewropalylara deňiz üsti bilen ýardam bermek üçin, Ýewropadan esgerler geldiler. Ilkinji gelenleriň içinde şa Filip we şa Frensis bardy. Olar dört tirkeşigiň birinji aýynyň on ikisine gelipdiler. Olaryň ýanynda çak edilişi ýaly köp esger ýokdy. Olar Akkadaky musulmanlara ezýet berip, köpüsini öldürip başladylar.

Soltan Salaheddin Beýrut mustahfizine[1] hat ýollap, gämi taýýarlamagy we deňze çykyp, ýewropalylary Akkadan çykar-

[1] Mustahfiz – goragçy, dolandyryjy.

mazlygy emr etdi. Ol Soltan Salaheddiniň aýdyşy ýaly etdi we musulman gämileri bilen deňizde gözegçilik edip ugradylar. Olar deňizde adamlardan, azyk, mal-mülkden doly gämä duşdular. Bu gämi Kipri (Kybrys) basyp almak üçin yza galan iňlis şasynyň gämisidi. Musulmanlar gämä münüp, olaryň bar zatlaryny olja aldylar, gämidäki adamlary bolsa ýesir etdiler. Soltan Salaheddin beýleki emirlere-de şeýle buýrugy berdi. Akkadaky ýewropalylar musulmanlara ezýet berýärdiler. Dört tirkeşigiň üçünji aýynyň dördüne ýewropalylar Akkada ýedi sany manjanyk oturtdylar. Soltan Salaheddin Şafran galasyndan esgerlerine ýakynrak ýere geçdi. Indiki söweşlerde musulmanlar garymyň arka tarapyndan baryp söweşdiler.

Dört tirkeşigiň üçünji aýynyň on üçüne Akka iňlis şasy geldi. Ol ýol ugruna Kipre girip, rumlulardan bu adany basyp aldy. Ol bu ýerdäki ýewropalylara uly goşun, mal-mülk, ýarag getirdi. Iňlis şasy öz döwrüniň batyr, edermen we örän mekir adamlarynyň biridi.

Soltan Salaheddin iňlis şasynyň gelendigini eşidip, uly gämi ýasamaklaryny we onuň üstüne ýarag, azyk ýüklemegi buýurdy. Onuň aýdyşy ýaly, gämini Beýrutda ýasap, ýedi ýüz söweşiji bilen Akka ugratdylar. Emma ýolda olary iňlis şasy tutdy. Halas bolmajakdygyna gözi ýeten musulmanlaryň serkerdesi aşak – iňlis şasynyň ýanyna düşdi. Oňa Ýakup Halaby diýýärdiler. Iňlisler gämini ýakdylar. Gämidäki adamlar, şeýle-de azyk, mal-mülk, ýarag doly gark boldy.

Musulmanlar kömege mätäçdiler. Olar geçirilen söweşlerde köp ýitgiler çekipdiler. Musulmanlar ýewropalylar bilen galanyň daşynda söweşýärdiler. Galanyň içine musulmanlar aralyşyp bilenokdylar. Galadaky musulmanlar Soltan Salaheddine hat ýollap, kyn ýagdaýdadyklaryny habar berdiler. Soltan Salaheddiniň esgerleriniň azlygy sebäpli olara nepi degenokdy.

# ÝEWROPALYLARYŇ AKKANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Dört tirkeşigiň dördünji aýynyň on ýedisine anna güni ýewropalylar (goý, Allatagalanyň olara lagnaty bolsun!) Akka şäherini eýelediler. Akkanyň emiri Seýfeddin Aly ibn Ahmet Hekkary şa Frensisiň öňünden çykyp, oňa şäheri tabşyrdy we şäherdäki musulmanlaryň oňa boýun bolýandygyny, özüniň oňa wepaly gul kimin hyzmat etjekdigini aýtdy. Frensis onuň hyzmatyny kabul etmedi. Akkadaky galan emirlerden iki sanysy Seýfeddin bilen bolan ýagdaýy görüp, ýewropalylaryň özlerine aman bermejegini aňyp, gije hiç kime bildirmän, şäherden çykyp gaçdylar we musulman goşunyna baryp goşuldylar.

Ýewropalylar Soltan Salaheddinden ýurdy özlerine bermegi talap etdiler. Soltan Salaheddin muňa bir şert bilen razy boljakdygyny, ýagny eger Akkadaky musulmanlary goýberse, ol hem ýewropalylaryň ýesirlerini azat etjekdigini, üstesine Salut haçyny[1] olara gowşurjakdygyny aýtdy. Ýewropalylar bu zatlara kanagat etmän, ylalaşyga razy bolmadylar. Soltan Salaheddin Akkadaky musulmanlara ertir ir bilen deryanyň kenaryny ýakalap şäherden çykyp gaýtmagy emr etdi we özüniň şol ýerde garaşyp, eger ýewropalylar olaryň yzyndan gelse, gorajakdygyny aýdyp, çapar gönderdi. Akkadaky musulmanlar gijesi bilen goş-golamyny ýygnap, daňa çenli ýatmadylar, emma olaryň ýüregine düwen maksady amala aşmady. Ýewropalylar ir bilen olaryň daşyny gabap aldy. Akkanyň diwarynda baýdak dikildi. Bu tug Akkadaky musulmanlaryň özleriniň kyn güne düşenligini Soltan Salaheddine bildirýän nyşanydy.

Akkadaky musulmanlaryň serkerdesi Soltan Salaheddiniň özlerine hiç hili kömek edip bilmeýändigini görüp, ýewropaly-

[1] Bu haç musulmanlara olja hökmünde düşüpdi.

laryň ýanyna bardy. Olara ýurduň boýun bolýandygyny, özleriniň goş-golamyny, maly-mülküni alyp gitjekdiklerini, munuň öwezine iki ýüz elli müň dinar tölejekdigini we Salut hajyny gaýdyp berjekdigini, Sur hökümdary Markise on dört müň dinar tölejekdigini, ýewropaly ýesirleri azat etjekdigini aýtdy. Ýewropalylar bu şerti kabul edip, bu ylalaşygy ýerine ýetirmäge iki aý möhlet berdiler.

Soltan Salaheddin ýewropalylaryň puly, hajy alandan soň ilaty, musulmanlary aman goýjagyna ynanmaýardy. Ol halkdan ýüz müň dinar jemledi. Ol ýewropalylara şu wagt ýüz müň dinar we Salut hajyny berjekdigini aýtdy. Olaryň bolsa musulmanlary ibermegini talap etdi. Onda ýewropalylar galan pul tölenýänçä, musulmanlaryň içinden saýlap, islänlerini iberip, islänini alyp galjakdygyny aýtdylar. Soltan Salaheddin ýewropalylaryň garyplary iberip, baý, atly-abraýly adamlary alyp galjak bolýandyklaryna düşündi we muňa razy bolmady.

Rejep aýynyň ýigrimi ýedisine ýaşgüni ýewropalylar şäheriň daşyna çykdylar. Soltan Salaheddiniň esgerleri ýewropalylaryň Akkadaky musulmanlardan barly adamlary aman goýup, garyplary öldürendigini gördüler. Soltan Salaheddin bu zatlary görüp, jemlenen puly, ýesirleri, hajy Damaska ugratdy.

## ÝEWROPALYLARYŇ ASKALAN TARAPA GITMEGI WE OL ÝERLERIŇ HARAP BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Rejep aýynyň ýigrimi sekizine ýewropalylar Akkany özüne doly tabyn edenden soňra, meret aýynyň başynda deňziň kenary bilen Haýfa şäherine tarap ýola düşdüler.

Ol gün Soltan Salaheddiniň ogly Mälik Afdal, Seýfeddin Aýazguş, Yzzeddin Jürdek we başga-da birnäçe edermen emirler ýezekleriň ýanyndady. Olar ýewropalylaryň öňünden çy-

kyp, peýkam ýagdyrdylar. Peýkamlar Günüň öňüni garaňkyratdy. Olar ýewropalylaryň köpüsini öldürip, köpüsini ýesir aldylar.

Mälik Afdal kakasyna ýagdaýy düşündirip, kömek sorady. Soltan Salaheddin söweşe taýýarlyksyz bolany üçin kömek iberip bilmedi. Iňlis şasy ýewropalylaryň goşunyna kömege ýetişdi we olary bir ýere jemledi. Ýewropalylar Haýfa baryp ýetdiler. Musulmanlar hem olaryň golaýyndaky obada çadyr dikindiler. Ýewropalylara bu ýerde ýitgileriniň we ýesir düşenleriniň deregine Akkadan esger gelip goşuldy. Soňra ýewropalylar Kaýsaryýa ýola düşdüler. Musulmanlar hem olaryň gabadyndan gidip barýardylar, sebäbi Soltan Salaheddin Akkada öldürilen her bir musulman üçin ar almagy kasam edipdi.

Kaýsaryýa ýetiberenlerinde musulmanlar ýewropalylar bilen söweşe girdiler we olara köp zyýan ýetirdiler. Ýewropalylar şol ýerde galdylar. Musulmanlar hem gijäni şol ýerde geçirmegi makul bildiler. Gije ýewropalylaryň bir topary goşundan daşlaşdy. Musulmanlar olaryň üstüne dökülip, köpüsini öldürip, galanyny ýesir aldylar. Soňra Arsufa gitdiler. Ýewropalylar Arsufa musulmanlardan soň bardylar. Deňziň kenarynda musulmanlar duýdansyz ýewropalylaryň üstüne çozup, köp esgerlerini gyrdylar.

Ýewropalylar bu ýagdaýy görüp, hemmesi bir adam ýaly söweşip, musulmanlaryň soňuna çykmagy maslahat etdiler. Bu gezekki söweşde musulmanlardan köp adam şehit boldy. Musulman goşuny bu söweşden soň yza çekilmäge mejbur boldy. Ýewropalylar hem olaryň yzyndan galmady. Musulmanlar gyrymsy agaçlyklaryň arasyna siňip gutuldylar. Ýewropalylardan uly Kind öldürildi. Musulmanlardan Aýaz Tawyl şehit boldy. Ol öz döwrüniň batyr, edermen adamlarynyň biridi. Ýewropalylar barşyna Ýafany eýelediler. Sebäbi bu ýerde musulmanlar azdy. Soltan Salaheddin Ramlada emirleri bilen maslahat geçir-

di. Emirler oňa Askalany ýumurmagy maslahat berdiler. Şeýle edilmese ýewropalylaryň Askalana baryp, ol ýeriň maly-mülküni eýeläp, ýene-de güýçlenjekdigini aýtdylar. Soltan Salaheddin başga ýoluň ýokdugyna göz ýetirip, Askalana gitdi we meret aýynyň on dokuzynda Askalany ýumurmaga buýruk berdi. Askalan ýumrulyp, daşlary deňze oklandy. Ondaky mal-mülk heläk boldy. Ýewropalylar Askalanyň harap edilendigini eşidip, ol ýere gitmediler.

Oraza aýynyň ikisine Soltan Salaheddin Askalany ýumurdandan soň, Ramla gitdi. Ol ýere baryp, mesihileriň diňlerini we buthanalaryny ýumurtdy. Soňra Kudusa baryp, ýarag we azyk toplady we oraza aýynyň sekizine leşgergähine gaýdyp geldi.

Şol günleriň birinde iňlis şasy öz ýanyna birnäçe esgerlerini alyp, çadyryndan daşlaşdy. Musulmanlar olara duşup, üstüne at goýdular. Iňlis şasy ýesir düşmän, zordan aman sypdy. Ýene-de şol günlerde kiçiräjik musulman goşuny bilen ýewropalylaryň goşuny çaknyşyp, musulmanlar ýeňiş gazandylar.

## ÝEWROPALYLARYŇ NATRUN GALASYNA GITMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Salaheddin ýewropalylaryň Ýafany alyp, hiç ýere gitmeýändigini görüp, oraz aýynyň on üçüne Natrun galasyna gidip, ol ýerde çadyr dikindi. Iňlis şasy oňa ýaraşyk teklip edip, ilçi ýollady. Şeýle-de iňlis şasy Soltan Salaheddiniň dogany Mälik Adyl Abu Bekir Eýýuba gyz doganyna öýlenmegi, Kudusy we musulmanlaryň elindäki kenarýaka ýerleri Mälik Adyla berjekdigini teklip etdi. Mälik Adyl dogany Soltan Salaheddine maslahat saldy. Soltan Salaheddin razylygyny berdi.

Mälik Adyl bilen iňlis şasy ýaraşyk baglaşmak üçin duşuşýarlar. Iňlis şasy Mälik Adyldan musulmanlaryň aýdymyny eşitdirmegini sorady. Mälik Adyl iňlis şasyna aýdym eşitdirmek üçin aýdymçy getirtdi. Aýdym iňlis şasynyň göwnünden turdy, emma ýaraşyk baglaşmady. Bu hem iňlis şasynyň mekirligidi.

Soňra ýewropalylar boş aýynyň on üçüne Ramla şäherine gitdiler. Ýewropalylar ol ýerden Kudusa gitmegi ýüreklerine düwýärdiler.

## SOLTAN SALAHEDDINIŇ KUDUSA GITMEGINIŇ BEÝANY

Gyş ýowuz geldi. Soltan Salaheddin ýadaw esgerleriniň köpüsine ýurduna gitmäge rugsat berdi. Özi bolsa galan esgerleri bilen Kudusa gitdi. Emir Abu Hija Selminiň serkerdeligindäki Müsür esgerleri hem Soltan Salaheddiniň goşunyna gelip goşuldy. Kudusdaky musulmanlar olaryň gelmegine şatlandylar. Ýewropalylar gurban aýynyň üçünde Ramladan Natruna gitdiler. Olaryň niýeti Kudusa aşmakdy. Ýolda olar bilen musulman ýezekleriň arasynda söweş bolup geçdi. Musulmanlar ýewropalylardan ellä golaý atlyny ýesir aldylar.

Soltan Salaheddin Kudusa gelenden, diwar galdyrmagy we diwaryň daşyndan garym gazdyrmagy, diwaryň ýanynda diň galdyrmagy buýurdy. Diwary örmäge daş gutardy welin, Soltan Salaheddin atyna atlanyp, alyslardan daş ýygnap getirdi. Emirlerdir esgerler hem oňa öýkünýärdiler. Soltan Salaheddiniň özi işe gelip goşulanda, esgerler birnäçe günlük işi bir günde bitirýärdiler.

## ÝEWROPALYLARYŇ RAMLA GAÝDYP GELMEGINIŇ BEÝANY

Gurban aýynyň ýigrimisine ýewropalylar Ramla gaýdyp geldiler. Ýewropalylar gerek zatlaryny deňiz kenaryna gidip getirýärdiler. Musulmanlar olary ýolda talap, ýanyndaky ähli zatlaryny alýardylar. Bu ýagdaýdan halys ýadan iňlis şasy ýanyna Şamly ýewropalylary çagyryp: «Maňa Kudusy suratlandyryň. Men ol ýeri hiç haçan görmändim» diýdi. Oňa Kudusy suratlandyrdylar. Iňlis şasy olary diňläp: «Ol ýeri Soltan Salaheddin dirikä almak mümkin däl. Ol musulmanlara sözüni diňletmegi başarýar. Biz ol ýere diňe bir tarapyndan barsak, başga taraplardan islendik kömek gelip durar. Eger-de biz iki topara bölünsek, Soltan Salaheddin ýeke-ýekeden iki topary hem gyrar» diýdi. Olar iňlis şasynyň sözüni dogry tapyp, Ramla dolanmagy makul bildiler.

## GYZYL ARSLANYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň meret aýynda Gyzyl Arslan öldürildi. Onuň hakyky ady Osman ibn Ildeňiz. Ol agasy Pälwan ölenden soň, Arran, Genje, Hemedan, Reý ýurtlaryna şalyk etdi. Oňa Pars we Huzystan häkimleri-de boýun egýärdiler. Ol Soltan Togrul ibn Arslan ibn Togruly ýeňip, ony galalaryň birinde tussag edip goýupdy.

Gyzyl Arslan öýünde uklap ýatyrka öldürildi. Egindeşleri ony kimiň öldürendigini bilip bilmediler we onuň gapy saklaýjysyndan güman etdiler. Gyzyl Arslan sahy, gowy ahlakly, batyr adamdy we raýatlaryň arasynda adyllygy saklamany gowy görýärdi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň oraza aýynda Soltan Salaheddiniň ýanyna Rum ýurtlarynyň hökümdary Mugyzeddin Kaýsarşa ibn Gylyç Arslan geldi. Ol Soltan Salaheddiniň ýanyna gelip, şikaýat etdi. Onuň kakasy Yzzeddin Gylyç Arslan hökümdarlyk edýän ýurtlaryny ogullaryna paýlanda, Mugyseddine Malatyýany, Kutbeddine bolsa Siwasy berdi. Emma Kutbeddin bu paýlanyşyga razy bolman, kakasyndan agasyna berlen ýerleri özüne bermegini talap etdi. Kakasy onuň diýeni bilen razylaşdy. Mugyseddin bu habary eşidip, doganyndan gorkup, kömek soramak üçin, Soltan Salaheddiniň ýanyna gaýdýar. Soltan Salaheddin ony gujak açyp garşy aldy we ony dogany Mälik Adylyň gyzyna öýerdi. Mugyseddiniň Soltan Salaheddin bilen paryndaşlyk açanyny eşiden Kutbeddin Mugyseddinden Malatyýany almak niýetinden el çekdi. Mugyseddin bu ýylyň boş aýynda yzyna dolandy.

Ynamly adamlaryň biri maňa [Ibn Esir]: «Soltan Salaheddin Mugyzeddini ugratmaga çykdy. Olar ep-esli ýere çenli atyny idip, pyýada ýöräp gitdiler. Soltan Salaheddin atyna münmekçi bolanda, Mugyzeddin oňa ýardam berdi. Mosul hökümdary Alaeddin Horramşa bolsa atynyň ýapynjasyny düzetdi» diýdi. Men bu gürrüňi eşidip: «Eý, Eýýubyň ogly, Seljuk hökümdary ata atarsa, Atabeg Zeňňiniň ogly atyň ýapynjasyny düzetse, saňa mundan gaýry näme gerek?» diýdim.

Bu ýylda Soltan Salaheddiniň aýal doganynyň ogly Husameddin Muhammet ibn Omar ibn Laçyn we Ylmeddin Süleýman ibn Jandar wepat boldy. Ylmeddin Soltan Salaheddiniň esasy emirleriniň biridi.

Bu ýylda Damask mütewellisi Sapa ibn Kabyd wepat boldy. Ol Soltan Salaheddine ýakyn adamlaryň biridi. Goý, Alla olaryň ählisine rehim etsin!

## 588-NJI HIJRI ÝYLY

*( 18.01-08.12.1192 ý.)*

## ÝEWROPALYLARYŇ ASKALANY DIKELTMEKLERINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda ýewropalylar Askalana gelip, ony dikeldip başladylar. Soltan Salaheddin bu wagt Kudusdady. Onuň Fazyleddin Meýmun Kasadyň baştutanlygynda saýlama esgerleri bardy. Olar ýewropalylaryň uly kerwenine çozup, köp olja getirdiler.

## MARKISIŇ ÖLDÜRILMEGI WE ONUŇ ÝERINI KIND HIRANYŇ EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynyň on üçüne Sur galasynyň hökümdary Markis öldürildi. Goý, Alla ony lagnatlasyn. Ol ýewropalylaryň uly şeýtanlarynyň biridi. Onuň öldürilmeginiň sebäbi Soltan Salaheddin ysmaýylylaryň serkerdesini çagyryp, iňlis şasyny ýa-da Markisi öldürene on dört müň dinar berjekdigini aýtdy. Ol iňlis şasyny öldürmegiň kyn düşjegini aňyp, Markisi öldürtmegi boýun aldy. Ol iki sany adama ruhany lybasyny geýdirip, Sur galasyna iberdi. Olar Sur galasynda alty aýlap ybadat edip, Markis bilen ýakynlaşdylar. Günleriň birinde Markisi Sur galasynyň ýepiskopy öýüne myhmançylyga çagyrdy. Markis onuň öýünden iýip-içip çykanda, şol iki ruhana duşdy. Ruhanylar bu pursaty elden bermän, Markisiň üstüne topuldylar. Ruhanylar Markisi yzly-yzyna pyçakladylar. Markis tenine düşen tyg ýaralaryndan wepat boldy. Soňra ruhanylaryň özleri hem ýewropalylaryň elinden wepat boldular.

Markisiň ýerini Kind Hira eýeledi we şol günüň özünde onuň aýalyna öýlendi. Ol Markisiň aýaly bilen gijäni bile ge-

çirdi. Ol aýal göwrelidi. Nasranylar dininde aýal göwreli bolsa-da, nika düşýärdi.

Kind Hiranyň iňlis şasy bilen ejesi tarapdan, şa Frensis bilen kakasy tarapyndan garyndaşlygy bardy. Ol 594-nji ýyla çenli ýaşap, üçekden ýykylyp öldi.

## ÝEWROPALYLAR BILEN BOLAN ÝAGDAÝYŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň üçünji aýynyň dokuzyna ýewropalylar Darum galasyny eýelediler we ol ýeri ýumurdylar. Soňra olar Kudusa tarap ýola düşdüler. Soltan Salaheddin bu wagt Kudusdady. Ýewropalylar Beýt Nawba baryp ýetdiler.

Ýewropalylar gyş pasly gelendigi sebäpli, Soltan Salaheddiniň esgerleriniň köpüsini dynç alar ýaly öz ýurduna ugradandygyny eşidip, Kudusa gitmäge niýetlendiler. Soltan Salaheddin olaryň gelýändigini eşidip, Kudusyň goragyny güýçlendirdi we emirleriniň arasynda böldi. Ýewropalylar Kudusdan iki parsah uzaklykda çadyr dikindiler. Musulmanlar eger ýewropalylar Kudusa gelse, özleri üçin erbet boljagyny bilip, ýewropalylaryň üstüne hüjüm etdiler. Ýewropalylar yzyna dolandylar. Musulmanlar olaryň yzyndan peýkam ýagdyrdylar. Ýewropalylar Ýafadan yzyna dolananda, Soltan Salaheddin saýlama goşunyny bukuda goýdy. Dört tirkeşigiň üçünji aýynyň ahyrynda bukudaky esgerler ýewropalylaryň kerwenini ele salyp, köp olja aldylar.

## MÄLIK AFDAL WE MÄLIK ADYLYŇ JEZIRE ÝURTLARYNA GITMEGINIŇ BEÝANY

Takyýeddin ölenden soňra onuň ýerine ogly Nasyreddin Muhammet geçip, Jezire ýurtlaryna ýöriş etdi. Ol Soltan Salaheddinden kakasyndan galan Şamdaky ýerleriň üstüne bu

ýeriň hem özüne berilmegi talap etdi. Soltan Salaheddin beýle uly ýerleri oňa ynanman, onuň talabyny ret etdi. Soňra Soltan Salaheddiniň ogly Mälik Afdal Takyýeddiniň Şamdaky ýerlerini özüne ykta berilmegini sorady. Soltan Salaheddin oňa razylyk berdi. Mälik Afdal esgerlerini alyp, Halaba tarap ýola düşdi. Soltan Salaheddin gündogar ýurtlaryň hökümdarlaryna hat ýollap, ogly Mälik Afdala kömek bermeklerini sorady. Nasyreddin bolan ýagdaýy eşidip, kakasynyň dogany Mälik Adyldan Soltan Salaheddin bilen arasyny gowulamagyny haýyş etdi. Mälik Adyl Soltan Salaheddin bilen gürleşip, Takyýeddiniň ýerlerini ogluna bermäge razy etdi. Emma adada ýerleşýän ýurtlar ondan alyndy. Adada ýerleşýän Harran, Ruha, Sümeýsat, Maýýafarykyn, Hani Mälik Adyla ykta berildi. Soltan Salaheddin Mälik Adyla Mälik Afdaly yzyna dolamagy tabşyrdy. Mälik Adyl Mälik Afdaly Halapdan tapyp, kakasynyň ýanyna eltdi. Takyýeddiniň oglunyň ýurduna naýyplar bellenildi. Soňra bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynda Nasyreddin esgerleri bilen Soltan Salaheddiniň ýanyna dolanyp bardy.

## ÝEWROPALYLARYŇ MUSULMAN KERWENINI TALAMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynyň dokuzynda Musurden baý kerweniň we müsürli esgerleriň Damaska tarap gaýdandygy hakyndaky habar ýewropalylara gelip gowuşdy. Olar haýdan-haý kerweniň ýoluny saklamaga çykdylar. Müsürli esgerlere Mälik Adylyň dogany Felekeddin serkerdelik edýärdi. Onuň ýanynda başga-da birnäçe emirler bardy. Ýewropalylar olara Halylyň töwereginde duşdular. Musulman goşuny duýdansyz üstüni basdyryp, esgerler çar tarapa dargadylar. Ýewropalylar kerwendäki zatlaryň ýarysyny, taşlanan ýaraglaryň ählisini, esgerleriň we emirleriň çadyrlaryny olja aldylar. Halas bolanlaryň köpüsi Halyl dagyna siňdiler.

Şol kerwende halas bolan söwdagärleriň biri maňa: «Ýewropalylar kerwene dökülende, men bar zadymy alyp, daga tarap gaçdym. Meniň birnäçe dostlarym hem şeýle etdiler. Köp wagt geçmän, ýewropalylar biziň yzymyzdan ýetdiler. Her kim tapan ýerinde gizlendi. Ýewropalylar meniň dostlarymy tapyp, ähli zatlaryny ellerinden aldylar. Ýewropalylar meni görmän, yzlaryna dolandylar. Men dagyň belent ýerine çykyp, bir şäheri gördüm we dostlarymdan: «Bu haýsy şäher?» diýip soradym. Olar bu şäheriň Kerekdigini aýtdylar. Men hoşal bolup, bu şähere bardym we getiren harytlarymy gymmat ýerläp, yzyma – Müsüre dolandym. Men ýolda garakçylara duşdum. Olar meniň bar baýlygymy talap, özümi boş meýdanda ýeke taşlap gitdiler. Bu halda dagda talanan ýoldaşlarym göz öňüme geldi we Allatagalanyň meniň ýazgydyma talanmagy biraz soň ýazandygyna düşünip galdym» diýdi.

## ÝEWROPALYLARYŇ AKKA DOLANYP GELMEGINIŇ BEÝANY

Musulman goşunyna yslam döwletiniň dürli ýerlerinden şol ýurtlaryň hökümdarlarynyň serkerdelik etmeginde Damaska esgerler geldi. Ýewropalylar Beýruty basyp almagy ýüreklerine düwdüler. Soltan Salaheddin ogly Mälik Afdaly we gündogarly esgerleriň hemmesini ýanyna alyp, Beýruta gitdi. Ýewropalylar musulmanlaryň Beýruta gidenini eşidip, Akka gitdiler we şol ýerde galdylar.

## SOLTAN SALAHEDDINIŇ ÝAFANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Ýewropalylar Akka tarap gidenlerinde, halaply we başga birnäçe ýurtlaryň esgerleri Soltan Salaheddiniň ýanyna ýygnan-

dylar. Soňra Ýafa şäherine gitdiler. Şäherdäki ýewropalylary gyryp, rejep aýynyň ýigrimisine Ýafany eýelediler. Musulmanlar bu söweşden soň köp olja we ýesir aldylar. Şäheriň derwezesinde Salahyýa mamluklary durdy. Olar musulman esgerleri olja alyp çyksa, elinden alýardylar. Eger garşylyk görkezse, güýç ulanýardylar. Soňra musulmanlar gala hüjüme geçip, garaňky düşýänçä söweşdiler. Musulmanlar galany tas alýardylar. Galadan baş ruhany we uly wezipeli ýewropalylar çykyp, musulmanlardan urşy saklamagy soradylar we ertir galanyň boýun egjekdigine söz berdiler.

Ertir irden Soltan Salaheddin galadakylaryň boýun egmeklerini talap etdi. Olar boýun gaçyrdylar. Sebäbi olara Akkadan esgerler kömege gelipdiler. Iňlis şasy hem olara gelip goşuldy. Musulmanlar şäheriň daşyna çykdylar. Soltan Salaheddin esgerlerine söweşe girmegi emr etdi. Onda esgerleriň biri «Eý, Soltan Salaheddin! Düýnki olja alan mamluklaryňa aýt, goý, olar söweşe gitsin. Olja almaly bolanda-ha, olar almaly. Söweşe-de biz gitmelimi?» diýdi. Soltan Salaheddin onuň sözüne gahary geldi. Ol ähli goşuny ýygnanýança garaşyp, soňra Ýafany taşlap, Ramla gitdi. Ýewropalylar Ýafany eýeläp, soňra şol ýerden hiç ýere gitmediler.

## ÝEWROPALYLAR BILEN BAGLAŞYLAN ÝARAŞYK WE SOLTAN SALAHEDDINIŇ DAMASKA GAÝDYP BARMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň meret aýynyň ýigrimisine musulmanlar bilen ýewropalylaryň arasynda ýaraşyk şertnamasy baglaşyldy. Bu ylalaşyk şu günden başlap, üç ýyl sekiz aý dowam etmelidi. Bu ylalaşygyň sebäbi iňlis şasy uzak wagt aýralykdan soň, öýüne-ýurduna gaýtmak isleýärdi. Ol Soltan Salaheddine ylalaşyk tek-

lip edip, birnäçe gezek ilçi ýollady. Emma Soltan Salaheddin iňlis şasy ýene-de mekirlik edýändir öýtdi. Ol ylalaşylsa, Gazany, Darumy, Ramlany musulmanlara berjekdigini Soltan Salaheddine aýtdy. Emirler oňa ylalaşyga razy bolmagy maslahat berdiler. Olar «Megerem, iňlis şasy ýurduna gaýtjak bolup, bize bähbitli ylalaşyk teklip edýär. Eger biz şu wagt ondan boýun gaçyrsak, tiz wagtdan gyş düşer we deňizde gämiler ýüzüp bilmez. Onsoň ol galsa, täze ýyla çenli ýene-de söweşmeli bolarys. Biziň bolsa ýaraglarymyz azalyp, esgerlerimiz tapdan düşdi» diýdiler. Şeýle maslahatlar köpeliberenden soň, Soltan Salaheddin ylalaşyga razy boldy. Taraplar ylalaşandan soň, Soltan Salaheddin ýewropalylara Kudusa zyýarat etmäge rugsat berdi. Zyýaratdan soňra her haýsy öz ýurduna dolandylar. Musulmanlar bilen diňe bir Kind Hira galdy. Ol indi musulmanlar bilen dost ýaly aragatnaşykdady.

Soltan Salaheddin ylalaşykdan soň, Kudusa gitdi. Soňra ol ýerde medrese gurdurdy. Rabat, bimarystanyň düýbüni tutdy. Musulmanlara peýda getirjek işler bilen meşgullandy. Oraza aýynda oraza tutdy we haja gitmäge niýetlendi. Emma gitmedi. Baýram aýynyň bäşine Damaska gitdi. Nury mamluklaryndan bolan emir Jürdegi Kudusa naýyp belledi.

Soltan Salaheddin ýol ugruna musulman galalary Kanablise, Tabaryýa, Safada, Tabnine we Beýruda degip geçdi. Beýrutda onuň ýanyna Antakyýa hökümdary Bimond gelip, oňa hyzmat etdi. Baýram aýynyň ýigrimi bäşine Damaska geldi. Uzaga çeken aýralykdan soň, adamlar ony şatlyk bilen garşy aldylar.

## GYLYÇ ARSLANYŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň meret aýynyň ortasynda Konýa şäherinde Mälik Gylyç Arslan ibn Mesut ibn Gylyç Arslan ibn Süleýman ibn

Gutulmyş ibn Seljuk Seljukly aradan çykdy. Oňa Konýa we onuň töwerekleri, Aksaraý, Siwas we Malatyýa ýaly döwletler degişlidi. Ol ýigrimi dokuz ýyl şalyk sürdi. Gylyç Arslan syýasaty gowy bilýän we örän haýbatly adamdy. Adyllygy gowy görýärdi. Rum döwletine köp gazawatlar edipdi. Ogullary ulalandan soň, döwleti olaryň arasynda paýlady. Ogly Kutbeddin onuň garşysyna gidýärdi. Gylyç Arslan döwleti dolandyrmak işini öz ýerine Yhtyýadeddin Hasan diýilýän birine ynanypdy, emma Kutbeddin ony öldürtdi. Soňra kakasyny ýanyna alyp, doganyndan Kaýsaryýany almak üçin, ol ýeri gabawa saldy. Amatly wagt tapyp, Gylyç Arslan Kaýsaryýa gaçyp gitdi. Muny bilen Kutbeddin yzyna dolanyp, Konýany we Aksaraýy eýeledi. Gylyç Arslan kä ol oglunyňkyda, käte başgasynyňkyda bolýardy. Hemmesi hem ondan nägiledi. Iň soňunda, Bargaluwa şäheriniň hökümdary Gyýaseddin Keýhysrowyň ýanynda bardy. Ol kakasynyň öz ýanynda bolýandygyna şatlanyp, oňa mynasyp hyzmat etdi. Soňra esgerlerini ýygnap, kakasyny ýanyna alyp, Konýa ýöriş etdi we ol ýeri basyp aldy. Aksaraýa gidip, ol ýeri gabanda, kakasy keselledi we yzyna Konýa dolanmaly boldy. Gylyç Arslan Konýa barandan soň hem, keselinden aýňalmady. Ol Konýada aradan çykyp, şol ýerde depin edildi. Tä dogany Rukneddin basyp alýança, Konýany Gyýaseddin dolandyrdy.

Gylyç Arslan ýurdy entek dirikä ogullarynyň arasynda paýlapdy. Dukaty Rukneddin Süleýmana, Konýany Keýhysrow Gyýaseddine, Ankarany (başgaça Anakşuriýany) Muhyýeddine, Malatyýany Mugyzeddin Kaýsarşa, Ablusteýni Mugyseddine, Siwas we Aksaraýy Kutbeddine, Naksary doganyna, Amasyýany başga ogluna, Kaýsaryýany Nureddin Mahmyda berdi.

Soňra Gylyç Arslan ýurdy paýlanyna ökündi we ýene-de jemläp, hökümdarlygy uly ogly Kutbeddine bermek isledi. Muny eşidip, beýleki ogullary oňa garşy çykdylar.

Kutbeddin Siwasyň we Aksaraýyň hökümdarydy. Ol bu şäherleriň birinden beýlekisine gitmek üçin hökman Kaýsaryýanyň üstünden geçmelidi. Kutbeddin her gezek Kaýsaryýanyň üstünden geçende, dogany Mahmyt ony myhmançylyga çagyrýardy. Bir gezek Kutbeddin geçip barýarka, Nureddin Mahmyt şäheriň daşynda otyrdy. Kutbeddin ony öldürip, kellesini eltip, dostlarynyň öňüne oklady. Nureddin Mahmydyň ýerleri kada görä, Kutbeddine geçdi.

Soňra Kutbeddin keselläp wepat boldy. Onuň ýerini Dukat hökümdary Rukneddin Süleýman eýeledi. Ol ilki Siwasy, soňra Aksaraý bilen Kaýsaryýany basyp aldy. Rukneddin Konýa gidip, ol ýeri gabawa saldy we eýeledi. Gyýaseddin Konýany taşlap, Şama, ondanam Rum ýurduna gitdi. Soňra Naksar we Amasyýany eýeledi. 597-nji hijri ýylynda Rukneddin dogany Mugyzeddiniň üstüne ýöriş edip, ondan Malatyýany basyp aldy. Mugyzeddin Mälik Adylyň ýanyna gitdi we onuň ýanynda galdy. Indi Ankaradan başga doganlarynyň ähli ýerleri Rukneddiniň elinde jemlenipdi. Rukneddin Ankarany gyşyn-ýazyn üç ýyl gabawda saklady. 601-nji hijri ýylynda Ankara Rukneddine boýun egdi. Rukneddin dogana aman bermän, ony öldürmegi emr etdi.

Şol günlerde Rukneddin dogany Muhammediň öldi habaryny eşitmän wepat boldy.

## ŞYHABEDDIN GURLYNYŇ HINDILERDEN AJMARY WE BAŞGA ÝERLERI ALMAGYNYŇ BEÝANY

583-nji hijri ýylynda Şyhabeddin Gurly Hindi ýurtlaryna ýöriş edip ýeňlipdi. Ol bu ýeňlişi ýüreginde saklap gezipdi. Bu ýylyň başynda Gaznadan çykyp, esger jemledi we öňki gezek ýeňen hindi duşmanynyň gözlegine çykdy. Pişawere ýakynlaşanlarynda, Gurly goja adam Şyhabeddine:

— Duşmana golaý geldik. Onuň kimdigini, nähili tapmalydygyny hiç birimiz bilemzok. Beýle etmek dogry däldir — diýýär.

Onda Soltan Şyhabeddin:

— Men şol hindiden ýeňlen günümden bäri gözüme uky gelenok, aýalyma ýanaşamok, ak eşigimi çalşamok. Men duşmanymy gözleýärin. Bu ýörişde Alla ynanyp, özümi oňa tabşyrdym. Meniň ýeňşim Allanyň dininiň ýeňşidir. Men gurlulara däl-de, Alla daýanýaryn — diýýär.

Ol goja:

— Gurlularyň näme başarýandygyny görersiň. Soňra olara salam berip, maslahat salarsyň — diýýär.

Şyhabeddiniň gelýändigini eşidip, hindi hökümdary esger jemleýär we musulmanlaryň gözlegine çykýar. Şyhabeddin hindileriň düşlän ýerlerini bilip, ýetmiş müň esger taýýarlap olara:

— Ertir namazyna çenli duşmana bildirmän, olaryň arkasyna geçiň. Men hem bu tarapdan bararyn — diýýär.

Irden hindiler ukudan açylmankalar, dürli tarapdan musulman esgerleri olaryň üstüne döküldiler. Beýle ýagdaýa garaşmadyk hindi şasy:

— Meniň üstüme kim çozdy? — diýip sorady.

Ýeňiş musulmanlaryň tarapyndady. Hindi şasy ata münüp, gaçyp ugrady. Soňra ol pile münüp, yzyna dolandy we ýene-de söweşe girdi. Hindileriň köpüsi öldürilip, galany ýesir alyndy. Olardan az sanlysy gaçyp gutuldy. Ýesir düşen Hindi şasyny Şyhabeddiniň gaşyna alyp geldiler. Ol hindiden:

— Eger men saňa ýesir düşen bolsam, näme ederdiň? — diýip sorady.

Ol:

— Men saňa altyndan gandal ýasadyp gandallardym — diýip jogap berdi.

Şyhabeddin oňa:

— Biz beýle etmeris — diýýär.

Musulmanlar hindilerden örän köp baýlyk, on dört sany pil olja aldyrlar. Şyhabeddin hindi şasyny ýanyna alyp, Ajmyr galasyny we onuň töweregindäki galalary eýeledi. Ol ähli alan ýerlerini Kutbeddin Aýbege ykta berdi. Şyhabeddin Gazna dolanyp barandan soň, hindi şasyny öldürtdi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl haj emiri Daştegin Bagdatda tussag edildi. Ol adyl, ýumşak häsiýetli, dindar, köp namaz okap, köp agyz bekleýän adamdy. Ol her ýyl adamlary haja alyp gidende, adamlar ondan göwnühoş bolup gaýdyp gelerdiler.

Bu ýyl Gyzyl Arslan ibn Ildeňiz ölenden soň, Togrul ibn Arslan ibn Togrul tussaglykdan çykdy. Ol Gutlug Ynanç bilen birigip, Reý tarapa gitdi.

Bu ýylyň rejep aýynda Bagdatdaky soltan medresesiniň mugallymy emir Aly ibn Murteza Alawy Hanafy wepat boldy.

Bu ýylyň meret aýynda şapygy mezhebiniň ulamasy Abu Aly Hasan ibn Hibatulla ibn Buky wepat boldy. Goý, Alla olaryň ählisine rehim etsin!

## 589-NJY HIJRI ÝYLY

*( 07.01-28.11.1193 ý.)*

## SOLTAN SALAHEDDINIŇ WEPAT BOLMAGY WE ONUŇ ÖMÜR BEÝANY.

Bu ýylyň sapar aýynda Müsür, Şam, Jezire we başga-da birnäçe döwletleriň soltany Salaheddin Ýusup ibn Eýýup ibn Şady Damaskda wepat boldy.

Ölmezinden öň haja gitmegi ýüregine düwüp, ýola düşdi. Emma keselläp, yzyna gaýdyp geldi. Keseli beterläp, sekiz gün ýatandan soň, keselinden aýňalman aradan çykdy. Goý, Alla oňa rehim etsin!

Kesellemezinden öň dogany Mälik Adyly we ogly Mälik Afdaly ýanyna çagyryp, maslahat etdi. Soltan Salaheddin Mälik Adyldan haýsy ýere ýöriş etjegini sorady. Mälik Adyl Ahlada gitmegi göz öňünde tutýandygyny aýtdy. Mälik Afdal bolsa özüniň Gylyç Arslanyň ogullarynyň elindäki Rum ýurduna ýörişi niýet edýändigini aýtdy. Soltan Salaheddin bu ýurtlaryň entek gaty möhüm däldigini, ýöne özüniň hem Rum ýurduny basyp almaga hyýallanýandygyny aýdyp, Mälik Adyla esger toplap, Kerege gitmegi buýurdy. Mälik Adyl Kerege gidip, dolanmanka, Soltan Salaheddin keselläp, aradan çykdy.

Soltan Salaheddin sahy, sabyrly, şerigatyň kada-kanunlaryny sylaýan we ýerine ýetirýän, gowy häsiýetli, geçirimli adamdy. Ol kä adamlaryň özi hakynda erbet gürrüňler edýändigini bilse-de, oňa göz ýumýardy we soň bir mahalam ony ýatlamazdy. Soltan Salaheddiniň yslam dini we musulmanlar üçin eden işi örän uludyr. Goý, Alla oňa rehim etsin!

## SOLTAN SALAHEDDINIŇ ÖLÜMINDEN SOŇ OGULLARYNYŇ WE DOGANLARYNYŇ DÜŞEN ÝAGDAÝYNYŇ BEÝANY

Damaskda Soltan Salaheddin aradan çykandan soň, onuň ýerini uly ogly Mälik Afdal Nureddin Aly eýeledi. Esgerler we emirler oňa wepaly gulluk etmäge äht etdiler. Mälik Afdala Damask, Sahil, Kudus, Baalbek, Serhet, Basra, Baniýas, Hunin, Tebnin we Darumdaky ähli ýerler degişlidi. Mälik Abdyleziz Müsürde, Mälik Zahyr Gazy Halapda, Mahmyt ibn Taky-

ýeddin Hamada, Şirkuh ibn Muhammet ibn Şirkuh Humusda hökümdarlyk edýärdiler. Humus hökümdary Mälik Afdala boýun bolýardy. Mälik Afdal Mälik Adyly ýanyna çagyrdy, emma Mälik Adyl onuň çakylygyna gelmedi. Mälik Afdal birnäçe gezek Mälik Adyly çagyryp, çapar ýollady. Bu gezek hem onuň çakylygy jogapsyz galdy. Mälik Adyl çaparlara bararyn diýip söz berip, özi hem gelenokdy. Mälik Afdal ol ýere goşun ibermegi ýüregine düwdi.

## ATABEG YZZEDDINIŇ MÄLIK ADYLYŇ ÝURDUNA ÝÖRIŞINIŇ WE ONUŇ KESELLEMEGINIŇ BEÝANY

Mosul hökümdary Atabeg Yzzeddin Mesut ibn Mewdut ibn Zeňňä Soltan Salaheddiniň öldi habary ýetende, ol ynamdar adamlaryny we olaryň serkerdesi Mujahideddin Gaýmazy maslahata çagyrdy. Olar Mälik Afdalyň Mälik Adyl bilen şu wagt arasynyň gowy däldigini we Mälik Afdalyň Mälik Adyla kömek bermejekdigini göz öňünde tutup, Mälik Adylyň ýurduna ýöriş etmegi maslahat etdiler. Olar içaly iberip, Mälik Adylyň Harranyň ýanyndadygyny we iki ýüze golaý çadyr dikilendigi hakyndaky maglumaty aldylar. Atabeg Yzzeddin esger jemledi. Mälik Afdalyň ýollan esgerleri we dogany Sanjaryň hökümdary Ymadeddiniň esgerleri hem Atabeg Yzzeddin Mesudyň goşunyna gelip goşuldylar.

Esgerler Mälik Adylyň çadyrlaryna tarap ýola düşdüler. Goşun Tel Mawzana baranda, Atabeg Yzzeddine içgeçme keseli degdi. Onuň hereket etmäge mejaly galmady. Gan geçmesi köpeldi. Ol heläk bolaryndan gorkup, ýanyna iki ýüz atlyny alyp, galan esgerlerini Ymadeddiniň ýanynda goýup, yzyna dolandy. Ol rejep aýynyň birine Mosula baryp ýetdi.

## ATABEG YZZEDDINIŇ WEPAT BOLMAGY WE ONUŇ ÖMÜR BEÝANY

Bu ýylda Mosulda Mosul hökümdary Atabeg Yzzeddin Mesut ibn Mewdut ibn Zeňňi ibn Aksungur aradan çykdy. Ol meret aýynyň ýigrimi dokuzyna çenli keselläp ýatdy we keselinden aýňalman wepat boldy. Ol öz gurduran medresesinde depin edildi. Ölmezinden on gün öň dilden galyp, diňe şahadaty gaýtalap ýatyrdy. Atabeg Yzzeddin sahy, gowy ahlakly adamdy. Goý, Alla ondan razy bolsun!

## AHLAT HÖKÜMDARY BEKDEMIRIŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň üçünji aýynyň birine Ahlat hökümdary Seýfeddin Bekdemir öldürildi. Onuň bilen Soltan Salaheddiniň ölüminiň arasy iki aýdy. Seýfeddin Soltan Salaheddiniň ölenini eşidende, örän begenipdi. Ol tagt ýasadyp, özüni Soltan Muazzam diýip atlandyrypdy. Seýfeddin lakamyny üýtgedip, özüne Abdyleziz diýdirýär. Onuň gyzyna şah ermeniň mamlugy Hazzar Dinary öýlenip, Bekdemirden özüne hökümdarlyk etmäge ykta bererine garaşýardy. Emma Bekdemir oňa ykta bermänden soň, ol Bekdemiri öldürip, Ahlady we onuň töwereginiň hökümdarlygyny öz eline aldy.

Seýfeddin Bekdemir adyl, haýyr işleri köp eden, edermen, batyr adamdy. Ol adamlaryň göwnüni tapmaga synanyşardy. Goý, Alla ondan razy bolsun!

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylda Gazna soltany Şyhabeddin gyşyny Peşawerde geçirdi. Ol köp esger toplady we olara Aýbeg mamlugy serkerde

belläp, hindi ýurduna ugratdy. Olar yzyna köp olja bilen sag-salamat dolanyp geldiler.

Bu ýylyň oraza aýynda Merwiň we Horasanyň, başga-da birnäçe ýerleriniň hökümdary Soltanşa wepat boldy. Onuň ýerini dogany Alaeddin Tekeş eýeledi.

Bu ýylda halypa Nasyr Lidinillä Bagdadyň Nyzamyýa medresesiniň ýanynda uly kitaphana gurdurdy we özüniň şahsy kitaplaryny hem bu kitaphana berdi.

Bu ýyl halypa Huzystanyň Sowsan galasyny eýeledi. Bu gala halypa degişli bolsa-da, galanyň hökümdary halypa garşy pitne turuzdy. Halypa bu gala esgelerini iberip, pitneçileri derbi-dagyn etdirdi. Halypa pitneçilere berk temmi berip, Sowsan galasyna başga häkim belledi.

Bu ýylda asmanda iki ýyldyz göründi. Ol ýyldyzlaryň ýagtysy Aýyň ýagtysyndan güýçlüdi. Bir gün daň agaran pillesi bu iki ýyldyz süýndi. Olar ýere inende, ähli tarapdan aýylganç sesler eşidildi. Adamlar bu sesleri eşidip, kyýamat gopandyr öýtdüler.

## 590-NJY HIJRI ÝYLY
*( 27.12.1193 – 17.11.94 ý.)*

## ŞYHABEDDIN GURLY BILEN HINDI ŞASY BENARISIŇ ARASYNDA BOLUP GEÇEN SÖWEŞIŇ BEÝANY

Kutbeddin Aýbegiň Şyhabeddiniň goşunyna baş bolup, hindileriň köpüsini öldürip, galanyny ýesir alyp gidenini eşiden hindileriň iň uly şasy Benaris dergazap bolup, esger jemlemäge başlady. Onuň ýurdunyň serhedi örän köp ýeri öz içine alýardy. Ol esgerleri bilen yslam ýurtlaryna tarap ýola düşdi.

Zamana 590-njy hijri ýylyna gadam basdy. Şyhabeddin Gurly Hindi şasynyň gelýändigini eşidip, esgerleri bilen Gaz-

nadan çykdy. Ol duşmanyna Majun derýasynyň boýunda duşdy. Hindi şasynyň ýedi ýüz pili we bir milliona golaý esgeri bardy. Hindileriň esgerleriniň içinde musulmanlar hem bardy. Olar Mahmyt Söbükteginiň döwründen bäri bu ýerlerde yslam dinini ýaýradýardylar. Musulmanlar bilen hindiler söweşe girdiler. Musulmanlar edermenlik görkezip, ýeňiş gazandylar. Hindilerden örän köp adam gyrlyp, ýer jesetden doldy. Gan sil ýaly akýardy. Musulmanlar ýaş oglanlary öldürenokdylar. Hindileriň togsan pili olja alnypdy. Pilleriň köpüsi öldürilip, galany gaçyp gitdi. Hindi şasy öldürildi. Onuň jesedini altyn dişinden tanadylar.

Şyhabeddin Benarisiň ýurduna baryp, hazynasyndan altyn-kümüş, mal-mülk, bir müň dört ýüz düýe olja alyp, yzyna dolandy.

## SOLTAN TOGRULYŇ ÖLDÜRILMEGI, HOREZMŞANYŇ REÝI EÝELEMEGI WE ONUŇ DOGANY SOLTANŞANYŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

588-nji hijri ýylynda Soltan Togrul ibn Alp Arslan ibn Togrul ibn Muhammet ibn Mälikşa ibn Alp Arslan Seljukly tussaglykdan çykdy we Hemedany eýeledi. Onuň bilen Gutlug Ynanç ibn Pälwanyň arasynda çaknyşyk bolup, Gutlug Ynanç ýeňildi we Reýdäki galada galdy.

Togrul Hemedana gelip, Gutlug Ynanjy Horezmşa Alaeddin Tekeşiň ýanyna kömek soramaga iberdi. Gutlug Ynanç bu işi boýun alanyna ökünip, Horezme ýakyn baranda, Horezmşanyň özüni öldürerinden gorkup, öz galasyna dolandy. Horezmşa Reýe gelip, ony eýeledi. Soňra Tabaraka galasyny iki gün gabawdan soň eýeledi we Togrula ilçi ýollady. Olar ylalaşyp, Reý Horezmşada galdy. Horezmşa dogany Soltanşanyň

Horezme çozaryndan gorkup, Reýi goramaga esger galdyryp, yzyna gaýtdy. Ýolda oňa Horezmiň raýatlarynyň Soltanşany ýurda goýbermändigi hakyndaky habar gelip gowuşdy. Horezmşa gyşy geçirmek üçin Horezmde galdy.

589-njy hijri ýylynyň oraza aýynda Soltanşa wepat boldy. Bu habary eşiden Horezmşa Merwe gitdi. Ol Merwe baryp, şähere, doganynyň maly-mülküne, hazynasyna eýe boldy. Horezmdäki ogly Alaeddin Muhammedi getirip, Nyşapura häkim belledi. Gurban aýynda uly ogly Mälikşany Merwe ýollady. 590-njy ýylda Togrul Reýi almaga hyýallandy. Halypanyň ilçileri Horezmşanyň ýanyna gelip, Togrulyň üstünden arz-şikaýat etdiler we onuň Reýi aljak bolýandygyny habar berdiler. Horezmşa ýanyna esgerlerini alyp, Nyşapurdan Reýe gitdi. Ýolda Horezmşa Gutlug Ynanja duşup, ony hem ýanyna aldy.

Soltan Togrulyň esgerleriniň her haýsy bir ýerdedi. Muňa seretmezden Horezmşanyň gelendigini eşidip, ýeke özi onuň gaşyna söweşe çykdy. Soltan Togrul gözsüz batyrlardandy. Horezmşanyň esgerleri onuň daşyny gurşap aldylar. Ony atdan ýykyp, öldürdiler. Bu hadysa dört tirkeşigiň birinji aýynyň ýigrimi dördüne bolup geçdi. Onuň kellesini Horezmşa eltip berdiler. Ol hem soltan Togrulyň kellesini Bagdada iberdi. Onuň kellesi birnäçe gün şäheriň derwezesinde asylgy durdy. Horezmşa Hemedana gitdi we ol ýerleriň barysyny eýeledi. Oňa kömek bermek we serpaý ýapmak üçin, halypanyň weziri Mueýýiddin ibn Kassap esger bilen geldi. Horezmşa Hemedany we onuň töweregini Gutlug Ynanja ykta berip, özi Horezme dolandy.

## MÄLIK EZIZIŇ DAMASKY GABAWA SALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylda Müsür hökümdary Mälik Eziz Osman ibn Salaheddin Damasky gabawa saldy. Damask onuň agasy Mälik

Afdal Aly ibn Salaheddine degişlidi. Men [Ibn Esir] hem şol ýerdedim. Mälik Afdal Jezeriýa diýarynyň hökümdary Mälik Adyl Abu Bekr Eýýupdan kömek sorap, ýüz tutdy. Ol Mälik Adylyň özüne kömege geljegine ynanýardy. Mälik Adyl bilen bile Halabyň hökümdary Mälik Zahyr Gazy, Hama hökümdary Nasyreddin Muhammet Takyýeddin, Humus hökümdary Esededdin Şirkuh ibn Muhammet ibn Şirkuh we Mosul esgerleri kömege geldiler. Olaryň barysy, eger-de Mälik Eziz Damasky basyp alsa, soňra öz ýurtlaryna ýöriş etjekdigini bilýärdiler. Mälik Eziz Damasky alyp bilmejekdigine gözi ýetip, ýaraşyk teklip edip, ilçi iberdi. Ylalaşyga görä, Kudus we onuň töweregi, Palestina Mälik Ezize berildi. Mälik Zahyra Jebele we Lazykyýa, Mälik Adyla Müsürden ýer berildi. Mälik Eziz ylalaşyk baglaşylandan soň, Müsüre gaýtdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda Jezirede, Yrakda we başga-da birnäçe ýurtlarda güçli ýer titredi. Ýer yranmasy zerarly möminleriň emiri Alynyň mazarynyň gümmezine zeper ýetdi.

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynda araplaryň bir taýpasy Muhammet alaýhyssalamyň şäherine – Medinä hüjüm etdi. Medinäniň hökümdarynyň dogany Haşym ibn Kasym olara garşy göreşdi. Aldym-berdimli söweşde Haşym wepat boldy. Medinäniň hökümdary ýardam soramak üçin, Şama gitdi.

Bu ýylyň meret aýynda Halap kazysy Abu Hasan Ahmet ibn Muhammet ibn Abdysemet Tarasusy wepat boldy. Goý, Alla olaryň ählisine rehim etsin!

## 591-NJI HIJRI ÝYLY
*( 27.12.1193 – 17.11.1194 ý.)*

## HALYPA WEZIRINIŇ HEMEDAN WE BAŞGA AJAM ÝURTLARYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Mueýýideddin ibn Kassap Huzystany eýeländen soň, Huzystanyň golaýyndaky ýer bolan Meýsana geldi. Gutlug Ynanç hem bu ýerdedi. Bularyň arasynda çaknyşyk bolup, Gutlug Ynanç ýeňildi.

Halypanyň esgerleri Hemedana gitdiler. Ol ýerde Horezmşanyň we Maýajygyň esgerleri bardy. Halypanyň esgerleriniň gelýändigini eşidip, horezmliler Reýe gitdiler. Bu ýylyň baýram aýynda halypanyň esgerleri Hemedany eýelediler. Soňra Reýe geldiler. Horezmliler bu ýerden hem gitdiler. Gutlug Ynanç we birnäçe emirler horezmlileriň Reýden gidenini görüp, Reýi özleri eýelemek islediler. Halypanyň weziri Reýi gabady. Gutlug Ynanç Reýden gitdi. Weziriň esgerleri şäheri taladylar. Wezir talamagy bes etmegi emr etdi. Gutlug Ynanç esgerleri bilen Derbende bardy. Halypanyň goşuny onuň yzyndan ýetdi we olaryň arasynda aýylganç söweş boldy. Gutlug Ynanç öz başyny zordan gutardy. Wezir Hemedanyň golaýynda çadyr dikindi. Onuň ýanyna Horezmşa Tekeşiň ilçisi gelip, horezmlileriň ýerini gaýdyp bermegini talap etdi. Wezir bu talaby kabul etmedi.

Meret aýynyň başynda wezir Mueýýideddin öz ajalyna wepat boldy. 592-nji ýylyň meret aýynyň ortalarynda halypanyň goşuny bilen horezmlileriň arasynda söweş bolup geçdi. Iki tarapdan hem örän köp esger öldürildi. Horezmliler ýeňiş gazanyp, köp olja aldylar. Hemedan ýene-de horezmlileriň golastyna geçdi. Horezmliler weziriň gabryny gazyp, onuň kellesini jesedinden jyda kylyp, Horezmşa eltip berdiler we onuň

söweşde öldürilendigini habar berdiler. Horezmşa bu habary eşidenden soň, öz ýurdundan Horasana gitdi.

## HALYPA ESGERLERINIŇ YSPYHANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylda Halypa Nasyr Lidinillä uly goşun jemläp, olara Seýfeddin Togruly baş edip, Yspyhana ugratdy. Horezmşa bu wagt ogly bilen Yspyhanda bolýardy. Yspyhanyň ilaty olary ýigrenýärdiler. Yspyhan hökümdary haýsy ýerden esger gelse, şäheri oňa tabşyrmaga taýýardy. Halypanyň esgerleri şähere golaýlandan, horezmliler şäherden çykyp gitdiler. Halypanyň esgerleri Yspyhany söweşsiz eýelediler.

## GÖKJÄNIŇ REÝ WE HEMEDAN ÝURTLARYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Horezmşa Horasana gaýdanda, Pälwanyň we birnäçe emirleriň mamluklary ylalaşyp, özlerine Gökje atly tanymal mamlugy serkerde saýladylar. Olar Reýi we onuň töweregini eýelediler. Soňra Yspyhana tarap ýola düşdüler. Olar horezmlileriň yzyndan gitdiler. Yspyhana ýakyn gelenlerinde, halypanyň esgerleriniň ol ýeri eýeländiklerini eşitdiler. Halypanyň goşuny Hemedana gidende Gökje Yspyhany eýeledi we Bagdada hat ýollap, Reý we onuň töwerekleriniň, Sawa, Kum, Kajan, Mazdaganyň özüne berilmegini, Yspyhan, Hemedan, Zenjan we Kazwiniň halypanyň diwanyna degişli edilmegini sorady. Halypa razylygyny bildirip, Gökjä halat-serpaý iberdi. Gökjäniň abraýy galyp, daşyna köp esger ýygnanmaga başlady.

## MÄLIK EZIZIŇ IKINJI GEZEK DAMASKY GABAMAGY WE ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylda Mälik Eziz Osman ibn Salaheddin Müsürden çykyp, Damasky gabawa salmak isläpdi.

Munuň sebäbi kakasynyň Salahyýa mamluklary, Fahreddin Çerkez, Gara Sungur we başgalar Mälik Afdalyň ýanyndan gaýdyp, Mälik Eziziň ýurduna gelip, oňa hyzmat edip başladylar. Olar: «Kürtler we Esediýýe mamluklary Mälik Afdal bilen seniň ýeriňe göz dikýärler. Şonuň üçin biz olardan öňürdip, Damasky alaly» diýip, Mälik Ezize maslahat berýärler. Olar Damaska gitmäge taýýarlanyp başlaýarlar. Mälik Afdal bu habary eşidip, Mälik Adylyň ýanyna gitdi. Olar Japar galasynda duşuşdylar we Mälik Afdal ondan özüne ýardam bermegini sorady. Soňra Halaba gidip, dogany Mälik Zahyr Gazydan ýardam bermegini haýyş etdi. Köp wagt geçmän, Mälik Afdal Damaska dolanyp geldi. Mälik Eziz Damaskyň golaýyna gelip, çadyr dikindi we esediýýe mamluklarynyň serkerdesi Seýfeddin Aýazguşy we kürtlerden Abyl Hija Selmini Mälik Afdalyň ýanyna ilçi edip iberdi. Olar Mälik Afdaldan we Mälik Adyldan Damasky Mälik Ezize bermeklerini talap etdiler. Mälik Afdal we Mälik Adyl muňa garşy çykdylar.

Mälik Afdal we Mälik Adyl Balbis şäherinde Mälik Eziziň nasyryýe mamluklary bilen söweşdi we olary öldürmek isledi. Onda Mälik Adyl: «Bular yslam esgerleri, eger sen olary öldürseň, duşmanlar bilen kim söweşer?» diýdi. Mälik Afdal Mälik Adylyň sözüni kabul edip, olary öldürmek niýetinden el çekdi.

Birnäçe gün geçenden soň,  Mälik Adyl Mälik Afdaldan gizlin, Mälik Eziziň ýanyna adam ýollap, ýaraşyk baglaşmak üçin, Salaheddiniň kazysyny Mälik Afdalyň ýanyna ibermegi emr etdi. Bu kazynyň sözüni Soltan Salaheddin hem ýykanokdy. Kazy Mälik Afdal bilen Mälik Ezizi ýaraşdyrdy. Kudus,

Palestina, Tabaryýa, Iordaniýa we başga birnäçe ýerler Mälik Afdala degişli edildi. Mälik Adyl öz öňki ýerlerine hökümdarlyk etdi. Ol Mälik Eziziň ýanynda — Müsürde galmaly boldy. Sebäbi kürtler we esediýýe mamluklary oňa boýun bolmak islemeýärdiler. Mälik Eziz bolsa maksadyna ýetip bilmedi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Bagdatda uly ýangyn boldy. Ot dükanlaryň köpüsini harap etdi. Ýangyn Ibn Bahylyň dükanyndan tutaşyp başlapdy.

## 592-NJI HIJRI ÝYLY

*( 06.12.1195 - 26.10.96 ý.)*

## ŞYHABEDDIN GURLYNYŇ BAHANKARY WE BAŞGA HINDI ÝURTLARYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Gazna Soltany Şyhabeddin Gurly Hindi ýurduna gitdi we Bahankar galasyny gabap aldy. Bu uly we berk galalaryň biridi. Galanyň ilaty ondan aman diledi. Şyhabeddin aman berdi we gala girip, ol ýerde on gün galdy. Ol goşunyna dynç berip, ýagdaýyny gowulap, Kawalir galasyna gitdi. Bu iki galanyň arasynda bäş günlük ýol we uly derýa bardy. Olar derýany geçip, Kawalire geldiler. Bu gala hem gowy goralýan, onuň üstesine beýik dagyň üstünde ýerleşip, manjanyklary, diwar deşýän gurallary eltip bolmaýan galady. Şyhabeddiniň esgerleri galany bir aý gabawda saklap, maksadyna ýetip bilmediler. Galadakylar ýaraşyk teklip etdiler. Musulmanlar bu teklibi kabul edip, galadan gabawy aýyrmak üçin, köp pul, mal-mülk aldylar. Soňra Aý we Sur ýurtlaryna çozup, ol ýerleri

taladylar, galadaky adamlaryň köpüsini ýesir aldylar. Musulmanlar sag-salamat Gazna dolanyp geldiler.

## MÄLIK ADYLYŇ MÄLIK AFDALDAN DAMASKY BASYP ALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň rejep aýynyň ýigrimi ýedisine Mälik Adyl Abu Bekr ibn Eýýup Mälik Afdal Aly ibn Salaheddiniň hökümdarlygyndaky Damask şäherini eýeledi.

Mälik Eziz bilen Mälik Afdal ylalaşandan soňra, Mälik Adyl Mälik Eziziň ýanynda Müsür diýarynda galdy. Mälik Eziz ony öz tarapyna çekip, Damasky Mälik Afdaldan alsalar, oňa bermäge söz berdi. Olar Müsürden çykyp, Damaska tarap gaýtdylar we ol ýeri gabap aldylar. Olar Mälik Afdalyň ynamdar emirleriniň biri Yzz ibn Abu Galyp Humsyny öz taraplaryna çekdiler. Mälik Afdal bu adama köp ýagşylyk edip, oňa Damaskyň gündogar derwezesini ynanypdy. Ol Mälik Eziz bilen Mälik Adyla derwezäni açyp, olaryň esgerlerini şähere goýberjekdigini aýtdy. Rejep aýynyň ýigrimi ýedisine ikindin wagtlary ol derwezäni açyp, Mälik Adyly we onuň esgerleriniň bir toparyny şähere iberdi. Mälik Afdal kakasynyň dogany Mälik Adylyň şäherdedigini duýanokdy. Mälik Eziz Damaskyň günbatarynda ýerleşýän Ýaşyl meýdanda atly aýlanyp ýördi.

Mälik Afdal ýagdaýy bilenden soň, dogany Mälik Eziz bilen Esededdin Şirkuhyň öýüne bardylar. Olaryň ýanyna Mälik Adyl hem gelip goşuldy. Mälik Adyl Damasky we onuň töweregini eýeledi. Mälik Afdala Serhede gitmegi maslahat berdiler.

Bir gün Mälik Afdal bilen Mälik Eziz otyrka, Mälik Eziz şerapdan doýup, Mälik Afdala «Men saňa Damasky gaýdyp alyp bererin» diýdi. Bu sözler şol sagadyň içinde Mälik Adyla baryp ýetdi. Mälik Adyl derrew ýetip geldi. Görse Mälik Eziz

serhoşdy. Soňra Mälik Eziz Müsüre dolandy. Mälik Afdal bolsa Serhede gitdi. Mälik Adyl bir wagt Mälik Afdalyň özüni öldürtjek bolandygyny we şonuň üçin Damasky ondan alandygyny aýtdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň aşyr aýynda Yrakda güçli ýel öwüsdi. Gyzyl çäge ýagyp, älem-jahan tümlüge bürendi. Adamlar nämäniň-nämedigine düşünmän, iki-baka ylgaýardylar, Alladan dileg edýärdiler. Birnäçe gün şeýle ýagdaý dowam etdi.

Bu ýylda Yspyhandaky şapygy mezhebiniň ulamasy Sadreddin Mahmyt ibn Abdyllatyp ibn Muhammet ibn Sabyt Hojandy wepat boldy. Ol Yspyhan dikmesi Felekeddin Sungur Tawil tarapyndan öldürildi.

Bu ýylda Abu Talyp Ýahýa ibn Sagyt ibn Zyýada halypanyň diwanynyň başlygy wezipesine bellendi.

Bu ýylyň sapar aýynda hajdan gaýdyp gelýärkä, Mahmyt ibn Aly Kufany wepat boldy. Ol Muhamet ibn Ýahýanyň iň ýakyn dostlarynyň biridi.

Bu ýylyň rejep aýynda şahyr Abu Ganaýym Hursy wepat boldy. Onuň asly Wasytyň Hurs obasyndandy.

Bu ýylyň meret aýynda Hemedanda wezir Mueýýideddin Abu Fadyl Muhammet ibn Aly ibn Kassap wepat boldy. Goý, Alla olaryň ählisine rehim etsin!

# 593-NJI HIJRI ÝYLY
*( 24.11.1196 – 15.10.97 ý.)*

## MÄLIK ADYLYŇ ÝEWROPALYLARDAN ÝAFANY ALMAGY, ÝEWROPALYLARYŇ BOLSA MUSULMANLARDAN BEÝRUDY ALMAGYNYŇ WE ÝEWROPALYLARYŇ TEBNINI GABAWA SALMAGYNYŇ WE OL ÝERDEN GITMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň baýram aýynda Mälik Adyl Abu Bekr ibn Eýýup Ýafa şäherini eýeledi. Bu şäher ýewropalylaryň elindedi. Goý, olara Allatagalanyň lagnaty bolsun!

Soltan Salaheddin ölmänkä, ýewropalylar bilen ýaraşyk şertnamasy düzülipdi. Soňra bu şertnamasynyň wagtyny Mälik Eziz bilen Kind Hira uzaldypdylar. Beýrut şäheriniň emiri Usamady. Ol ýewropalylaryň ýoluna gämi ýollap, olary talaýardy. Ýewropalylar Mälik Adyla we Mälik Ezize bu barada şikaýat etdiler, emma ol ikisiniň hiç hili çäre görmeýändigini görüp, deňizdäki ýewropalylara musulmanlaryň özlerine ezýet berýändigini, eger-de kömek berip, musulmanlaryň öňi alynmasa, ýurduň elden gitjekdigini habar berdiler. Ýewropalylar uly goşun bilen kömege geldiler. Olaryň köpüsi Alman şasynyň esgerleridi. Olaryň serkerdesine Kassys Hansler diýýärdiler. Mälik Adyl bu habary eşidip, Mälik Ezizden Mosula, Jezirä kömege esger ibermegini talap edýär. Kömekçi esgerler gelip, ählisi Aýny Jalutda jemlendiler. Soňra oraza aýyny geçirip, baýram aýynda Ýafa galasyna ýöriş etdiler. Galadakylar köp garşylyk görkezdiler. Musulmanlar gylyja daýanyp, galany bir günde eýelediler. Bu gün anna günüdi. Musulmanlar köp olja we ýesir aldylar. Ýewropalylar Akkadan Kaýsaryýa geldiler we Ýafa galasyny goramaga gitmek islediler. Emma musulmanla-

ryň Ýafa galasyny eýeländigini eşidip, yzyna dolandylar. Olaryň Ýafa galasyna gijä galyp gelendikleriniň sebäbi, olaryň şasy Kind Hira belent ýerden gaçyp ölüpdi.

Musulmanlar Aýn Jaluda dolanyp bardylar. Olara ýewropalylaryň Beýruda gitmekçidigi hakyndaky habar gelip gowşupdy. Bu ýylyň boş aýynda Mälik Adyl esgerleri bilen Marajul Uýuna gitdi. Onuň niýeti şäheri ýumurmakdy. Gurban aýynyň ýedisine Mälik Adyl şäheriň diwarlaryny ýykdyrdy. Galany ýumurtjak bolanda Usama şäheri özüniň gorajakdygyny aýdansoň, Mälik Adyl bu niýetinden el çekdi.

Ýewropalylar Akkadan Sida galasyna barýarkalar, Beýrutdan gaýdyp gelýän musulman goşunyna duşdular we olar bilen söweşe girdiler. Iki tarapdan hem köp adam öldi. Gurban aýynyň dokuzyna ýewropalylar Beýruda gitdiler. Usama we onuň ýanyndaky musulman esgerleri ýewropalylaryň gelýändigini eşidip, şäheri taşlap gaçdylar. Ýewropalylar şäheri hiç bir ýitgisiz eýelediler. Mälik Adyl Sur galasyna esger ýollady. Olar Suryň agaçlaryny çapyp, galadyr diňleri ýumurdylar. Ýewropalylar Beýrutdan Sur galasyna gaýdyp geldiler. 594-nji hijri ýylynyň sapar aýynyň birine ýewropalylar Tebnini eýelediler we galadaky musulmanlaryň köpüsini gyrdylar. Mälik Adyl Mälik Ezize özüniň gelmegini emr edip, çapar ýollady. Mälik Eziz Mälik Adylyň çapary barandan, galan esgerleri bilen tiz ýetip geldi.

Musulmanlaryň jemlenýändigini görüp, ýewropalylar howsala düşdüler. Olaryň şasy ýokdy. Bu wagt hiç kim olaryň başyny jemläp bilenokdy. Olaryň hökümdary Kind Hiranyň aýalydy. Ýewropalylar Kipr şasy Himrini (Gimri) getirip, şa aýala öýerdiler we ony özlerine şa etdiler. Ol parahatçylygy söýýän adamdy. Olar ýaraşyk teklip etdiler. Ýaraşyga görä, Beýrut ýewropalylaryň elinde galmaly edildi. Ýaraşyk 594-nji ýylyň

meret aýynda baglaşylypdy. Mälik Adyl ol ýerden Damaska gitdi. Damaskdan hem Mardine tarap ýola düşdi.

## SEÝFULYSLAMYŇ WEPAT BOLMAGY WE ONUŇ ÝERINI OGLUNYŇ EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň baýram aýynda Ýemen hökümdary Seýfulyslam Tugtegin ibn Eýýup wepat boldy. Ol Soltan Salaheddiniň doganydy. Ol raýatlaryna köp ezýet bererdi. Täjirleriň ýurda getirýän harytlaryny özi alyp, soňra islendik bahadan ilata satardy. Sansyz baýlyk toplapdy. Altyny eredip, degirmen daşy ýaly ululykda guýdurardy we ýygnardy.

Ol ölenden soň, onuň ornuny ogly Ysmaýyl eýeledi. Ol özüni kuraýyşlardan — emewileriň neslinden diýip, halypalyga dalaş edip ugrady. Kakasynyň dogany Mälik Adyl muny eşidip, oňa il güldürmän, öz aslyna gaýdyp barmagyny emr etdi. Emma ol gulak asmady. Ony ysmaýyly esgerleri öldürip, özlerine onuň kakasynyň mamluklarynyň birini emir saýladylar.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynda Nyşapurda Mälikşa ibn Horezmşa Tekeş aradan çykdy. Ol kakasynyň mülk ýerlerine Horasany we başga-da birnäçe ýerleri goşmagy başardy. Onuň ýerini Kutbeddin Muhammet eýeledi. Tekeşiň Hindihan atly ogly Kutbeddine garşy çykdy. Olaryň arasynda birnäçe söweşler bolup geçdi. Men ol hakynda soň ýatlap geçerin.

Bu ýylda şapygy mezhebiniň ulamasy Abylkasym Ýagyş ibn Sadaka ibn Aly Ferrany wepat boldy. Goý, Alla olaryň ählisine rehim etsin!

## 594-NJI HIJRI ÝYLY
*( 24.11.1197 – 15.10.1198 ý.)*

## YMADEDDINIŇ ÖLÜMI WE ONUŇ ORNUNY OGLY KUTBEDDIN MUHAMMEDIŇ EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda Sanjar, Nasibin, Habur, Rakka hökümdary Ymadeddin Zeňňi ibn Mewdut ibn Zeňňi ibn Aksungur wepat boldy. Onuň ornuny ogly Kutbeddin Muhammet eýeledi we döwleti dolandyrmagy kakasynyň mamlugy Mujahydeddin Ýarangyşa tabşyrdy.

Ymadeddin adyl, haýyr iş etmäni gowy görýän, raýatlary bilen mylakatly aragatnaşyk saklaýan, alym adamlara hormat edýän we olaryň gepine gulak goýýan adamdy. Ol hanafy mezhebini tutýardy we ogullarynyň hem şafygy mezhebine geçmezligi üçin, Sanjarda hanafy medresesiniň düýbüni tutdy. Goý, onuň eden haýyr işleri üçin Alla oňa rehim etsin!

## NUREDDIN ARSLANŞANYŇ NASIBIN GALASYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň üçünji aýynda Mosul hökümdary Nureddin Arslanşa ibn Mesut ibn Mewdut agasynyň ogly Kutbeddin Muhammetden Nasibin galasyny basyp aldy.

Ilki Nasibin galasy we onuň töwerekleri Nureddine degişli bolup, bu ýerleriň işlerini Mujahydeddin Gaýmaz alyp barýardy. Ymadeddin goşun çekip gelip, Mosulyň ýanynda iki derýanyň arasyndaky obadyr galalary basyp aldy. Nasibin hem şol ýerdedi. Nureddiniň bu zatlardan habary ýokdy. Mujahydeddin Gaýmaz Nureddine bildirmän, Ymadeddinden Nasibini gaýdyp bermegini talap etdi. Ymadeddin oňa gulak asmady. Mujahy-

deddin Gaýmaz ýagdaýy Nureddine habar berdi. Nureddin kakasynyň dogany bilen düşünişmek üçin, atalary Zeňňä hyzmat eden adamlary Ymadeddiniň ýanyna ilçi ýollady. Ymadeddin Nasibin galasyny gaýdyp bermäge razy bolmady we üstesine Nureddine kemsidiji sözler aýtdy. Ilçiler ýagdaýy bolşy ýaly Nureddine ýetirdiler. Nureddin gazaplanyp, Nasibini almagy niýet edindi. Agasynyň ölendigini eşidip, Nasibini Kutbeddinden almak üçin esgerlerini jemledi we ol ýere gitdi. Kutbeddin Nureddiniň esgeri bilen Nasibine gaýdanyny eşidip, ol hem goşun jemläp, Nasibin, goragyna gitdi. Nureddin bilen Kutbeddiniň arasynda derýa bardy. Nureddiniň birnäçe emirleri derýadan geçip, Kutbeddiniň esgerleri bilen söweşe girdiler, emma sanlarynyň azdygy sebäpli, ýeňiş gazanyp bilenokdylar. Nureddiniň galan esgerleri gelip söweşe goşulandan soň, Kutbeddin ýeňlişe sezewar bolup, naýyby bilen Harrana gaçyp gitdi. Ol Mälik Adyla çapar ýollap, Nasibini özüne alyp bermegini sorady we Mälik Adyla örän köp halat-serpaý iberdi.

Nureddiniň esgerlerine kesel degdi. Olaryň köpüsi gyrlyp, galany Mosula gaýtdy. Nureddin Nasibine öz adamlarynyň birini dikme belläp, özi Mosula gaýtdy. Nureddin gaýdandan soň, Mälik Adyl gelip, Nasibini Kutbeddine berdi.

Emirlerden Nasibin urşunda Yzzeddin Jürdek, Mujahydeddin Gaýmaz, Zahyreddin Ýoluk ibn Bolangyr we başgalar wepat boldular.

## GURLULARYŇ BALH ŞÄHERINI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylda Gyýaseddin we Şyhabeddiniň gyz doganynyň ogly Bahaweddin Saý ibn Muhammet ibn Mesut Balh şäherini eýeledi. Balhyň hökümdary türkmen bolup, ady Ezihdi. Ol her

ýyl hatalylara paç töleýärdi. Ol ölenden soň Bahaweddin Balha gitdi we ol ýeri eýeledi.

## HATALYLARYŇ GURLULARDAN ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylda hatalylar Jeýhunyň Horasan tarapyna geçip, yslam ýurduna aralaşdylar. Gyýaseddiniň esgerleri olara duşup, aýylganç söweşdiler. Hatalylar ýeňlişe sezewar boldular.

Hatalylaryň bu ýere gelmeginiň sebäbi – Horezmşa Gyýaseddiniň üstünden hatalylara şikaýat etdi. Onuň hatalylara şikaýat etmegine Gyýaseddiniň ýegeni Bahaweddiniň Balhy almagy sebäp bolupdy. Hatalylaryň şasy Balh elinden gidenden soň, uly goşun jemledi we olara wezirini serkerde belledi. Olar dört tirkeşigiň dördünji aýynda Jeýhun derýasyndan geçdiler. Gyş paslydy, Gyýaseddiniň dogany Şyhabeddin hindi ýurdundady we Gyýaseddiniň esgerleriniň köp bölegi onuň ýanyndady. Hatalylar gelip, Gur ýurduna girdiler we Kurzuban we Şarkany eýeläp, örän köp musulmany gyrdylar. Adamlar Gyýaseddinden kömek soradylar. Hatalylar bilen söweşer ýaly Gyýaseddinde esger ýokdy.

Musulmanlaryň kyn ýagdaýa düşenini gören emir Daşhan, Muhammet ibn Jürbek Gurly, Kurzuban galasynyň kätibi Hüseýn ibn Harmil we emir Harruş Gurly dagylar bir ýere jemlendiler. Olar esgerleri bilen hatalylaryň üstüne ýörişe gitdiler. Hatalylar, adatça gijesine näme bolsa-da, çadyrlaryndan çykanokdylar. Gurlular hatalylaryň çadyryna gelip, örän köp adam öldürdiler. Hatalylar özlerine garşy Gyýaseddin söweşýändir öýtdüler. Olar irden turanlarynda Gyýaseddiniň öz ýerindedigini we kim bilen söweşýändiklerini görüp ruhlandylar. Iki tarapdan hem örän köp adam öldi. Musulmanlara Gyýaseddiniň esgerleri kömege geldiler. Söweşde emir Harruş şehit boldy.

Gyýaseddiniň kömege gelmegi bilen musulman goşuny has-da ruhlandy. Hatalylar aljyrap, ýeňlişe sezewar boldular we dogan-dogandan geçip, aýagaldygyna gaçyp başladylar. Musulmanlar olary Jeýhunyň kenaryna çenli kowaladylar. Hatalylardan durany öldürilip, özüni suwa urany gark boldy.

Hatalylaryň şasyna ýeňliş habary baryp ýetende, ol Horezmşa hat ýollady. Hatda «Sen meniň adamlarymy öldürtdiň. Her bir öldürilen adamym üçin on müň dinar tölärsiň» diýlip ýazylypdy. Horezmşa Gyýaseddine hatalylaryň üstünden şikaýat edip, özüne kömek bermegini sorady. Gyýaseddin hem onuň halypanyň tabynlygyna gaýdyp gelmegini talap etdi.

## HOREZMŞANYŇ BUHARANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Horezme giden hataly ilçi Horezmşadan hatalylaryň şasyna şeýle hat bilen dolanyp geldi: «Seniň esgerleriň maňa kömek bermek üçin däl-de, Balhy yzyna almak üçin Gura gitdiler. Men siziň bilen maslahat hem geçirmedim, ol ýere gitmegi emr hem etmedim. Men seniň talap edýän puluňy jemledim. Men indi gurlularyň tabynlygyna girdim. Sen bu pula eýelik etmek isleseň, olaryň razylygyny almagyň hökmandyr».

Hata şasy bu haty okap, dergazap boldy we ägirt uly goşun jemläp, Horezme gitdi. Olar Horezmi gabawa saldylar. Horezmşa esgerleri bilen her gije şäherden çykyp, hatalylar bilen söweşe girýärdi we olaryň köpüsiniň janyny jähenneme ýollaýardy. Şeýle ýagdaý her gün gaýtalandy welin, hatalylaryň galany Hata şasyna gulak goýman, ýurduna gaçyp gitdiler. Horezmşa olaryň yzy bilen gidip, Buharany gabawa saldy. Buharalylar Horezmşa garşy çykyp, onuň bilen söweşe girdiler. Horezmşa hatalylar bilen bir hatarda olary hem gylyçdan geçirdi.

Buharalylar ýeke göz iti tutup, oňa telpek geýdirdiler we «Bu Horezmşa» diýdiler. Sebäbi Horezmşanyň bir gözi kördi. Soňra ol iti diwaryň daşyndan aýlap, manjanyk bilen horezmli esgerleriň üstüne okladylar we «Bu siziň soltanyňyz» diýdiler. Horezmşa geçirimli adamdy we olaryň bu etmişi üçin hiç zat etmedi. Olaryň arasynda köp pul paýlap, Horezme dolandy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň gurban aýynda halypanyň diwanynyň başlygy Abu Talyp Ýahýa ibn Sagyt ibn Zyýada wepat boldy. Ol ylmy, adamkärçiligi, ýumşak häsiýetliligi bilen adamlaryň arasynda uly abraý gazanypdy. Onuň şygyr ýazmakdan hem başy çykýardy.

Bu ýylyň oraza aýynda Mälik Adyl Abu Bekr ibn Eýýup Mardin galasyna bardy we ol ýerdäkiler bilen birnäçe gün söweşdi. Mardin galasynda Husameddin Ýoluk, Arslan ibn Ilgazy ibn Alpy ibn Demirdaş ibn Ilgazy ibn Artyk dagylar bardy. Mälik Adyl olara kakasyndan galan gul kimin seredýärdi. Ol galany gurşap gabawa saldy we galany azykdan kesdi. Galadakylar açlyga döz gelmän, Mälik Adyla Rabd galasyny berdiler. Mälik Adylyň esgerleri halky möjegiň goýun sürüsini daraýşy kimin daradylar. Adamlar görlüp-eşidilmedik derejede talandy we zulum edildi.

Bu ýylda Bagdatda hanafy mezhebiniň ulamasy, Hezret Alynyň ogly Muhammet Hanapyýanyň nesli Abu Mäjit Aly ibn Abu Hasan ibn Aly ibn Nasyr ibn Muhammet wepat boldy. Goý, Alla olaryň ählisine rehim etsin!

## 595-NJI HIJRI ÝYLY
*( 03.11.1198 – 24.09.1199 ý.)*

## MÄLIK EZIZIŇ WEPAT BOLMAGY WE DOGANY MÄLIK AFDALYŇ MÜSÜR DIÝARYNYŇ HÖKÜMDARLYGYNA GELMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynyň ýigrimisine Müsür diýarynyň hökümdary Mälik Eziz Osman ibn Salaheddin Ýusup ibn Eýýup wepat boldy.

Onuň ölüminiň sebäbi Mälik Eziz awa-şikara çykdy. Aw awlap ýörkä, öňünden möjek çykdy. Mälik Eziz möjegiň yzyndan kowalap barýarka, aty büdräp, atdan ýykyldy. Ol Kaire mejalsyz halda dolanyp geldi we mejalsyzlygyndan aýňalman wepat boldy. Müsürdäki mamluklaryň özlerine hökümdar saýlamak meselesinde pikirleri ikä bölündi. Nasyryýa mamluklary Mälik Adylyň tarapdary bolsa, esediýýa mamluklary Mälik Afdalyň hökümdarlyk etmegini isleýärdiler. Nasyryýa mamluklarynyň serkerdesi Fahreddin Çerkezdi. Esediýýa mamluklarynyň serkerdesi bolsa Seýfeddin Aýazguşdy. Olar öz aralarynda ylalaşyp bilmän, kaza ýüz tutmagy makul bildiler. Seýfeddin Aýazguş kazyny getirmegi we oňa Mälik Afdaly saýla diýip tabşyrmagy buýrup, adam iberdi. Kazy gelende Seýfeddin we Fahreddin ondan pikirini soradylar. Ol Müsüre Mälik Afdaly hökümdar saýlamagy maslahat berdi. Seýfeddin Mälik Adylyň Müsüre gelmeginden we eýelemeginden gorkup, tizden-tiz Mälik Afdalyň yzyndan adam ýollady. Mälik Afdal dört tirkeşigiň birinji aýynyň bäşine Balbise geldi. Müsüriň emirleri ony hormat bilen garşy aldylar. Mälik Afdalyň dogany Mälik Mueýýideddin Mesut we emir Fahreddin Çerkez Mälik Afdaly nahara çagyrdylar. Ol dogany Mueýýideddiň çakylygyny ilki kabul etdi. Fahreddin Çerkez muny ýokuş görüp, gaç-

magy ýüregine düwdi. Ol Mälik Afdalyň ýanyna baryp, araplaryň iki taýpasynyň uruşýandygyny we urşuň öňi alynmasa erbetlige eltjegini aýdyp, rugsat sorady. Mälik Afdal oňa gitmäge rugsat berdi. Nasyryýe mamluklaryndan bolan birnäçe emirler hem onuň bilen gitdiler. Olar Kudusa baryp, ol ýeri eýelediler. Nasyryýa mamluklary Mälik Afdalyň garşysyna gitmegi ýüregine düwdüler.

Dört tirkeşigiň birinji aýynyň ýedisine Mälik Afdal Kaire girdi we ähli işleri kadalaşdyrdy. Ol emir Çerkeziň gaçandygyny eşidip, gaty gynandy. Mälik Afdal ony yzyna getirmek üçin birnäçe gezek çapar ýollady. Emma Çerkez Mälik Afdalyň ýanyna gaýdyp barmakdan ýüz dönderdi. Başga-da birnäçe emirler Çerkeziň yzyna eýerdiler. Mälik Afdal galan emirleriň hem dönüklik ederinden gorkup, olary tussag etdi. Tussag edilenleriň içinde Aýbeg, Fetis ýaly meşhur emirler hem bardy. Seýfeddin Ýazgyç Mälik Afdalyň iň ynamdar emirleriniň biridi.

## MÄLIK AFDALYŇ DAMASKY GABAWA SALMAGY WE ÝENE-DE YZYNA DOLANYP GELMEGINIŇ BEÝANY

Mälik Afdal Müsürde ornaşyp, döwlet işlerini dolandyrmaga başlady. Mälik Eziziň ogly hem Mälik Afdalyň ýanyndady. Müsür diýarynyň ähli adamlary Mälik Afdalyň emrine tabyndy. Günleriň birinde Mälik Afdalyň ýanyna dogany — Halap hökümdary Mälik Zahyr Gazynyň we agasynyň ogly — Humus hökümdary Esededdin Şirkuh ibn Muhammet ibn Şirkuhyň çaparlary geldiler. Olar Mälik Afdala pursady elden gidermän, Mälik Adyldan Damasky almagy maslahat berdiler we özleriniň esger, pul, ýarag kömegini berjekdiklerini aýtdylar.

Mälik Afdal esgerlerni jemläp, dört tirkeşigiň üçünji aýynyň ortasynda Damaska tarap ýola düşdi. Emma ol Kairden çykyp, biraz ýol geçenden soň şol töwerekde çadyr dikindi we rejep aýynyň üçüne deňiç bu ýerde galdy. Eger ol ýolda düşlemän, Damaska gelen bolsa, megerem, ol Damasky alardy. Mälik Adyl Mälik Afdalyň Damasky eýelemek üçin gidendigini eşidip, Mardiniň gabawyndaky esgerleriniň ýanynda ogly Mälik Kämil Muhammedi goýup, ýeke özi Damaska dolanyp geldi. Mälik Afdal meret aýynyň üçüne Mälik Adyldan iki gün soň Damaska gelip ýetdi.

Mälik Afdal şu ýylyň meret aýynyň on dördüne Damaska gelip ýetdi. Ol dini ulamasy Isa Hekkarynyň dogany emir Mejideddin bilen ylalaşyp, Salamat derwezesinden girdi. Damaskyň raýatlary şäheriň ähli ýerlerinde Mälik Afdalyň adyny tutup gygyryp başladylar. Mälik Adylyň goşuny Mälik Afdalyň esgerlerini görüp, ruhdan düşdüler. Mälik Adylyň esgerleri galadan çykyp gitmekçi boldular welin, Mälik Afdalyň egerleriniň az sanlydygyna göz ýetirip, olar bilen söweşe girdiler. Olar Mälik Afdalyň esgerlerini galadan çykmaga mejbur etdiler.

Mälik Afdal Damaskdaky Ýaşyl meýdan diýip atlandyrylýan ýerde çadyr dikipdi. Onuň esgerleri Hadyd dewezesine tarap gitdiler.

Ähli ýerlerden goşun gelip, Mälik Afdalyň esgerleriniň sany köpelýärdi. Meret aýynyň ýigrimi bäşine Humus hökümdary Esededdin Şirkuh we oraza aýynyň on ikisine Halap hökümdary Mälik Zahyr Mälik Afdalyň goşunyna gelip goşuldylar. Mälik Afdal Damaska hüjüm etmekçi boldy. Emma Mälik Zahyr mekirlik edip, ony hüjüm etmekden saklady. Sebäbi ol Mälik Afdalyň hökümdarlyk edýän ýeriniň giňäp, abraýynyň artmagyny islänokdy. Mälik Afdal doganynyň içki pikirini bilmänden soň, onuň bilen ylalaşdy.

Mälik Adylyň ýagdaýy kyndy. Mälik Afdala dürli ýerlerden kömek gelmegi ony ynjalykdan gaçyrýardy. Ol bu ýagdaýdan baş alyp çykmagyň çäresini agtarýardy. Ahyrynda-da Kudusdaky Nasyryýa mamluklaryndan ýardam soramagy makul bildi. Meret aýynyň ahyrynda Mälik Adyl nasyryýa mamluklarynyň ýanyna çapar ýollady. Mälik Afdal bu habary eşidip, Humus hökümdary Esededdin Şirkuha nasyryýa mamluklarynyň ýoluny saklamagy emr etdi. Esededdin esgerlerini alyp, nasyryýa mamluklarynyň ýoluny saklamaga gitdi. Emma Alla tarapyn nasyryýa mamluklary Esededdiniň esgerleriniň ýoluny saklaýandygyny bilmän, olardan aýlanyp geçip, oraza aýynyň başine Damaska — Mälik Adylyň goşunyna gelip goşuldylar. Mälik Adyl ruhlanyp, Mälik Afdal bolsa ruhdan düşdi. Mälik Afdalyň esgerleri ýeňiş bilen ýeňlişiň, abraý bilen masgaraçylygyň aralygynda durdular. Onuň goşunynda agzalalyk başlady. Şol günlerde Mälik Adylyň goşunyna Mälik Kämiliň gelip goşulmagy olary has-da sussy pes hala getirdi. Gyş düşüp, sowuk şemalyň öwsüp başlamagy Humus hökümdary Esededdin Şirkuha we Halap hökümdary Mälik Zahyra ýurtlaryna dolanmaga bahana boldy. Olar gidenden soň, Mälik Afdal hem çadyryny ýygnap, Müsür diýaryna dolandy.

## MÄLIK ADYLYŇ ESGERLERINIŇ MARDINDEN GAÝTMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylda Mardin galasyndan gabaw aýrylyp, Mälik Adylyň goşuny onuň ogly Mälik Kämil bilen yzyna dolandy.

Mardin galasynyň ilatynyň ysgyny gaçypdy. Olaryň arasynda keselçilik köpeldi we köpüsiniň ýerinden galmaga mejaly ýokdy. Galanyň hökümdary Nyzam Mälik Adylyň ogluna belli wagt aralygynda birnäçe şert bilen ylalaşyk teklip etdi. Ol galadakylar kuwwatlanar ýaly, gala azyk girizmäge rugsat ber-

megini talap etdi. Mälik Adylyň ogly bu şerti kabul etdi. Galanyň ýokarsynda olaryň tugy dikildi. Mälik Kämil galanyň derwezesine gündelik azyk getirýän emiri belledi. Gala köp azyk ýygnandy. Galadakylar Mosul hökümdary Nureddiniň kömege gelenini eşidip, boýun egmekden boýun gaçyrdylar. Mälik Kämil Nureddiniň gelenini eşidip, onuň öňünden çykmak isledi. Olar çaknyşyp, bu söweşde Nureddin ýeňiş gazandy we Mälik Kämiliň köp esgerini ýesir aldy. Nureddin olary azat etmäge söz berdi. Mälik Kämil Mardini taşlap, Rabt galasyna gitdi. Emma soňra pikirini üýtgedip, az sanly esgerini Rabt galasynyň gabawynda galdyryp, özi kakasynyň ýanyna Damaska gitdi. Rabt galasynda-kylar Mälik Kämiliň Rabtyň gabawynda galdyran esgerleriniň üstüne çozup, olary taladylar. Esgerleriň ýüregine gorky aralaşyp, gije Rabt galasyny taşlap gitmegi ýüreklerine düwdüler. Olar köp azyk we ýarag taşlap, şäherden çykdylar.

## HOREZMŞANYŇ REÝE EDEN ÝÖRIŞINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda Horezmşa Alaeddin Tekeş Reýe we başga-da birnäçe daglyk ýurtlara gitmäge hyýallandy. Ol bu ýerlere bellän naýyby Maýajygyň tabynlygyndan çykandygyny eşitdi we ol ýere gitdi. Maýajyk Horezmşanyň gazabyndan gorkup, galalaryň birine gaçdy. Horezmşanyň adamlary ony Mazendaranyň galalarynyň birinden tutup getirdiler. Horezmşa ony tussag edip, zyndana oklamagy emr etdi.

Halypa Horezmşa we onuň ogly Kutbeddine halat-serpaý iberdi. Horezmşa halady kabul etdi. Horezmşa dinsizleri öldürip ugrady. Ol Kazwiniň golaýynda Arslanşa diýilýän galany eýeledi. Almut galasynyň gabawynda Horezmşanyň esasy serkerdeleriniň biri Sadreddin Muhammet ibn Wezzan dinsizler

tarapyndan öldürildi. Horezmşa bu ýerlerdäki işlerini kadalaşdyryp, Horezme dolandy. 596-njy ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynda onuň weziri Nyzamylmülk dinsizleriň elinden öldi. Horezmşa ogly Kutbeddine dinsizleriň kasdyna çykmagy emr etdi. Kutbeddin Tarşiş galasyna gidip, ol ýeri gabawa saldy. Olar Kutbeddiniň tabynlygyna girdiler. Kutbeddin kakasynyň keselländigini eşidip, galadakylardan ýüz müň dinar alyp, ylalaşdy we yzyna dolandy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda Mosul galasynda Mujahydeddin Gaýmaz wepat boldy. Ol Nureddiniň döwlet işini dolandyryjysydy. Ol akylly, dindar, Abu Hanypa mezhebini gowy bilýän adamdy. Ol Gurhany, taryh kitaplaryny köp okaýardy we goşgy ýatlamagy gowy görýärdi. Köp oraza tutýardy. Ýylyň ýedi aýyny oraza tutup geçirýärdi. Ol örän köp haýyr işler ederdi. Ol Mosulyň daşynda Babul Jasarda metjit, birnäçe medrese, ýoluň ugrunda dynç almaga saraýlar gurdurdy. Onuň başga-da eden haýyr işleri köpdür. Goý, Alla oňa rehim etsin we ondan razy bolsun!

Bu ýylda Gazna hökümdary Gyýaseddin karmaty mezhebini taşlap, şapygy mezhebini kabul etdi. Gyýaseddiniň ýanynda Fahr Mübärekşa atly bir adam bardy. Ol Gyýaseddine pars goşgularyny okap bererdi. Fahr Mübärekşa köp ýurtlarda bolup, örän köp ulamalar bilen duşuşardy, pikir alşardy. Onuň özi hem köp ylymlardan baş çykarýan ulamalaryň biridi. Bir gün ol Gyýaseddini Wahydeddin Abylfath Muhammet ibn Muhammet Merwerrudy diýilýän şapygy mezhebiniň alymy bilen duşurdy. Wahydeddin Gyýaseddin bilen uzak gürrüňdeş bolup, şapygy mezhebini we karmaty mezhebini deňeşdirip, haýsysy-

nyň ýagşy, haýsysynyň ýamandygyny açyklap berdi. Gyýaseddin şapygy mezhebini kabul edip, şapygylara metjit we medreseler gurup berdi. Wahydeddine köp halat-serpaý edip, ony öz ýanynda alyp galdy.

Aýtmaklaryna görä, Gyýaseddin bilen Şyhabeddin Horasany eýelänlerinde dini ulamalaryň biri olara: «Ähli musulmanlar karmaty mezhebini ýigrenýärler, olara nälet okaýarlar, siz bolsa karmaty mezhebini tutýarsyňyz» diýýär. Şol wakadan soň Gyýaseddin şapygy mezhebini, Şyhabeddin bolsa hanafy mezhebini kabul edýär. Bularyň haýsysynyň dogrudygy diňe Alla aýandyr.

Bu ýylda şapygy mezhebiniň ulamasy Abylkasym Ýahýa ibn Aly ibn Fazlan wepat boldy. Ol Bagdat medresesinde hem ders berýärdi. Goý, Alla oňa rehim etsin!

## 596-NJY HIJRI ÝYLY
*( 23.10.1199 - 12.09.1200 ý.)*

## MÄLIK ADYLYŇ MÜSÜR DIÝARYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl nasyryýe mamluklary we Mälik Adyl Müsüri Mälik Afdaldan alyp, Mälik Eziziň ogluna bermäge, ol ulalýança, ýurdy mamluklaryň dolandyrmagyna ylalaşdylar.

Mälik Afdalyň esgerleri her haýsy öz ýerine maly-mülküne seretmek üçin dolanypdylar. Mälik Afdal Mälik Adylyň gelýändigini eşidip, esgerlerini jemlemäge synanyşdy. Olardan diňe golaýda ýaşaýanlary geldiler. Mälik Adyl nasyryýa mamluklary bilen Balbise gelip çadyr dikindiler. Mälik Afdal olar bilen çaknyşdy we ýeňlip,  yza çekildi we gijäniň bir wagty Kaire gelip girdi. Şol gije Soltan Salaheddiniň weziri bolan

kazy Fazyl Abdyrahym ibn Aly Bisany aradan çykdy. Mälik Afdal onuň jynazasyna gatnaşdy. Mälik Adyl Kaire geldi we esgerleri bilen ol ýeri gabawa saldy. Mälik Afdalyň emirleri Mälik Adyla ýaraşyk teklip etmegi maslahat etdiler. Ol Mälik Adyldan özüne Maýýafarykyny, Hani we Jebel Juri bermegi, Mälik Afdalyň hem Kairi oňa tabşyrýandygyny aýdýar. Mälik Adyl bu teklibi kabul etdi. Mälik Afdal dört tirkeşigiň birinji aýynyň on sekizine ruh güni gije Kairden çykyp gitdi. Mälik Adyl hem şol günüň özünde Kaire girdi.

Mälik Afdal Serhede baryp, özüne Maýýafarykynyň, Haniň we Jebeli Juryň berilmegini talap etdi. Mälik Adylyň ogly Nejmeddin ol ikisini berip, Maýýafarykyny bermekden boýun gaçyrdy. Mälik Afdal Mälik Adylyň ýanyna ilçi ýollap, ýagdaýy oňa aýan etdi. Mälik Adyl bu zatlardan habarynyň ýokdugyny, oglunyň onuň emrine garşy gidýändigini Mälik Afdala habar edýär. Mälik Afdal Mälik Adylyň bu ýagdaýdan habardardygyny bilip, ilçi ýollamasyny bes etdi.

Mälik Adyl, mamluklar bilen ylalaşygyna görä, Müsüri Mälik Eziziň ogly Mansura bermelidi. Emma Müsür diýaryny dolandyrmagy Mälik Adyl öz eline aldy.

## HOREZMŞANYŇ WEPAT BOLMAGY WE ONUŇ ÖMÜR BEÝANY

Bu ýylyň oraza aýynyň ýigrimisine Horezmiň, Horasanyň birnäçe ýerleriniň, Reýiň, Şähristan we Nyşapuryň arasyndaky ýurtlaryň, Jebeliýýänyň hökümdary Horezmşa Tekeş ibn Alp Arslan wepat boldy.

Ol Horezmden Horasana gelipdi. Ony köpden bäri demgysma keseli heläk edýärdi. Tebipler oňa hereket etmegi gadagan edipdiler. Horezmşa Şähristana gelenlerinde, onuň keseli

güýjedi we keselinden aýňalman wepat boldy. Horezmşanyň haly teňleşenden, onuň emirleri Horezmşanyň ogly Kutbeddin Muhammede habar ýolladylar. Kutbeddin kakasy wepat bolandan soň gelip ýetdi. Ol kakasyny Horezme alyp gidip, onuň gurduran medresesinde jaýlady. Soňra Kutbeddin onuň ýerini eýeläp, özüne kakasynyň lakamyny berdi. Indi oňa Alaeddin diýilmelidi.

Horezmşa örän ylymly, hanafy mezhebini tutýan we bu mezhepden gowy baş çykarýan hökümdardy. Ol özüniň adyllygy, adamkärçiligi we eden haýyr-yhsan işleri bilen raýatlarynyň arasynda şan-şöhrat gazanypdy. Goý, Allatagala onuň eden işlerinden razy bolsun we oňa rehmet etsin!

Horezmşanyň ogly Alyşa Yspyhandady. Ony agasy Horezmşa Muhammet çagyrdy. Ol Horezmşanyň ýanyna gaýdanda, Yspyhanyň ilaty onuň hazynasyny taladylar. Horezmşa Muhammet doganyny esgerlerine baş etdi we oňa Nyşapury ykta berdi.

Hindihan ibn Mälikşa ibn Horezmşa Tekeş kakasynyň dogany Horezmşa Muhammetden öler ýaly gorkýardy. Ol atasy Tekeş ölmänkä, ondan köp pul alypdy. Soňra ol ähli mal-mülkini alyp, Merwe gitdi.

Gyýaseddin Horezmşanyň ölümini eşidip, ýurtda üç günläp ýas tutmagy emr etdi we arasynda bolup geçen söweşleri we duşmançylygy ýatlady.

Hindihan Horasanda uly goşun jemledi. Onuň agasy Muhammet esgerlerine Çakr Türkini baş edip, Hindihan bilen söweşmek üçin Horasana uly goşun ýollady. Hindihan agasy Muhammet şanyň özüne garşy uly ýygyn ugradandygyny eşidip, Horasandan Gyýaseddiniň ýanyna gaçyp geldi. Gyýaseddin ony uly hormat bilen garşy aldy. Ykta berip, agasyna garşy göreşmäge ýardam berjekdigini aýtdy. Çakr Türki Merwe gelip, Hindihanyň ejesini, aýalyny we çagalaryny ele saldy. Bu

habary eşiden Gyýasedin Talykan hökümdary Muhammet ibn Jürbege Çakry tussag edip, Hindihanyň maşgalasyny azat etmegi emr etdi. Muhammet ibn Jürbeg esgerlerini alyp, Merwe tarap ýörişe ugrady. Ol ilki bilen Merwerudy we Merwerudyň töweregindäki bäş sany obany basyp aldy. Muhammet ibn Jürbeg Çakra hat ýollap, oňa Merwde Gyýaseddiniň adyna hutba aýtdyrmagy emr etdi. Çakr rejäň geň däldigini aňyp, Muhammet ibn Jürbegden ötünç sorady we Gyýaseddinden günäsini geçmegini sorap bermegini haýyş etdi. Muhammet ibn Jürbeg ähli zady bolşy-bolşy ýaly edip, hat üsti bilen Gyýaseddine ýetirdi. Gyýaseddin az-kem oýlanyp, Horezmşa Muhammediň güýçden gaçandygyna göz ýetirdi. Ol Çakr Türkini öz ýanyna çagyrýar we dogany Şyhabeddine hat ýazyp, Horezmşa Muhammediň Horasandaky ýerlerine ýöriş etmegi emr etdi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynda ysmaýylylar Horezmşa Tekeşiň weziri Nyzamylmülk Mesut ibn Alynyň üstüne dökülip, ilki talap, soňra gylyçdan geçirdiler. Ol ýagşy gylyk häsiýetli, adyl, haýyr-yhsan işleri edýän adamdy. Ol şapygy mezhebini tutýardy we şol sebäpli Merwde şapygylara uly metjit gurdurdy. Merwiň ýaşaýjylary onuň bu eden işini oňlamadylar. Sebäbi Merwiň aglabasy hanafy mezhebini tutýardylar. Horezmşa Merwiň ulamalaryny çagyryp, olara köp halat-serpaý ýapdy we olara-da uly metjit gurduryp berip, merwlileri köşeşdirdi.

Şeýle-de ol wezir Horezmde-de uly medrese we kitaphana gurdurdy. Bu wezir wepat bolandan soň, Horezmşa ol weziriň hatyrasyna onuň ogullarynyň birini özüne wezir edindi. Horezmşa ol oglanjyga iş buýranda ol:

— Men entek ýaş, beýle işleri oňararmykam? — diýende, Horezmşa oňa göwünlik berip:

— Seniň işiň maslahat bermekdir. Ol maslahata eýermek ýa-da eýermezlik bolsa meniň işim. Şonuň üçin çekinmän, dogry hasap eden pikiriňi maňa aýdyp bilersiň — diýýär.

Horezmşa ol oglany uly mejlislere gatnaşdyryp, iş öwrederdi. Raýatlar hem ol oglanyň atasynyň kesbini ýöretjekdigine guwanýardylar. Emma ol oglanjyk Horezmşadan sähel öň wepat boldy.

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynda ulama, kätip, kazy Fadyl Abdyrahman Bisany wepat boldy. Ol Müsür diýarynda depin edildi. Abdyrahman Bisany öz döwrüniň iň meşhur kätibi hasaplanypdyr. Ol köp agyz bekleýän we köp ybadat edýän ynsan hökmünde tanalýardy. Hatda Soltan Salaheddin hem oňa uly hormat goýardy. Goý, Alla olaryň ählisine rehmet etsin!

## 597-NJI HIJRI ÝYLY
*( 12.10.1200 – 02.09.1201 ý.)*

## HALAP HÖKÜMDARY MÄLIK ZAHYRYŇ MANBAJ WE ŞAM ÝURTLARYNYŇ BAŞGA ÝERLERINI EÝELEMEGINIŇ, MÄLIK ZAHYRYŇ WE MÄLIK AFDALYŇ DAMASKY GABAWA SALMAGYNYŇ BEÝANY

Mälik Adyl Müsüri dolandyrmagy Mälik Eziziň ogly Mansura bermek hakyndaky nasyryýa mamluklary bilen eden şertinden dänenden soň, Mälik Adyl bilen emirleriň arasyna tow düşdi. Emirler Mälik Afdal bilen Mälik Zahyra gelip, Müsüri gabamagy we özleriniň ýurdy olara almaga ýardam berjekdiklerini habar etdiler.

Bu ýyl Mälik Adylyň Usama diýilýän emiri haja gitdi. Hajydan dolanyp gelýärkä, Serhede golaý ýoldan geçdi. Mälik Afdal onuň öňünden çykyp, öz öýüne myhmançylyga alyp gitdi. Mälik Afdal özi bilen Müsür emirleriniň arasyndaky ýagdaýy Usama gürrüň berdi. Usama Kaýire gelen badyna, Mälik Adyly tapyp, ýagdaýy oňa aýan etdi. Mälik Adyl ogluna Mälik Afdaldan Serhedi almagy, nasyryýa mamluklaryna bolsa ogluna ýardam bermegi buýurdy.

Mälik Afdal dogany — Halap hökümdary Mälik Zahyryň ýanyna gitdi. Mälik Zahyr özüniň iň hormatlaýan emirleriniň birini Mälik Adylyň ýanyna ýollap, niýetinden el çekmegini sorady. Mälik Adyl ol emiri kabul hem etmedi, sözüni hem diňlemedi. Mälik Zahyr bu ýagdaýy eşidip, esgerlerini jemledi we rejep aýynyň ýigrimi dokuzyna Manbajy, soňra Nejm galasyny eýeledi. Baalbeke gelende, nasyryýa mamluklary hem Mälik Zahyr bilen Mälik Afdala goşuldylar. Mälik Afdal bilen Mälik Zahyryň arasynda şeýle ylalaşyk bardy. Eger Damasky eýeleseler, Mälik Afdal almalydy. Soňra Müsüri eýeläp, Mälik Afdal Müsüri alyp, Damasky bolsa Mälik Zahyra bermelidi. Mälik Afdal Serhedi kakasynyň mamlugy Zeýneddin Faraja tabşyryp, ejesini, aýalydyr çagalaryny Humusa alyp gaýtdy. Olar Esededdin Şirkuhyň öýünde ýaşaýardylar.

Mälik Adyl esgerleri bilen Damaska Mälik Afdal bilen Mälik Zahyrdan iki gün öň gelip girdi. Mälik Zahyryň esgerleri Damaska hüjüm etdiler. Damask eýelenmäge sähelçe galypdy. Mälik Zahyr dogany Mälik Afdalyň Damasky aljagyna gözi gitdi. Mälik Zahyr esgerlerini alyp, Müsüre gidýändigini Mälik Afdala aýtdy. Mälik Afdal oňa:

— Sen meniň ejemiň we maşgalamyň öýsüzdigini bilýärsiň. Olar seniň hem maşgalaň. Men Müsüri alýançam, maşgalamyz şu ýerde ýaşar ýaly, sen maňa kömek et — diýdi.

Mälik Zahyr ony diňlemän, Müsür diýaryna gitdi. Mälik Afdal nasyryýa mamluklaryny we olaryň esgerlerini ýygnap:

— Eger siz meniň üçin bu ýere gelen bolsaňyz, men size Mälik Adylyň ýanyna dolanmaga rugsat edýärin. Eger Mälik Zahyr üçin gelen bolsaňyz hem, ondan galmaň — diýýär. Onda mamluklar:

— Biz seniň üçin geldik. Biz Mälik Zahyryň ýanyna gidenimizden, öňki ýerimize, Mälik Adylyň ýanyna dolananymyzy ýagşy görýäris — diýdiler.

Mälik Afdal bilen Mälik Adyl ýaraşyk şertnamasyny baglaşdy. Mälik Zahyra Manbaç, Afamiýýa, Kafartab, Maara galalary, Mälik Afdala bolsa Sümeýsat, Saruç, Resul Aýn we Hamlin galalary degişli edildi. Mälik Adyl öz ýerlerinde galdy we aşyr aýynyň dokuzyna Damaska gelip girdi.

## GYÝASEDDINIŇ WE ONUŇ DOGANYNYŇ HOREZMŞANYŇ HORASANDAKY ÝERLERINI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Gyýaseddin Horasana ýörişe hyýallanýardy. Ol naýyby — Hyrat emiri Omar ibn Margany bilen bu hakda maslahatlaşdy. Ol Gyýaseddine bu pikirinden el çekmegini maslahat berdi. Gyýaseddin onuň maslahatyny kabul etmedi we ony özünden daşlaşdyrdy.

Şyhabeddin öz esgerleri we Sistan esgerleri bilen ýola düşdi. Olar bu ýylyň dört tirkeşiginiň üçünji aýynda Meýmene obasyna baryp ýetdiler. Bu oba Talykan we Kurzubanyň aralygynda ýerleşýärdi. Şyhabeddin Horezmşa Muhammediň Merwdäki naýyby Çakr Türküň hatyny aldy. Ol hatynda, eger Şyhabeddin Merwe gelse, şäheri oňa tabşyrjakdygyny habar berýärdi. Şyhabeddin Merwe gelende, şäheriň ilaty çykyp, onuň bilen

aýylganç söweşe girdi. Şyhabeddin uly güýç bilen hüjüm etdi. Horezmliler aman dilediler. Şyhabeddin aman berdi. Çakr Şyhabeddiniň öňünden çykyp, ony hormat bilen garşy aldy Merw eýelenenden soň, Gyýaseddin hem bu ýere geldi we Çakry özi bilen Hyrada alyp gitdi. Ol Merwe Hindihan ibn Mälikşa ibn Horezmşa Tekeşi häkim belledi we raýatlara gowy seretmegi sargady.

Soňra Gyýaseddin Saragta gitdi we hiç hili söweşsiz ol ýeri eýeledi. Ol ýeri Nusaý we Abywert bilen bile Emir Zeňňi ibn Mesuda degişli etdi. Ondan soň Gyýaseddin Tusa bardy. Emma ol ýeriň emiri ýurdy bermejek bolup, derwezeleri ýapdyrdy. Kän wagt geçmän, ýurtdaky adamlar aman diläp, Gyýaseddiniň ýanyna çykdylar. Gyýaseddin olara aman berdi. Soňra Gyýaseddin Horezmşa Muhammediň dogany we Nyşapurdaky naýyby Alyşa ibn Horezmşa Tekeşe Nyşapury taşlap gitmegi emr etdi. Alyşa Horezmşanyň emirleri we esgerleri bilen maslahatlaşyp, ýurdy goramagy makul bildiler. Olar Nyşapuryň diwardyr ymaratlaryny ýykyp ýumurdylar, agaçlary çapdylar. Gyýaseddin rejep aýynyň başynda Nyşapura geldi. Şäheriň bu ýagdaýyny gören Gyýaseddin ogly Muhammede:

— Biziň gaznaly esgerlerimiz Merwi aldylar. Olar Nyşapury hem almakçydylar. Emma Nyşapuryň diňe ady galypdyr — diýdi we tuguny ýykylman galan bir diwara dikdi. Gurlular Nyşapura girip, adamlary taladylar. Bu habar Gyýaseddine baryp ýetende, ol:

— Talanlary we adamlara ezýet berenleri öldürmek halaldyr — diýip jar çekdirdi. Her kim alan zadyny yzyna gaýdyp berdi. Horezmliler metjide girip gizlendiler. Adamlar olary metjitden çykaryp, gurlulara tabşyrdylar. Gurlular olaryň bar puluny, baýlygyny taladylar. Alyşa Gyýaseddiniň ýanyna aýakýalaňaç, pyýada ýöredip getirildi. Alyşanyň örän akylly gyrnagy bardy. Ol Gyýaseddine:

— Siziň ilde şa ogullary şeýle edilýänmidir? — diýdi. Gyýaseddin:

— Ýok — diýip, Alyşany hormat bilen tagtyna mündürdi we ýanynda oturtdy. Soňra agasynyň ogly Zyýaýeddin Muhammet ibn Abu Aly Gurlynyň gyzyna öýerdi we Horasandaky esgerlerine serkerde edip belledi. Gyýaseddin Alyşany Şyhabeddiniň ýanynda galdyryp, özi Hyrada gitdi. Ol gitmezinden öň, Nyşapuryň ilatyna örän köp mal-mülk paýlady.

Şyhabeddin Fuhystana gitdi we ol ýeriň ilatynyň ysmaýyllylardygyny bilip, örän ýowuz daraşdy. Ol ýeriň ilatyny talap, köp baýlyk jemledi. Soňra Şyhabeddin bu ýerden gidip, Kenabat şäherini gabawa saldy. Şäherdäkiler Şyhabeddiniň gazabyndan gorkup, aman dilediler. Şyhabeddin aman berdi. Şäheriň hökümdary gurlularyň öňünden çykdy. Şäheriň metjitlerinde azan sesi ýaňlanyp, namaz okaldy. Gyýaseddin Şyhabeddine yzyna dolanmagy buýurdy. Şyhabeddin agasyna gaharlanyp, Gazna gitmän, esgerleri bilen Hindi ýurduna gitdi.

## NUREDDINIŇ MÄLIK ADYLYŇ ÝURDUNA ÝÖRIŞI WE OLARYŇ ARASYNDAKY YLALAŞYGYŇ BEÝANY

Bu ýylda Mosul hökümdary Nureddin Arslanşa esger jemläp, Mälik Adylyň ýerlerine — Jezire, Harran, Ruha galalaryna ýöriş etdi. Harran galasynda Mälik Adylyň ogly Mälik Faýyz bardy. Ol hormatlanýan emirlerini Nureddin Arslanşanyň ýanyna iberip, ýaraşyk teklip etdi. Nureddin Arslanşa ýaraşygy kabul edip, boş aýynda yzyna dolandy.

## ŞYHABEDDIN GURLYNYŇ NEHRAWANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Şyhabeddin mamlugy Kutbeddin Aýbegi goşuna baş edip, Nehrewana — hindi ýurduna ugratdy. 598-nji hijri ýylynda

olar hindi esgerleri bilen çaknyşdylar. Aýylganç söweş bolup, Aýbeg hindileri derbi-dagyn etdi. Aýbegiň esgerleri Nehrewan şäherine girip, ilata ýowuz daradylar we olaryň maly-mülküni olja aldylar. Olaryň şasy gaçyp, esger jemlemäge başlady. Bu şäher hindileriň iň uly şäheridi. Şyhabeddin ilatdan alnan oljany yzyna gaýtaryp berdi we Hindi şasy bilen ylalaşdy.

## RUKNEDDINIŇ ARZYRUMY WE MALATYÝANY BASYP ALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň oraza aýynda Rukneddin Süleýman ibn Gylyç Arslan dogany Mugyzeddin Kaýsarşadan Malatyýany basyp aldy. Soňra ol Arzyruma gitdi. Bu ýer Mugyzeddiniň ogluna degişlidi. Arzyruma ýakyn gelenlerinde, ol ýeriň hökümdary Rukneddin bilen ýaraşyk baglaşmaga çykdy. Rukneddin ony tussag etdi we Arzyrumy eýeledi.

## AMYT HÖKÜMDARY SYKMANYŇ WEPAT BOLMAGY WE ÝURDY ONUŇ DOGANY MAHMYDYŇ EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylda Amydyň we Kifa galasynyň hökümdary Kutbeddin Sökmen ibn Muhammet ibn Gara Arslan ibn Dawut ibn Sökmen köşgüniň ýokarsyndan ýykylyp wepat boldy.

Kutbeddin dogany Mahmydy ýigrenýärdi we ony ýurduň çetki galalaryna ugratdy. Ol özüniň Aýaz atly mamlugyna köp ynanýardy. Kutbeddin bu mamlugy gyz doganyna öýerdi we tagt mirasdary diýip yglan etdi. Kutbeddiniň ölüminden birnäçe gün geçensoň, onuň weziri we birnäçe emirler gizlin ýagdaýda Kutbeddiniň dogany Mahmydy ýurda eýelik etmäge çagyrdylar. Mahmyt ýurda geldi we mamluk Aýazy tussag etdi we ýurdy tutuşlygyna eýeledi. Aýaz birnäçe wagt tussaglykda bolan-

dan soň, Rum hökümdary ony azat etdi. Ol Ruma gidip, hormatly emirleriň birine öwrüldi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Nil derýasy joşup, ähli hasyly zaýalady. Azyk azalyp, ýurtda açlyk başlady. Adamlar ölen malyň, hatda ölen adamyň etini iýmekden-de gaýtmadylar. Ýurduň köp böleginde dürli ýokanç keseller ýüze çykyp, gyrgynçylyk başlady.

Bu ýyl Mosul, Damask, Jezire, Humus, Hama we Müsür diýarynda güýçli ýer titremesi boldy. Ýer yranma Damaskda we onuň töwereklerinde güýçli bolup, hatda ýeriň jaýrylan ýerleri hem boldy. Bu ýer yranmasy Bagdatda-da bolup geçdi, emma jaýlara hiç hili zeper ýetirmedi.

Bu ýyl Bagdatda iki kelleli çaga dünýä indi. Ol çaganyň maňlaýynda oýuklyk bardy. Ol oýuga tutuş el sygýardy.

Bu ýylyň oraza aýynda Bagdat wagyzçysy Abyl Faraj Abdyrahman ibn Aly ibn Jöwzi Hanbaly wepat boldy. Ol 510-njy hijri ýylynda doglup, ýaşan ömrüniň köp bölegini ylma bagyş etdi. Onuň dini meseleler babatynda ýazan örän meşhur kitaplary bardy.

Bu ýyl Bagdatda edebýat äleminde öçmejek yz galdyran şahyr Isa ibn Nuseýir wepat boldy.

Bu ýyl Nureddin ibn Zeňňiniň we Soltan Salaheddiniň kätibi bolan Abu Abdylla Muhammet ibn Muhammet ibn Hamyt ibn Muhammet wepat boldy. Goý, Alla olaryň ählisine rehim etsin!

Bu ýyl Ýemeniň daglyk ýerlerinde ýaşaýan Abdylla ibn Hamza Alawy ýanyna on iki müň töweregi esger jemläp, Ýemen hökümdarynyň garşysyna çykmaga hyýallandy. Ýemen hökümdary Mugyz ibn Ysmaýyl ibn Seýfulyslamyň esgerleriniň hem köp bölegi Ibn Hamzanyň tarapyna geçdi. Ýemen

hökümdary hem Ibn Hamzadan gorkup başlady. Bir gün agşam çagy Ibn Hamza on iki serkerdesini çadyryna çagyryp, etmeli-goýmaly zatlaryny maslahatlaşyp otyrkalar ýyldyrym urup, olaryň ählisi heläk boldylar. Ertesi agşam bu habar Ýemen hökümdaryna baryp ýetdi. Ol haýdan-haý esgerlerini jemläp, Ibn Hamzanyň esgerleriniň üstüne çozdy. Onsuzam serkerdeleriniň ölüminden soň, ederini bilmän ýören esgerler aljyraňlyga düşdüler. Mugyz ibn Ysmaýyl Ibn Hamzanyň esgerleriniň alty muňusini ýa-da ondan hem köprägini gylyçdan geçirdi. Ibn Hamzanyň talan zatlary olja alnyp, Ýemen hökümdary ýene-de özüni arkaýyn duýyp başlady.

Bu ýylda Hyjaz bilen Ýemen aralygynda ýerleşýän ýigrimi obanyň on sekizisinde mergi keseli başlady. Bu obalarda ýaşaýan adamlaryň ýekejesi hem diri galmady. Bu obalara ýakynlaşan adamlar hem şol dem jan berýärdiler. Geň tarapy ol ýerdäki haýwanlara hiç zat bolanokdy. Eýesiz galan düýedir sygyrlar obanyň içinde aýlanyşyp ýördüler. Galan iki obadaky adamlara hiç zat bolmady. Olardan ýekeje adam hem ölmedi. Ol iki oba mergi keseli degen obalaryň aralygynda ýerleşýärdi. Bu hem Beýik Allanyň gudratydy.

## 598-NJI HIJRI ÝYLY
*( 01.10.1201 – 22.08.1202 ý.)*

## HOREZMŞANYŇ GURLULARYŇ HOREZMLILERDEN ALAN ÝERINI GAÝDYP ALMAGYNYŇ BEÝANY

Horezmşa Muhammet ibn Tekeş gurlularyň Horezme degişli ýerlere el garandygyny eşidip, Gyýaseddine hat ýollady. Ol hatynda şeýle diýip ýazdy: «Kakam wepat bolandan soň, men seni iň ýakyn adamym hasap etdim. Ikimiz biri-birimize garşy däl-de, musulman ymmatynyň duşmanlary – hatalylara

garşy göreşeris öýtdüm. Emma seniň niýetiň başgadygyna soň göz ýetirdim. Meniň ýurduma ýöriş etme we alan ýerleriňi gaýdyp ber. Men öz ýurdumy goramagy we duşmana gaýtawul bermegi başararyn». Gyýaseddin bu haty alyp, uly ünjä galdy. Onuň dogany Şyhabeddin hem bu wagt Hindi ýurduna ýörişe gidipdi. Gyýaseddin bolsa galan esgerler bilen Horezmşanyň garşysyna söweşe çykyp bilmejekdigine aňryýany bilen düşünýärdi.

Horezmşa gurly esgerleriniň Horasany taşlap, hindi ýurtlaryna gidendigini eşidende, Gyýaseddiniň Nyşapurdaky naýyby Alaeddin Gura Nyşapury taşlap gitmegi emr etdi. Alaeddin Gyýaseddine hat ýazyp, ýagdaýy aýtdy we Nyşapur ilatynyň horezmlilere meýil edýändigini habar berdi. Gyýaseddin oňa Nyşapury goramagy tabşyrdy we özüniň kömege barjagyny aýtdy.

Horezmşa goşunynyň başyny jemläp, 597-nji hijri ýylynyň gurban aýynyň ortasynda ýola düşdi. Horezmşanyň gelýändigini eşiden Hinduhan ibn Mälikşa Merwden gaçyp Gyýaseddiniň ýanyna bardy. Horezmşa barşyna Merwi eýeledi, ondan hem Nyşapura gitdi we ol ýeri gabady. Horezmşa bilen Nyşapur esgerleriniň arasynda aýylganç söweş boldy. Horezmşa Alaeddin Gurlynyň boýun egmegini talap etdi. Alaeddin Gurly Horezmşanyň teklibini kabul etmedi. Gabaw iki aýa çekdi. Alaeddin Gurly kömegiň gelmejegine göz ýetirip, özüne we Nyşapurdaky gurlulara aman diledi. Horezmşa olara aman berdi. Olara köp mal berdi, halat-serpaý ýapdy. Horezmşa Alaeddin Gurludan Gyýaseddin we onuň dogany bilen ylalaşdyrmagyny sorady. Ol razy boldy.

Soňra Horezmşa Saragta bardy we kyrk günläp ol ýeri gabawda saklady. Taraplaryň arasynda köp söweşler bolup geçdi. Ýurduň ilatynyň azygy gutardy. Emir Zeňňi Horezmşadan özüniň we esgerleriniň şäherden çykyp gitmegine rugsat sorady.

Horezmşa olara özüniň hiç zat diýmejegini we hormat goýjakdygyna söz berdi. Olar Gyýaseddin bilen garyndaşlygy bolany üçin, Horezmşanyň bu teklibini kabul etmediler. Horezmşa şäheriň derwezesinden esgerlerini aýyrdy. Emir Zeňňi galadan gerek bolan azygyny alyp, esgerleri bilen çykyp gitdi. Horezmşa gabawy emirlerine tabşyryp, özi bu ýerden gitdi. Horezmşa Saragtdan daşlaşandan, Muhammet ibn Jürbek Emir Zeňňä kömege geldi. Kömegiň gelendigini eşiden horezmliler Saragty taşlap gitdiler. Muhammet Jurbege we Emir Zeňňä merwli we merwerudly esgerler hem gelip goşuldy. Olar Saragty we onuň töweregini eýelediler. Horezmşa bu habary eşidip, esger ýollady. Muhammet ibn Jürbek ýolda olara duşup, söweşe girdi. Ol horezmlileriň tug göterijisini gylyç bilen urup öldürdi. Horezmliler tuguny tapman, aljyraňňy ýagdaýa düşdüler. Olaryň köpüsi öldürilip, galany ýesir alyndy. Horezmşa bu habary eşidip, Horezme dolandy we Gyýaseddine ýaraşyk teklip edip, ilçi iberdi. Gyýaseddin Horezmşanyň teklibini kabul etdi. Ol jogap hat ýazyp, Horezmşanyň ýanyna öz adamyny ýollady. Horezmşa Gyýaseddinden hat getiren Hüseýin Marganyny tussag etdi.

## HOREZMŞANYŇ HYRADY GABAMAGY WE YZYNA DOLANMAGYNYŇ BEÝANY

Horezmşa Hyrady almagy ýüregine düwüp, ýola düşdi. Onuň tussag eden adamy Hüseýin Margany Hyrat emiri Omar ibn Muhammet Marganyň doganydy. Hüseýin doganyna hat ýazyp, Horezmşanyň goşun bilen onuň üstüne barýandygyny habardar etdi. Hyrat emiri söweşe taýýarlyk gördi.

Horezmşa Hyrada baryp ýetdi. Gyýaseddiniň ýegeni Alp Gazy hem goşuny bilen gelip, Hyratdan bäş parsah uzaklykda

çadyr dikindi. Olaryň maksady horezmli esgerleri azyk gelmeginden kesmelidi. Horezmşa Talykany we onuň töwereklerini almak üçin esger iberdi. Ýolda olara Hasan ibn Harmil duşup, söweşe girdi we az salymyň içinde derbi-dagyn etdi. Horezmlileriň biri hem aman sypmady.

Gyýaseddin Firuzkuhdan Hyrada tarap ýola düşdi. Horezmşa kyrk günläp Hyrady gabawda saklady. Horezmşa gabawyň netije bermändigi, Gyýaseddiniň, Şyhabeddiniň we Alp Gazynyň Hyrada ýakyn gelenini duýup, Hyradyň emiri Omar Margana ýaraşyk teklip etdi.

Şyhabeddin Gazna gelip, Horezmşanyň Horasandaky edenetdiliklerini eşidip, gaharlanyp, ýola düşdi. Ol ilki Balha, soňra Bamyýana, ondan hem Merwe bardy. Bu ýerde Horezmşanyň goşunyna sataşdy. Taraplaryň arasynda aýylganç söweş bolup geçdi. Bu söweşde örän köp adam gyryldy. Horezmşa ol ýeri taşlap, ýurduna dolandy. Şyhabeddin Tusa gitdi we gyşy şol ýerde geçirip, Horezme ýörişe gitmäge niýetlenýärdi, emma dogany Gyýaseddiniň öldi habary ony yzyna dolanmaga mejbur etdi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda şapygy mezhebiniň ulamasy Mejideddin Abu Aly Ýahýa Nyzamyýa medresesinde ders berip başlady.

Bu ýyl halypanyň iň söýgüli gyrnagy Benewşe wepat boldy. Ol ýagşy häsiýetliligi we eden haýyr-yhsan işleri bilen adamlaryň hormat-sylagyna mynasyp bolan zenandy.

Bu ýylda Damask hatyby Abdylmälik ibn Zeýneddin Dowlagy wepat boldy. Goý, Alla olaryň ählisine rehim etsin!

# 599-NJY HIJRI ÝYLY

*( 20.09.1202 – 11.08.1203 ý.)*

## MÄLIK ADYLYŇ ESGERLERINIŇ MARDINI GABAMAGY WE OL ÝERIŇ HÖKÜMDARY BILEN ÝARAŞYK BAGLANYŞMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda Damaskyň we Müsüriň hökümdary Mälik Adyl Abu Bekr ibn Eýýup ogly Mälik Eşrep Musany esgerlerine baş edip, Mardine ugratdy. Olara Sanjar we Mosul esgerleri hem goşuldy. Olar Mardiniň golaýyndaky Harzam galasyna bardylar. Mälik Eşrep Mardini gabawa saldy. Mardine degişli Barygyýa galasynyň esgerleri Mälik Eşrebe azyk gelýän ýoly beklediler. Mälik Eşrebiň goşunyndan bir topar gidip, barygyýalylary derbi-dagyn etdi.

Türkmenler ýola çykyp, talaňçylyk edýärdiler. Ýolagçylara köp ezýet berýärdiler. Ýagdaýy düzgünleşdirmek üçin ýaragly adamlar gerekdi. Mälik Eşrep esgerlerinden bir toparyny Resul Aýna iberdi. Ýollara esger çykmagy bilen talaňçylyk kesildi.

Mälik Eşrep maksadyna ýetip bilenokdy. Halap hökümdary Mälik Zahyr gelip, ara goşuldy. Ol Mardiniň emirine ýaraşyk teklip etdi. Ylalaşygyň şertine görä, emir ýüz elli müň dinar tölemelidi. Ýurtda Mälik Adylyň adyna hutba okatmaly, gerek bolanda esger bermelidi. Alnan puluň ýigrimi müňüni we Karady obasyny Mälik Zahyr aldy. Mälik Adylyň ogly Mardinden yzyna dolandy.

## GUR ŞASY GYÝASEDDINIŇ WEPATY WE ONUŇ ÖMÜR BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň üçünji aýynda Gazna we Horasanyň birnäçe ýeriniň hökümdary Gyýaseddin Abylfath Mu-

hammet ibn Sam Gurly wepat boldy. Onuň ölümi gizlin saklandy. Şyhabeddin Horezmşa bilen söweşmek üçin Tusdady. Şyhabeddine doganynyň ölümi hakynda habar edildi. Hyratda Şyhabeddin oturyp, doganyna doga edende, Gyýaseddiniň ölümi äşgär boldy.

Gyýaseddin akylly-başly, ýeňiji, köp sadaka berýän, köp doga edýän adamdy. Ol Horasanda metjitlerdir medreseler, ýoluň ugrunda dynç almaga saraýlar gurdurdy. Ol milletçiligi ýigrenýärdi. «Hökümdaryň milletçiligi ýurda agzalalyk getirer» diýýärdi. Onuň özi şafygy mezhebini tutýardy. Goý, Alla onuň eden haýyr işleri üçin oňa rehim etsin we ondan razy bolsun!

Gyýaseddiniň Mahmyt atly bir ogly bardy. Kakasynyň ölüminden soň, ondan Mahmyt ady aýrylyp, Gyýaseddin diýip atlandyrylyp ugrady.

Şyhabeddin Tusdan gidende, Merwde ýerine Muhammet ibn Jurbegi goýup gidýär. Muhammet Jürbek gije horezmli emirler bilen duşuşyp, olara horezmli ýesirleri berdi. Şyhabeddin muny eşidip, Muhammet Jurbegiň üstüne esger ýollady. Taraplaryň arasynda aýylganç söweş bolup, gurlular ýeňlişe sezewar boldular. Muhammet Jürbek Merwe geldi. Horezmliler Merwe gelip, ol ýeri ýigrimi bäş günläp gabawda sakladylar. Merwliler aman dilediler. Horezmliler aman bermäge ant içdiler. Muhammet Jürbek horezmlileriň ýanyna çykdy. Horezmli esgerler Muhammet Jürbek galadan çykandan, ony gylyçdan geçirdiler.

## MÄLIK ZAHYRYŇ DOGANY MÄLIK AFDALDAN NEJM GALASYNY ALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylda Mälik Adyl Mälik Afdaldan oňa degişli Saruç, Hamalin we Resul Aýny yzyna aldy. Mälik Afdalyň elinde Sümeýsat bilen Nejm galasy galdy. Mälik Zahyr Mälik Afdaldan

Nejm galasyny özüne bermegini, ýerine Mälik Adyldan alnan ýerleri gaýdyp alyp berjekdigini aýtdy. Mälik Afdal Nejmi Mälik Zahyra berdi. Emma ol sözünde tapylmady.

Mälik Zahyr we Mälik Adyl Mälik Afdalyň ýurtlary elinden alandan soň, Mälik Afdal Malatyýa we Konýa hökümdary Rukneddin Süleýman ibn Gylyç Arslana ýüz tutup, tabynlygyna girmegi sorady. Özüniň hem oňa hyzmat etjekdigini, Sümeýsatda onuň adyna hutba okatjakdygyny aýtdy. Rukneddin bu teklibi kabul etdi we Mälik Afdala halat-serpaý ýapdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Mälik Adyl Müsür diýarynyň wepat bolan hökümdary Mälik Eziziň ogly Muhammedi Ruha şäherine getirdi. Ol ilki Muhammedi, onuň doganlaryny we ejesini Damaska, soňra Ruha eltmegi emr etdi. Mälik Adyl Müsürdäki emirler we esgerler dil düwşüp, Müsür diýarynyň hökümdarlygyna Mälik Eziziň ogly Muhammedi getirerler öýdüp gorkýardy.

Bu ýylyň rejep aýynda uly alym, şafygy fakyhy Wejiheddin Muhammet ibn Mahmyt Merweruzy wepat boldy. Ol Wahydeddiniň mugallymy we şapygy mezhebine çagyran adamdy.

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynda halypa Nasyr Lidinilläniň ejesi Zümerret hatyn wepat boldy. Zümerret hatynyň jynazasyna gelenleriň sany-sajagy ýokdy. Ol wepat bolmazyndan öň, özüne guburhana gurduryp, üstüne gümmez galdyrdypdy. Halypa ejesini şol guburhanada depin etdirdi. Zümerret hatyn köp haýyr-yhsan işleri eden zenandyr.

## 600-NJI HIJRI ÝYLY
*( 10.09.1203 – 31.07.1204 ý.)*

## HOREZMŞANYŇ IKINJI GEZEK HYRADY GABAWA SALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň rejep aýynyň başynda Horezmşa Muhammet Hyrady gabawa saldy. Hyratda Gazna hökümdary Şyhabeddiniň ýegeni Alp Gazy bardy. Şyhabeddin bilen Horezmşa ýaraşyk baglaşmak üçin ilçi iberdiler. Emma ýaraşyk baglaşylmanka, Şyhabeddin hindi ýurduna Lahora gazawata gitdi.

Taraplaryň arasynda çaknyşyklar bolup, köp adam gyrylýardy. Olaryň içinde meşhur adamlar hem bardy. Horezmşa Alp Gaza boýun bolmagyny talap etdi we oňa zat diýmejegini, tersine, Alp Gaza Soltana edilýän hyzmaty etjegini aýtdy. Alp Gazy bu talaby jogapsyz goýdy. Az wagtdan Alp Gazy keselledi we ýurduň Horezmşa tarapyndan eýelenmeginden gorkup, ýaraşyk teklibini kabul etdi. Alp Gazy Horezmşa sowgat taýýarlap, onuň ýanyna çykdy. Ol ýöräp barýarka ýykyldy we wepat boldy. Horezmşa bu ýerdäki manjanyklary ýakdy we soňra Saragta gitdi.

## ŞYHABEDDINIŇ HINDI ÝURDUNDAN GAÝDYP GELIP HOREZMI GABAWA SALMAGY WE HATALYLARDAN ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň oraza aýynda Şyhabeddin Hyradyň horezmliler tarapyndan gabalandygyny we ýegeni Alp Gazynyň öldi habaryny eşidip, Hindi ýurdundan Horasana tarap ýola düşdi. Emma ol ýolda niýetini üýtgedip, esgerleri bilen Horezme ýöneldi. Horezmşa bu habary eşidip, Şyhabeddine: «Esgerleriňi yza dola, bolmasa, mundan Hyrada, ondan hem Gazna çenli bararyn» diýip hat ýollady.

Horezmşa tizden-tiz Saragtdan Merwe gaýdyp geldi. Horezmşa esgerlerini dargadyp, Horezme barýan ýollary bozmagy, suwdaky köprüleri ýakmagy buýurdy. Şyhabeddin Horezme girmek üçin kyrk günläp azap çekdi. Taraplar Gara suw diýilýän ýerde duşuşdylar. Aýylganç söweş bolup, örän köp adam gyryldy. Gurlulardan Hüseýin Margany öldürildi. Horezmlilerden örän köp ýesir alyndy. Şyhabeddin ýesirleri öldürmäge buýruk berdi.

Horezmşa hatalylardan kömek sorady. Hatalylar Mawerannahryň hökümdarydylar. Olar esger jemläp, Gura ýöriş etdiler. Muny eşiden Şyhabeddin yzyna dolandy. Ol sapar aýynyň birine çölde hatalylaryň öňden gelýän toparynyň öňünden çykdy we derbi-dagyn edip, olardan köp adamy ýesir aldy. Ikinji gün hatalylara öňünde durup bolmajak köpsanly esger kömege geldi. Şyhabeddiniň ýedi piliniň dördüsi öldürildi, ikisini kapyrlar aldylar. Şyhabeddin Andahun galasyna girip gizlendi. Hatalylar galany gabadylar. Soňra galan bir pili berip halas boldy.

Şyhabeddiniň ýeňlendigi hakyndaky habar ähli ýere ýaýrady. Şyhabeddin ýedi sany atlysy bilen özüni Talykana oklady. Talykanyň hökümdary Hüseýin ibn Harmil oňa çadyr, azyk, ýarag berdi. Sebäbi Şyhabeddiniň hazynasy talanyp, onda hiç zat galmandy. Şyhabeddin Hüseýin ibn Harmili ýanyna alyp, Gazna dolandy.

Gaznada «Şyhabeddin öldürildi» diýen habar ýaýrapdy. Şyhabeddiniň satyn alan mamlugy Täjeddin Düz Gaznany almaga hyýallandy. Oňa Gazna goragçysy garşy çykdy. Täjeddin niýetine ýetip bilmän, öýüne gaýtdy. Ýurtda bidüzgünçilik başlandy, talaňçylyk köpeldi. Şyhabeddin gaýdyp gelende, oňa Täjeddin Düzüň eden işini habar berdiler. Şyhabeddin gaharlanyp, Täjeddin Düzi öldürmek isledi. Emma emirler onuň ganyny sorap, ölümden alyp galdylar. Şyhabeddin ýurtda talaňçylyk edenlerden ýowuz öç aldy.

Şyhabeddiniň ýene bir mamlugyna Aýbeg Balbir diýýärdiler. Ol söweşden birnäçe esger bilen aman sypyp, Hindi ýurduna gitdi we Multana şäherine baryp, Soltanyň naýybyny öldürdi. Ýurdy eýeläp, Soltanyň köp baýlygyna eýe boldy. Raýatlaryň güni kynlaşdy. Olary talap: «Siziň Soltanyňyz öldürildi. Indi men siziň soltanyňyz» diýýärdi. Oňa Omar ibn Iran diýen adam wepalylyk bilen hyzmat edýärdi. Onuň diýeninden çykanokdy. Olar özi ýaly talaňçylary toplap, köp baýlyk ýygnadylar. Ýollar asuda däldi. Bular hakyndaky habar Şyhabeddine baryp ýetdi. Şyhabeddin esger iberip, Aýbegi we Omar ibn Irany tutdurdy. 601-nji ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynda olary öldürtdi. Soňra bu ikisi bilen talaňçylyk edenleri hem gylyçdan geçirmegi buýurdy.

Soňra Şyhabeddin hatalylaryň kasdyna çykdy. Ol ýanyndaky ýigrimi müň esgeri bilen Andahun galasyny gabawa saldy. Musulmanlar toparlara bölünip, gije leşgergähden çykyp gidýärdiler we gündiz hem yzyna gaýdyp gelýärdiler. Muny gören hatalylar musulmanlara kömek gelýändir öýdüp howsala düşdüler. Samarkandyň hökümdary musulman adamdy. Ol hatalylara tabynlyk etse-de, olara: «Şyhabeddine beýle kömek gelşi bilen bize ony ýeňme ýok. Oňa her günki gelýän esgerleriň sany biziň şu ýerdäkilerimizden kän. Biziň oňa ýaraşyk teklip etmegimiz gerek» diýip maslahat berdi. Hatalylar maslahaty kabul etdiler. Samarkant hökümdary Şyhabeddiniň ýanyna gizlin ýagdaýda adam iberip, ýagdaýy düşündirdi we onuň ýaraşygy birinji gezekde kabul etmän, ikinjide razy bolmagyny sargady. Ilçiler gelip, Şyhabeddine ýaraşyk teklip etdiler. Şyhabeddin entek ýene-de esgerleriniň gelmelidigini aýdyp, bu teklibe razy bolmady. Ylalaşyk uzaga çekdi. Ahyrynda hatalylar derýadan bäri Şyhabeddiniň ýurduna geçmezlige, Şyhabeddin hem olaryň ýurduna geçmejekdigine ylalaşdylar.

## HORASANDAKY YSMAÝYLYLARYŇ GYLYÇDAN GEÇIRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl ysmaýylylar Gur hökümdary Şyhabeddine boýun bolmajakdygyny habar etdiler. Şyhabeddin gurlularyň döwlet işini dolandyrýan Alaeddin Muhammet ibn Abu Alyny esgerlerine baş edip, ysmaýylylaryň galasyna gitmegi emr etdi. Alaeddin ilki bilen Fuhystana bardy. Zowzan galasynyň hökümdary gurlularyň gelendigini eşidip, Horezmşanyň tabynlygyndan çykyp, olara goşuldy. Alaeddin ysmaýylylaryň Kaýyn galasyny gabawa saldy. Alaeddin bu galany gabawda saklaýarka Şyhabeddiniň öldi habary gelip gowuşdy. Men [Ibn Esir] bu barada soň gürrüň bererin. Alaeddin galadakylardan altmyş müň dinar paç alyp, ysmaýylylaryň Kahka galasyna ýöriş etdi. Aýylganç söweş bolup, köp adam gyryldy. Alaeddin diri galan ysmaýylylary ýesir alyp, Hyrada dolandy we ol ýerden hem Firuzkuha gaýdyp geldi.

## MOSUL HÖKÜMDARY NUREDDINIŇ MÄLIK ADYLYŇ ESGERLERINDEN ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylda Sanjar hökümdary Kutbeddin Muhammet ibn Zeňňi bilen Damask, Müsür we Jezire ýurtlarynyň hökümdary Mälik Adyl biri-birine kömek bermek hakynda ylalaşdylar. Nureddin bu habary eşidip, meret aýynda Nasybyny gabawa salyp, şäheri eýeledi. Soňra galany gabawa saldy. Galany almaga az wagt galanda, Erbil hökümdary Muzaffareddin Gökböri ibn Zeýneddiniň Mosula niýetlenýändigini eşitdi. Nureddin hem Erbile gidip, ol ýeri almagy ýüregine düwdi. Ol Telagfere bardy we ol ýeri eýeledi. Nureddin on ýedi gün ol ýerde boldy. Mälik Adylyň ogly Mälik Eşrep Musa Kutbeddine kömege geldi. Başga-da Erbil hökümdary, Amyt hökümdary, Ibn Omar

adasynyň hökümdary ýygnanyp, Nureddiniň garşysyna söweşmegi dilleşdiler.

Nureddin bilen Mälik Adylyň esgerleri Buşra diýen ýerde söweşe girdiler. Söweş uzaga çekmän, Nureddiniň esgerleri ýeňlişe sezewar boldy. Nureddin Telagferi yzyna berip, ýaraşyk baglaşdy. Kutbeddine kömege gelen hökümdarlar esgerleri bilen her haýsy öz ýurduna dolandylar.

## ÝEWROPALYLARYŇ YSLAM ÝURDUNA GELMEGI WE OLARYŇ ÝARAŞYK BAGLAŞMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl ýewropalylar Konstaniýa şasynyň emri bilen Şama geldiler. Olar Kudusy eýelemäge niýetlenýärdiler. Ýewropalylar Akka baryp, dynç alandan soň Iordaniýa tarapdaky ýurtlary taladylar, köp ýesir alyp, musulmanlara köp ezýet berdiler.

Mälik Adyl bu wagt Damaskdady. Ol esger ýygnap, Akkanyň golaýyna gelip çadyr dikindi. Musulmanlar Kafarhanna çozup, köp olja aldylar. Ýewropalylar ýaraşyk teklip etdiler. Ylalaşyga görä, Damask we onuň töwerekleri, Sida, Ramla Mälik Adyla degişli boldy. Ýewropalylara Nasra we başga birnäçe ýerler berildi. Soňra ýewropalylar Hana şäherini almagy ýüreklerine düwdüler. Emma bu ýeriň hökümdary Nasyreddin Muhammet Takyýeddin olara garşy söweşdi. Nasyreddiniň esgerleri azlyk edýärdi. Oňa başga ýerleriň hökümdarlary kömek üçin esger iberdiler. Ýewropalylardan örän köp adam öldürildi. Olar derrew yzyna — Ýewropa gaýtmak bilen boldular.

## GÖKJÄNIŇ JEBEL ÝURDUNDA ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Gökje Reý, Hemedan we Jebel ýurduny eýeläpdi. Pälwanyň ýene-de bir mamlugy bardy. Pälwan oňa öz işlerini dolan-

dyrmagy ynanýardy. Oňa Ydgamyş diýýärdiler. Ol özüniň töweregine başga-da mamluklary ýygnap, Gökjäniň kasdyna çykdy. Olar çaknyşyp, Gökje söweşde öldürildi. Ydgamyş onuň ýerini eýeledi. Ol batyr, edermen, emma zalym adamdy. Gökje bolsa adyl, haýyr işleri köp edýän adamdy. Goý, Alla oňa rehim etsin!

## RUKNEDDIN IBN GYLYÇ ARSLANYŇ WEPATY WE ONUŇ ORNUNA OGLUNYŇ GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň boş aýynyň altysynda Malatyýa we Konýa arasyndaky Rum hökümdary Rukneddiň Süleýman ibn Gylyç Arslan ibn Mesut ibn Gylyç Arslan ibn Süleýman ibn Gutulmyş ibn Seljuk wepat boldy. Ol içinden tutma keseline ýolukdy.

Rukneddin döwlet işini gowy bilýän, duşmanlaryndan ýowuz öç alýan, pelsepe ylmy bilen gyzyklanýan adamdy. Onuň ornuny ýaşlygyna seretmezden, ogly Gylyç Arslan eýeledi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl ýewropalylaryň harby gämileri Müsür diýarynyň Fuwwata şäherine ýöriş etdiler. Olar galany talap, musulman aýallaryna el gardylar. Müsürli esgerler Niliň kenarynda durup, bolýan zatlara bialaç seredip durdular. Bu waka bolan pillesi müsürli esgerlerde hiç hili harby gämi ýokdy.

Bu ýyl Müsür, Şam, Jezire, Rum ýurtlarynda, Sisiliýa we Kubrusda[1] güýçli ýer yranmasy boldy. Bu ýer yranmasynyň täsiri Mosula we Yragyň başga şäherlerine-de bildirdi. Şamda we Müsürde jaýlaryň diwarlary, galalaryň haýatlary harap boldy.

---

[1] Kubrus – Kipr.

Bu ýylyň sapar aýynda şapygy mezhebiniň ulamasy Abylfath Asgat ibn Mahmyt Yjly wepat boldy. Ol özüniň ylmy bilen halkyň söýgüsini gazanmagy başarypdy.

Bu ýylyň oraza aýynda Hyrat kazysy Umdadeddin Fadyl ibn Mahmyt ibn Sagyt Sawy wepat boldy. Ondan soň ýurduň kazysy wezipesine onuň Sagyt atly ogly bellendi. Goý, Alla olaryň ählisinden razy bolsun!

## 601-NJI HIJRI ÝYLY
*( 29.08.1204 – 20.07.1205 ý.)*

## KEÝHYSROW IBN GYLYJYŇ DOGANYNYŇ OGLUNDAN RUM ÝURDUNY ALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň rejep aýynda Mälik Gyýaseddin Keýhysrow ibn Gylyç Arslan dogany Rukneddinden ogly Gylyç Arslana galan Rum ýurduny basyp aldy.

Munuň sebäbi Rukneddin dogany Gyýaseddinden Konýany basyp alypdy. Gyýaseddin ondan gaçyp, Halap hökümdary Mälik Zahyr Gazynyň ýanyna bardy. Emma ol kabul etmänden soň, yzyna dolandy. Gyýaseddin ýurtdan ýurda sergezdançylyk etdi. Ahyrynda Konstantiniýa geldi. Ol ýeriň hökümdary Gyýaseddine hormat goýdy, mülk ykta berdi we tanymal adamlaryň biriniň gyzyna öýerdi.

Dogany Rukneddin ölenden soň, emirleri onuň ogly Gylyç Arslany onuň ýerine geçirdiler, emma uç türkmenleri ýurdy Gyýaseddiniň eýelemeginiň tarapdarydylar. Olar Gyýaseddiniň gelip, ýurda eýe çykmagyny sorap, adam iberdiler. Gyýaseddin Konýa geldi we Rum ýurduna eýe çykdy.

## AMYT GALASYNYŇ HÖKÜMDARYNYŇ HARTA BIRT GALASYNY GABAWA SALMAGY WE OL ÝERDEN YZYNA DOLANMAGYNYŇ BEÝANY

Harta Birt galasy Ymadeddin Gara Arslana degişli galalaryň biridi. Ol wepat bolandan soň, hökümdarlyk onuň ogly Nyzameddin Abu Bekre geçdi. Nyzameddiniň kakasynyň dogany Nasyreddin Mahmyt ibn Muhammet ibn Gara Arslan bu gala göz dikýärdi. Nyzameddin dogany Gyýaseddinden we Rukneddin ibn Gylyç Arslandan ýardam sorady. Olar Nyzameddine ýardam berjekdiklerini aýdanlaryndan soň, Nasyreddin gala ýöriş etmek niýetinden el çekdi.

Amyt galasynyň hökümdary Mälik Adyla gullyk edýän adamlaryň biridi. Mälik Adyl Amyt hökümdaryna esgerlerini ýanyna alyp, ogly Mälik Eşrep bilen Mosul gabawyna gitse, soň Harta Birta galasyny almaga ýardam berjekdigini aýdýar. Rukneddin ibn Gylyç Arslanyň wepat bolmagy olaryň tamasyny güýçlendirdi. Bu ýylyň başynda Mälik Eşrep Jezire, Sanjar esgerlerini jemläp, ýörişe taýýarlyk gördi. Amyt hökümdary hem Mälik Eşrebiň goşunyna gelip goşuldy. Mälik Eşrebiň esgerleriniň sany almyş müň esgere baryp ýetdi. Goşun Malatyýa gelende, Amyt hökümdary esgerlerini alyp, Harta Birta hökümdaryna degişli bolan Buheýra galasyna ýöriş etdi we gurban aýyňyň on ikisine galany eýeledi. Harta Birta hökümdary öz esgerlerini we rumly esgerleri alyp, Harta Birta galasyna geldi. Rumly esgerleriň serkerdesi Amyt hökümdaryndan Buheýrany yzyna bermegi talap etdi. Emma ol bu teklipden boýun gaçyrdy.

Amyt hökümdary esgerlerini alyp gidenden soň, beýleki ýurtlaryň hökümdarlary hem öz ýurtlaryna dolandylar.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň meret aýynda emir Zeňňi ibn Mesut Gurly esgerlere baş bolup, Merwe gitdi. Saragtda olara Horezmşanyň naýyby Çakr duşdy. Olar bukuda esgerlerini gizläp, gurlular ýakyn gelende, olaryň üstüne çozdular we derbi-dagyn etdiler. Gurlularyň köpüsi ýesir alyndy. Olaryň diri sypany az boldy. Emir Zeňňi hem ýesir alyndy. Gurly ýesirler öldürilip, kelleleri Merwde asylyp goýuldy.

Bu ýylyň boş aýynda Balh hökümdary Emir Ymadeddin Omar ibn Hüseýin Gurly Termez şäherine gitdi. Ol ýerde hatalylar örän köpdi. Ymadeddin hatalylaryň ählisini gyryp, şähere dini alymlary getirdi. Şeýdip Termez yslam ýurdunyň bir bölegine öwrüldi.

Bu ýyl bagdatly bir aýal iki kelleli, dört aýakly we iki elli çaga dogurdy. Ol çaga uzak ýaşaman, şol gün wepat boldy.

Bu ýyl halypanyň ýarag saklanýan hazynasyna ot düşdi. Ýangyn iki gün dowam etdi.

Bu ýylyň sapar aýynda Nureddin Arslanşanyň köşk şahyry Abu Aly Hasan ibn Muhammet ibn Abdus wepat boldy. Ol özüniň ýagşy gylyk-häsiýeti bilen taryhda öçmejek yz galdyrdy.

Bu ýyl Bagdatda iki sany kör metjitden çykan başga bir köri ýanyndaky zatlaryny almak üçin, urup-urup öldürýärler. Bu körüň ýanynda alar ýaly hiç hili zat ýok eken. Ony öldüren körler jeza berlerinden gorkup, daň agarmanka, Mosula tarap gitdiler. Bagdadyň adamlary ir bilen metjidiň ýanynda öldürilen adamyň jesedini tapyp, kimiň öldürenini bilmeýärler. Aýtmaklaryna göräm, adam öldüren iki kör Mosula baryp, kerwensaraýda otyrka, bir adam olardan:

— Siz kim, nireden geldiňiz? — diýip soraýar welin, başga bir adam degşip:

— Olar Bagdatdaky köri öldürenler — diýýär. Körleriň biri ýerinden böküp turup:

— Ony men öldürmedim, ynha, ýoldaşym öldürdi — diýip gygyryp başlaýar. Adamlar bolýan zatlara haýran bolup seredip durdular. Bu iki köri kaza alyp gidenlerinde, olar ähli eden zatlaryny bolşy-bolşy ýaly gürrüň berýärler. Körleriň biriniň kellesi alynýar, beýlekisini bolsa metjidiň gapysyndan asýarlar. Bu waka köpleri geň galdyrdy. Goý, Alla ýaman işlerden we azgynlardan gorap saklasyn. Goý, Alla geçen musulman bendeleriniň ählisine rehim etsin!

## 602-NJI HIJRI ÝYLY
*( 1205-1206 ý.)*

## ŞYHABEDDIN GURLYNYŇ KÖWKER TAÝPASY BILEN SÖWEŞINIŇ BEÝANY

Şyhabeddin hatalylar bilen söweşip ýeňlende, onuň öldi habary ýaýrapdy. Şyhabeddiniň tabynlygyna girýän köp ýerlerde talaňçylyklar bolup geçdi. Olardan biri hem Jebel Juryň hökümdary Daniýaldy. Ol Şyhabeddiniň tabynlygynda bolup, yslamy kabul edipdi. Ol Şyhabeddiniň öldi habaryny eşidip, yslamdan ýüz dönderdi. Köwker taýpasy hem şeýledi. Olar daglyk ýerde ýaşap, Şyhabeddiniň tabynlygyna girýärdiler. Olar Şyhabeddine ýyllyk paç töleýärdiler. Köwker taýpasy hem Şyhabeddiniň öldi habaryny eşidip, Lahordan Gazna gidýän ýolda ýolagçylary talap ugrady.

Şyhabeddin Lahoryň we Multanyň hökümdary Muhammet ibn Abu Alydan özüne hatalylar bilen uruş üçin pul ibermegini talap etdi. Ol Köwker taýpasyiň ýolda adamlary we kerwenleri talaýanlygy üçin, pul iberip bilmeýändigini habar edýär. Şyhabeddin Köwker taýpasyny tabynlygyna çagyrmak üçin, hindi-

lerden düzülen goşunyna baş edip, Aýbeg mamlugy ýollaýar. Aýbeg Köwker taýpasynyň üstüne ilçi gönderýär. Onda olaryň serkerdesi ilçä:

— Näme üçin soltanyň özi bize ilçi iberenok? — diýip soraýar. Ilçi:

— Ony ýola getirmek ýa-da tabynlyga salmak üçin, Soltan hökman däl. Bu işi onuň mamluklary hem başarýar — diýýär. Köwkerleriň serkerdesi:

— Şyhabeddin diri bolsa, onuň özi bize ilçi ýollardy. Biz hem oňa köp pul tölärdik. Aýbege-de aýt: „Eger bize Lahory we onuň töwereklerini hem-de Farşabury berse, biz ylalaşarys” — diýýär. Ilçi olara Şyhabeddiniň diridigini bilmek üçin, Farşabura içaly ibermeklerini teklip etdi. Olar ilçiniň sözüne gulak asmadylar. Şyhabeddin bu habary eşidip, Kutbeddin Aýbege yzyna dolanmagy we esger jemlemegi buýurdy.

Şyhabeddin meret aýynyň ortasyna çenli Farşaburda bolup, soňra oraza aýynyň başynda Gazna gitdi. Ol esgerlerine baýram aýynyň başynda hatalylar bilen söweşe taýýar bolmagy buýurdy.

Köwker taýpasynyň üstünden şikaýatlar köpeldi. Köwker taýpasyna goşulýan adamlaryň sany köpeldi. Lahoryň emiri Şyhabeddine esgerleri bilen gelip, olaryň öňüni almasa, soň giç boljagyny habar berdi. Şyhabeddin hatalylar bilen söweşi soňa goýmagy makul bildi. Ol 602-nji ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda Farşabura gitdi. Şyhabeddin Köwker taýpasyndan düzülen esgerleriniň Jaýlam we Sudara aralygyndadygyny eşidip, tizden-tiz şol ýere ugrady. Taraplar duşuşyp, aýylganç söweş bolup geçdi. Söweş ertirden ikindine çenli dowam etdi. Şyhabeddine Kutbeddinden Aýbeg öz esgerleri bilen kömege geldi. Köwker taýpasy ýeňlip, ähli ýerde olaryň jesetleri ýatyrdy. Olaryň diri galanlary uly ot ýakdylar we Şyhabeddiniň esgerlerine ýesir düşmejek bolup yzly-yzyna özlerini oda oklady-

lar. Barysy ýanyp küle öwrüldi. Musulmanlar görlüp-eşidilmedik olja aldylar. Köwkerleriň serkerdesi gaçyp gutuldy.

Jebel Juryň hökümdary gije gelip, Şyhabeddinden aman diledi. Ol onuň günäsini geçdi we Jur galasyny elinden aldy. Soňra ol Gazna gaýdyp baryp, Baliýanyň hökümdary Bahaweddine Samarkanda gidip, hatalylar bilen söweşer ýaly deryanyň üstüne köpri gurdurmagy emr etdi.

## TIRAHIÝADAKY ÝEŇIŞIŇ BEÝANY

Tirahiýada-da dinden çykanlar, talaňçylar ýaşaýardylar. Olar hem Şyhabeddiniň tabynlygyndan çykanlardy. Olar musulmanlaryň garşysyna köp çykýardylar. Bu ýerlerde Şyhabeddiniň naýyby Täjeddin Düzdi. Ol bu kapyrlar bilen söweşip, köp adam gyrdy we meşhurlarynyň kellelerini dürli yslam ýurtlarynda asdyryp goýdy. Bu kapyrlar bilen musulmanlaryň arasyndaky duşmançylyk gaty öňden bäri bardy. Olar musulmanlardan biri ýesir düşäýse, dürli-dürli azaplar berip öldürerdiler.

Olar hiç bir dine uýmaýardylar. Eger-de olaryň biriniň aýaly gyz dogursa, gapa çykyp: «Kim öýlenjek bolsa gelsin» diýip çagyrardy. Eger alynsa alnardy, bolmasa-da çaga öldürilýärdi. Aýallarynyň birnäçe äri bolýardy. Eger ärleriniň biri öýünde bolsa, onuň aýakgaby gapyda asylyp goýulýardy. Başga bir äri gelip aýakgaby görse, yzyna dolanaýmalydy.

Olaryň yslamy kabul etmegine farşaburly bir adam sebäp boldy. Kapyrlar oňa köp ezýet berdiler. Emma ol ölenokdy. Ony serkerdeleriniň ýanyna getirdiler. Ol musulmanlardan:

— Eger men Şyhabeddiniň ýanyna barsam, ol maňa näme berer? — diýip sorady. Onda musulman:

— Ol saňa köp pul we siziň ýaşaýan ýerleriňizi ykta berer — diýdi. Olaryň serkerdesi özüniň yslamy kabul edýändigini

habar bermek üçin, bir musulmany Şyhabeddiniň ýanyna iberdi. Ol adam az wagtdan Şyhabeddiniň ilçisi we köp sowgatlardyr ykta bilen gaýdyp geldi. Tirahiýalylaryň tanymal, abraýly adamlary we serkerdesi Şyhabeddiniň ýanyna gidip, yslamy kabul edip, onuň tabynlygyna girip, Şyhabeddinden örän köp mal-mülk alyp, yzyna dolandylar. Şondan soňra bu töweregiň adamlary rahatlandylar.

## ŞYHABEDDIN GURLYNYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň meret aýynyň birine Gazna Soltany Şyhabeddin Abu Muzaffar Muhammet ibn Sam Gurly Lahordan geçip, Dumýal diýen ýerde öýünde namaz okap otyrka öldürildi.

Şyhabeddin hatalylar bilen söweşmek üçin ýola düşdi. Köwker taýpasyndan bir topar Şyhabeddiniň kasdyna çykdy. Şyhabeddin bu gezek ýörişe ugranda, ýany bilen sansyz baýlyk alyp gaýdypdy. Esgerleri sanardan köpdi. Hindi ýurdundaky esgerlerine hem gelmegi, Horasandaky esgerlerine-de gelýänçä taýýar bolmagy emr etdi. Şyhabeddiniň niýeti gowudy. Ol kapyrlar bilen söweşmek üçin çykypdy, emma bu gezek ne baýlygy, ne ýaragy, ne-de esgerleri kömek etdi.

Gije düşüpdi. Şyhabeddiniň ýanyndaky adamlar dargaşyp, onuň ýeke özi galypdy. Duşmanlar Şyhabeddiniň çadyryna girip, goragçylary öldürdiler. Olar Şyhabeddiniň egindeşleriniň gapyllygyndan peýdalanyp, Şyhabeddine topuldylar we birnäçe gezek pyçak bilen urdular. Şyhabeddin aýylganç ses etdi. Onuň sesini eşiden egindeşleri ylgaşyp geldiler. Duşmanlar oňa ýigrimi iki gezek pyçak bilen ýara salypdylar. Şyhabeddiniň esgerleri çadyra kürsäp girip, duşmanlary gylyç bilen çapyp taşladylar. Olardan iki sanysy sünnet edilendi. Şyhabeddin na-

mazlygynyň üstünde sejde edip ýatan haldady. Duşmanlar ony namaz okap otyrka öldüripdiler.

Şyhabeddin öldürilenden soň, emirler wezir Mueýýidilmülk ibn Hoja Sistanynyň ýanyna ýygnandylar. Olar döwleti we onuň maly-mülküni goramagy, biri onuň ýerini eýeleýänçä, asudalygy saklamagy maslahat etdiler. Olar Şyhabeddiniň ýaranlaryny dikip, özüni hem oturdyp goýdular. Adamlar Şyhabeddini görüp, göwünleri aram tapdy. Onuň hiç ýerinden gan akanokdy. Olar Gazna dolandylar. Wezir we türkmen emirleri Şyhabeddiniň agasy Gyýaseddiniň ogly Gyýaseddin Mahmydyň tarapdarydy. Gurly emirler Bamyýan hökümdary Bahaweddiniň tarapdarydy. Taraplaryň her biri öz goldaýan adamynyň ýanyna çapar iberip, ondan ýurda eýelik etmegini soraýardy. Şyhabeddiniň hazynasyny türkmenler goraýardy. Her tarap Gazna gaýdanda öz tarapdarynyň ýurduna ýakyn ýoldan geçmäge synanyşýardy. Taraplaryň jedeli tas urşa ýazýardy. Olar Makdahan ýolundan gaýtdylar. Olaryň öňünden garşy almaga Täjeddin Düz çykdy. Ol Şyhabeddiniň öňünde dyza çöküp, ýer ogşady. Haçan-da onuň ölüdigini bilende, ýaka ýyrtyp, gygyryp aglady. Adamlary hem aglatdy. Bu gün ýatdan çykmajak gün boldy.

## TÄJEDDIN DÜZÜŇ EDEN IŞINIŇ BEÝANY

Täjeddin Düz Şyhabeddiniň iň ýaşy uly we ilkinji mamluklarynyň biridi. Ol eýeleýän wezipesi we hormaty boýunça beýleki mamluklardan ýokarda durýardy. Ol ilki bilen wezirden ýarag we pullaryň hasabatyny sorady. Soňra-da: «Men Gyýaseddine, Şyhabeddine hyzmat etdim. Ol meni özüniň naýyby edip belledi. Men Gyýaseddin Mahmydyň tarapdary we şonuň emrine boýun bolaryn. Ondan başgany Gazna ýakynlaşdyrmaryn» diýdi. Wezir hazynany Düze gowşurdy. Soňra wezir, emirdir mam-

luklar Şyhabeddiniň jesedini alyp, Gazna ugradylar. Olar meret aýynyň ýigrimi ikisine Şyhabeddini öz gurduran medresesinde jaýladylar. Onuň gyzy hem bu ýerde depin edilipdi.

## ŞYHABEDDIN GURLYNYŇ ÖMÜR BEÝANY

Şyhabeddin edermen serkerdedi. Ol örän köp gazawatlara gitdi. Ol raýatlaryna köp haýyr işler ederdi. Şyhabeddin kazyny ýanyna çagyryp, raýatlarynyň hal-ahwallaryny sorardy. Ol örän adyl adamdy. Şyhabeddin dini adamlaryň mejlisine gatnaşyp, dini meseleler hakynda gürrüňler diňlärdi.

Bir gün Şyhabeddin şähere aýlanyp ýörkä, bäş ýaşly oglanjygyň bir jaýyň çüňkünde gysylyp oturandygyny görüp, onuň halyny sorady. Ol oglanjyk bäş günläp zat iýmändigini aýdanda, Şyhabediniň gözüne ýaş aýlandy we ony öz ýany bilen köşge getirip, iň gowy zatlardan iýdirip-içirdi. Soňra ol bu oglanyň kakasyny getirdip, oňa ogluny gowşurdy we köp pul berdi. Bu wakadan soň Şyhabeddin raýatlarynyň arasyna aýlanyp, garyp-gasara öz eli bilen  pul paýlamagy adat edindi.

Bir gezek keseki ýurtly täjirleriň biri Şyhabeddiniň ýanyna gelip:

— Seniň bir mamlugyň bardy. Ol mamluk maňa biraz bergi edipdi welin, ol söweşleriň birinde wepat bolupdyr. Indi men algymy kimden alyp bilerin? — diýip soraýar. Onda Şyhabeddin oňa:

— Seniň ondan almaly puluňy men bererin. Din üçin gylyç syran adamlar bergisi bardygy üçin, ol dünýäde ezýet çekmeli däldirler — diýýär we täjire mamlugyň bergisini berýär. Şyhabeddin söweşlerde wepat bolan esgerleriniň maşgalasyna we çagalaryna ýardam bererdi.

Bir gün Fahreddin Razy wagyz edip bolandan soň: «Eý, Soltan! Ne seniň soltanlygyň galar, ne-de meniň baýlygym. Hemmämiz Allanyň ýanyna gaýdyp barmalydyrys» diýdi. Bu

sözlerden soň Şyhabeddin uzak wagtlap aglap oturdy. Şyhabeddin ýuka ýürekli, mylakatly adamdy. Käbir adamlar oňa şapygy mezhebini tutdy diýse, käbiri hanafy mezhebini tutdy diýýärler. Haýsysynyň dogrudygyny diňe Alla bilýär. Goý, Alla oňa rehim etsin!

## BAHAWEDDIN SAMYŇ GAZNA ÝÖRIŞI WE WEPAT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bahaweddin Gyýaseddiniň we Şyhabeddiniň aýal doganynyň ogludy. Oňa daýylary Bamyýany ykta berdiler. Gurlular Bahaweddini örän gowy görýärdiler. Onuň abraýy artdy, uly hormata mynasyp boldy.

Şyhabeddin öldürilende, gurly emirler ony ýurdy eýelemäge çagyrdylar. Ol Gaznadaky emirlere ýurdy ol barýança goramagy emr etdi. Bahaweddin ýanyna iki ogluny we esgerlerini alyp, Gazna tarap ýola düşdi. Ýolda onuň kellesi agyryp başlady. Ol dynç almak üçin düşledi. Ol şeýle etse, keseli geçip gider öýtdi, emma kelle agyrysy güýçlendi. Ol ýanyna ogullaryny çagyryp, wesýet etdi. Ol Alaeddini ýurda hökümdar belledi. Ogullaryna Gaznany almagy, gurly emirleri sylamagy, raýatlara gowy seretmegi, eger Gazna alynsa, Gyýaseddin Mahmyda Horasany we Gur ýurtlaryny ykta bermegi sargady. Ol wesýetini gutarandan soň wepat boldy.

## ALAEDDINIŇ GAZNANY EÝELEMEGI WE SOŇRA GAZNANYŇ ONDAN YZYNA ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Bahaweddiniň wepatyndan soň, ogullary Gazna gitdiler. Olary gurlular we Gazna ilaty garşy aldylar. Olar ýurdy eýelediler. Mamluklar olara garşy çykmak islediler. Emma Mueýýidilmülk mamluklary raýyndan gaýtardy.

Bahaweddiniň ogullary galada boldular. Olar soltanyň öýüne ýaşamaga göçdüler. Mamluklar olara öýden çykmagy emr etdiler, bolmasa-da olara garşy söweşjekdiklerini aýtdylar. Bahaweddiniň ogullary olara köp pul paýladylar. Olar Täjeddin Düzüň ýanyna ilçi ýollap, özleriniň tabynlygyna girmegi we oňa köp ýerleri ykta berjekdiklerini habar edýärler. Täjeddin ilçä: «Olara aýt, goý, Bamyýana dolansynlar. Meniň soltanym Gyýaseddin Mahmyt ýurdy goramagy emr etdi. Men hem ol gelýänçä goraryn. Olar şu wagt yzlaryna dolanmasalar, olar üçin erbet bolar» diýdi. Täjeddin ilçiniň getiren halat-serpaýyny yzyna gaýtardy. Ol bu hereketi bilen hökümdara wepalylygyny görkezse-de, niýeti soňlugy bilen Gaznany özi almakçydy.

Alaeddin Balha, Bamyýana we başga ýerlere adam iberip, esger jemledi. Täjeddin esgerleri bilen Gazna geldi. Alaeddin mamluklardan, türkmenlerden we gurlulardan düzülen goşuny bilen Düzüň öňünden çykdy. Olaryň arasynda söweş bolup, bu söweşde Alaeddin ýeňlişe sezewar boldy. Täjeddin Düzüň esgerleri şähere girip, gurlulary we bamyýanlylary taladylar. Düzüň esgerleri galany gabadylar. Jelaleddin ýanyna ýigrimi esger alyp, Gaznadan çykyp gitdi. Ol dogany Alaeddine: «Galany gora, men esger alyp gelerin» diýdi. Täjeddin Düz Alaeddine galadan çyksa, oňa hiç kimiň degmejigine söz berdi. Alaeddin Gaznadan çykyp gitdi. Ýolda ony türkler talap, atyny, ýaragyny, geýim-gejimini aldylar. Ol diňe balagynda galýar. Bu habary eşiden Täjeddin oňa at, ýarag, eşik ýollady. Ol Bamyýana baryp, gara lybas geýip, ata derek eşek mündi. Oňa şalara mynasyp at, lybas getirdiler. Ol: «Gaznalylaryň meni nähili güne salandygyny bamyýanlylaryň bilmegini isleýärin. Men Gaznany eýeläp, ol ýerdäki ymaratlary ýumursam, ilatyny talasam, bu eşige we ata mynasyp bolup bilerin» diýip, esger ýygnap başlady.

## TÄJEDDIN DÜZÜŇ GAZNANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Alaeddin Gaznadan çykyp gidenine dört gün geçse-de Täjeddin Düz Gyýaseddiniň tabynlygyndan çykmaýandygyny aýtsa-da, ýurtda onuň adyna hutba okatmady. Bäş gün geçenden soň, bamyýanlylaryň tarapdarlaryny tussag etdirdi. Ertesi güni ýanyna kazyny, fakyhlary, halypanyň ilçisini getirmegi emr etdi. Ol kaza: «Men seniň soltanyň öýüne gelip, soltany ykrar etmegiňi isleýärin» diýdi. Çagyrylan adamlar gelýär. Düz olaryň ýanyna ýas eşiginde çykýar. Düz ýurda soltan gerekligini aýdyp, şol sebäpli özüni ykrar etmeklerini talap edýär. Şyhabeddin Gaznada Samarkant, Gur häkimleriniň ogullaryny saklaýardy. Olar özleriniň Gyýaseddin Düze hyzmat etmän, Gyýaseddin Mahmyda hyzmat edesleriniň gelýändigini aýtdylar. Onda Täjeddin olara Gyýaseddiniň ýanyna gidip, hyzmat etmeklerine rugsat berdi. Ol ilata köp pul paýlady. Mueýýidilmülke özüne wezir bolmagy teklip etdi, emma ol razy bolmady.

## GYÝASEDDINIŇ AGASY ÖLENINDEN SOŇKY ÝAGDAÝYNYŇ BEÝANY

Gyýaseddin Mahmyt ibn Gyýaseddin Şyhabeddin ölenden soň, Firuzkuha geldi. Ol ýeriň adamlary, emirleri ony hormat bilen garşy aldylar. Oňa Horezmşanyň we Bamyýan hökümdary Bahaweddiniň garşysyna söweşmäge kömek etjekdiklerini aýtdylar. Emirler Gyýaseddiniň tabynlygynda boljakdyklaryna äht etdiler. Soňra Bust şäherine gitdi. Gyýaseddiniň Bamyýan hökümdary Bahaweddin bilen eden ähdi bardy. Şoňa laýyklykda Şyhabeddin wepat bolan ýagdaýynda Horasan we onuň töwerekleri Gyýaseddine, Gazna we Hindi ýurtlary Bahaweddine

degişli bolmalydy. Şonuň üçin Bamyýan hökümdary Bahaweddin Gyýaseddiniň Gazna ýola düşendigini eşidip, oňa hiç hili garşylyk görkezmedi. Şol wagtda Bahaweddiniň esgerleriniň sany onuňkydan köpdi. Ol Bahaweddiniň öldi habaryny eşidip, tagta çykdy. Emirlerini ýygnap, özüni olaryň soltany diýip yglan etdi. Soňra Hyrada Hüseýin ibn Harmile hat ýollap, onuň özüni ykrar edip, tabynlygyna girmegini talap etdi. Oňa köp halat-serpaý ýollap, soň yktasyny köpeltjekdigini aýtdy. Gyýaseddin Firuzkuha gitdi. Alaeddin esgerlerine ogluny baş edip, Firuzkuha iberdi. Olar Gyýaseddine garşy bolar ýaly Firuzkuhyň adamlaryna köp halat-serpaý etdi, pul paýlady. Gyýaseddin Firuzkuha ýakynlanda, adamlaryň topar tutup durandygyny gördi. Gyýaseddiniň emirlerinden Ysmaýyl Hallajy olara:

— Eý, gurlular! Bu soltanyň kakasy size köp ýagşylyklar etdi, sizi terbiýeledi. Siz edilen ýagşylyklary ýatdan çykaryp, onuň ogly bilen söweşmäge geldiňizmi. Beýle etmek azat adamlara gelişýänmidir? — diýdi. Garşydaş esgerleriň serkerdesi Muhammet Margany:

—Ýok — diýip, ýaragyny taşlady, Gyýaseddiniň öňüne baryp, ýeri ogşady we uly sesi bilen aglady. Beýleki emirler hem bu hereketi gaýtaladylar. Alaeddiniň ogly we onuň esgerleri ýeňildiler. Gyýaseddin Alaeddiniň ogluny tussag etdi. Esgerlerinden birnäçesini öldürdi. Olar Firuzkuhdan Gura tarap gaçdylar. Gyýaseddin Firuzkuha girip, ilki bilen metjitde namaz okady. Kakasynyň ýaşan öýüne göçdi. Kakasynyň eden haýyr işlerini gaýtalady. Ol kakasynyň ýanynda wezir bolan Abdyljepbar ibn Muhammet Kiranyny wezir edindi.

Alaeddiniň esgerleri ýeňlenden soň, Gyýaseddini ünjä goýýanlaryň biri Ibn Harmildi. Ol Hyrada Ibn Harmiliň ýanyna ilçi ýollap, tabynlygyna çagyrdy, emma ol Gyýaseddiniň teklibine razy bolmady.

Ibn Harmil Şyhabeddin ölenden soňra Hyradyň meşhur, tanymal, wezipeli adamlaryny çagyrdy we olar bilen maslahat geçirdi. Ibn Harmil ýurda ýöriş edilse, olaryň goldamagyny talap etdi. Olar Gyýaseddinden başga kim ýöriş etse, kömek etjekdiklerini aýtdylar. Adamlaryň Gyýaseddini goldamagy Ibn Harmili gorkuzdy. Ol Horezmşa hat ýazyp, özüne esger kömek ibermegini sorady. Horezmşa Ibn Harmil ogluny girew goýsa, esger iberjekdigini aýtdy. Ibn Harmil ogluny Horezmşanyň ýanyna iberdi. Horezmşa Nyşapurdaky esgerlerine Ibn Harmiliň garamagynda bolmagy buýrup, hat ýazdy.

Ibn Harmil näme etjegini bilenokdy. Ol emirleri, wezipeli adamlary maslahata çagyrdy. Olardan Nyzamyýa medresesiniň mugallymy, gurlularyň Horasandaky mütewellisi Aly ibn Abdylhallak Ibn Harmile Gyýaseddiniň tabynlygyna girmegi we onuň bilen ýaraşyp, ýurtda oňa hutba okatmagy maslahat berdi. Ibn Harmil Ibn Zyýady we başga birnäçe emirlerini Gyýaseddiniň ýanyna ýollady.

Soňra Gyýaseddin Merwe we Talykana hat ýollap, tabynlygyna çagyrdy. Talykanyň raýatlary Gyýaseddiniň tabynlygyna girmegiň tarapdarydy. Gyýaseddin Talykanyň emirlerine halat-serpaý etdi we mal-mülk peşgeş berdi. Talykany kakasynyň mamlugy Aşkara ykta berdi.

## HOREZMŞANYŇ GURLULARYŇ HORASANDAKY ÝURTLARYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Ibn Harmil Gyýaseddiniň tabynlygyna girmäge söz bersede, özi Horezmşanyň esgerlerine garaşýardy. Gyýaseddiniň ýanyna giden Ibn Zyýat köp halat-serpaý bilen dolanyp geldi. Ibn Harmil iberilen lybaslary geýdi. Ibn Zyýat bilen gelen ilçi Gyýaseddini ykrar edip, onuň adyna hutba okadylmagyny talap etdi. Ibn Harmil anna güni hutba okatjakdygyny aýtdy. Ol Ho-

rezmşanyň esgerleriniň gelýändigini bilýärdi. Anna güni gelende, ilçi hutba okatmagy ýatlatdy. Onda Ibn Harmil hutbadan möhümräk işleriniň bardygyny aýtdy. Jedel uzaga çekdi. Şol aralykda Horezmşanyň esgerleri gelip ýetdi. Ibn Harmil olary garşy almaga çykdy. Olary şäheriň derwezesinde ýerleşdirdi we her gün olaryň ýanyna baryp durdy.

Ibn Harmil Horezmşanyň Balhy gabap alyp, soňra söweşde ýeňlendigini eşidip, onuň tabynlygyna girendigine ökündi. Ol horezmli esgerlere: «Horezmşa Gyýaseddin bilen ylalaşypdyr» diýip, olara halat-serpaý edip, yzyna gaýtardy. Gyýaseddin Ibn Harmiliň Horezmşanyň esgerleri bilen aragatnaşyk saklaýandygyny eşidip, oňa berlen yktany gaýdyp aldy. Ibn Harmil Hyradyň kazysynyň ýanyna baryp, Gyýaseddiniň tabynlygyna girmek isleýändigini we şonuň üçin horezmli esgerleri yzyna gaýtarandygyny aýdyp, kazydan Gyýaseddine hat ýazmagyny sorady. Ol Gyýaseddiniň aýdyşy ýaly etdi. Ibn Harmil Gyýaseddiniň ýanyna ilçi ýollady  we oňa horezmli esgerlere duşup, olary yzyna dolamagy emr etdi. Ilçi Ibn Harmiliň aýdyşy ýaly etdi we dört günden horezmli esgerler bilen Hyrada gaýdyp geldi. Ibn Harmil ýene-de olary hormat bilen garşy aldy we şähere alyp girdi. Kazy we gurlular şäherden çykaryldy. Şäheriň ähli derwezeleri horezmlileriň eline geçdi.

Gyýaseddin Horezmşanyň Balha gidenini eşidip, esgerlerini Hyrada iberdi. Olaryň içinde Talykanyň öňki hökümdary Amirhan ibn Kaýsar hem bardy. Ol Ibn Harmile Gyýaseddiniň esgerleriniň gelýändigini duýdurdy. Ibn Harmiliň esgerleri olaryň üstüni basdylar. Gyýaseddiniň esgerleri atyna-da münüp ýetişmediler. Olaryň köpüsi öldürildi. Ibn Harmil olaryň ähli zatlaryny olja aldy. Ysmaýyl Hallajy ýesir alyp, Hyrata getirdi.

Horezmşa Şyhabeddiniň öldi habaryny eşidip, ýesir düşen gurlulary boşatdy. Olara sylag-serpaý etdi, köp pul paýlady we olara: «Gyýaseddin meniň doganym ýalydyr. Kim meniň

ýanymda galasy gelse, galyp biler, kim Gyýaseddiniň ýanyna gidesi gelse, men ony ibererin» diýdi.

Horezmşa dogany Alyşany esgerlerine baş edip, Balha ýörişe iberdi. Olar bu ýylyň boş aýynda Balha bardylar. Balhyň hökümdary Alyşanyň öňünden çykdy. Olaryň arasyndaky söweş gije-gündiz dowam etdi. Horezmşa kyrk günläp Balhy gabawda saklady. Onuň köp esgeri gyryldy, emma ýeňşe ýetip bolanokdy. Horezmşa Balh hökümdary Ymadeddin Omar ibn Hüseýin Gura boýun bolmagy we tabynlygyna girmegini talap etdi. Balh hökümdary Bahaweddiniň ogullaryndan kömege garaşýardy. Şonuň üçin ol Horezmşa: «Men ýurdy diňe hak eýesine bererin» diýip jogap berdi. Haçanda Bamyýandan kömek gelmejekdigine gözi ýetende, Balh hökümdary Horezmşanyň teklibine mejbury razy boldy we ýurtda onuň adyna hutba okatdy. 603-nji hijri ýylynyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda ýaraşyk baglaşyp, Balh hökümdary Horezmşanyň ýanyna çykdy. Horezmşa oňa halat-serpaý edip ýurduna gaýtardy. Soňra Kurzubana gitdi we ol ýeri gabady. Ol bu ýeri söweşsiz eýeläp, Ibn Harmile ykta berdi. Soňra Balh hökümdary Ymadeddine ýanyna gelmegi emr etdi. Ymadeddin gelenden, Horezmşa ony tussag edip, Horezme ugratdy. Onuň ýerine Japar Türkmeni Balha häkim belledi.

## HOREZMŞANYŇ TERMEZI EÝELEMEGI WE ONY HATALYLARA BERMEGINIŇ BEÝANY

Horezmşa Balhy eýeländen soňra tizden-tiz Termez şäherine gitdi. Ol ýeriň hökümdary Balhyň öňki hökümdary Ymadeddiniň ogludy. Horezmşa onuň ýanyna Muhammet ibn Aly Beşiri ýollap oňa: «Seniň kakaň meniň döwletimiň iň bir uly wezipeli adamlarynyň birine öwrüldi, emma ondan meniň

güman etmeýän zadym çykdy. Men ony sylag-hormat edip Horezme ugratdym. Emma sen meniň üçin doganym ýaly bolarsyň» diýdi we oňa ykta bermegi wada etdi.

Termez hökümdaryniň üstüne, bir tarapdan, Horezmşa ýöriş etse, bir tarapdan, hatalylar goşun çekip gelipdi. Ymadeddiniň ogly Termezi Horezmşa berdi. Ol hem şäheri hatalylara berdi. Horezmşanyň bu etmişinden adamlar närazy bolup, oňa köp lagnat etdiler. Horezmşanyň Termezi hatalylara berip, Horasan goragyna gidip, soňra ol ýerden gelip, bu ýeri yzyna almaga niýetlenýändigi adamlara soň aýan boldy. Goý, Alla oňa geçirimlilik etsin!

## BAMYÝAN HÖKÜMDARYNIŇ OGULLARYNYŇ GAZNA GAÝDYP GELMEGINIŇ BEÝANY

Düz Alaeddini we Jelaleddini Gaznadan çykarandan soň, 602-nji hijri ýylynyň oraza aýyndan bu ýylyň boş aýy aralygynda Gaznada boldy. Ol bu aralykda raýatlaryň hal-ahwalyna gözegçilik etdi we esgerlerine ykta berdi. Esgerleriň köpüsi onuň ýanynda galsa, köpüsi Firuzkuha Gyýaseddiniň ýanyna gitdi. Birnäçesi Bamyýana Alaeddiniň ýanyna gitdi. Ýurtda olaryň hiç birine ykrar edilip, hutba okalmady. Düz: «Meniň ilçim Gyýaseddiniň ýanynda, eger şol gelse, Gyýaseddine hutba okatjak» diýýärdi. Onuň bu sözlerine adamlar şat bolýardylar. Ol türkmenleriň özüni terk edip gitmeginden gorkup, şeýle mekirlik edýärdi.

Düze Bamyýan hökümdary Bahaweddiniň ogullary Alaeddiniň we Jelaleddiniň uly goşun bilen Gazna ýetip gelýändigi hakyndaky habary gelip gowuşdy. Olar Gaznany talap, ogul olja, gyz ýesir etmegi ýüregine düwüpdiler. Raýatlar olardan öler ýaly gorkýardylar. Düz esgerlerini jemläp, olaryň ýoluna

ugrady. Taraplar çaknyşyp, Alaeddin Düzüň esgerleriniň köpüsini öldürip, galanyny ýesir aldy. Düz ýeňlişe sezewar bolup, Gazna, ondanam Kermana gitdi. Alaeddiniň üç müň atlysy bilen onuň yzyndan gidip, aýylganç söweş etdiler we köp esgerlerini gyrdylar. Olar Kermandan ýarag we baýlyk getirip, esgerleriň arasynda paýladylar.

Alaeddin we Jelaleddin Gazna girmän, Düzüň yzyndan Kermana gitdiler. Düz olaryň gelýändigini eşidip, ol ýerden gitdi. Alaeddin Kermany eýeläp, adamlaryna aman berdi. Olar Gazna girip, şäheri talamaga niýetlendiler. Bu habary eşiden Gazna ýaşaýjylary howsala düşdüler. Olar halypanyň ilçisi Mejdeddin ibn Rabygadan kömek bermegini soradylar. Ol Alaeddine we Jelaleddine halky talatmajagyna söz berip, olary köşeşdirdi. Ol gurlularyň hormatlanýan we sözi diňlenýän adamy Süleýman ibn Sisiň ýanyna adam iberip, oňa ýagdaýy düşündirdi. Ol Süleýmandan doganlara (Alaeddine we Jelaleddine) Gaznanyň ýaşaýjylaryny talamazlygy sorap, hat ýazmagy haýyş etdi. Süleýman ilçiniň aýdyşy ýaly etdi. Doganlar onuň diýenini kabul etdiler.

Boş aýynda Alaeddiniň esgerleri Gazna dolanyp geldiler. Olara talanyp alynmaly baýlygyň deregine, Şyhabeddiniň Düze geçen hazynasyny berdiler. Hazynada altyn-kümüşden başga dürli gymmatbaha daşlar bilen bezelen lybaslar bardy.

Alaeddin Mueýýidilmülki özüne wezir edinmekçi boldy. Muny eşidip, onuň dogany Jelaleddin Mueýýidilmülki özüne wezir edindi. Bu habar Alaeddine baryp ýetende, ol Mueýýidilmülki tussag edip, zyndana oklatdy. Alaeddin bilen Jelaleddin hazynany böleşdiler. Hazynany bölende olaryň arasynda şeýle bir jedel turdy welin, beýle jedel söwdagärleriň arasynda-da bolanokdy. Emirler bular bilen aragatnaşykda bolanyna ökündiler. Jelaleddin agasy (kakasynyň dogany) Apbasy we birnäçe esgerini alyp, Bamyýana dolandy. Alaeddin Gaznada galdy.

Onuň weziri Alaeddin bilen esgerleriň we raýatlaryň arasyny bulady. Ýurtda raýatlar talandy, hatda olaryň birnäçesi çagalarynyň ejesini satdylar. Çagasyndan jyda düşürilen aýallar näçe aglap eňreseler-de, olara hiç kim üns berenokdy.

## TÄJEDDIN DÜZÜŇ GAZNA GAÝDYP GELMEGINIŇ BEÝANY

Jelaleddiniň gaýdyp, Alaeddiniň Gaznada ýeke özüniň galanyny eşiden Düz esger ýygnap ugrady. Ol Kilwa galasyna gitdi we köp gurlulary öldürip, ol ýeri eýeledi. Ýeňlenler Kermana gitdiler. Düz mamlugy Aý Dokuz Basary dokuz müň atla baş edip, olaryň yzyndan iberdi. Kermandaky Alaeddiniň esgerleriniň serkerdesi emir Ibn Mueýýitdi. Onuň ýanynda başga-da birnäçe emirler bardy. Olar bu ýerde şerap içip, humar oýnamak bilen meşgul bolýardylar. Olara Düzüň esgerleriniň ýakyn gelendigini habar etdiler, emma olar muňa üns bermediler. Aý Dokuz Basar olaryň üstüni basdy. Alaeddiniň esgerleriniň köpüsi atyna-da münmänkä öldürildi, galany söweşde wepat boldy. Aý Dokuzyň esgerleri olary diri galdyrmasa, aman sypan bolmady. Düz gelende, Aý Dokuz Basar oňa Ibn Mueýýidiň kellesini eltip berdi. Düz sejde edip, Alla şükür etdi. Soňra öldürilenleri ýuwup, jaýlamagy emr etdi.

Bu habar Alaeddine baryp ýetende, ol wezirini dogany Jelaleddiniň ýanyna iberip, kömek sorady. Jelaleddin bu wagt Balhda Horezmşanyň garşysyna söweşmäge esger jemleýärdi. Jelaleddin bu habary eşidip, derrew Gazna gitdi. Jelaleddiniň hem, Alaeddiniň hem esgerleriniň köp bölegi Gyýaseddiniň ýanyna gidipdi. Düz Gazna galasyny gabap aldy. Alaeddiniň esgerleri bilen Düzüň esgerleriniň arasynda çaknyşyk bolup geçdi. Düz galadaky adamlary köşeşdirmek üçin, olara aman

berýändigini bildirip, jar çekdirdi. Düz Jelaleddiniň dört müň atly bilen Gazna gelýändigini eşidip, onuň ýoluna çykdy. Olaryň arasynda aýylganç söweş boldy. Jelaleddin we onuň esgerleri ýeňlip, Jelaleddin ýesir alyndy. Düzüň ýanyna eltenlerinde, ol ýöräp baryp, Jelaleddiniň elini ogşady. Düz Jelaleddin we onuň ýesir alnan müň esgeri bilen Gazna gitdi. Gazna gelenden soňra, Alaeddine ilçi iberip, Gaznany bermegini talap etdi. Eger bermese, ýesirleri öldürjekdigini aýtdy. Alaeddin razy bolmady. Düz ýesir düşen esgerleriň dört ýüzüsini öldürdi. Bu ýagdaýy gören Alaeddin Düzden aman diledi. Ol aman berdi. Düz Alaeddini we onuň weziri Ymadylmülki tussag edip, Jelaleddiniň ýanyna eltdi. Soňra Düz Gyýaseddine hat ýazyp, özüniň Gaznany eýeländigini habar berdi.

## MARAGANYŇ WE ERBILIŇ HÖKÜMDARLARYNYŇ DIL BIRIKDIRIP, GENJÄ ÝÖRIŞ ETMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Maraganyň hökümdary Alaeddin we Erbil hökümdary Muzaffareddin Gökböri dil birikdirip, Genjä ýöriş etmegi makul bildiler. Genje hökümdary Abu Bekr ibn Pälwan şerap içip, humar oýnap, raýatlaryň we esgerleriň hal-ahwalyndan habar almaýan adamdy. Erbil hökümdary Muzaffareddin Gökböri esgerlerini alyp, Maraga geldi. Ol Maraga hökümdary Alaeddin bilen birigip, Töwrize tarap gitdiler. Genje hökümdary Erbiliň we Maraganyň hökümdarlarynyň goşun jemläp üstüne gelýändigini eşidip, howsala düşdi. Ol kakasynyň mamlugy Ydgamyşa hat ýollap, ýardam bermegini sorady. Ydgamyş Abu Bekriň kakasynyň mamlugy bolup, onuň tabynlygyna girse-de, bu wagt Ydgamyşyň abraýy Abu Bekriňkiden zyýadady. Ydgamyş birnäçe ýurtlary basyp alyp, batyr serkerde hökmün-

de tanalýardy. Ol bu wagt ysmaýylylara garşy ýörişdedi. Ydgamyş Abu Bekriň hatyny alyp, Abu Bekre ýardam bermäge esger iberdi. Ydgamyş Erbil hökümdary Muzaffareddine hat ýollady. Ol hatynda şeýle diýip ýazdy: «Sen ylym eýelerine hormat goýup, olara ýakyndan ýardam berýän adamsyň. Din üçin göreşmek, raýatlara haýyr-yhsan işlerini etmekligi biz senden öwrendik we görelde aldyk. Bu günki gün yslam ýurduna ýöriş edip, musulman ganyny dökmek we olaryň mal-mülküni olja almak saňa laýyk däldir. Eger sen päliňden gaýtsaň, Genjäni eýelemekden hem uly ýeňiş gazanarsyň. Biziň has uly hormatymyza we sylagymyza mynasyp bolarsyň. Eger päliňden gaýtmasaň, Erbile derek bir obanyň şahnasy bolarsyň. Men bu zatlary saňa uly hormat-sylagym bolandygy we ýagşy görýän adamymyň gaşysyna gylyç syryp çykasymyň gelmeýändigi üçin maslahat hökmünde ýazýaryn. Maslahata eýermek akylly we ylymly adamlara mahsusdyr». Erbil hökümdary bu haty alyp, uzak oýlanyp oturdy. Ähli zady ölçerip-döküp, pälinden gaýtdy we yzyna — Erbile dolandy. Maraga hökümdaryna-da şeýle etmegi maslahat berdi. Emma ol Muzaffareddiniň maslahatyna gulak goýmady. Ydgamyş bilen Abu Bekr Maraga ýöriş etdiler. Maraga hökümdary Abu Bekre Ustuwa we Urmyýa galalaryny berip, ýaraşyk baglaşdy.

## YDGAMYŞYŇ YSMAÝYLYLARYŇ ÝURDUNA EDEN ÝÖRIŞINIŇ BEÝANY

Bu ýylda Ydgamyş ysmaýylylaryň Kazwiniň (Hazar) golaýyndaky ýurtlaryna ýöriş etdi. Olardan köpüsini öldürip, galanyny ýesir aldy. Ol ysmaýylylaryň bäş galasyny eýeläp, köp olja ýygnady.

## HOREZMLI ESGERLERIŇ JEBEL ÝURDUNA GELMEGI WE OLARYŇ SOŇKY YKBALYNYŇ BEÝANY

Bu ýylda horezmlilerden on müň sany atly esgerler maşgalalaryny we çagalaryny alyp, Jebel ýurdunyň Zengan diýen ýerine geldiler. Jebel Ydgamyşyň ýerlerine degişlidi. Horezmliler ýurdy taladylar. Ydgamyş bu habary eşidip, Zengana geldi we horezmlileri derbi-dagyn etdi. Olaryň köpüsi öldürildi we galany ýesir alyndy. Olaryň bar baýlygy olja alyndy. Horezmlileriň az sanlysy aman sypdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň dört tirkeşigininiň dördünji aýynda Haj emiri we Huzystan mütewellisi Daştegin Müjireddin wepat boldy. Ol köp ýyllap Hajj emiri boldy. Ony köp ybadat edýän, adyl, gowy häsiýetli adam hökmünde tanaýardylar. Halypa Huzystana Daşteginiň mamlugy we giýewisi Sanjary belledi.

Bu ýylda Erbile bir guzy getirildi. Onuň kellesi adamyň kellesi bolup, bedeni guzynyň bedenidi. Bu örän geň wakady.

Bu ýyl Rum hökümdary Gyýaseddin Hysrowşa Trabzona ýörişe ugrady. Sebäbi Trabzon hökümdary Gyýaseddiniň tabynlygyndan çykmak isledi. Gyýaseddin Trabzony ähli tarapyndan suw we gury ýerden gurşap alyp, galadakylary azyk we haryt gelmesinden kesdi. Trabzon Rus, Gypjak, Yrak, Jezire we Şam ýurtlary bilen söwda edýärdi. Söwdadan kesilmek Trabzona uly ýitgiler getirdi. Gyýaseddin diňe Ruma tarap gidýän ýoly açyp goýdy we Trabzona gelýän täjirlerden alynýan pajy özi aldy.

Bu ýyl Genje we Arran hökümdary Abu Bekr ibn Pälwan Gürji hökümdarynyň gyzyna öýlendi. Iki tarapyň hem bu nikadan öz bähbidi bardy. Gürji hökümdary Abu Bekriň şerap içip, güýçden gaçandygyny görüp, oňa gyzyny berip, ýurdy özi dolandyrmak isleýärdi. Abu Bekr bolsa Gürji hökümdarynyň gyzyna öýlenip, ýurdy gürji we başga talaňçylardan goramak isleýärdi. Abu Bekr ýurdy gylyç bilen däl-de, ujydy bilen goramak isledi. Bu wakadan soň gürjüler Genjä ýöriş etmeklerini bes etdiler.

Bu ýyl kazy Abu Hamyt Muhammet ibn Muhammet Mandaýy Wasyty wepat boldy.

Bu ýylyň Baýram aýynda Fahreddin Mübärekşa ibn Hasan Merwerudy wepat boldy. Ol arap we pars dillerinde erkin gürläp, goşgy ýazan adamdy. Gazna hökümdary oňa öz ýanynda uly öý gurup berdi. Bu öýüň içinde kitaphana, myhman otag we küşt oýnalýan otag bardy. Ylymly adamlar myhman otagda ylmy jedellere girerdiler. Ylymdan baş çykarmaýanlar bolsa küşt oýnardylar.

Bu ýylyň zülhijje aýynda halypa Nasyr Lidinilläniň ejesi Zümerret Hatynyň gurduran Nyzamyýa medresesiniň mugallymy Abu Hasan Aly ibn Aly ibn Sagada Faryky wepat boldy. Ol özüniň ylmy bilen ylym eýeleriniň arasynda uly abraý gazandy.

Bu ýyl Soltan metjidiniň ymamy metjidiň üçeginden gaçyp wepat boldy. Ol örän ybadathon adamdy.

Bu ýyl Bagdatda alym Efif Abu Mukarym Arafa ibn Aly Bendeniji wepat boldy. Goý, Alla olaryň ählisine rehim etsin.

## 603-NJI HIJRI ÝYLY
*( 08.08.1206 – 29.06.1207 ý.)*

## APBASYŇ BAMYÝANY EÝELEMEGI WE ONY DOGANYNA GAÝDYP BERMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylda Apbas Bamyýany eýeledi. Bamyýanlylar Düzden ýeňlip gelip, Alaeddiniň we Jelaleddiniň ýesir alnandygyny wezire habar berdiler. Wezir Sahyp ady bilen tanalýardy. Ol köp pul, altyn-kümüş we başga-da gymmatbahaly zatlary jemläp, Horezmşanyň ýanyna gidip, kömek sorap, Alaeddini we Jelaleddini halas etmekçi bolýardy. Sahyp Bamyýandan çykandan, Apbas gelip esgerleri bilen ýurdy eýeledi. Galadaky Alaeddiniň we Jelaleddiniň egindeşlerini çykaryp kowdy. Wezir Sahyp bu habary eşidip, yzyna dolanyp geldi we galany gabap aldy. Wezir uzak wagtlap galany gabawda saklady.

Jelaleddin Düzüň ýesirliginden boşandan, Bamyýanyň bir şäheri bolan Arsyfa geldi. Sahyp hem onuň ýanyna Arsyfe bardy. Olar goşulyşyp gala gaýdyp geldiler. Jelaleddin Apbasyň ýanyna ilçi ýollady. Apbas Jelaleddine: «Men Horezmşanyň seniň ýurduňy alaryndan gorkup, sen gelýänçäň gorap sakladym» diýdi. Soňra Bamyýany taşlap, öz ýurduna dolandy.

## HOREZMŞANYŇ TALYKANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Horezmşa Termezi alyp, hatalylara berenden soň, Meýhana we Anthoýa gitdi. Ol Gyýaseddin Mahmydyň Talykandaky naýyby emir Sunç Aşkara hat ýazyp, öz tarapyna geçmegini sorady. Emir Sunç muny kabul etmän, esgerleri bilen Horezmşanyň öňünden çykyp söweşmäge niýetlendi.

Horezmli esgerler görnende, Sunç Aşkar ýeke özi atlanyp, Horezmşa ýakynlaşdy. Ol ýaragyny taşlap, ýüzin ýykylyp, ýeri ogşady. Ol Horezmşadan özüniň günäsini geçmegini sorady. Horezmşa ony serhoşdyr öýtdi, emma ýagdaýy bilenden soňra, oňa käýedi we «Kim şunuň ýaly adama jan ynanyp biler» diýdi. Ol Talykandan köp olja alyp, oljalary Gyýaseddine iberdi. Soňra Talykanda öz emiriniň birini naýyp edip goýup, Kalwin galasyna gitdi. Horezmşa galanyň hökümdary Husameddin Aly ibn Abu Alynyň ýanyna ilçi gönderip, galany özüne bermegini emr etdi. Ol Horezmşa: «Men bir mamluk, bu gala bolsa meniň elimdäki amanat. Men ony diňe hak eýesine gowşurmaga borçludyryn» diýip jogap berdi. Bu sözler Horezmşanyň göwnünden turdy. Ol oňa öwgüler aýdyp, galany almak niýetinden el çekdi.

Horezmşa Talykandan Hyrada gitdi. Ol Hyradyň golaýyna baryp düşdi. Soňra ol Ibn Harmiliň esgerleri bilen Esfizara gitdi we olara boýun bolup, tabynlygyna girseler, aman berjegini aýtdy. Olar Horezmşanyň teklibini kabul etdiler. Soňra Horezmşa Sistanyň hökümdary Harb ibn Muhammedi öz tabynlygyna girizip, ýurtda adyna hutba okatmagy emr etdi. Ol Horezmşanyň emrine boýun boldy. Horezmşa Hyrada gelende, onuň ýanyna geçen ýyl Hyratdan çykarylan kazy geldi. Ibn Harmil Horezmşa: «Bu adam gurlulara meýil edýär, olaryň döwlet gurmagyny isleýär» diýdi. Horezmşa ony Zowzan galasyndaky zyndana oklatdy. Onuň ýerine Hyrada Sapa Abu Bekr ibn Muhammet Saragtyny kazy belledi.

## GYÝASEDDIN BILEN DÜZÜŇ WE AÝBEGIŇ ARASYNDAKY BOLAN ÝAGDAÝYŇ BEÝANY

Gyýaseddin Düzüň ýanyna ilçi iberdi we özüne hutba okatmagy talap edip, oňa: «Ýa-ha sen maňa hutba okat, ýa-da ýüregiňde näme bardygyny maňa aýan et» diýdi. Ilçi bu haty

Düze getirende, Düz hutba okaýany getirip, özüne hutba okatdy. Düz Gyýaseddine hat ýollap, oňa: «Sen nämä gaharlanýaň, seniň talap edýän hazynaňy biz mamluklar gylyçlarymyz bilen ýygnadyk. Sen ýanyňdaky adamlara köp ykta berdiň, emma bizi ýatdan çykardyň. Eger sen özüňe hutba okadyp, meniň ykrar etmegimi isleýän bolsaň, meni azat et» diýdi. Düzüň hatyny alyp, Gyýaseddin şaýat çagyryp, Täjeddin Düzi we hindi ýurtlaryndaky naýyby Kutbeddin Aýbegi mamluklykdan azat etdi. Olaryň her birine halat-serpaý, gymmatbahaly guşak, ýüz sany at, gylyç we iki sany täç iberdi. Düz hemme zady kabul edip, täji yzyna gaýtardy. Ol: «Biz guldurys, gula täç geýmek gelişmez» diýdi.

Kutbeddin Aýbeg Faraşburdady. Aýbegiň bu ýerleri eýelemegi bilen raýatlar talaňçylykdan halas boldular. Ol Gyýaseddiniň ilçisiniň gelýänini görüp, pyýadalap onuň öňünden çykdy. Ol ilçiniň atynyň yzyny ogşady. Iberilen lybasdyr, sowgatlary kabul edip, täji yzyna gaýtardy. Ol: «Azat edeni üçin, Alla ýalkasyn. Emma täji kabul edip biljek däl. Täç mamluklara mynasyp däldir» diýdi. Horezmşa Gyýaseddine hat ýazyp, özüniň Gazna hyýallanýandygyny we alynjak oljany özüne, Gyýaseddine we esgerlere paýlajakdygyny aýtdy. Gyýaseddin Horezmşanyň bu teklibini kabul etdi. Horezmşa Gyýaseddin bilen ylalaşandan soň Mazendaran hökümdarynyň öldi habaryny eşidip, Hyrada ondan hem Merwe gitdi.

Düz bu ylalaşyk hakynda eşidip, Tekýabaza gitdi we ol ýeri eýeledi. Soňra Busty we onuň töwereklerini basyp aldy. Ol Hyrada we Sistana gitmäge hyýallandy. Soňra Düz Jelaleddini ýesirlikden boşadyp, öz gyzyna öýerdi. Oňa köp halat-serpaý ýapdy we bäş müň atly bilen Aý Dokuz Basary Jelaleddiniň ýanyna goşup, Bamyýana ugratdy. Aý Dokuz Basar Jelaleddinden aýrylyp, Kabula gitdi. Ýolda oňa Kutbeddin Aýbegiň ilçisi duşdy. Ilçi Düzüň Gyýaseddine hutba okatman, özüne okadan-

dygyny Aý Dokuz Basara gürrüň berdi. Aý Dokuz Basar Düzüň garşysyna gitmegi ýüregine düwdi. Ol Gazna galasyny gabady. Galadakylar aman dilediler. Kazy ilatdan elli müň dinar ýygnap, Aý Dokuz Basara berdi. Aý Dokuz Basar Gyýaseddiniň adyna hutba okadyp, Düzüň adyna hutba okalmagyny gadagan etdi. Adamlaryň onuň bu eden işinden diýseň göwünleri hoş boldy. Düz bu habary eşidip, Gazna dolandy. Aý Dokuz Basar Gaznadan çykyp, gurlularyň ýurduna — Tamrana ugrady. Ol alan elli müň dinaryny Gyýaseddine iberdi. Gyýaseddin Aý Dokuz Basary mamluklykdan azat edip, oňa köp halat-serpaý ýapdy we iberen hazynasyny yzyna berip, raýatlara paýlamagy emr etdi. Gyýaseddin Busta gitdi we şol ýerde galdy we ol ýeriň ilatyna köp haýyr işler etdi.

## MAZENDARAN HÖKÜMDARYNIŇ WEPATYNYŇ BEÝANY

Bu ýylda Mazendaran hökümdary Husameddin Erdeşir wepat boldy. Onuň üç ogly bardy. Ulusy Mazendarana häkim bolup, ortanjy doganyny ýurtdan çykardy. Ol Gürgene — Horezmşa Muhammediň dogany Alyşanyň ýanyna gitdi. Ol agasynyň eden işini aýdyp, ondan özüne kömek bermegini sorady we Mazendarany eýelese, Horezmşanyň tabynlygyna girip, onuň adyna hutba okatjakdygyny aýtdy. Alyşa Horezmşa bilen maslahatlaşandan soň, Gürgenden Mazendarana ýola düşdi. Olar gelýänçä, Mazendaran hökümdary wepat bolup, onuň ýerini, hazynalaryny kiçi dogany eýeledi. Alyşa Mazendarany basyp aldy. Mazendaran hökümdary galalaryň birinde gizlendi. Alyşa Amul, Sariýa we başga birnäçe ýerleri basyp aldy. Alyşa Husameddiniň ogullarynyň ortanjysyny Mazendarana hökümdar belläp, yzyna dolandy. Ol söz berşi ýaly, Horezmşanyň

tabynlygyna girdi we onuň adyna hutba okatdy. Ol kiçi doganyny ýanyna çagyrdy. Emma ol öz galasyndan çykmady.

## GYÝASEDDIN KEÝHYSROWYŇ ANTAKYÝANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň meret aýynyň üçüne Konýa we Rum ýurtlarynyň hökümdary Gyýaseddin Keýhysrow deňiz kenaryndaky rumlulara degişli Antakyýa şäherini eýeledi.

Gyýaseddin Keýhysrow öň Antakyýany gabap, köp galadyr diňlerini ýumrupdy. Galadaky ýewropalylara kömek gelip, Gyýaseddin Keýhysrow Konýa dolanypdy. Ol Antakyýada esgerleriniň bir bölegini goýup, galadakylara azyk, ýarag gelýän ýoly saklamagy emr edipdi.

Bu ýylda musulmanlar bilen Antakyýadaky ýewropalylaryň arasynda çaknyşyk boldy. Ýewropalylar ýeňlip, galada gizlendiler. Musulmanlar Gyýaseddiniň gelmegini soradylar. Ol meret aýynyň ikisine esgerleri bilen gala geldi we galany gabady. Galadakylar boýun egip, galany Gyýaseddine berdiler. Ol galadaky ähli ýewropalylary gylyçdan geçirdi.

## BALBANYŇ BEKDEMIRIŇ OGLUNDAN AHLADY ALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylda Şahermen Sökmeniň mamlugy Balban esgerleri bilen Ahlada ýöriş etdi we ol ýeri Bekdemiriň oglundan basyp aldy. Ahladyň ýaşaýjylary Mardin hökümdary Nasyreddin Artyk ibn Ilgazy ibn Alpy ibn Demirdaş ibn Ilgazy ibn Artykdan kömek bermegini we onuň ýurda eýelik etmegini soradylar.

Munuň sebäbi Bekdemiriň ogly ýaşdy we döwlet işlerini dolandyryp bilenokdy. Ol emir Şujaeddin Gutlugy tussag etdi we öldürtdi. Ol Şahermeniň mamluklarynyň biridi we Bekde-

miriň oglunyň atabegidi. Bekdemiriň ogly humar oýnap, şerap içmek bilen meşgul bolýardy. Ol Şujaeddini öldürenden soň, esgerleri we raýatlar bilen sözi azaşdy. Olar Mardin hökümdary Nasyreddinden gelip, ýurda eýelik etmegini soradylar.

Harran hökümdary Mälik Eşrep Musa ibn Mälik Adyl Abu Bekr ibn Eýýup Nasyreddiniň Ahlada gitjegini eşidip, Nasyreddine: «Eger sen Ahlada gitseň, men seniň ýurduňa ýöriş ederin» diýip, hat ýollady. Mälik Eşrep Nasyreddin Ahlady eýelese, has güýçlenerinden gorkýardy. Nasyreddin Ahlada gidenden, Mälik Eşrep esgerleri bilen gelip, Mardini eýeledi. Ol köp mal-mülk olja alyp, yzyna dolandy.

Şahermeniň Balban diýen mamlugy bardy. Ol Mardin hökümdary Nasyreddiniň Ahlada tarap gaýdanyny eşidip, oňa: «Eger yzyňa gaýtmasaň, seni we seniň ýanyňdakylary çympytrak ederin» diýip hat ýollady. Nasyreddin esgeri az bolandan soň yzyna dolandy.

Balban esgerlerini jemläp, Ahlada geldi we ol ýeri gabady. Bekdemiriň oglunyň ýaşdygy we uruş tilsimlerini bilmeýändigi sebäpli, galadakylar boýun egmeli boldular. Balban Bekdemiriň ogluny tussag edip, galalaryň birindäki zyndana oklady. Soňra Maýýafarykyn hökümdary Nejmeddin Eýýup ibn Mälik Adyl Ahlada ýöriş etdi. Balban esgerleri bilen onuň öňünden çykdy we söweşdi. Söweşde Nejmeddin ýeňlip, diňe az sanly esgeri aman sypdy. Ol Maýýafarykyna dolandy.

## HALYPA ESGERLERI BILEN LURYSTAN HÖKÜMDARYNYŇ ARASYNDAKY ÇAKNYŞYGYŇ BEÝANY

Bu ýylyň oraza aýynda halypa Nasyr Lidinillä Huzystan hökümdary – Sanjar atly mamlygyny Lurystana ýörişe ugratdy. Ol Huzystan hökümdary Daştegin wepat bolandan soň höküm-

darlyga geldi. Lurystan Pars ýurtlary, Yspyhan we Huzystan aralygynda daglyk ýerde ýerleşýän ýurtdy.

Halypa Nasyr Lidinilläniň Gaşdemir atly edermen mamlugy bardy. Ol halypanyň weziri Nasyreddin Alawy Razy bilen oňuşman, halypanyň hyzmatyndan gitdi. Gaşdemir Lurystan hökümdary Abu Tahyra duşdy. Abu Tahyr oňa hormat-sylag etdi we gyzyna öýerdi. Soňra Abu Tahyr wepat bolup, hökümdarlyk Gaşdemiriň eline geçdi.

Halypa bu ýerlerden paç we esger kömegini alýardy. Halypanyň bu ýerdäki dikmesi – Huzystan hökümdary Sanjar Gaşdemirden esger kömegini soranda, Gaşdemir esger bermekden boýun gaçyrdy. Sanjar bilen Gaşdemiriň arasynda çaknyşyk bolup, Sanjar ýeňlişe sezewar boldy. Emma Sanjar şol töwereklerden, ýagny halypaň tabynlygyna girýän galadyr şäherlerden esger jemläp, ýene-de Gaşdemiriň garşysyna söweşmäge taýýarlyk gördi. Gaşdemir Yspyhan we Reý hökümdary Şemseddin Ydgamyşa we Pars ýurtlarynyň hökümdary Ibn Dakla hat ýollap ýardam sorady. Ol hatynda şeýle diýip ýazýar: «Halypaň esgerleriniň öňünde durmaga mejalym ýok. Megerem, olara Bagdatdan uly goşun ýardama gelen bolsa gerek. Eger olar bu gün meni ýeňseler, ertir siziň kasdyňyza çykarlar». Pars we Yspyhan hökümdarlary Gaşdemire ýardam berjekdigini aýtdylar.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylda halypanyň meşhur mamlugy Muzaffareddin Sungur esgerlerini ýanyna alyp, Bagdatdan Şama gitdi. Ol Mälik Adyl Abu Bekr ibn Eýýubyň ýanyna bardy. Mälik Adyl ony hormat bilen garşy alyp, ykta berdi. Ol bu ýerde 608-nji hijri ýylynyň dört tirkeşiginiň üçünji aýyna çenli boldy. Soňra halypadan yzyna gaýdyp barmaga rugsat sorady. Halypa oňa

rugsat berdi. Ol gaýdyp baranda, halypa ony hormat edip, ýanyna çagyrdy we oňa Kufany ykta berdi.

Bu ýylyň baýram aýynda Mosulda dil, nahuw we sarfyň ulamasy, dil biliminde öçmejek yz galdyran alym Abylharam Mekgi ibn Reýýan wepat boldy. Şol döwürde dil bilimi babatynda oňa taý gelýän ýokdy.

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynda Bagdatda Marystanda şahyr, edebiýatda öçmejek yz galdyran Abu Fadyl Abdylmungym wepat boldy. Goý,Alla olaryň ählisine rehim etsin!

## 604-NJI HIJRI ÝYLY

*( 28.07.1207 – 17.06.1208 ý.)*

## HOREZMŞANYŇ MAWERANNAHRY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Horezmşa hatalylar bilen söweşmek üçin, Jeýhun derýasyndan geçdi. Sebäbi hatalylar uzak wagtlardan bäri Türküstan ýurtlarynda ýaşaýardylar. Bu ýerlerden mal-mülk ýygnamak üçin, öz naýyplaryny bellärdiler. Olar Uzkent, Balasagun, Kaşgar taraplarda çadyr dikip ýaşaýardylar. Buharanyň we Samarkandyň hökümdary dindar adamdy. Onuň hanhanan lakamy bardy. Ol musulmanlaryň üstünden kapyrlaryň höküm sürmeginiň soňuna çykmak isläp, Horezmşa hat ýazdy. Ol hatynda: «Allatagala saňa uly goşun berip, musulman ýurtlaryny kapyrlardan halas etmegi wajyp etdi. Biz seniň bilen hatalylara garşy söweşmekçi we ýurdumda seniň adyňa hutba okatmakçy» diýip ýazdy. Horezmşa onuň diýenlerine razylyk berdi. Horezmşa Buharanyň we Samarkandyň hökümdaryna: «Men seniň wadaňda durjakdygyňa ynanmaýardy» diýip, jogap hatyny ýazdy.

Samarkandyň hökümdary Buharanyň we Samarkandyň iň tanymal adamlaryny Horezmşanyň ýanyna iberdi. Horezmşa olary girew hökmünde saklady. Hatalylar bularyň ylalaşygyny eşidip, olaryň üstüne goşun çekip geldiler. Olaryň arasynda örän köp çaknyşyklar boldy. Bu çaknyşyklarda kä musulmanlar, käte bolsa hatalylar ýeňdiler.

## IBN HARMILIŇ ÖLDÜRILMEGI WE HYRADYŇ GABALMAGYNYŇ BEÝANY

Ibn Harmil horezmli esgerleriň raýatlary talaýandygyny, ilata we Gyýaseddine köp azap berýändigini görüp, olary tussag etdi. Ol Horezmşa ýagdaýy düşündirip hem-de ondan ötünç sorap, ilçi iberdi. Ol Ibn Harmile esgeleriniň hatalylar bilen söweşmek üçin gerek boljagyny aýtdy we olary tussaglykdan boşatmagy buýurdy. Ol Hyrada Hamyň hökümdary Yzzeddin Jildek ibn Togruly iberdi we Ibn Harmili tussag etmegi buýurdy.

Jildek müň atly bilen ýola düşdi. Onuň kakasy Togrul Soltan Sanjaryň höküm süren wagtynda Hyradyň mütewellisidi. Jildek hem ol ýeri öz eline almagy arzuw edýärdi. Olar Hyrada golaý gelende, Ibn Harmil adamlara olary garşy almaga çykmagy buýurdy. Ibn Harmiliň weziri oňa galadan çykmazlygy maslahat berdi. Emma Ibn Harmil ony diňlemedi.

Ibn Harmil Jildegiň öňünden pyýada ýöräp çykdy. Jildegiň esgerleri Ibn Harmili tussag etdiler. Muny gören adamlar gaçyp, gala girdiler. Olar bolan ýagdaýy wezire habar berdiler. Wezir adamlara galanyň derwezelerini ýapyp, diwarlaryň üstüne çykmagy buýurdy. Jildek wezire özüne boýun bolup, Hyrady bermegini talap etdi. Wezir: «Bu ýeri saňa-da bermerin, Ibn Harmile-de. Hyrat Gyýaseddiniňki we ondan öň onuň kakasynyňkydy» diýip jogap berdi. Jildek eger ol boýun egmese, Ibn

Harmili öldürjekdigini aýtdy. Wezirden hiç hili jogap bolmady. Jildek Ibn Harmili galanyň diwarlarynyň aşagyna eltip öldürtdi. Hyrat birnäçe wagt gabawda saklandy.

Bu wagt Horezmşa hatalylar bilen söweşýärdi. Günleriň birinde hatalylar bilen Horezmşanyň arasyndaky bolan söweşde musulmanlar ýeňildi. Olardan köpüsi gyrlyp, galany hem ýesir düşüpdi. Horezmşa Mesut diýen emir bilen bilelikde bir adama ýesir düşdi. Horezmliler aralarynda soltanyň ýokdugyny diňe Horezme gelenden soň bildiler.

Nyşapuryň hökümdary Gyzlak han Horezmşanyň ýitdi habaryny eşidip, Horasany özi eýelemegi ýüregine düwdi. Horezmşanyň ýitdi habary dogany Alyşa hem baryp ýetdi. Ol şol wagt Tabarystandady. Alyşa doganynyň adyna okalýan hutbany ýatyryp, öz adyna hutba okatdy. Horasanyň işleri bulaşdy.

Horezmşa bilen emir Ibn Şyhabeddin Mesut ýesirlikdedi. Mesut akylly adamdy. Ol Horezmşa: «Seniň ýakyn günlerde soltanlygyňa barmagyň gerek. Eger halas bolasyň gelse, meniň hyzmatkärim bolarsyň» diýdi. Horezmşa Mesuda hormat edip başlady. Oňa naharyny alyp berýärdi. Eşiklerini, ädigini çykarmaga kömekleşýärdi, oňa hormat goýýardy. Olary ýesir alan adam Mesuda:

— Bu adam saňa hyzmat edýär we hormat goýýar. Sen kim bolarsyň — diýip sorady. Onda Mesut:

— Men ýurdumda tanymal we baý adamdym. Bu bolsa meniň gulum. Eger-de sen meni azat etseň, men saňa köp pul tölärdim — diýýär. Ýesir alan adam onuň diýeni bilen razylaşýar. Mesut oňa:

— Meniň gulumy pul getirmäge ýollaly. Ol meniň maşgalamyň ýaşaýan ýerini hem bilýär, oňa ynanarlar — diýýär. Ýesir alan adam Horezmşanyň ýanyna iki atlyny goşup goýberýär. Olar Horezmşany Horezme çenli getirip gidýärler. Onuň gelenini adamlar biri-birine buşlaýardylar. Ýurt begenip, depler

kakyldy. Horezmşa Gyzlak hanyň Nyşapurda we Alyşanyň Tabarystanda eden işlerini habar berdiler.

Horezmşa ýurduna baryp gowşandan soň, ony we Mesudy ýesir alan adam Mesuda:

— Öňürräk Horezmşa ýitdi diýýärdiler welin, indi ol ýurduna gaýdyp barypdyr — diýýär. Onda emir Mesut:

— Seniň ýesirligiňde bolan adam Horezmşanyň hut özüdi. Ony seniň özüň azat edip goýberdiň ahyryn — diýýär. Ol adam Mesuda:

— Wah, sen maňa onuň Horezmşadygyny aýdan bolsaň, meniň özüm ony ýurduna eltip gaýdardym — diýýär we Mesudy ýanyna alyp, Horezmşanyň ýanyna gelýär. Horezmşa ol adamy görenden, tagtyndan düşüp, ony garşy alýar. Ony birnäçe gün ýanynda myhman alyp, ýurduna gaýtmakçy bolanda, oňa örän köp baýlyk peşgeş berýär.

## HOREZMŞANYŇ HORASANDAKY EDEN IŞLERINIŇ BEÝANY

Horezmşa esgerlerini alyp, Horasana gitdi. Gyzlak han Horezmşanyň gelýändigini eşidip, Yraga gaçdy. Alyşa doganynyň gelýär habaryny eşidenden, Gyýaseddin Mahmydyň ýanyna gitdi. Ol oňa hormat goýdy we ýanynda galdyrdy.

Horezmşa Nyşapura baryp, öz naýybyny belledi. Soňra Hyrada gitdi. Ol Hyrada baryp, gabawy saklaýan esgerlere hoşallygyny bildirdi. Horezmşa weziriň boýun egip, şäheriň derwezesini açmagyny talap etdi. Wezir şäheri diňe Gyýaseddine berjekdigini aýtdy. Horezmşa gazaplanyp, esgerlerine gala hüjüm etmegi buýurdy. Horezmliler galanyň iki diňini ýumrup, şähere kürsäp girdiler. Olar weziri tutup, Horezmşanyň ýanyna eltdiler. Ol weziri öldürmegi buýurdy. Horezmşa Hyrady daýysy Emir Mälige berdi. Ol atly-abraýly emirlerdendi.

Ibn Şyhabeddin Mesut entegem ýesirlikde ýördi. Horezmşa ýurduna baryp gowuşandan soň, ony we Mesudy ýesir alan adam Mesuda:

— Öňräk Horezmşa ýitdi diýýärdiler welin, indi ol ýurduna gaýdyp barypdyr. Sen ol hakynda hiç zat eşitmediňmi? — diýip soraýär. Onda emir Mesut:

— Sen näme Horezmşany tanaňokmy? — diýip, onuň özüne sorag berýär. Ol adam:

— Ýok — diýip, jogap berýär. Ibn Şyhabeddin Mesut oňa:

— Seniň ýesirligiňde bolan adam Horezmşanyň hut özüdi. Ony seniň özüň azat edip goýberdiň ahyryn — diýýär. Ol adam Ibn Şyhabeddin Mesuda:

— Wah, sen maňa onuň Horezmşadygyny aýdan bolsaň, men oňa hyzmat ederdim we özüm ony ýurduna eltip gaýdardym — diýýär

Ibn Şyhabeddin Mesut oňa:

— Men oňa sizden zyýan ýeter öýdüp gorkdym — diýýär. Onda ol adam Ibn Şyhabeddin Mesuda:

— Bol, meni Horezmşanyň ýanyna alyp git — diýýär we Ibn Şyhabeddin Mesudy ýanyna alyp, Horezmşanyň ýanyna gidýär. Horezmşa ol adamy görenden, tagtyndan düşüp, ony garşy alýar. Horezmşa ony birnäçe gün ýanynda myhman alyp, soltanlara edilýän hyzmaty edýär we ol ýurduna gaýtmakçy bolanda, örän köp baýlyk peşgeş berýär.

## GYÝASEDDIN MAHMYDYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Horezmşa Hyrady alyp, ol ýeri Emir Mälige berenden soň, Firuzkuha gurlularyň we Firuzkuhyň hökümdary Gyýaseddin Mahmyt ibn Gyýaseddiniň üstüne ýöriş edip, Alyşany tussag etmegi buýurdy.

Emir Mälik Firuzkuha gitdi. Gyýaseddin onuň gelýänini eşidip, ilçi ýollap, aman diledi we onuň tabynlygyna girjekdigini aýtdy. Emir Mälik aman berdi. Gyýaseddin bilen Alyşa emir Mäligiň öňünden çykdylar. Emir Mälik olary tussag etdi we Horezmşa ýagdaýy habar berdi. Horezmşa olary öldürmegi emr etdi. Olaryň ikisi hem bir günde öldürildi. Şeýdip Horasanyň ähli ýeri Horezmşa degişli boldy.

Gyýaseddin gurlularyň iň soňky hökümdarydy. Gurlular döwleti iň köp gazat eden we iň adyl döwletdi. Gyýaseddin adyl, sahy, ýuka ýürekli, gowy häsiýetli adam hökmünde tanalýardy. Goý, Alla oňa rehim etsin!

## HOREZMŞA BILEN HATALYLARYŇ IKINJI GEZEK SÖWEŞMEGINIŇ BEÝANY

Horezmşa Horasandaky işlerinden dynandan soň, Jeýhun derýasyndan geçdi. Hatalylar uly goşun tutup, onuň üstüne gelýärdiler. Olaryň serkerdesine Taýnkuh diýýärdiler. Ol ýüz ýaşyndady. Örän köp söweşleri başdan geçiripdi we ýeňiji bolupdy. Ol akylly we söweş tilsimlerini gowy bilýän adamdy. Horezmliler bilen hatalylaryň arasynda aýylganç söweş bolup, hatalylar ýeňlişe sezewar boldular. Olardan öldürileniň we ýesir alnanyň sany-sajagy ýokdy. Ýesir düşenleriň içinde olaryň serkerdesi Taýnkuh hem bardy. Ony Horezmşanyň ýanyna eltdiler. Horezmşa oňa hormat goýup, oturan ýerinden ýer berdi. Soňra Horezme ugratdy. Horezmşa Mawerannahra ýöriş edip, ol ýerdäki şäherdir galalary ýeke-ýekeden Uzkent şäherine çenli basyp aldy. Ol Samarkandyň hökümdary bilen Horezme dolandy. Samarkandyň hökümdary nurana, görk-görmekli adamdy. Horezmiň adamlary ony synlamaga gelýärdiler. Horezmşa oňa gyzyny nikalap berdi. Soňra Samarkandyň hökümdary we onuň Horezmdäki emirleri yzyna dolandylar. Horezmşa olar bilen horezmli emirleri hem goşup iberdi.

## SAMARKANDYŇ HÖKÜMDARYNIŇ HOREZMLILERE DÖNÜKLIK ETMEGINIŇ BEÝANY

Samarkandyň hökümdary ýurduna gaýdyp gelenden soň, horezmlileriň özüni alyp barşyny görüp, olar bilen sataşanyna ökündi. Ol hatalylaryň şasyna hat ýazyp, eger olar gelseler Samarkandy olara berjekdigini, olaryň tabynlygyna gaýdyp barjagyny aýtdy. Soňra Samarkantda öňden ýaşaýan we täze gelen horezmlileri öldürmegi buýurdy. Samarkantlylar horezmlileri tutup, olary parça edip, bazarda satylýan et ýaly edip, asyp goýdular. Samarkandyň hökümdary aýalyny — Horezmşanyň gyzyny öldürmek üçin gala geldi. Aýaly galada gulplandy. Ol gapynyň agzynda garaşdy. Aýaly: «Men zenan we meniň ýaly aýaly öldürmek günädir. Seniň men hakynda pikir edýän zadyň meniň asyl zandymda ýok. Alladan gork» diýdi. Ol aýalyny öz gününi özi görersün diýip, taşlap gitdi.

Horezmşa bu habary eşidende, onuň üçin kyýamat gopdy. Gahar-gazaba münüp, esgerlerine ähli başga ýerlileri öldürmegi buýurdy, emma ejesi ony bu raýyndan gaýtardy. Ol esgerlerine taýýar durmagy buýrup, olary topar-topar edip Jeýhun derýasyndan geçirdi. Soňundan özi hem geçdi. Ol Samarkandyň hökümdaryna: «Sen hiç bir musulmanyň etmeýän işini etdiň. Akyly ýerindäki kapyr hem seniň ýaly günäsiz adamyň ganyna galmaz. Seniň eden işiňi Alla geçirsin. Ýurtdan çykyp, islän tarapyňa git» diýip, hat ýollady. Emma Samarkandyň hökümdary ýurtdan çykman, Samarkantda galdy.

Horezmşa esgerlerine Samarkandy güýç bilen almagy buýurdy. Emirler eger Samarkant alynsa, keseki ýurtlardan gelen täjirlere degmezligi Horezmşa maslahat berdiler. Samarkant güýç bilen basylyp alyndy. Horezmşa esgerlerine şäheri doly talamaga rugsat berdi. Olar üç günläp, samarkantlylary tutan ýerinde öldürdiler. Şäher jesetden doldy. Gan sil bolup

akdy. Aýdylyşyna görä, olar iki ýüz müň samarkantlyny öldüripdirler. Emma täjir söwdagärlere degmediler. Soňra Horezmşa Samarkant hökümdaryniň galasyna hüjüm hem-de adamlary talamagy bes etmegi buýurdy. Samarkandyň hökümdary aman diledi. Emma Horezmşa oňa: «Seniň ýalylara men aman beremok» diýip jogap berdi. Az wagtdan gala eýelenip, Samarkandyň hökümdary Horezmşanyň ýanyna getirildi. Ol ýer ogşady we günäsini geçmegini sorady. Horezmşa onuň günäsini geçmedi. Horezmşa ony we onuň ähli garyndaşlaryny, naýyplaryny ýok etmegi buýurdy. Samarkandyň hökümdaryny gynap öldürdiler. Onuň ýekeje garyndaşy hem aman sypmady.

## HATALYLARYŇ SOŇUNA ÇYKAN SÖWEŞIŇ BEÝANY

Horezmşa bilen söweşden soň hatalylaryň az sanly esgerleri Hata şasynyň ýanyna gaçyp bardylar. Olaryň serhedinde mongollaryň uly taýpasy ýaşaýardy. Olar bilen hatalylaryň arasynda köneden gelýän duşmançylyk bardy. Olar Horezmşanyň hatalylary ýeňendigini eşidip, hanlary Guşly han bilen hatalylaryň üstüne ýörişe ugrady. Hatalylaryň şasy howsala düşüp, kömek sorap, Horezmşa ýüz tutdy. Ol: «Men seniň biziň ýerlerimizi alanyňy we adamlarymyzy öldüreni bagyşlaýaryn. Biziň ýurdumyza garşysynda durup bolmajak duşman howp salýar. Ol biziň ýerimizi eýeländen soň, seniň ýurduňy hem aman goýmaz. Şonuň üçin sen esgerleriňi alyp, bize kömege gel. Eger biz ýeňsek, seniň bizden alan ýerleriňe dawa etmäli» diýip, hat ýollaýar. Guşly han hem Horezmşa: «Hatalylar seniň ata-baba duşmanyň. Sen bize kömek ber. Biz hem seniň ýurduňa ýöriş etmeris» diýip, hat ýazýar. Horezmşa olaryň ikisine-de ýardam etmäge söz berýär.

Horezmşa esgerleri bilen söweş meýdanyna bardy. Hatalylar hem mongollar hem Horezmşany öz tarapdary saýýardy. Söweş başlandan hataly esgerler duşmanyň öňünde ejiz gelýär. Bu ýagdaýy gören Horezmşa hatalylary gyryp ugraýar. Hatalylardan birnäçe esger we hökümdary gaçyp gutulýar. Horezmşa Guşly hanyň ýanyna baryp, özüniň oňa kömege gelendigini we hatalylaryň ýurduny paýlaşmalydygyny aýdýar. Onda Guşly han: «Meniň saňa gylyçdan başga berjek zadym ýok. Sen hatalylardan güýçli däl. Eger öňki alan ýerleriňe kanagat etmeseň, esgerlerimi seniň ýurduňa sürerin» diýdi.

Horezmşa hatalylaryň taşlap giden ýerlerini eýeledi. Guşly han Horezmşa: «Beýle etmek soltanlara gelişýän däldir. Seniň bu eden işiň ogrulara mahsusdyr. Sen özüňi soltan saýýan bolsaň, ýurdy söweş meýdanyna çykyp eýele. Ýa-ha sen meni ýeňip ýurdy al, ýa-da men seni ýeňip ýurdy eýeläýin» diýip hat ýollady. Emma Horezmşa oňa jogap bermedi.

Horezmşa mongollaryň çozmagyndan gorkup, şol döwrüň iň owadan şäherleri bolan Şaş, Fergana, Esfijap, Kagany ýumurmagy buýurdy. Çingiz hanyň Horezm ýurtlaryna ýöriş etmegine mongollaryň ilkinji hökümdary Guşly han sebäp bolupdy. Ol mongol esgerleriniň ýüreginde Horezmşanyň ýerlerini almak hyjuwyny döredipdi.

## NEJMEDDIN IBN MÄLIK ADYLYŇ AHLADY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylda Eýýup ibn Mälik Awhad Nejmeddin Mälik Adyl Abu Bekr ibn Eýýup Ahlat şäherini eýeledi.

Geçen gezek Mälik Nejmeddin Ahlada gelip, Balban bilen bolan söweşde ýeňlipdi. Ol öz kakasynyň beren ýeri Maýýafarykyna baryp, täzeden esger jemläp Ahlada dolandy. Ol Balba-

ny ýeňip, Ahlady eýeledi. Balban Arzyrum hökümdary Mugyseddin Togrulşa ibn Gylyç Arslana ýüz tutup, kömek sorady. Ol esgerleri bilen gelip, Nejmeddiniň goşununy kül-peýkun etdi. Nejmeddin Maýýafarykyna dolandy. Mugyseddin Togrulşa Ahlady özi almak üçin Balbany öldürdi. Ahladyň ýaşaýjylary oňa tabyn bolmadylar. Mugyseddin Togrulşa alaçsyz ýurduna dolanmaly boldy.

Ahladyň ilaty Nejmediniň ýanyna ilçi iberip, ýurda eýelik etmegini soradylar. Nejmeddin Ahlady eýeländen soň, ahlatly esgerleriň bir topary goşundan bölünip çykdylar. Olar Wan galasyny eýeläp, şol ýerden Nejmeddine garşylyk görkezdiler. Nejmeddin kakasy Mälik Adyla hat ýazyp, kömek sorady. Mälik Adyl ogly Mälik Eşrebi esgerleri bilen Nejmeddiniň ýanyna ýardam bermäge iberdi. Nejmeddin bilen Mälik Eşrebiň esgerleri birleşip, ahlatly esgerleriň gizlenen Wan galasyny gabadylar. Galadakylar güýçleriniň ejizdigi üçin, galadan çykyp, boýun egdiler. Nejmeddiniň Ahlady we onuň töweregindäki ýerleri eýeländigi ykrar edilenden soň, Harranyň we Ruhanyň hökümdary Mälik Eşrep öz ýurduna gaýtdy.

## AHLATDAKY PITNE WE ONDA KÖP ADAMYŇ GYRYLMAGYNYŇ BEÝANY

Ahladyň hökümdary Nejmeddin ibn Mälik Adyl ýagdaýy düzgünleşdirmek we işi ýola goýmak üçin Malazgirde gidende, Ahladyň ilaty ýurtda pitne turuzdylar. Olar Nejmeddiniň Ahlatdaky esgerlerini galadan çykardylar. Ahlatlylar ýurdy Şahermeniň garyndaşlarynyň ýa-da mamluklarynyň biriniň eýelemegini isleýärdiler.

Nejmeddin bu habary eşidip, derrew Ahlada dolanyp geldi. Jezireli esgerler hem onuň goşunyna birikdiler. Ahladyň ýaşaý-

jylarynyň ýarysy Nejmeddiniň tarapdarydy. Nejmeddin Ahlady eýeledi we pitneçilerden gazaply öç aldy. Örän köp adam gyryldy. Nejmeddin Ahladyň atly-abraýly adamlaryny tussag edip, Maýýafarykyna iberdi we olary beýlekilere göz edip, gynap öldürtdi. Halkyň gözi gorkdy. Ahlatda pitnäniň ady ýitdi.

## ABU BEKR IBN PÄLWANYŇ MARAGANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylda Alaeddin Gara Sungur wepat boldy. Onuň ogly ýaşdy. Döwlet işlerini Alaeddin Gara Sunguryň hyzmatkäri alyp bardy. Genjäniň hökümdary Nasyreddin Abu Bekr ibn Pälwan hyzmatkäre garşy çykdy. Hyzmatkär esgerleri emir Nasyreddiniň üstüne iberdi. Söweşde Nasyreddin ýeňlip, Alaeddiniň oglunyň häkimligi ykrar edildi. Emma köp wagt geçmänkä, Alaeddiniň ogly hem ýogaldy. Olaryň neslinden ýurda eýelik edere hiç kim galmady.

Nasyreddin Abu Bekr Maraga geldi we ol ýeri eýeledi. Gara Sunguryň döwletiniň ähli ýeri onuň elinde jemlendi.

## HALYPANYŇ WEZIRINIŇ WEZIPESINDEN BOŞADYLMAGYNIŇ BEÝANY

Halypanyň weziri Nasyreddin ibn Nasyr Mähdi Alawynyň asly Reýdendi. Ol halypa Mueýýideddin ibn Gassap wezirlik edýän döwründe Bagdada geldi. Nasyreddin halypanyň göwnünden turdy we halypa oňa weziriň naýyby wezipesini berdi. Soňra Nasyreddin wezirlik wezipesine bellendi.

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynyň ýigrimi ikisine wezir Nasyreddin wezipesinden boşadyldy. Onuň wezipesinden boşadylmagyna birnäçe sebäpli bardy. Wezir bilen tersleşip, ençeme meşhur mamluklar halypanyň hyzmatyny terk

etdiler. Halypa weziriň edermen mamluklary kowup, halypalyga göz dikýändigini güman etdi we weziri wezipesinden boşatdy. Adamlar onuň wezipeindn boşadylmagynyň başga sebäbi hem bar diýip çak edýärdiler. Emma anyk sebäbini bilýän ýokdy. Adamlar weziriň wezipesinden boşadylandygyny eşidip, örän begendiler, joşup, goşgy okadylar. Şahyrlardan biri şeýle ýazýar:

Wezirdir halypaň daýanç hasasy,
Halkyň howandary, diniň esasy.

Halka ýardam bermek parz işdir oňa,
Gerek halatynda gider ol jeňe.

Müşgül işimizi hiç bilmediň sen,
Gamly köňlümize bolmadyň hemdem.

Halypalyk däldir her kes nesibi,
Maslahat bermekdir weziriň kesbi.

Wezir wezipesinden boşadylandan soň halypanyň ýanyndan giden mamluklaryň ählisi diýen ýaly ýene-de halypanyň hyzmatyna gaýdyp geldiler.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň rejep aýynyň ýigrimi dördünde daňdan Mosulda ýer yranmasy boldy. Men [Ibn Esir] hem şol wagt Mosuldadym. Ýer yranmasynyň güýçli bolmandygy üçin jaýlara we galalara hiç hili zeper ýetmedi. Şol gije başga ýerlerde-de ýer yranmasynyň bolandygy hakyndaky habarlar gelip gowuşdy.

Ol ýerlerde-de ýer yranmasynyň güýji takmynan Mosuldaky ýaly bolupdyr.

Oraza aýynda halypa myhmanlar üçin öý bina etdirdi. Bu ýerde garyp-gasarlary naharlamagy buýurdy. Myhmanlar üçin öýde iki wagtyna nahar berilýärdi.

Bu ýyl Dejle derýasy joşup, Bagdada gark bolmak howpy abandy. Galanyň daşynda gazylan garymlar suwdan doldy. Halypa şäheri suw basmaz ýaly täze garymlar gazmagy buýurdy. Garymyň gazylmagyna weziriň naýyby Fahreddin bilen Yzzeddin Şeraby gözegçilik etdiler.

Bu ýyl Mosulda Russafa metjidiniň ymamy, hadysçy alym Hanbal ibn Abdylla ibn Ferej aradan çykdy. Ol Ahmet ibn Hanbaldan birnäçe hadys rowaýat etdi. Goý, Alla oňa rehim etsin!

## 605-NJI HIJRI ÝYLY
*( 16.07.1208 – 06.06.1209 ý.)*

## SANJAR ŞANYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ WE ONUŇ ÝERINI OGLUNYŇ EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylda Ibn Omar adasynyň hökümdary Sanjar şa ibn Gazy ibn Mewdut ibn Zeňňi ibn Aksungur öldürildi. Ony geň ýollar we mekirlik bilen ogly Gazy öldürdi.

Sanjar şany raýatlary, esgerleri, hatda ogullary hem ýigrenýärdiler. Ol ogullary Mahmydy we Mewdudy Zowzandaky galalaryň birine ugratdy. Kiçi ogly Gazyny bir öýe gabap, daşa çykmaz ýaly goragçy goýýardy.

Gazy kakasynyň gyrnaklarynyň ýanyna baryp, olaryňkyda bolýardy. Bir gün Sanjar şa egindeşleri bilen şerap içdi we aýdymçylara aýralyk hakynda aýdym aýtmagy buýurdy. Ol aglap, özüniň ölüminiň ýakynlaşandygyny aýdýardy. Sanjar şa

gijäniň bir mahaly serhoş ýagdaýda gyrnaklarynyň biriniňkä geldi. Ol ýerde ogly Gazy hem bardy. Ol kakasynyň jaýyna girip, ony ýigrimi dört gezek pyçak bilen urdy we onuň damagyny çaldy. Soňra ol hiç zat bolmadyk ýaly kakasynyň gyrnagynyň ýanyna dolanyp geldi.

Döwletiň tanymal adamlary Sanjar şany Gazynyň öldürendigini bilip, ony bir jaýda gabap goýdular. Soňra Sanjar şanyň uly ogly Mahmyda habar etdiler. Mahmyt bilen Mewdut bu habara örän şat boldular. Adamlar Gazynyň oturan jaýyna geldiler. Ol garşylyk görkezdi. Gazyny öldürip, jaýyň gapysyndan çykaryp zyňdylar. Onuň jesedini itler iýdi, soň galanyny jaýladylar.

Ýurda Mahmyt geldi we häkimlige eýe boldy. Soňra kakasynyň gyrnaklarynyň köpüsini derýa gark etdi.

Sanjar şa örän zalym, ýaramaz häsiýetli, raýatynyň hal-ýagdaýyna seretmeýän, öldürmekden we hyýanat etmekden gaýtmaýan erbet adamdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Nyşapurda we Horasanda güýçli ýer yranmasy boldy, esasan hem Nyşapurda güýçli boldy. Köp ymaratlar harap bolup, adamlar birnäçe gün çölde ýaşadylar. Soňra yzyna dolanyp geldiler.

Sapar aýynda asly wasytly bolan dilçi alym Musaddyk ibn Şebib Nahawy aradan çykdy.

Meret aýynda kazy, hadys alymy Muhammet ibn Ahmet ibn Mendaýy Wasyty ýogaldy. Ol Ahmet ibn Hanbaldan hadys rowaýat eden iň soňky adamdyr. Goý, Alla olaryň ählisine rehim etsin!

# 606-NJY HIJRI ÝYLY
*( 1209 – 1210 ý.)*

## MÄLIK ADYLYŇ HABUR WE NASIBINI EÝELEMEGINIŇ, SANJARY GABAWA SALMAGYNYŇ HEM-DE NUREDDIN ARSLAN ŞA BILEN MUZAFFEREDDINIŇ YLALAŞMAGYNYŇ BEÝANY.

Bu ýylda Mälik Adyl Abu Bekr ibn Eýýup Habury we Nasibini eýeledi. Soňra Sanjary gabady.

Mälik Adyl bilen Mosulyň hökümdary Nureddin Arslan şa ibn Mesut ibn Mewdudyň döwletleriniň arasynda Kutbeddin Muhammet ibn Zeňňi Mewdudyň hökümdarlyk edýän ýeri bardy. Mälik Adylyň ogly Nejmeddiniň gyzyny alandan soň, Mälik Adyl bilen Nureddin Kutbeddiniň ýurduny we Sanjar şanyň oglunyň ýurdy Ibn Omar adasyny basyp almaga hyýallandylar. Ylalaşyk boýunça Ibn Omar adasy we onuň töwerekleri Nureddine, Kutbeddiniň ýurdy bolsa Mälik Adyla geçmelidi.

Mälik Adyl bu teklibe derrew razy boldy. Bu ýurtlar alynsa, Mälik Adyla Mosula ýöriş etmäge hiç bir zat päsgel berenokdy. Mälik Adyl alan ýurtlaryny ogluna, ýagny Nureddiniň giýewisine berse, Nureddin ony Mosula ýakyn ýerde öz hyzmatynda bolar ýaly etmekçidi.

Mälik Adyl esgerleri bilen Damaskdan ýörişe çykyp, Habury we Nasibini eýeledi. Ol ýerden Sanjara gidip, ol ýeri gabawa saldy. Erbiliň hökümdary Muzaffareddin Gökböri Mosula, Nureddiniň ýanyna geldi we Halap hökümdary Mälik Zahyr Gazy ibn Salaheddine we Rum ýurtlarynyň hökümdary Keýhysrow ibn Gylyç Arslana çapar ýollap, maslahata çagyrdylar. Olar Sanjary gorap saklamagy, Mälik Adyla ýaraşyk teklip etmegi, eger kabul etmese, Mälik Adylyň ýurduna ýöriş etmegi maslahatlaşdylar. Olar halypa Nasyr Lidinillä Mälik Adylyň ýanyna

ilçi iberip, oňa ýaraşyk teklip etmegini soradylar. Halypa Hibatulla ibn Mübäregi we emir Akbaşy ilçi edip, Mälik Adylyň ýanyna iberdi. Olar Mälik Adylyň ýanyna baryp, ýaraşyk teklip etdiler. Mälik Adyl barybir maksadyna ýetip bilmejekdigine gözi ýetip, ýaraşygy kabul etdi. Ylalaşyga görä Mälik Adylyň alan ýerleri özünde galyp, Sanjar öňki hökümdaryna degişli edildi. Mälik Adyl Sanjardan Harrana gaýtdy. Hökümdarlaryň her haýsy öz ýurduna dolandy. Erbil hökümdary Muzaffareddin Gökböri Mosulda bolan wagty iki gyzyny Nureddiniň ogullary Yzzeddin Mesuda we Ymameddin Zeňňä durmuşa çykardy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Fahreddin weziriň naýyby wezipesinden boşadyldy. Onuň ýerine Mekineddin Muhammet ibn Muhammet ibn Baraz Kumy bellendi we oňa Mueýýideddin lakamy berildi.

Baýram aýynda şapygy mezhebiniň ulamasy, Nyzamyýa medresesiniň mugallymy Mejideddin Ýahýa ibn Rabyga aradan çykdy.

Bu ýyl dilçi alym Mejit Matruzy Nahawy Horezmi hem ýogaldy. Ol dil ylmy babatynda birnäçe kitaplar ýazypdy.

Bu ýyl hadysçy alym Mueýýit ibn Abdyrahym aradan çykdy. Goý, Alla olaryň ählisine rehim etsin!

## 607-NJI HIJRI ÝYLY
*(1210 – 1211 ý.)*

## HALYPANYŇ MAMLUGY – HUZYSTANYŇ HÖKÜMDARY SANJARYŇ HALYPANYŇ TABYNLYGYNDAN ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Halypa Nasyr Lidinillä Daştegin wepat bolandan soň mamlugy Kutbeddin Sanjary Huzystana hökümdar belledi. 606-njy

hijri ýylynda Sanjar halypanyň tabynlygyndan çykdy. Bu ýylyň dört tirkeşigininiň birinji aýynda halypa weziri Mueýýideddini ýanyna çagyryp, esgerlere baş bolup, Huzystana gitmegi buýurdy. Wezir uly goşuna baş bolup, Huzystana tarap ýola düşdi. Sanjar halypanyň esgerleriniň Huzystana tarap gaýdandygyny eşidip, Huzystany taşlap, Şiraza gitdi. Şiraz hökümdary Sanjara uly hormat-sylag etdi.

Halypanyň esgerleri hiç hili garşylyksyz Huzystana girdiler. Olar Şiraza ilçi iberip, Sanjara yzyna dolanmagy teklip etdiler. Emma Sanjar Huzystana gaýdyp barmakdan ýüz dönderdi. Halypanyň weziri esgerleri bilen Arrajana bardylar we Şiraza ýöriş etmäge taýýarlandylar. Wezir Şirazyň hökümdaryna çapar ýolap, Sanjary bermegini talap etdi. Emma Şirazyň hökümdary onuň teklibinden ýüz dönderdi. Wezir Şiraza ýörişe hyýallanan wagty gar ýagyp, ýol geçmesi kynlaşdy. Baýram aýy ýetip geldi. Şirazyň hökümdary halypanyň weziriniň Sanjary alman gitmejegine göz ýetirip, Sanjary, onuň maşgalasyny we ähli baýlygyny wezire gowşurdy. Wezir halypanyň Ýakut atly mamlugyny Huzystana hökümdar belläp, Sanjary ýanyna alyp, Bagdada dolandy. Wezir Bagdada girende, adamlar ony uly şatlyk bilen garşy aldylar. Sanjary eli-aýagy zynjyrly gatyra ters mündürilen halda getirdiler. Sanjar we onuň esgerleri zyndana oklandy. Sapar aýy ýetip geldi. Wezir öýünde emirleri we ýurduň tanymal adamlaryny jemläp, mejlis gurady. Ol Sanjary zyndandan getirtdi. Wezir: «Eý halaýyk! Syýasat inçe ýoldyr. Bu ýolda sähel ýalňyşlyk ýoluňy ýitirmäge, uly ýazyklyga getirip biler. Şol sebäpli syýasatda iň ýagşysy hökümdara tabyn bolmakdyr. Sanjar şol ýoluny ýitirdi, hökümdaryň garşysyna gitdi. Emma halypa onuň günäsini geçip, oňa azatlyk bagyş etdi» diýýär we Sanjara halat-serpaý ýapyp, tussaglukdan boşatdy. Adamlar bolup geçýän zatlara haýran galdylar.

Sanjar mal-mülküniň talanandygyny görüp, wezirden mal-mülküni talap etdi. Ol Sanjara ýitiren baýlygynyň ýarysyny gaýdyp berdi.

## NUREDDIN ARSLANŞANYŇ ARADAN ÇYKMAGY WE ONUŇ ÖMÜR BEÝANY

Bu ýylyň rejep aýynyň ahyrlarynda Mosulyň hökümdary Nureddin Arslanşa ibn Mesut ibn Mewdut ibn Zeňňi ibn Aksungur wepat boldy.

Onuň keseli uzaga çekdi. Hereket etmäge mejaly galmandy. Ol on ýedi ýyl on bir aý hökümdarlyk etdi. Ol edermen, batyr, syýasatçy, raýatlary bilen gowy aragatnaşykda bolup, emirlerini gaty tutýan adamdy. Ol Atabegler öýüniň ähli hökündarlary tarapyndan hormatlanýardy. Hökümdarlaryň köpüsi ondan gorkýardylar. Ýöriş edende sabyrsyzdy. Şonuň üçin maksadyna ýetip bilmän, hökümdarlyk edýän ýeri giňelenokdy. Basyp alan ýerini hem şol ýeriň hökümdaryne degişli edýärdi.

Nureddiniň eden haýyr-yhsan işleri kändir. Bir gezek bir täjir Nureddiniň ýanyna gelýär. Nureddin onuň bilen hal-ahwal soraşýar welin, ol täjir:

— Men söwda etmek üçin mata getirdim. Emma söwdam bolman, harydymy alyp, ýurduma gitmekçi boldum welin harydyma uly salgyt saldylar — diýýär. Bazara gözegçilik edýän Mujahydeddin Gaýmazdy. Nureddin Mujahydeddini çagyryp:

— Satylmadyk harytdan salgyt alynýanmydyr» diýende Mujahydeddin:

— Ol öňden gelýän däp bolandan soň bizem alaýas — diýýär. Onda Nureddin:

— Adyl höküm sürmek üçin däpden ýüz öwürmek aýyp däldir — diýýär we satylmadyk harytdan salgyt almagy gada-

gan edýär. Onuň eden haýyr-yhsan işleriniň sany-sajagy ýokdur. Goý, Alla oňa rehim etsin!

## MÄLIK KAHYRYŇ MOSUL HÖKÜMDARLYGYNA YKRAR EDILMEGINIŇ BEÝANY

Nureddin ölüminiň ýakynlaşýandygyny duýup, emirlerdir esgerlerini jemläp, ýurdy dolandyrmagy ogly Mälik Kahyr Yzzeddin Mesuda wesýet etdi. Ýurduň tanymal adamlary we esgerleri oňa boýun bolmaga äht etdiler. Kiçi ogly Ymadeddin Zeňňä Akr we Şuş galasyny wesýet etdi we ony Akr galasyna ugratdy. Ol ikisiniň ýaşdygy, entek akylynyň goýalyşmandygy sebäpli döwleti dolandyrmagy we goramagy emir Bedreddin Luluwa ynandy. Bedreddin Lulu akylly-başly, syýasatçy we döwlet işlerinden ýagşy baş çykarýan adamdy. Mälik Kahyr Mosula hökümdar bellenende, on ýaşyndady.

Nureddin keseliniň güýjeýändygyni duýup, ol ýerde rahatlyk taparyn öýdüp, Aýnyl Kaýýara diýen ada gitdi. Ol Mosula ýakyn ýerde ýerleşen, bagy-bossanly, owadan ýerdi. Emma bu ýerde-de köňli aram tapmady. Bedreddin Lulu Nureddini göterip, gämä mündürdi we Mosula alyp gaýtdy. Nureddin Mosula ýetmän, ýolda wepat boldy. Gämide Bedreddin Luludan başga iki mamluk, tebipler we deňizçiler bardy. Emma olar bilen Nureddiniň arasynda tuty bolandygy üçin, olar bolup geçýän zatlardan habarsyzdylar. Bedreddin Lulu deňizçilere we tebiplere: «Gaty ses etmäň, Mosul hökümdary ýaňyja uka gitdi» diýýär. Gämi Mosula gelende Bedreddin deňizçiler we tebipler Nureddini görmez ýaly, olary gämiden düşürip goýberýär. Soňra ol we iki mamluk Nureddini göterip, getirip ýatýan otagyna saldylar. Bedreddin Lulu Nureddiniň ölümini gizlin ýagdaýda saklady we döwlet işleri bilen meşgul boldy. Haçanda ähli işlerini biryanly edenden soň, ikindin wagtlary döwletiň emirleri-

dir tanymal adamlaryny jemläp, Nureddiniň ýogalandygyny aýan etdi. Nureddin gijäniň içinde köşgüniň garşysynda bina etdiren medresesinde depin edildi. Mosulyň raýatlary Nureddiniň wepat bolandygyny eşidip, dady-perýat etdiler. Mosulda birnäçe günläp agy sesi ýatmady. Mälik Kahyr Mosula hökümdar bolsa-da, döwlet işlerini Bedreddin Lulu dolandyrýardy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynda Tikrit kazysy Abu Zekeriýýa Ýahýa ibn Kasym Bagdatdaky Nyzamyýa medresesinde ders berip başlady.

Ýyl ygally bolup, Dejle derýasy joşdy. Bagdady suw basyp, köçeler bäş zyrag suwyň aşagynda galdy. Halypa ähli raýatlaryny bent gurmaga we garym gazmaga ýollady. Adamlar gysga wagtyň içinde Dejle derýasyny Bagdadyň daşyndan aýlap geçirdiler. Bu öň görlüp-eşdilmedik wakady.

Bu ýyl Huzystanyň hökümdary Mujahydeddin Ýakutyň ogly Alaeddin Muhammet haj emiri hökmünde hajylar bilen haja gidip geldi. Bu wezipäni öň onuň kakasy Mujahydeddin alyp barýardy. Halypa ony Huzystana hökümdar belläp, bu wezipäni onuň ogly Alaeddine beripdi.

Dört tirkeşigiň dördünji aýynyň ýigrimisinde alymlaryň alymy, sopy Zyýaeddin Abu Ahmet Abdylwahhap ibn Aly ibn Abdylla Bagdady ýogaldy. Ol hadys, fykh we başga-da birnäçe ylymlardan baş çykarýan, haýyr-yhsan edýän, örän ybadathon adamdy.

Bu ýyl hadysçy alym Abu Hafs Omar ibn Muhammet ibn Mugtamyr ibn Tebrezud hem Bagdady aradan çykdy. Goý, Alla olaryň ählisine rehim etsin!

## 608-NJI HIJRI ÝYLY
*( 15.06.1211 – 05.05.1212 ý.)*

## MEŇLINIŇ JEBEL BILEN YSPYHANY EÝELEMEGINIŇ HEM-DE YDGAMYŞYŇ GAÇMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň meret aýynda Hemedanyň, Yspyhanyň, Reýiň hökümdary Ydgamyş Meňliden gaçyp, Yraga gitdi.

Ydgamyş bu ýerlerde mekan tutupdy we abraýy artypdy, esgeri köpelipdi. Bu ýyl Meňli diýilýän mamluk onuň garşysyna çykdy. Onuň esgerleri köpeldi we Pälwanyň mamluklary onuň tabynlygyna girdi. Şemseddin Ydgamyş ondan gaçyp, Bagdada gitdi. Halypa ony hormat bilen garşy aldy. Bagdadyň ähli ýaşaýjylary ony garşy almaga çykdy. Bu gün ýatdan çykmajak gün boldy. Soňra oraza aýynda Ydgamyşyň aýaly hem Bagdada geldi. Ol hormat bilen garşy alyndy we adamsynyň ýanynda galdyryldy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl haja giden adamlar Mina dagynyň eteginde mekgeliler tarapyndan talandy. Haj emiri, Huzystan hökümdarynyň ogly Alaeddin ýaşdygy we tejribesiniň ýokdygy sebäpli, talaňçylara hiç hili garşylyk görkezip bilmedi. Talaňçylar hajylary nähili isleseler, şol hili edibem taladylar. Kimiň diňe ulagyny elinden alsalar, kimiň goşuny taladylar. Birnäçeleriniň bolsa ulagy hem goş-golamy talandy. Adamlar her halda-da yzynalaryna hajy tamamlap gaýtmagy ýüreklerine düwdüler. Olar hajyň parzlaryny doly ýerine ýetirip, yzlaryna dolandylar.

Mekgäniň hökümdary Kytada birnäçe emirlerine ogluny baş edip, Bagdada ugratdy. Olar Bagdada girenlerinde, gylyçla-

ryny boýunlaryndan asyp girdiler. Olar ýeke-ýekeden Bagdadyň derwezesiniň bosagasyny ogşadylar we halypanyň ýanyna baryp, hajylar bilen bolup geçen waka üçin ötünç soradylar.

Dört tirkeşigiň dördünji aýynda Mosulda şapygy mezhebiniň ulamasy Abu Hamyt Muhammet ibn Ýunus aradan çykdy. Ol şapygy mezhebiniň esasy ýolbaşçylarynyň biridi.

Dört tirkeşigiň birinji aýynda Amyt we Wasytyň kazysy Abu Fazyl Aly ibn Ýusup ibn Ahmet Amydy Wasyty ýogaldy. Ol ýumşak häsiýetli adamlaryň biridi.

Meret aýynda Bagdatda meniň dostlarymyň biri Mugyn Abylfath Abdylwahyt ibn Abu Ahmet ibn Aly Emin wepat boldy. Men onuň bilen örän köp gürrüňdeş bolup, ylmy jedellere giripdim. Ol fykh, hadys ylymlaryndan, şygyrdan ýagşy baş çykarardy.

Gurban aýynda Nyşapurly alym, fakyh, kätip we hatdat Muhammet ibn Ýusup ibn Muhammet Ibn Ubeýdylla Nişapury hem aradan çykdy. Goý, Alla olaryň ählisine rehim etsin!

## 609-NJY HIJRI ÝYLY
*( 03.06.1212 – 24.04.1213 ý.)*

## IBN MEŇLINIŇ BAGDADA GELMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda Jebel ýurdunyň mütewellisi Muhammet ibn Meňli Bagdada geldi. Meňli Ydgamyş Bagdada gidenden soňra, halypanyň oňa kömek bererinden gorkup, ogluny esgerleri bilen onuň yzyndan iberdi. Bagdadyň ýaşaýjylary olary garşy aldylar. Halypa olara halat ýapdy. Ol tä Ydgamyşy öldürýänçä, Bagdatda boldy. Soňra halypa ony kakasynyň ýanyna ugratdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Mälik Adyl Müsür diýarynyň birnäçe ýerleri ykta berlen Usama atly bir adamy tussag edip, oňa degişli bolan ähli ýerleri elinden aldy. Köwkep galasy hem Usama degişlidi. Mälik Adyl Köwkep galasyny hem Usamadan aldy we ol ýeri ýumurmagy buýurdy. Galadan nam-nyşan galmady. Soňra Akkanyň golaýynda, dagyň üstünde gala gurdurdy. Oňa Tur diýip at goýdy. Gala köp ýarag, azyk we esger eltdirdi.

Bu ýyl fakyh Muhammet ibn Ysmaýyl ibn Abusaýf Ýemeni aradan çykdy. Goý, Alla oňa rehim etsin!

## 610-NJY HIJRI ÝYLY

*( 25.03.1213 – 13.04.1214 ý.)*

## YDGAMYŞYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda Bagdatda Hemedanyň hökümdary Şemseddin Ydgamyş Muhammet ibn Meňli tarapyndan öldürildi. Öň ýatlap geçişimiz ýaly, 608-nji hijri ýylynda Ydgamyş Bagdada gelipdi. Halypa Ydgamyşy hormat bilen garşy aldy we oňa halat-serpaý ýapdy. Soňra Ydgamyş esgerlerini alyp, Süleýman ibn Tarjamyň ýurduna gitdi. Ibn Tarjam eýwany türkmenleri bilen ýakyn gatnaşyk saklaýardy. Halypa bu gatnaşygyň özüne zeper ýetirerinden gorkup, Ibn Tarjamy häkimlikden boşadyp, ýerine onuň doganyny belledi. Süleýman ibn Tarjam Meňliniň üstüne çapar ýollap, Ydgamyşyň nirededigini aýtdy we ýanyna birnäçe esgerini alyp, Ydgamyşyň ýanyna gitdi. Ol Ydgamyşyň kellesini alyp, Meňlä getirip berdi. Ydgamyşyň esgerleri dogan-dogandan geçip, duw-dagyn boldular. Meňli Süleýman ibn Tarjama köp halat-serpaý ýapdy.

Halypa Meňliniň eden bu işine oňlaman, ondan närazy boldy. Meňli halypa berk we ýerlikli jogap berdi. Bu wakadan soň Meňliniň abraýy ýokary galyp, esgeri köpeldi. Alla ýol berse, Meňli bilen baglanyşykly beýleki wakalary ýeri gelende, ýatlap geçerin.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl haj emiri Ýakuta derek Abu Firas ibn Japar ibn Firas Hylly hajylar bilen Mekgä gitdi. Ýakutyň ogly geçen ýylky waka sebäpli bu wezipeden boşadyldy.

Aşyr aýynda Hekim Muhazzap Aly ibn Ahmet ibn Habl wepat boldy. Ol öz döwrüniň iň ökde tebipleriniň biridi. Ol Mosulda doglup, şol ýerdede düýäden ötdi. Onuň tebipçilige degişli birnäçe kitaplary galdy.

Bu ýyl Bagdatdaky Abu Hanyfa medresesiniň mugallymy, fakyh Zyýa Ahmet ibn Mesut Türküstany aradan çykdy.

Dört tirkeşigiň dördünji aýynda halypa Nasyr Lidinilläniň öňki weziri Mugyzeddin Abu Magany Sagt ibn Aly ýogaldy. Ol Kufada möminleriň emiri Alynyň mazarynyň ýanynda jaýlandy.

## 611-NJI HIJRI ÝYLY
*( 1214-1215 ý.)*

## HOREZMŞA ALAEDDINIŇ KERMANY, MUKRANY WE SINDI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu wakanyň şu ýyl bolandygy ýa-da geçen ýyl bolandygy anyk ýadyma düşenok. Maňa bu wakany mosully esger gürrüň berdi. Ol birnäçe ýyl şol ýerlerde ýaşap, soňra emir Abu Bekr bilen Kerman söweşine gatnaşyp, ýurduna gaýdyp geldi.

Bu ýylda Horezmşa ähli emirlerini jemläp, maslahat etdi. Ol emir Abu Bekr Täjeddini ähli emirleinden zyýada görýärdi. Köp döwlet işlerini oňa ynanýardy.

Bu emir Horezmşanyň iň sylanýan we ynamdar emirleriniň biridi. Horezmşa oňa Zowzan şäheriniň işini dolandyrmagy ynandy. Ol akylly, edermen, batyr adamdy. Ol bir gün Horezmşanyň ýanyna gelip: «Kerman meniň ýurdumyň golaýynda ýerleşýär. Eger soltan maňa esger berse, çalt Kermany eýelärdim» diýdi. Horezmşa oňa köp esger berdi. Ol Horezmli esgerler bilen Kermana ýörişe gitdi. Ol ýeriň hökümdary Harb ibn Muhammet Soltan Sanjaryň döwründen bäri Sistanda hökümdarydy. Onuň güýji ejiz geldi. Emir Kermany çalt eýeledi. Soňra Makran tarapa gitdi we Sinde çenli aralygy eýeledi. Ol ýerden deňziň kenarynda ýerleşýän Hurmuz şäherine gitdi. Bu şäheriň hökümdary emire boýun boldy we ýurtda Horezmşanyň adyna hutba okatdyrdy. Ol ýerden köp baýlyk aldy. Baklahadyň we Omanyň birnäçe ýerlerinde hem Horezimşasynyň adyna hutba aýdyldy. Sebäbi olar Hurmuz şäheriniň hökümdarynyň tabynlygyndaky ýerlerdi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Şyhabeddin Gurlynyň we Täjeddin Düzüň weziri Mueýýidilmülk öldürildi. Ol ýagşy gylyk-häsiýetli, adalatly alymlara ýakyndan ýardam beren kişileriň biridi.

Täjeddin Düzüň käbir serkerdeleri weziri halanokdylar. Täjeddin Düz weziri ýanyndan goýmazdy. Bir gezek Düz bir ýere gidende Düzüň serkerdeleri weziriň ýanyna baryp: «Düz bize seni getirmegi buýurdy» diýýärler. Wezir olaryň sözüne ynanyp, ýeke özi olar bilen gidýär. Nahawendiň ýanyna baranda, olar weziri öldürip, özleri dumly-duşa gaçyp gitdiler. Ho-

rezmşa Muhammet ibn Tekeş hem bu weziri gowy görýärdi. Ol weziri öldürenleri tapdyryp, ählisini gylyçdan geçirtdi.

Bu ýyl Bagdatda dindar, fakyh, dilçi Abu Apbas Ahmet ibn Hibatulla ibn Yla aradan çykdy.

Bu ýylda wagyzçy Abu Muzaffar Muhammet ibn Aly Lury hem ýogaldy.

Baýram aýynda bolsa hadysçy alym Abdyleziz ibn Mahmyt ibn Ahdar dünýäden ötdi.

## 612-NJI HIJRI ÝYLY

*( 02.05.1215 – 22.03.1216 ý.)*

## MEŇLINIŇ DÜNÝÄDEN ÖTMEGINIŇ WE ONUŇ ÝERINI AGLAMYŞYŇ EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň üçünji aýynda halypa Yspyhan, Hemedan, Reý şäherleriniň hökümdary Meňliniň üstüne esgerlerini ýörişe iberdi.

Halypa Genjäniň hökümdary Uzbeg ibn Pälwan we ysmaýylylaryň serkerdesi Jelaleddin Ysmaýyly bilen dil birikdirip Meňliniň üstüne ýöriş etmegi ylalaşdy. Meňli ýeňilse oňa degişi ýerleriň bir bölegi halypa, ýene biri Uzbege, galan bölegi bolsa Jelaleddin Ysmaýyla degişli bolmalydy. Halypa Meňliniň Bagdatda Ydgamyşy öldürendigi we tabynlygyna girmeýändigi üçin uly goşun ýygnady. Olara mamlugy Muzaffareddin Sungury serkerde belledi. Dürli ýerleriň hökümdarlary halypa kömek bermek üçin esger iberdiler. Halypa Erbiliň hökümdary Muzaffareddin Gökböri ibn Zeýneddin Kiçi hem esgerlerini alyp barmagy buýurdy. Mosuldan, Erbilden, Jezireden we Halapdan halypanyň goşunyna kömek geldi. Halypanyň esgerleri Hemedana tarap ýola düşdüler. Meňli olardan sypyp, daga gaçdy. Olar Meňliniň yzyndan gitdiler. Meňli dagyň iň ýokarsyna

aralaşdy. Ol Kerej şäherine ýakynlaşdy. Halypanyň esgeriniň onuň yzyndan gitmäge azygam, kuwwatam ýetjek däldi. Halypanyň esgerleri dagyň eteginde çadyr dikindiler. Meňli gije birnäçe esgeri bilen dagdan düşdi. Ol Emir Uzbegiň esgerleriniň üstünden bardy we olar bilen söweşdi. Meňli Emir Uzbegi ýeňdi we ýene-de daga çykdy. Emir Uzbeg hem çadyryna dolanyp bardy. Ertesi Meňli bar esgerleri bilen dagdan düşdi. Aýylganç söweş bolup, Meňli ýeňlişe sezewar edildi. Ol birnäçe esgeri bilen daga çykyp, gaçyp gutuldy. Galan esgerleri ýa-ha öldürildi, ýa-da ýesir düşdi.

Emir Uzbeg halypanyň esgerleri bilen ýurdy eýeledi we ylalaşylan bölegini ysmaýylylaryň hökümdary Jelaleddine berdi. Emir Uzbeg özüniň almaly ýerini agasynyň mamlugy Aglamyşa berdi. Soňra Emir Uzbeg Horezmşanyň ýanynda birnäçe wagt bolup, Bagdada gaýtdy. Esgerler ýurtlaryna dolandylar.

Meňli Sawa şäherine bardy. Ol ýeriň dikmesi onuň dostudy. Meňli baranda dyza çöküp, ýeri ogşady. Dikme ony öýüne myhman aldy. Dikme Meňliniň ýaragyny aldy. Ol Meňlini daňyp, Aglamyşa eltip bermek isledi. Onda Meňli dikmeden ony hiç ýere alyp gitmän, özüniň öldürmegini sorady. Ol Meňlini öldürip, kellesini Emir Uzbege iberdi. Ol hem Meňliniň kellesini halypa iberdi, emma ol halypa baryp ýetmedi. Sebäbi Meňliniň kellesi getirilen güni halypanyň ogly ölüpdi.

## HALYPANYŇ OGLUNYŇ ARADAN ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň boş aýynyň ýigrimisine Halypanyň Abu Hasan Aly atly, Mälik Muazzam diýip lakam berlen körpe ogly dünýäden ötdi. Ol halypanyň iň söýgüli ogludy we tagt mirasdüşeridi. Oňa içgeçme keseli degip, birnäçe günden keselinden aýňalman aradan çykypdy. Halypa oglunyň ölümine örän gynan-

dy. Ol duz datman, hiç kes bilen gürleşmän, gamgyn halda boldy. Abu Hasan jaýlanmaga alyp çykylanda, adamlar şäheriň köçelerine sygmadylar. Tabyt gabra salnanda, bir adam aýylganç ses etdi. Bu ses Halypanyň sesidi. Bagdadyň ähli ilaty ýas eşigini geýdiler. Bagdatda birnäçe günläp agy sesi ýatmady. Beýle ýagdaý Bagdatda öň hiç haçan bolmandy.

Halypanyň ogly wepat bolan güni Meňliniň kellesi Bagdada getirilipdi. Halypa emirlerine kelläni şatlyk-şagalaň bilen garşy almagy buýurdy. Meňliniň kellesi şähere getirilip, şagalaň başlanjak mahaly halypanyň oglunyň öldi habary jar çekdirilip, ahy-nala sesi şäheri gaplap aldy. Megerem, Alla musulman adamyň ölüminiň şatlyk-şagalaň bilen garşy alynmagyny islemedik bolsa gerek.

Halypanyň ogly dogruçyl, sahy, özüni haýyr iş etmekde tanadan adamdy. Goý, Alla oňa rehim etsin!

## HOREZMŞANYŇ GAZNANY WE ONUŇ TÖWEREKLERINI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň meret aýynda Horezmşa Muhammet ibn Tekeş Gaznany we onuň töwereklerini eýeledi.

Horezmşa Horasany we onuň töwereklerini özüne tabyn edip, Gazna hökümdary Täjeddin Düze hat ýollady. Ol Täjeddin Düzüň Gaznada Horezmşanyň adyna hutba okatmagyny we bir pil ýollamagyny talap etdi. Düz emirlerini we tanymal adamlary çagyryp, maslahat etdi. Olaryň içinde Gutlug Tegin diýilýän ýaşuly emir bardy. Ol hem Şyhabeddin Gurlynyň mamluklaryndandy. Ol Düzüň döwletinde köp meseläni çözýärdi we onuň Gaznadaky naýybydy. Ol Düze: «Sen onuň talap edýän zatlaryny edip, başyňy gutar. Onuň bilen söweşmäge bi-

ziň güýjümiz ýetmez» diýdi. Beýlekiler hem onuň diýenini makulladylar.

Gaznada Horezmşanyň adyna hutba okalyp, oňa soran pili ugradyldy.

Gutlug Tegin Horezmşa hat ýazyp, eger islese, Gaznany oňa berjekdigini aýtdy. Horezmşa derrew ýetip geldi. Gutlug Tegin oňa Gazna şäherini we onuň töwereklerindäki galalaryň birnäçesini berdi. Horezmşa ol ýerdäki ähli gurly esgerleri gyrdy. Bu habar Düze baryp ýetdi. Ol:

— Gutlug Tegin galadaka, olar nähili edip galany eýeläp bildilerkä? — diýip sorady. Onda onuň ýanyndakylar:

— Horezmşany çagyryp, galany oňa beren şonuň özi ahyryn — diýdiler. Düz we onuň ýanyndakylar gaçyp, Lahora gitdiler.

Horezmşa Gaznada galdy we Gutlug Tegini çagyryp:

— Düz bilen nähilidiň — diýip sorady. Onda Gutlug Tegin:

— Biziň ikimiz hem Şyhabeddiniň mamluklarydyrys. Düz bu ýerde diňe tomus wagty dört aý bolýar. Bu ýerde men hökümdarlyk edýärin. Ol maňa ähli işi ynanýar — diýip jogap berdi. Horezmşa akylly we oýlanşykly adamdy. Ol:

— Eger sen öz dostuňa, egindeşiňe, saňa köp ýagşylyklar eden adama wepa bermedik bolsaň, seniň bilen meniň hem halym neneň bolar. Eger-de men oglumy seniň bilen goýup gidäýsem, seniň ony näme etjegiň belli däl — diýip, ony tussag etdi. Horezmşa onuň ähli baýlygyny elinden aldy we ony öldürtdi. Gutlug Teginiň mal-mülki otuz düýe ýük boldy. Onuň bulardan başga dört ýüz mamlugy bardy. Soňra Horezmşa ogly Jelaleddini we birnäçe emirlerdir esgerlerini bu ýerde galdyryp, özi yzyna dolandy.

## DÜZÜŇ LAHORY EÝELEMEGINIŇ WE ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Düz Horezmşadan gaçyp, Lahora gitdi. Ol ýeriň hökümdary Şyhabeddin Gurlynyň mamluklarynyň biri Nasyreddin Garajady. Onuň on bäş müň atlysy, Düzüň bolsa bir müň bäş ýüz atlysy bardy. Olaryň arasynda söweş bolup, Düz ýeňlişe sezewar boldy. Ol Düzüň bir pilini aldy. Düzde indi diňe iki pili we sanalgyja esgeri galdy.

Pildäki esgerleriň biri Düze: «Biziň birimiz Garajanyň tuguny alaly, beýleki pildäki Garajanyň täjini alsyn» diýdi. Indiki söweşde pildäki esgerler diýşi ýaly etdiler. Garajanyň tugy hem, täji hem alyndy. Garajanyň esgerleri bu ýagdaýy görüp, aljyradylar, saplar bozulyp, her kim aýak-aldygyna gaçdy. Garaja ýeňlip, Düz Lahory eýeledi. Soňra Düz hindi ýurdunyň Deli (Dähla) şäherine ýöriş etdi. Bu ýer musulmanlaryň elinde bolup, hökümdaryna Tarmaş diýýärdiler. Ol Kutbeddin Aýbegiň mamlugydy. Ol Düzüň gelýändigini eşidip, ähli esgerlerini alyp, onuň öňünden çykdy. Olaryň arasynda aýylganç söweş boldy. Bu söweşde Düzüň esgerleri ýeňlip, duw-dagyn boldy, özi bolsa öldürildi.

Düz raýatlarynyň hal-ahwalyna seredýän, köp adyl we haýyr-yhsan işler eden adam hökmünde tanalýardy. Goý, Alla oňa rehim etsin!

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl dilçi Wejih Mübärek ibn Abylazhar Sagyt ibn Dahhan aradan çykdy. Ol ilki Hanbaly mezhebini tutdy. Soňra Hanafy mezhebine, ondan soň Şapygy mezhebine geçdi. Ol hakynda Abu Bereket ibn Zeýt şeýle diýýär:

Ilki hanbalylaň tutdyň mezhebin,
Durmadyň birinde, barmy messebiň.

Nugmanyň mezhebin haladyň, geçdiň,
Hanbalydan tizden arany açdyň.

Soňra şapygylar turdy göwnüňden,
Dogry ýoly salgy bersin Ýaradan.

Alla saňa ömür beräýse eger,
Mäliki mezhebne geçerdiň, meger.

## 613-NJI HIJRI ÝYLY
*( 20.04.1216 – 11.03.1217 ý.)*

## HALABYŇ HÖKÜMDARY MÄLIK ZAHYRYŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynda Halap, Anbaj we başga-da Şamyň birnäçe ýerleriniň hökümdary Mälik Zahyr Gazy ibn Salaheddin Ýusup ibn Eýýup wepat boldy. Ol iç-geçme keseline ýolugypdy. Keseli güýçlenende, kiçi ogly Muhammede Mälik Eziz Gyýaseddin lakamyny berdi we tagt mirasdüşeri diýip yglan etdi. Sebäbi bu oglunyň ejesi Mälik Adylyň gyzydy. Eger Mälik Zahyra bir zat bolsa, Mälik Adyl olaryň arkasynda durjakdy. Maňa [Ibn Esir] şeýle wakany gürrüň berdiler. Mälik Zahyr ölüminiň öň ýanynda Müsüre çapar gönderip, Mälik Adyldan ogly Muhammedi tagt mirasdüşeri diýip ykrar etmegini talap etdi. Müsüriň hökümdary Mälik Adyl çapara:

— Munuň nämä geregi bar. Mälik Zahyr heniz ýaş we gujur-gaýratly. Alla uzak ýaş berse entek-entek hökümdarlygyny ýerine ýetirer — diýýär. Çapar Mälik Zahyryň haýyşyny gaýtalandan soň, Mälik Adyl:

— Goýun köp bolsa, gassap hezil eder — diýdi we Mälik Muhammedi tagt mirasdüşeri diýip yglan etdi. Çapar ýoldaka Mälik Zahyr wepat boldy. Mälik Zahyr örän edermen, batyr, köp söweşlere gatnaşan adamdy.

Mälik Zahyr ölüminiň ýakynlandygyny aňyp, oglunyň atabegligini we döwleti dolandyrmagy rumly mamlugy Şyhabeddin Togrula ynandy.

Mälik Zahyr wepat bolandan soňra, döwleti dolandyrmagy we ýurdy duşmanlardan goramagy Şyhabeddin öz üstüne aldy. Mälik Zahyryň ogluna gowy terbiýe berdi. Raýatlaryň halyndan habar alyp durdy. Mälik Zahyryň doganlary hem bu keseki adamyň eden haýyr işlerini etmezdi. Şyhabeddiniň döwründe birnäçe galalar, medreseler guruldy. Tel Başar galasy Halaba degişli boldy. Şyhabeddin hökümdarlykdan tama etmän, Mälik Zahyryň ogluna ylym-terbiýe berip, hökümdarlyga taýýarlady. Men [Ibn Esir] köp adam bilen tanyş bolsamam, şeýle adyl we wadasyna wepaly adama duşmadym. Goý, Alla şeýle ýagşyzada adamlary köpräk ýaratsyn!

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň aşyr aýynda Basra doly ýagdy. Onuň iň kiçisi uly şetdaly ýalydy. Bu wakany maňa gürrüň berenleriň sözüne ynansaň-a, dolynyň iň ulysy adam göwresi bilen deňmiş. Doly ähli hasyly weýran etdi. Köp jaýlara uly zeper ýetirdi.

Sapar aýynda Bagdada güýçli gara tupan geldi. Gum we tozandan ýaňa älem-jahan tümlüge bürendi. Tupan agaçlary

düýbi bilen goparyp taşlady. Adamlar bu aýylganç hadysany görüp örän gorkdylar. Tupan bir günläp dowam etdi.

Bu ýyl hadysçy alym, dilçi Täç Zeýit ibn Hasan Ibn Zeýit Kindi dünýäden ötdi. Ol Bagdatda doglup, önüp ösdi. Soňra Damaska göçdi we ömrüniň ahyryna çenli ol ýerde ýaşady. Goý, Alla oňa rehim etsin!

## 614-NJI HIJRI ÝYLY
*( 10.04.1217 – 01.03.1218 ý.)*

## HOREZMŞANYŇ JEBEL ÝURTLARYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Horezmşa Alaeddin Muhammet ibn Tekeş Jebel ýurtlaryna ýöriş etdi we ony eýeledi.

Horezmşa Mawerannahry eýeläp, hatalylary ýeňenden soň, abraýy artyp, esgeri köpelipdi. Ol Bagdatda adyna hutba okalyp, özüniň soltan diýlip ykrar edilmegini isleýärdi. Emma Bagdat halypasy ony kabul edesi gelenokdy. Ol gije-gündiz Bagdada ýöriş etmegiň pikirini edýärdi. Aglamyş Jebel ýurtlaryny eýeländen soň, Horezmşanyň adyna ol ýerlerde hutba okalypdy. Aglamyşy batynylar öldürenden soň, Horezmşa ol ýerler tabynlygyndan çykmaz ýaly esgerlerini alyp, gyssanmaç ýola düşdi we baryp Reýi eýeledi.

Pars ýurtlarynyň hökümdary Atabeg Sagt ibn Dakla Aglamyşyň öldürilenini eşidip, Jebel ýurtlaryny eýelemäge ýola düşdi we Yspyhana bardy. Yspyhanyň ilaty oňa söweşsiz boýun boldy. Soňra ol Reýe gitdi. Ol Horezmşanyň Reýdediginden habarsyzdy. Atabegiň esgerleri Reýe girende, horezmliler Reýiň ilaty özlerine garşy çykýandyr öýtdiler we söweşe başladylar. Atabegiň esgerleri ýeňlip, özi bolsa ýesir düşdi. Ony Horezmşanyň ýanyna eltdiler. Horezmşa ony hormat bilen

garşy aldy we oňa aman berdi. Horezmşa Pars ýurduny hem özüne tabyn etmek üçin Atabegi esgerleri bilen ýurduna ugratdy. Pars ýurduny Atabegiň uly ogly eýeläp, ýurdy kakasyna bermekden boýun gaçyrdy. Atabeg ýurdy eýeläp, Horezmşanyň adyna hutba okatdy.

Horezmşa Sawa gitdi we ol ýeri eýeläp, Ymadylmülke ykta berdi. Sebäbi Ymadylmülk Sawalydy. Soňra Kazwiny, Zenjany, Abhary, Hemedany hiç bir garşylyksyz eýeledi. Horezmşa Kum, Yspyhan we Kaşan şäherlerini hem söweşsiz ele geçirdi. Ol eýelenen ýerlere asly şol ýerlerden bolan öz adamlaryny naýyp belleýärdi. Soňra Genjäniň we Eýranyň hökümdary Uzbeg ibn Pälwan Horezmşanyň tabynlygyna girdi we ýurdunda onuň adyna hutba okatdy.

Horezmşa Bagdada ýöriş etmek üçin uly goşun jemledi. Ol uly emirleriniň birine on bäş müň esger we Hulwany ykta berdi. Horezimşa uly goşuny bilen Bagdada tarap ýola düşdi. Ol Hemedandan çykyp üç gün ýol ýöränden soň, gar ýagdy. Beýle köp ýagan gary görüp-eşden ýokdy. Horezmşanyň esgeleriniň we ulaglarynyň köpüsi heläk boldy. Horezmşa terjemi taýpasynyň adamlaryny we türkmen serkerdeleriniň birnäçesini şol ýerde galdyryp, yzyna dolandy.

Horezmşa Hemedana geldi we ol ýere ejesiniň garyndaşlarynyň birini hökümdar belläp, özi Horasana dolandy. Horezmşa 615-nji hijri ýylynyň aşyr aýynda Merwe geldi, soňra Nyşapura gitdi. Juma güni metjide baryp, münbere çykdy we: «Halypa öldi, indiden beýläk onuň adyna hutba okamaň» diýdi. Ol halypanyň adyna okalýan hutbany kesdirip, öz adyna hutba okatdy. Bu waka 614-nji hijri ýylynyň boş aýynda bolup geçdi. Ol Merwde, Balhda, Buharada, Saragtda hem öz adyna hutba okadyp başlady.

## ATABEG SAGT BILEN OGULLARYNYŇ ARASYNDA BOLUP GEÇEN HADYSANYŇ BEÝANY

Jebeliň, Hemedanyň we Yspyhanyň hökümdary Aglamyş ýogalandan soň, Pars ýurdynyň hökümdary Atabeg Sagt ibn Dakla esgerlerini jemläp, Yspyhana ýörişe ugrady. Ol Yspyhany hiç bir garşylyksyz eýeledi. Islegi artyp, Aglamyşyň ýurdunyň başga ýerlerini hem basyp almagy ýüregine düwdi. Ol Yspyhandan Reýe gitdi we ýolda Horezimşanyň esgerlerine gabat geldi. Atabeg olary Yspyhanyň ilatydyr öýdüp, söweşe girdi. Atabeg söweşip durka, birden Horezimşanyň tugyna gözi düşdi. Ol şol bada nämäniň nämedigine göz ýetirdi. Ysgyn-mydary gaçyp, elindäki gylyjyny tutmaga mejaly galmady. Atabeg atdan düşip, özüni ýere taşlady. Esgerler Atabegiň halyny görüp, aljyraňlylyga düşdüler. Saplar bozulyp, her kim aýagaldygyna gaçyp başlady. Horezmşanyň esgerleri Atabegi ýesir alyp, onuň gaşyna eltdiler. Horezmşa Atabege hormat-sylag etdi we oňa ýardam etmäge söz berdi. Ol Atabegi ýanyna ýoldaş edinip, Yspyhana gitdi. Horezmşa bilen Atabeg Pars ýurtlaryny deň paýlaşmak we Horezmşanyň adyna hutba okatmak barada ylalaşdylar. Horezmşa Atabegiň ýanyna esgerlerini goşup, ýurduna ugratdy.

Atabegiň ogly kakasynyň ýesir düşendigini barada habar gelip ýetende, ýurtda onuň adyna aýdylýan hutbany ýatyryp, öz adyna hutba aýtdyrdy. Atabegiň ýurduna gaýdyp gelýändigini eşidip, esgerlerni alyp, onuň garşysyna çykdy. Pars ýurdunyň esgerleri Atabegiň sag-salamat durandygyny görüp, onuň ogluny ýeke taşlap, ählisi Atabegiň tarapyna geçdiler. Atabeg ogly ony garşy almaga çykyp, tanaman durandyr öýdüp: «Oglum, bu men, kakaň» diýdi. Emma Atabegiň ogly duran ýerinden butnamady. Atabege bolup geçen hadysany gürrüň berenlerinde, ol dessine ogluny tussag etdi. Atabegiň ogly 620-nji hijri ýylyna çenli tussaglykda saklandy.

Horezmşa Horasana gidende, Atabeg Horezmşanyň Pars ýurdundaky emirini öldürip, Horezmşanyň tabynlygyndan çykdy. Horezmşa başga işler bilen meşgul bolandygy sebäpli Atabegiň ýurduna gelmäge wagty bolmady. Emma Allatagala Horezmşa derek onuň ogly Gyýaseddine ar almaga pursat berdi. Atabeg Horezmşanyň ynsanperwerligine itiň gylyk-häsiýeti bilen jogap berdi.

## DYMÝAT ŞÄHERINIŇ MUSULMANLARA GAÝDYP GELMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl ýewropalylaryň ýurdundan birnäçe harby olar Akkadaky ýewropalylara kömege geldiler. Olary Rim nesilşalygynyň şasy iberipdi. Ol ýewropalylaryň arasynda sözi diňlenýän şalaryň biridi.

Mälik Adyl Abu Bekr ibn Eýýup bu wagt Müsürdedi. Ol Müsürden Şama, ol ýerden Ramla, ol ýerden hem Ludda bardy. Ýewropalylar Mälik Adylyň kasdyna çykdylar. Mälik Adyl gyssagly Akka ýetmegiň aladasyny edip, Hablusa tarap gitdi. Emma ýewropalylar Akka Mälik Adyldan öň gelip ýetdiler. Olar Akkada musulman esgerleriniň azdygyny bilip, Akkany ýumurmagy ýüreklerine düwdüler.

Mälik Adyl Akka gija galandygyny aňyp, Beýsana gitdi we ol ýere baryp, çadyr dikindi. Ol ýewropalylardan güýjüniň we esgerleriniň azdygy sebäpli söweşe girmäge gorkdy. Mälik Adyl esger jemlemek üçin Beýsandan Damaska gitdi. Soňra ol Damaskdan Merejus Safara baryp, çadyr dikindi.

Beýsanyň we onuň töwereginde ýaşaýan ilatyň Mälik Adylyň gelendigini görüp, şatlyklarynyň çägi bolmady. Olar Mälik Adylyň Beýsandan gidendigini bilmän galdylar. Haçanda ýewropalylar hüjüm edende, olar Mälik Adylyň ýokdygyny bilip, dowla düşdüler. Adamlar Mälik Adyla arkaýyn bolup,

mal-mülküni gizlejek hem  bolmandylar. Ýewropalylar Beýsanyň ilatyny nähili isleseler şol hili edip taladylar. Ýewropalylar örän köp olja aldylar. Beýsanyň ilatynyň öldürilenlerinden galany ýesir alyndy. Ýewropalylar ýurdy talap bolandan soňra, Beýsany otladylar. Soňra ýewropalylar Beýsandan çykyp, iki parsah ýol ýöräp, şol ýerde çadyr dikindiler. Olar bu ýerden Saýda, Şakyfa galalaryna gitdiler we ol ýerleri taladylar. Ýewropalylar oraza aýynyň ortasynda Akka dolandylar.

Men [Ibn Esir] bu wakany bir ynamdar adamdan eşitdim. Mälik Adyl  Merejus Safara gidip barýarka, bir garry ýaşula duşýar. Ol adam gaty-gaty ýöräp barýardy. Ýaşuly ýadasa, oturyp dynç alyp, ýene-de gaty ýöräp gidýärdi. Mälik Adyl onuň ýanyna baryp:

— Eý ýaşuly! Nämä gyssanýarsyň? — diýip soraýar. Ýaşuly ony tanap:

— Eý musulmanlaryň soltany! Sen gyssanmasaň, biz gyssanmaly bolýarys. Sen bizi gorarsyň diýip, seniň ýanyňa bardyk. Sen bolsa bizi duşman bilen ýüzbe-ýüz goýup gaýtdyň. Onsoň biz gyssanman, kim gyssansyn — diýip, jogap berýär.

Mälik Adyl şol günüň özünde ogly, Damaskyň hökümdary Mälik Muazzam Isa esgerlerini alyp, Nablusa gitmegi we Kudusy hem-de ol ýeriň ilatyny ýewropalylardan goramagy buýruk berdi.

## ÝEWROPALYLARYŇ TUR GALASYNY GABAMAGYNYŇ WE GALANYŇ ÝUMRULMAGYNYŇ BEÝANY

Ýewropalylar Akkadaky düzlüge gelip düşlediler. Olar özleriniň ýany bilen gabaw gurallaryny we manjanyklary getiripdiler. Olar Mälik Adylyň Akkanyň golaýyndaky dagyň üstünde gurduran Tur galasyny almaga hyýallanýardylar. Olar Tur ga-

lasyny gabawa saldylar. Galadaky musulmanlar galany taşlap, Akka tarap ýola düşdüler. Soňra deňiz bilen Müsür diýaryna tarap gitdiler. Mälik Adylyň ogly Mälik Muazzam esgerleri bilen gelip, ýewropalylar Tur galasyny eýelemez ýaly, ol galany ýer bilen ýegsan etdirdi.

## ÝEWROPALYLARYŇ DYMÝATY GABAMAGYNYŇ WE OL ÝERI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Ýewropalylar Tur galasynyň gabawyny taşlap, Akka dolandylar. Olar gämä münüp, Müsüriň Dymýat şäherine ýörişe gitdiler. Olar Müsüre sapar aýynda baryp ýetdiler we Jizada (Giza) düşlediler. Dymýat bilen olaryň arasynda Nil derýasy bardy. Olar Jizada diwar galdyryp, onuň daşyndan garym gazdylar. Olar manjanyk we gabawda gerek boljak gurallary ýasap ugradylar. Dymýatdan uzak bolmadyk Adylyýa diýilýän ýerde Müsür diýarynyň hökümdary Mälik Adylyň ogly Mälik Kämil ýaşaýardy. Onuň esgerleri ýewropalylary ýurda goýbermezlige çalyşýardy. Ýewropalylar galany almak üçin hüjüme geçdiler. Olaryň ýasan gurallary döwüldi. Ýewropalylar gabawy dört aýlap dowam etdirdiler. Olar Nil derýasyndan gämi bilen geçmek islediler. Mälik Kämil ýewropalylaryň gämisiniň birnäçesini oba ýakdyrdy. Dymýat ilaty gabawda kynçylyk çekenokdy. Olara azyk, kömek gelip durdy. Şol günleriň birinde Mälik Adyl wepat boldy. Adamlar bu habary eşidip, ruhdan düşdüler, duşmanyň öňünde durmakdan ejiz geldiler.

Müsür emirleriniň içinde Ymadeddin Ahmet ibn Aly diýilýän emir bardy. Ony ähli emirler sylaýardylar, hormat goýup, oňa gulak asýardylar. Bu emir beýleki emirlere Müsür hökümdarlygyna Mälik Kämiliň ýerine dogany Mälik Faýyz ibn Mälik Adyly goýmagy maslahat berdi. Bu habar Mälik Kämile

baryp ýetdi. Ol gijäniň bir mahaly çadyryny taşlap, ýeke özi çykyp gaçdy. Mälik Kämil Eşmum Tannah diýilýän oba bardy we şol ýerde galdy. Esgerler irden turanda, Mälik Kämili tapmadylar we howsala düşdüler. Olar ýaraglaryny, azyk, mal-mülküni taşlap, ýurtdan çykyp gitdiler we baryp Mälik Kämile goşuldylar.

Ýewropalylar ir bilen turup, Niliň kenaryna geldiler we ol kenarda musulmanlardan hiç kimiň ýokdugyny görüp, geň galdylar. Olar hiç bir päsgelsiz derýadan Dymýat tarapa geçdiler we musulman esgerleriniň galdyran zatlaryny olja aldylar.

Mälik Kämiliň Müsür diýaryny taşlap gitmeginiň sebäbi ol esgerleriniň birine hem ynanyp bilenokdy. Mälik Kämil gidenden iki gün soň, onuň ýanyna dogany Mälik Muazzam Isa geldi. Halk ony arka tutundy. Ýewropalylar deňiz we gury ýerden Dymýaty gurşap aldylar. Olar söweşi we gabawy dowam etdirýärdiler. Dymýatda kesel, ölüm-ýitim köpeldi. Adamlar azalypdy. Dymýatdakylar boýun egip, aman dilediler. Olaryň köpüsi Dymýaty taşlap gitdiler, galanlary bolsa ýewropalylara ýesir düşdi.

## MUSULMANLARYŇ DYMÝATY GAÝDYP ALMAGYNYŇ BEÝANY

Ýewropalylar Dymýaty alandan soň, şol ýerde mekan tutdular. Dymýatda galan adamlary taladylar. Ol ýerde köp ymaratlar gurdular. Galanyň diwarlaryny berkitdirdiler. Mälik Kämil ýewropalylardan uzak bolmadyk ýerdedi. Ýewropalylar atly, pyýada Mälik Kämiliň kasdyna çykdylar. Mälik Kämil doganlary Damaskyň hökümdary Mälik Muazzama we Jeziräniň hökümdary Mälik Eşrebe ýüz tutup, kömek sorady. Mälik Eşrep esgerleri bilen Mälik Kämile kömege geldi. Olar ýewropalylaryň üstüne ýöriş etdi. Musulmanlar ýewropalylaryň üç

gämisini tutdular. Bu gämiler ýaragdyr baýlykdan doldy. Musulmanlar ruhlanyp, söweşe girdiler. Ýewropalylary yza çekilmäge mejbur etdiler. Olar musulmanlara ýaraşyk teklip etdiler. Musulmanlar ýewropalylardan Soltan Salaheddiniň basyp alan ähli ýerlerini we Kudusy gaýdyp bermeklerini talap etdiler. Ýewropalylar bu şerte razy bolmadylar.

Musulmanlar aýgytly hüjüme geçdiler. Allatagala musulmanlaryň tarapynda bolup, şol günler Nil joşdy. Ýewropalylaryň üç tarapyny suw gurşap alyp, dördünji tarapynda-da musulman goşuny bardy. Mälik Kämil esgerlerine Niliň üstüne köpri gurup, ol kenara geçmegi buýurdy. Ýewropalylar manjanyk we başga gurallaryny, çadyrlaryny ýakdylar. Olar Dymýata gitmekçidiler. Şol wagt uzakdan goşunyň gelýäni göründi. Ýewropalylar özlerine kömek gelýändir öýdüp begendiler, emma bu Damask hökümdary Mälik Muazzamdy. Ýewropalylar Dymýaty elde saklamakdan tamalaryny üzdüler. Olar aman diläp, Dymýaty bermäge razy boldular. Bu 617-nji hijri ýylynyň rejep aýynyň ýedisine bolup geçdi. Ýewropalylaryň ýigrimi sany hökümdary, ruhanylary hatda Rim papasynyň naýyby-da musulman esgerlerine ýesir düşdi. Olaryň birnäçesi öldürildi, galanyny ýewropalylar yzyna satyn aldylar.

Allanyň emri bilen Dymýat ýene-de musulmanlaryň eline geçdi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Bagdadyň Dejil diýen ýerinde syçanlar köpeldi. Adamlar öýde-de, köçede-de elleri taýakly gezýärdiler. Syçanlar adamlardan heder edip hem duranokdylar.

Bu ýyl Dejle derýasynyň suwy görlüp-eşdilmedik derejede ýokary galdy. Bagdat şäherine suw basmak howpy abanýardy.

Bagdadyň ýaşaýjylarynyň sussy pesdi. Olar çagalaryny, mal-mülküni halas etmegiň aladasyny edýärdiler. Halypanyň weziri we emirler adamlaryň arasynda aýlanyp, şäheri gark etmezligiň çäresini gözleýärdiler. Adamlar suw joşgunyndan gorkup, gämi ýasanýardylar. Halypa adamlaryň arasyna çykyp, olary höweslendirmäge çalyşdy. Ol bagdatlylara: «Pul töläp ýa-da söweşip bu apatdan siziň başyňyzy aman galdyryp, aladaňyzy ýeňledip bilýän bolsadym, onda mal-mülkümi, güýç-gaýratymy gaýgyrmazdym. Emma Allanyň eradasyna garşy çykyp bolanok. Oňa diňe dileg edip, apatdan gutulyp bolar» diýdi. Dejläniň joşmagy şähere köp zeper ýetirdi. Abu Hanyfanyň we Ahmet ibn Hanbalyň mazarlary suwuň astynda galdy. Bagdadyň daşyndaky obalardyr galalar ýumruldy. Guýylar ulanmaga ýaramsyz boldular. Ekinlerden alynjak hasyllar wes-weýran boldy. Goý, Allatagala beýle apaty musulmanyň başyndan indermesin!

## 615-NJI HIJRI ÝYLY
*( 30.03.1218 – 18.02.1219 ý.)*

## MÄLIK KAHYRYŇ WEPAT BOLMAGY WE ONYŇ ÖMÜR BEÝANY

Bu ýylda Mosulyň hökümdary Mälik Kahyr Yzzeddin Mesut ibn Arslanşa ibn Mesut ibn Mewdut ibn Zeňňi ibn Aksungur ýedi ýyl dokuz aý hökümdarlyk sürenden soň, wepat boldy.

Mälik Kahyr keselläp, gyzdyryp ýatdy. Iki gün gowulaşan ýaly boldy, emma ýene-de bedeni gyzdyryp we iýenini gaýtaryp başlady. Soňra bedeni sowap, derledi. Gijäniň ýarynda wepat boldy.

Ol sahy, ýumşak häsiýetli, raýatlarynyň halyndan habar alýan, adyl adamdy. Goý, Alla oňa rehim etsin.

Mälik Kahyryň ýakyn adamlarynyň biri maňa şu wakany gürrüň berdi: «Bir gezek Mälik Kahyr bilen gürrüňleşip otyrkak, ol maňa:

— Oturyp ýadadyk, ýör, gezelenç edeli, Ymadyýa derwezesine baryp gaýdaly — diýdi. Biz Ymadyýa derwezesine tarap gidip barýarkak, Mälik Kahyryň köşgüniň howlusynda özi üçin gurduran guburhanasynyň deňinden geçmeli bolduk. Mälik Kahyr guburhana seredip, köp oýlanyp durdy we:

— Alladan ant içýärin, adam çagasy näçe özüni ýokary tutsa-da, ol hiç kimdir. Adam müň gedemlik, ulumsylyk etse-de, ýene-de şu gabra salynýandyr. Ýere depin edilip, eti mör-möjege huruş bolýandyr. Ynsan ýaşan gysga ömründe haýyr-yhsan işlerini edip, halkyň arasynda ýagşy ýatlama galdyrmalydyr — diýdi. Ol uzak gürledi we soňra yzyna, köşgüne dolandy. Men ondan:

— Näme Ymadyýa derwezesine gidemizokmy? — diýip soranymda, ol:

— Mende ne Ymadyýa derwezesini, ne-de köşkdür galalary görmäge höwes galdy. Men bu günden beýläk Allanyň huzyryna barmaga taýýardyryn — diýip, jogap berdi we kellesini donuna sokup, uklap galdy. Şol wakadan birnäçe gün geçensoň, Mälik Kahyr wepat boldy».

Mälik Kahyr halkyň söýgüsüni gazanan hökümdardy. Mosulyň ähli raýatlary öýlerinde Mälik Kahyryň ýasyny tutdular we sadakalar berdiler. Mälik Kahyr ölmezinden öň uly ogly Nureddin Arslanşa Mosulyň hökümdarlygyny wesýet etdi. Döwlet işlerini alyp barmagy we on ýaşly Nureddine terbiýe bermegi mamlugy Bedreddin Luluwa tabşyrdy.

Bedreddin Nureddin Arslanşany kakasynyň tagtyna oturdyp, raýatlara we esgerlere oňa wepaly bolmaga kasam etdirdi. Soňra halypanyň we goňşy döwletleriň hökümdarlarynyň Mä-

lik Kahyryň ogly Nureddini Mosul hökümdary diýip ykrar etmeklerini gazandy.

## YMADEDDIN ZEŇŇINIŇ HAKKARYÝA WE ZOWZAN GALALARYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

607-nji hijri ýylynda Nureddin wepat bolmazyndan öň kiçi ogluna Akr we Şuş galalaryny wesýet edipdi. Bu iki gala Mosulyň golaýynda ýerleşýärdi. Ol kä özüne berlen ýerlerde, käte Mosulda bolýardy. Ymadyýa galasynyň mustahfyzy Ymadeddiniň atasy Yzzeddin Mesut ibn Mewdudyň mamlugydy. Halk arasynda onuň Ymadyýa galasyny Ymadeddine berjekdigi hakyndaky gürrüňler ýaýrapdy. Bu habar Bedreddine baryp ýetýär. Ol bu galanyň emirini we şübhelenilýän esgerlerini aýyryp, öz naýybyny goýýar. Bedreddin başga galalara-da öz naýybyny belleýär.

Nureddin Arslanşa ýaşlygyndan keselbent çagady. Şol sebäpli at hem münenokdy, adamlaryň arasyna hem çykanokdy. Ymadeddin Ymadyýa galasyna hat ýollady. Ol galadaky esgerlere: «Meniň agamyň ogly wepat boldy. Bedreddin bu habary gizläp, ýurdy özi eýelemek isleýär. Ata-babamyň basyp alan ýurduna eýelik etmäge diňe men haklydyryn» diýýär. 615-nji ýylyň oraza aýynyň on sekizine esgerler Ymadeddini çagyryp, oňa Ymadyýa galasyny berdiler. Bedreddiniň naýybyny bolsa tussag etdiler.

Bedreddine bu habar gije baryp ýetdi. Ol derrew esgerlerini Ymadyýa galasyna ugratdy. Olar Ymadyýa galasyny gabawa aldylar. Ymadeddin hem bu wagt galadady. Erbil hökümdary Muzaffareddin Gökböri ibn Zeýneddin Ymadeddine kömege geldi. Bedreddin oňa Nureddin ibn Kahyra eden ähdini ýatlatdy. Adamlar Bedreddiniň esgerlerine garşy çykdylar. Şol wagt Nureddin we Bedreddin adamlaryň arasyna çykdylar.

Nureddini gören adamlar uzak wagtlap gürlemän durdular. Hiç bir hereket hem etmediler. Olar Ymadeddiniň özlerini aldandygyna düşündiler. Ymadeddiniň esgerleri dagaşyp gitdiler. Ymadeddin alaçsyz yzyna dolanmaly boldy. Ol Hakkaryýa we Zowzan galalaryny tabynlygyna çagyrdy. Olar razy boldular we Ymadeddiniň hökümi bilen hereket etdiler.

## BEDREDDIN LULU BILEN MÄLIK EŞREBIŇ ARASYNDAKY YLALAŞYGYŇ BEÝANY

Galalaryň elinden gitmegi we Irniliň hökümdary Muzaffareddi Gökböri bilen Ymadeddiniň ylalaşygy Bedreddin Jeziräniň we Ahladyň hökümdary Mälik Eşrepden ýardam soramaga mejbur etdi. Eger Mälik Eşrep özüne ýardam berse, onuň tabynlygyna girjekdigini aýtdy. Mälik Eşrep Bedreddiniň haýyşyny höwes bilen kabul etdi.

Mälik Eşrep bu wagt Halapdady. Mälik Eşrep Muzaffareddine hat ýollady. Ol hatynda: «Biz öz aramyzda agzala bolman, agzybir bolmalydyrys. Biri-birimize garşy söweşmän, duşmana garşy durmalydyrys. Ýewropalylar Müsüre hüjüm edýärkä, kapyrlara gaýtawul bermäge derek musulman ýerlerine ýöriş edip, olary talamagyňyz hiç bir kada-kanuna gabat gelenok. Eger bu niýetiňizden el çekmeseňiz, men hem esgerlerimi alyp, siziň ýurduňyza bararyn we siziň kasdyňyza çykaryn. Ylalaşmak iki tarapa-da bähbitli bolar» diýip ýazýar. Emma Muzaffareddin onuň sözüne gulak gabartmaýar. Amydyň hökümdary Nasyreddin Mahmyt Mälik Eşrebe degişli ýerleri talaýar. Mardiniň hökümdary hem Muzaffareddiniň tarapyna geçýär. Mälik Eşrep ýagdaýy başgaça çözüp bolmajagyna göz ýetirip, esgerlerini jemledi we Nasibine, Bedreddin Luluwa ýardam bermek üçin uly goşun ugratdy.

## YMADEDDIN ZEŇŇINIŇ BEDREDDINIŇ ESGERLERINDEN ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Ymadeddin Ymadyýa galasyndan gaýdandan soň, Akra bardy we Mosula degişli galalaryň birine ýöriş etmegi ýüregine düwdi.

Bu habar Bedreddine baryp ýetdi. Ol esgerlerinden bir topary Mosul etraplaryna iberdi. Olar ilki Mosuldan dört parsah uzaklykda düşlediler. Soňra Zeňňiniň üstüne gitmegi maslahat etdiler. Olar gije Akra bardylar. 616-njy hijri ýylynyň aşyr aýynda Ymadeddiniň esgerleri bilen Bedreddiniň esgerleri söweşe girdiler. Alla ýeňşi Bedreddiniň esgerlerine bagyş etdi. Ymadeddin ýeňlip, Erbile gitdi. Halypanyň we Mälik Eşrebiň ilçileri taraplary ylalaşdyrdylar.

## MOSULYŇ HÖKÜMDARY NUREDDINIŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Ylalaşyk baglanyşylýarka, Mosulyň hökümdary Nureddin Arslanşa ibn Mälik Kahyr wepat boldy. Ol birnäçe kesel bilen keselledi. Bedreddin Nureddiniň üç ýaşly dogany Nasyreddin Mahmydy Mosulyň hökümdary diýip yglan etdi. Esgerler oňa wepadarlyk bilen hyzmat etmegi kasam etdiler. Bedreddin ony ata mündürip, Mosula aýlady. Adamlar onuň at münşüni görüp, ýürekleri rahatlyk tapdy. Onuň atabegleriň maşgalasyna mynasyp soltan bolup ýetişjekdigine göz ýetirdiler.

## BEDREDDIN LULUNYŇ MUZEFFEREDDIN GÖKBÖRIDEN ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Mosulyň hökümdary Nureddin aradan çykyp, ornuna dogany Nasyreddin geçdi. Ymadeddin we Muzaffareddin birleşip,

esger jemläp başladylar. Olar Nasyreddiniň ýaşlygyndan peýdalanyp, ýurdy paýlaşmagyň kül-külüne düşdüler.

Bedreddin Ymadeddiniň we Muzaffareddiniň Mosula ýöriş etmäge hyýallanýandygyny aňyp, Mälik Eşrebiň Nasibindäki esgerlerini kömege çagyrdy. Mälik Eşrebiň Nasibindäki esgerleri Bedreddiniň ýanyna gelip ýetdi. Olaryň serkedesine Aýbeg diýýärdiler. Bedreddin Aýbeg bilen Dejle deryasyndan geçip, Mosulyň üç parsah uzaklygynda çadyr dikindiler. Bu habar Muzaffareddine baryp ýetende, ol Ymadeddin bilen Zap derýasyndan geçip, Mosula ýakynlaşdy. Olar rejep aýynyň ýigrimisine söweşe başladylar. Bu söweşde Bedreddiniň esgerleri ýeňildiler we olar Dejleden geçip, Mosula dolandylar. Bedreddin köp ýitgi çekmedi. Ol ýene-de esger jemläp başlady. Bu habary eşiden Muzaffareddin we Ymadeddin Erbil tarapa gitdiler. Taraplar ylalaşyga geldiler. Bu ylalaşyga görä, her kim öz ýerinde galmalydy.

## YMADEDDINIŇ KAWAŞA GALASYNY, BEDREDDINIŇ TELAGFER GALASYNY, MÄLIK EŞREBIŇ SANJARY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Kawaşa Mosulyň iň uly we berk galalaryň biridi. Bu ýerdäki esgerler birnäçe galanyň Ymadeddiniň tabynlygyna geçendigini görüp, Kawaşa galasyny Ymadeddine bermegi ýüreklerine düwdüler. Olar Bedreddiniň naýybyny galadan çykaryp, Ymadeddiniň gelmegini sorap, çapar gönderdiler. Ymadeddin gyssagly Kawaşa galasyna ýetip geldi. Esgerler oňa galany berdiler. Bedreddin Ymadeddinden galany yzyna bermegini talap etdi. Ymadeddin onuň talabyny kabul etmedi. Bedreddin Mälik Eşrepden kömek sorady.

Muzaffareddin birnäçe ýurtlaryň hökümdarlarynyň ýanyna çapar ýollap, olary Mälik Eşrebiň garşysyna söweşmäge çagyr-

dy. Muzaffareddin Mälik Eşrebiň birnäçe emirlerini öz tarapyna çekdi. Olaryň arasynda Ahmet ibn Aly ibn Maştup, Yzzeddin Muhammet we başga-da birnäçe emirler bardy. Olar Mardiniň golaýyndaky Dunaýsir galasyna gitdiler we Amyt galasynyň hökümdary bilen birleşip, Mälik Eşrebi Mosula, Bedreddine kömege goýbermezlige çalyşýardylar. Maslahatda Amydyň hökümdary olar bilen dildüwüşikden çykyp, Mälik Eşrebiň tabynlygyna gaýdyp bardy. Ol Mälik Eşrep bilen ylalaşdy. Mälik Eşrep oňa Hani we Jebel Jur galalaryny berdi we ol ýerleri goramagy tabşyrdy. Amydyň hökümdary dildüwüşikden çykandan soň, beýleki emirlerem Mälik Eşrebiň tabynlygyna gaýdyp barmagy makul bildiler. Ibn Maştubyň ýeke özi galdy. Ol ýanyndaky esgerleri bilen Nasibine gitdi. Nasibin dikmesi esgerleri bilen Ibn Maştubyň garşysyna çykyp söweşdi. Ibn Maştup ýeňlip, esgerleriniň köpüsi dagap gitdi. Soňra ol galan esgerleri bilen Sanjara tarapa gitdi. Onuň öňünden bu ýeriň hökümdary Faruhşa ibn Zeňňi ibn Mewdut ibn Zeňňi esgerleri bilen çykyp, Ibn Maştubyň galanja esgerlerini-de derbi-dagyn etdi we özüni ýesir aldy. Sanjar hökümdary Faruhşanyň Bedreddin we Mälik Eşrep bilen ylalaşygy bardy. Ol Ibn Maştuby ýesir alyp, Sanjara gitdi. Ibn Maştup onuň ýanynda bolanda, özüniň indiden beýläk Mälik Eşrebiň garşysyna çykmajakdygyna kasam etdi. Sanjaryň hökümdary ony azat edip goýberdi. Emma Ibn Maştub ýene-de töweregine özi ýalylary ýygnap, talaňçylyk edip ugrady. Soňra ol Sanjara degişli Telagfer galasyna bardy we ol ýeriň raýatlaryna köp ezýet berdi. Bu habary eşiden Bedreddin derrew esgerlerini ol ýere iberdi. Ibn Maştup Bedreddiniň esgerleri bilen bolan söweşde ýeňildi we Telagfer galasyna gaçyp gizlendi. 617-nji hijri ýylynyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda Bedreddin esgerleriniň ýanyna gelip Telagfer galasyny gabawa saldy. Yzly-yzyna hüjüm edip, bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynda Telagfer galasyny eýeledi. Bed-

reddin Lulu Ibn Maştuby ýany bilen Mosula alyp gitdi we zyndana taşlatdy. Soňra Mälik Eşrep Ibn Maştuby Harrana alyp gitdi we ol galan ömrüni zyndanda geçirdi.

Mälik Eşrep Mosula gitmekçidi. Oňa ýolda Sanjar hökümdarynyň çapary duş geldi. Çapar Mälik Eşrebe Sanjar hökümdarynyň oňa Sanjary berip, ýerine Rakka şäherini soraýandygyny habar berdi. Mälik Eşrep bu teklibe razy boldy. Sanjaryň hökümdary maşgalasy, dogan-garyndaşy bilen Rakka göçdi. Şeýdip Atabegler nesliniň iň soňky hökümdary hem Sanjardan gitdi.

## MÄLIK EŞREBIŇ MOSULA GITMEGINIŇ WE MUZAFFEREDDIN GÖKBÖRI BILEN YLALAŞYGYNYŇ BEÝANY

Mälik Eşrep Sanjary alandan soň, Mosula gitmäge hyýallandy. Onuň esgerleri gün-günden köpelýärdi. Onuň Mosula gelen güni ýatdan çykmajak gün boldy. Mälik Eşrebiň ýanyna Muzaffareddiniň we Halypanyň ilçileri gelip, Bedreddinden Ymadyýa galasyndan beýleki alnan galalarynyň baryny yzyna gaýdyp bermegi talap etdiler. Ymadyýa galasy Ymadeddin Zeňňiniň elinde galmalydy.

Mälik Eşrep Muzaffareddiniň ýanyna Erbile gitdi. Ol Zap derýasynyň golaýyndaky Salamyýa obasyna bardy. Mälik Eşrep ilçi iberip, Muzaffareddin bilen Bedreddinden alnan ýerleri gaýdyp bermegi ylalaşyp, yzyna dolandy. Bu ylalaşykdan soň Bedreddine Hakkaryýa degişli Tal Sura galasy gaýdyp berildi. Mälik Eşrep Telagfer galasyny almaga niýetlenýärdi. Muny bilen Bedreddin uzak wagtlap oýlandy we Telagferi Mälik Eşrebe berdi.

## HAKKARYÝA WE ZOWZAN GALALARYNYŇ BEDREDDINE GAÝDYP GELMEGINIŇ BEÝANY

Hakkaryýa we Zowzan galalary Ymadeddin Zeňňiniň tabynlygyna özleri giripdi, emma Ymadeddinden olaryň garaşan tamalary çykmady. Ymadeddin halkyň halyndan habar alman, öz işleri bilen meşgul boldy. Hakkaryýa we Zowzan galalary Bedreddiniň ýanyna çapar ýollap, özlerini tabynlygyna kabul etmegini soradylar. Bedreddin olaryň haýyşyny kabul edip, halka köp haýyr-yhsan etdi.

## KEÝKOWUSYŇ HALABA ÝÖRIŞINIŇ WE ONUŇ MÄLIK EŞREPDEN ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Rum hökümdary Yzzeddin Keýkowus ibn Keýhysrow Halaba ýöriş etmegi ýüregine düwdi.

Mälik Zahyr ibn Salaheddin wepat bolandan soň, ýurdy Mälik Zahyryň oglunyň ýaşdygy sebäpli onuň mamlugy Şyhabeddin Togrul dolandyrýardy.

Keýkowsuň akyldarlary oňa: «Eger sen eýýubylaryň neslinden birini ýanyňa almasaň, bu ýurtlary basyp almak kyn düşer» diýip, maslahat berdiler. Keýkowus Mälik Afdal ibn Salaheddini ýanyna çagyrdy we oňa halat-serpaý edip, at-ýarag peşgeş berdi. Olar eger Halap eýelense, Mälik Afdala, Jezire eýelenen ýagdaýynda bolsa ol ýeri Keýkowsa degişli etmegi ylalaşdylar. Bu ýurtlarda Keýkowsuň adyna hutba okadylmalydy. Sebäbi Mälik Afdal Keýkowsuň tabynlygyndad
y. Olar esgerleri bilen Rahban galasyna geldiler we ol ýeri eýeläp, Mälik Afdala berdiler. Soňra Tal Başyr galasyna baryp, ol ýerini gabawa saldylar we eýelediler. Bu galany Keýkowus özüne aldy. Bu ýagdaý Mälik Afdaly gorkuzdy. Ol Keýkowus Halaby alsa, özüne bermez öýtdi. Halabyň hökümdary Mälik Zahyryň

oglunyň atabegi Şyhabeddin Halap galasyndan çykanokdy. Ol özüniň gabawa düşmeginden we halkyň Halaby Mälik Afdala bermeginden gorkýardy. Ol Mälik Eşrepden kömek sorap, çapar ýollady we ýurdy oňa tabyn etjekdigini we onuň adyna hutba okatjakdygyny aýtdy. Mälik Zahyryň ogly, Halap hökümdary Mälik Eşrebiň gyz doganynyň ogludy. Mälik Eşrep ýanyndaky esgerlerini alyp, Halaba gitdi. Ol galan esgerlerine hem yzyndan barmagy buýurdy. Ýolda Mälik Eşrebiň esgerlerine araplar gelip goşuldy.

Keýkowus Tal Başyry alandan soň, Manbaja gitdi. Mälik Afdal oňa entek kömek gelmänkä, Halaba gitmegi maslahat berdi. Emma Keýkowus ony diňlemedi. Mälik Eşrebiň goşunynyň öňki saplary araplardan durýardy. Keýkowus bilen Mälik Afdalyň esgerleri söweşip, Keýkowus ýeňlişe sezewar boldy. Araplar öz atlaryny taşlap, rumlularyň atlaryna mündüler. Mälik Eşrep Keýkowsuň yzyndan gitdi. Ol Ragbany eýeledi. Soňra Tal Başyra gitdi. Keýkowsuň esgerleri iň soňky demine çenli söweşse-de ýeňildiler. Mälik Eşrep olary galadan çykaryp goýberdi. Esgerler Keýkowsuň ýanyna gaýdyp baranlarynda, Keýkowus olary bir jaýa salyp otlady. Olaryň bary otda heläk boldylar. Rumlular bu hadysadan soň Keýkowusyň ýüreginde rehim-şepagatyň ýokdugyna göz ýetirdiler. Mälik Eşrep Tal Başyry we Halaba degişli başga-da birnäçe ýerleri eýeläp, Halap hökümdarynyň atabegi Şyhabeddin Togrula berdi we Keýkowsuň yzyndan gitmek isledi, emma kakasy Mälik Adylyň öldi habaryny eşidip, ýurtda galdy.

# MÄLIK ADYLYŇ WEPAT BOLMAGY WE ONYŇ ÖMÜR BEÝANY

615-nji hijri ýylynyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynyň ýedisine Mälik Adyl Abu Bekr ibn Eýýup wepat boldy.

Mälik Adyl 564-nji hijri ýylynda agasy Esededdin Şirkuhyň Müsür diýaryny eýelemegi bilen serkerde hökmünde tanalyp başlady. Dogany soltan Salaheddin ibn Eýýubyň höküm süren döwründe Şam ýurtlaryna hökümdarlyk etdi.

614-nji hijri ýylynda ýewropalylar Müsür diýaryna aralaşanlarynda, ol Merejus Safara we ol ýerden hem Alykyna gitdi we keselledi. Ol bu keselinden aýňalman, wepat boldy. Ony Damaska getirip, özüniň bina etdiren guburhanasynda jaýladylar. Ol akylly, zehinli, pikirlenmäni başarýan, bähbidini bilýän, sabyr-takatly, ýumşak häsiýetli, şeýle hem diýseň mekir adamdy. Ol 540-njy ýylyň aşyr aýynda doglup, ýetmiş bäş ýaşynda aradan çykdy. Goý, Alla oňa rehim etsin!

Mälik Adylyň durmuşynyň geň tarapy bardy. Soltan Salaheddin wepat bolandan soň, Damaskyň hökümdary we ähli Eýýuplylar döwletiniň soltany diýip Mälik Afdal ykrar edilipdi. Mälik Adyl Mälik Afdaldan Damasky aldy. Mälik Afdal dogany Mälik Eziz wepat bolandan soň, Müsür diýaryna hökümdar boldy. Emma köp wagt geçmänkä, Mälik Adyl bu ýeri hem onuň elinden aldy. Mälik Afdal Serhede gitdi. Bu ýer hem Mälik Adylyň gözüne gowy bolup göründi.

Ol ölmezinden öň, ýurdy ogullarynyň arasynda paýlady. Müsür diýaryny Mälik Kämil Muhammede, Damask, Kudus, Tabaryýa, Iordaniýa, Kerek we onuň töweregindäki galalary Mälik Muazzam Isa, Ahlat, Miýýafarykyn, Jezire ýurtlaryny Mälik Eşrep Musa, Ruhany ogly Şyhabeddin Gaza, Jagbar galasyny ogly Hafyz Arslanşa berdi we olara biri-biriniň ýerine

dawa etmezligi, agzybir bolmagy, kyn ýagdaýda biri-birine kömek bermegi wesýet etdi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň boş aýynda Müsüriň hökümdary Mälik Kämil ibn Adyl Dymýady taşlap gitdi. Sebäbi birnäçe emirler dil birikdirip, Mälik Kämiliň dogany Mälik Faýyzy Müsüriň hökümdary etmek islediler. Mälik Kämil bu habary eşidip, ähli zatlaryny taşlap gitdi. Ýewropalylar Dymýada baryp, ol ýeri eýelediler.

Bu ýyl halypanyň ýakyn adamy, maslahatçysy, alym Yzzeddin Nejah Şeraby aradan çykdy. Ol haýyr-yhsan edýän adamdy.

Bu ýyl Mosuldaky şapygy medresesiniň mugallymy Şerefeddin Muhammet ibn Ulwan ibn Muhajyr hem ýogaldy.

Bu ýyl dilçi alym Aly ibn Nasr ibn Harun Abu Hasan Hylly hem dünýäden ötdi. Goý, Alla olaryň ählisine rehim etsin!

## 616-NJY HIJRI ÝYLY
## *( 19.03.1219 – 07.02.1220 ý.)*

## KEÝKOWSUŇ WEPAT BOLUP, ONUŇ ORNUNY DOGANY KEÝKUBATYŇ EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylda Konýa, Aksaraý, Malatyýa we Rum ýurtlarynyň hökümdary Mälik Galyp Yzzeddin Keýkowus ibn Keýhysrow ibn Gylyç Arslan inçekesel zerarly wepat boldy. Onuň ýerini dogany Keýkubat eýeledi. Keýkowus dogany Keýkubadyň ýurduny elinden alyp, özüni hem tussag edipdi. Keýkowus ölmezinden öň, doganyny zyndandan boşatdy we ýurdy oňa wesýet etdi. Sebäbi Keýkowsuň ogly ýaşdy. Keýkubat Mälik Eşrep

bilen ýaraşyp, duşmançylygy bes etdi. Ähli goňşy döwletler onuň hökümdarlygyny ykrar etdiler.

## SANJARYŇ HÖKÜMDARYNIŇ ARADAN ÇYKMAGYNYŇ ORNUNY OGLUNYŇ EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň sapar aýynyň sekizine Sanjar hökümdary Kutbeddin Muhammet ibn Zeňňi ibn Mewdut ibn Zeňňi ýogaldy. Onuň ornuny ogly Ymadeddin Şahynşa eýeledi. Ol Sanjara birnäçe aý hökümdar boldy. Ol Sanjaryň töweregindäki Telagfer galasyna gitdi. Onuň dogany Omar ibn Muhammet birnäçe esgeri bilen gelip, Ymadeddini öldürdi. Mälik Eşrep Sanjary Rakka bilen çalyşýança, bu ýurdy Omar dolandyrdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň aşyr aýynda Ymadeddin Zeňňi Bedreddin Luludan ýeňildi.

Rejep aýynyň ýigrimisine Bedreddin Lulu Erbil hökümdary Muzaffareddin Gökböriden ýeňildi.

Sapar aýynyň sekizine Sanjar hökümdary Kutbeddin Muhammet ibn Zeňňi ibn Mewdut ibn Zeňňi ýogaldy. Onuň ogly Şahynşa Sanjara hökümdar boldy.

Meret aýynyň ýigrimi dokuzyna Dymýat şäheri ýewropalylaryň eline geçdi.

Bu ýyl hanapy mezhebiniň ulamasy Yftyhareddin Mutallyp ibn Fadyl Haşymy dünýäden ötdi. Ol Omar Bistamydan we Abu Sagt Samanydan hadys eşidip, rowaýat etdi.

Bu ýyl hadys alymy Ibn Asakir ady bilen tanalýan Abu Hasan Aly ibn Abu Muhammet Kasym ibn Aly ibn Huseýin ibn Abdylla Damasky wepat boldy. Ol hadys rowaýat edýänler bi-

len duşuşmak üçin Horasana gitdi. Soňra yzyna, Bagdada dolanyp gelýärkä, garakçylar tarapyndan ýaralandy we Bagdada gelip, dört tirkeşigiň üçünji aýynda ýogaldy. Goý, Alla olaryň ählisine rehim etsin!

## 617-NJI HIJRI ÝYLY
*( 08.03.1220 – 27.01.1221 ý.)*

## MONGOLLARYŇ YSLAM ÝURTLARYNA ARALAŞMAGYNYŇ BEÝANY

Men bu bolup geçen wakalalary ýatlamalymy ýa-da ýatlamaly dälmi diýip, birnäçe ýyllap oýlandym. Hiç bir adama-da yslamyň we musulmanlaryň masgaraçylykly ýeňlişini ýazmak aňsat düşmez. Eger men dünýä inmedik bolsadym ýa-da bu hadysalardan öň ölüp giden bolsadym, onda asla gynanmazdym. Maňa dostlarym bu taryhy wakalary ýazmazlygy maslahat berdiler. Men razylaşdym, emma soňra ýazmazlykdan hiç hili nepiň ýokdugyna göz ýetirdim. Bu hadysalar musulman äleminiň başyndan inen uly musallatdy. Men ömrümiň galan bölegini şunuň ýaly betbagtçylygyň musulmanlaryň başyndan inmezligini Alladan diläp geçirdim. Öňki ähli söweşlerinde wepat bolan musulmanlaryň sany hem bu nälet siňen ganhorlaryň gyrlan adamlarynyň sanyndan azdyr. Onça adamyň ganyna diňe Äjit-Mäjit galyp biler.

## MONGOLLARYŇ TÜRKÜSTANA WE MAWERANNAHRA EDEN ÝÖRIŞLERINIŇ BEÝANY

Bu taýpa Çynmaçyn tarapdan bolup, olaryň serkerdesine Çingiz han diýýärdiler. Onuň asly türki taýpalardandy. Ol öz ýurdundan çykyp, Türküstanyň serhedine geldi. Çingiz han öz

täjirlerini köp gymmatbahaly harytlar bilen söwda etmek üçin Mawerannahra iberdi. Olar şanyň ahyrky welaýatlarynyň birine bardylar. Olary gören Horezmşanyň naýyby Horezmşanyň ýanyna çapar ýollap, ýagdaýy habar berdi. Horezmşa olary öldürdip, ýanyndaky ähli zatlaryny özüniň täjirlerine satdyrdy we puluny özi aldy.

Horezmşa Çingiz hanyň ýanyna içaly iberdi. Içaly gaýdyp gelip, onuň goşunynyň sansyz sajaksyzdygyny, özleriniň hem ýeňilmezekdigini, ýarag ulanmakda olaryň deňi-taýynyň ýokdugyny habar berdi. Horezmşa bu habary eşidip, eden işine ökündi. Bu ýagdaýdan çykalga gözledi. Onuň Şyhabeddin Haýýufi diýen hormatly alymy bardy. Horezmşa ony getirdip:

— Biziň üstümize sansyz leşgeri bilen duşman gelýär. Biz seniň maslahatyňa mätäç — diýdi. Onda ol alym:

— Seniň dürli ýerlerde esgerleriň bar, eger şolary jemleseň, seniň esgerleriň hem sansyz bolar. Beýleki musulman ýurtlary-da pul we esger kömegini bersinler. Soňra hemmämiz Seýhundan (Syrderýa) geçip, şol ýerde duşmana garaşyň. Olar biziň yzymyzdan barýança, biz dynjymyzy alarys. Olar bolsa uzak ýol geçip, ýadarlar» diýip, maslahat berdi. Horezmşa emirlerini çagyryp, olara bu maslahaty aýtdy. Emirler oňa garşy çykyp:

— Goý, olar Seýhundan geçsinler. Olar biziň daglyk ýerlerimizi we geçelgelerimizi bilenoklar. Şonuň üçin hem azaşarlar. Ynha şu ýerde biz olaryň üstüne çozup, derbi-dagyn ederis. Olaryň ýekejesi hem bizden aman sypmaz — diýdiler.

Çingiz han täjirleriniň öldürilip, harytlarynyň alnanyny eşidip, Horezmşa şeýle manyda hat ýollady. Ol: «Sen meniň täjirlerimi öldürip, harytlarymy alypsyň. Urşa taýýar bol. Seniň üstüňe öňünde durup bolmajak goşun barýar» diýdi.

Çingiz hanyň ilçisi bu haty Horezmşa getirip berdi. Horezmşa haty okap, gahar-gazaba mündi. Ol ilçini öldürdip,

onuň ýanyndakylaryň sakgalyny kesdirdi. Olar Çingiz hana ilçiniň düşen gününi aýtdylar we Horezmşanyň Çingiz hanyň ýurduna gelip, ilçileriň sakgalyny kesişim ýaly, onuň hem sakgalyny keserin diýenini habar berdiler.

Horezmşa esgerleri bilen olaryň ýerleşýän ýerine ugrady. Mongollar bu wagt ganym duşmanlary Guşly hanyň ýurduna ýörişe gidipdiler we şol sebäpli olaryň öýlerinde diňe aýaldyr çagalaryndan başga erkek göbekli ýokdy. Horezmşa aýaldyr çagalary ýesir alyp, öýdäki zatlaryny bolsa olja edip, yzyna dolandy.

Çingiz hanyň esgerleri Horezmşanyň gelip, ýurdy talandygyny we aýaldyr çagalaryny ýesir alandygyny eşidip, Horezmşanyň öňünden çykmaga howlukdylar. Olar Horezmşanyň yzyndan ýetip, söweşe girdiler. Olaryň arasynda üç gije-gündizläp, görlüp-eşdilmedik söweş boldy. Iki tarapdan hem sansyz adam gyryldy. Gan sil bolup akyp, gatan ganlar atlar büdreýärdi. Bu söweşde mongollara Çingiz hanyň oglu serkerdelik edýärdi. Musulmanlardan bu söweşde ýigrimi müň adam gyryldy. Mongollardan hem öldürilenleriň sany-sajagy ýokdy. Dördünji gün gije mongollar uly ot ýakyp, ol ýeri taşlap, Çingiz hanyň ýanyna dolandylar. Horezmşa esgerleri bilen Buhara gaýtdy. Ol Buharanyň we Samarkandyň gabawa taýýar bolmagyny buýurdy. Buharanyň goragyna ýigrimi müň adam, Samarkandyň goragyna elli müň adam goýdy. Bu taýýarlykdan soň Horezmşa Horasana, Balhdaky esgerleriniň ýanyna gitdi.

Bäş aýdan soň mongollar Mawerannahra gelip, Buharany gabawa saldylar. Horezmli esgerler olar bilen üç gije-gündiz dynman söweşdiler. Soňra güýjüň azalandygyna göz ýetirip, Horasana tarap çekildiler. Esgerleriň gidip, ýurduň goragynda hiç kimiň galmandygy halky ruhdan düşürdi. Olar kazyny iberip, aman dilediler. Çingiz han aman berdi.

616-njy ýylyň boş aýynyň dördüne şäheriň derwezesi açylyp, Çingiz hanyň esgerleri şähere girdiler. Musulmanlardan dört ýüz atly kiçiräjik galada gizlenipdi. Çingiz han olary galadan çykarjak bolup, on iki gün gala hüjüm etdi. Galadaky musulmanlar eline ilen zady olaryň üstünden ýagdyrýardy. Ahyry kapyrlar galany ýumurdylar we onuň içindäki musulmanlaryň hemmesini gyrdylar.

Gala eýelenip, öýler doly talanandan soň, Çingiz han ähli adamlary şäheriň daşyna çykardy. Şäherde galanlary öldürdiler. Şäheriň daşynda aýal-erkek, çagalaryň barysyny bir ýere üýşürdiler. Bu gün ýatdan çykmajak gün boldy. Adamlaryň barysy aglaşyp durdular. Mongollar aýallary orta çykaryp, ähli adamlaryň arasynda masgaraladylar. Köp adam beýle masgaraçylyga çydaman, orta çykyp, abraýly ölümi saýladylar. Iman Rukneddin we onuň ogly Kazy Sadreddin han aýallaryň masgaralanýandygyny görüp, tä gurban bolýançalar söweşdiler.

Mongollar medreseleri, metjitleri, ele salnan Gurhanlary otladylar. Adamlara dürli-dürli azaplar berdiler. Ýesirleriň köpüsini oda ýakdylar, galanlaryny ýanlary bilen alyp, Samarkanda äkitdiler. Mejaldan gaçan ýesirler ýolda öldürilýärdi. Mongollar Samarkanda baryp ýetdiler. Samarkantda elli müň horezmli esger bardy. Mongollar getiren ýesirlerini şäheriň daşynda öldürdiler. Muny gören horezmli esgerler söweşe çykdylar. Mongollar bukuda esger goýup, musulmanlar deňlerinden geçende, olaryň daşyny gabadylar. Musulmanlar aýylganç söweşdiler. Olaryň barysy şehit boldy. Goý, Alla olardan razy bolsun!

Ýurtdaky adamlaryň gözi gorkdy. Olar aman dilediler. Mongollar aman berdiler we şäheri doly taladylar, metjitlerdir öýleri ýakdylar. Ýaş gyzlaryň namysyna degdiler. Adamlaryň köpüsi öldürilip, galanlary ýesir alyndy. Bu hadysa 617-nji ýylyň aşyr aýynda bolup geçdi.

Horezmşa Samarkandyň gabawa düşendigini eşidip, on müň esger iberdi. Olar söweşe girip bilmän, yzyna gaýdyp geldiler. Soňra ýene ýigrimi müň esger iberdi. Olar hem şeýtdiler.

## HOREZMŞANYŇ MONGOLLARDAN ÝEŇILMEGINIŇ WE WEPAT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Çingiz han Samarkandy eýeländen soň, özüniň ýigrimi müň esgerine Horezmşa asmana uçan bolsa-da tutup getirmeklerini buýurdy. Olar Horezmşanyň gözlegine çykdylar. Mongollar Penjaba baryp, uly agaçlardan sal ýasap, derýadan geçdiler. Mongollar Horezmşanyň Nyşapura gidenini eşidip, şol ýere ýola düşdüler. Horezmşa Nyşapurda az salym boldy we mongollaryň gelýändigini eşidip, ýene-de ýola düşdi. Mongollar Nyşapura gelip, söweşe-de girmediler, ilaty hem talamadylar. Olar diňe Horezmşany gözleýärdiler. Mongollar Horezmşany gözläp, Mazendarana gitdiler. Emma Horezmşa ol ýerden hem gidipdi. Mongollar deňziň kenaryna gelip, Horezmşanyň gämisiniň kenardan daşlaşyp barýandygyny gördüler. Olar Horezmşany tutmakdan umydyny üzüp, yzyna dolandylar. Horezmşa deňizdäki galalaryň birine gitdi we şol ýerde aradan çykdy.

## HOREZMŞANYŇ HÄSIÝETLERI WE ÖMÜR BEÝANY

Horezmşa Alaeddin Muhammet ibn Alaeddin Tekeş ýigrimi bir ýyllap höküm sürdi we ýurdunyň çäklerini giňeltdi. Seljuklaryň döwletinden soň hiç bir hökümdar beýle uly döwleti bir elde jemläp bilmändi. Ol Gaznalylar ýurduny, Hind ýurdunyň birnäçe ýerini, Sistan, Kerman, Tabarystan, Gürgen, Jebel ýurtlaryny we Horasany eýeledi. Ol hatalylara garşy söweşip, olaryň ýurduny hem öz tabynlygyna geçiripdi.

Ol fykh we dini kanunlardan gowy baş çykarýan ylymly adamdy. Alym adamlary gowy görüp, olara köp ýardam ederdi. Olaryň mejlisine gatnaşardy. Sapara gidende kynçylyklara döz gelip bilýän adamdy. Ol hiç hili üýtgeşik lezzete gyzykmazdy, bar işi-pişesi döwleti dolandyrmak we ony gorap saklamakdy.

Maňa bu wakany Muhammet pygamberiň metjidiniň hyzmatkäri gürrüň berdi: «Men Horezme bardym we hammama girdim. Soňra soltan Alaeddin bilen görüşmek isledim. Ol ýere baranymda maňa bir adam duşup: «Näme gerek» diýip sorady. Men özümiň Pygamber alaýhyssalamyň metjidinde hyzmat edýändigimi we Horezmşany görmek isleýändigimi aýtdym. Ol meni soltanyň ýanyna alyp gitdi. Men soltanyň ýanyna girenimde, ol jaýynyň töründe otyrdy. Ol meni görüp, ýerinden turup, ýanyma ýöräp geldi. Men onuň elini ogşajak boldum. Ol garşylyk görkezdi. Soňra ol meni ýanynda oturdyp:

— Sen Muhammet alaýhyssalamyň metjidinde hyzmat edýärmiň? — diýip sorady. Men:

— Hawa — diýip jogap berdim. Ol meniň elimi açyp, aýamy maňlaýyna degirdi. Soňra biziň hal-ýagdaýymyz, ýaşaýyşymyz bilen gyzyklandy. Medine şäheri hakynda sorady. Men Horezmşanyň jaýyndan çykanymda, ol maňa köp sowgat eçildi, pul berdi we:

— Men edil şu wagt sapara gidip barýan, bolmasa, seniň ýaly hormatly adamlary ýurduna çenli ugradardym — diýdi.

Horezmşa şol gezek hatalylar bilen söweşmäge gidip barýardy. Käbir soltanlar bolýar, olar köp ýurtlary basyp alýarlar, emma häsiýetleri gowy bolmaýar. Käbir soltanlar bolýar, olaryň häsiýeti gowy bolmaýar, emma köp ýurt eýeläp bilmeýärler. Şu aýdan sypatlarymyň hemmesi Horezmşada jemlenipdi. Goý, Alla oňa rehim etsin!

## MONGOLLARYŇ MAZENDARANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Horezmşanyň yzyndan giden kowgy Horezmşany tutup bilmän, yzyna dolanyp, Mazendarany eýeledi. Olar adamlary öldürdiler, ýesir aldylar, taladylar. Soňra şäheri ýakdylar we Reýe tarap ýola düşdüler. Olar ýolda Horezmşanyň ejesine duşdular. Horezmşanyň ejesi oglunyň düşen halyny eşidip gorkdy. Ol bar baýlygyny alyp, Reýe tarap gitdi we ol ýerden Hemedana ýa-da Yspyhana geçmekçidi. Emma ol ýolda Mazendarandan gaýdyp gelýän mongol goşunyna pete-pet geldi. Olar Horezmşanyň ejesini, onuň ýanyndaky görlüp-eşidilmedik baýlyklary ele saldylar we Samarkanda, Çingiz hana iberdiler.

## REÝIŇ WE HEMEDANYŇ EÝELENMEGINIŇ BEÝANY

Mongollar Mazendarandan Reýe gitdiler. Olara talaňçylyk we haramzadalyk etmäge meýilli musulman esgerleri hem goşuldy. Mongollar Reýe duýdansyz girdiler we şäheri eýelediler. Olar şäheri taladylar, adamlary çaga diýmän, aýal diýmän gyrdylar. Aýallaryň namysyna degdiler. Köp olja alyp, şäheri harap etdiler we otladylar. Adamlaryň hemmesini gylyçdan geçirdiler. Soňra Hemedana ugradylar. Hemedanyň adamlary köp mal ýygnap, olaryň öňünden çykdylar we aman dilediler. Mongollar olara aman berip, Zenjana gitdiler. Zenjandakylar hem köp baýlyk berip, aman dilediler. Soňra mongollar Kazwine gitdiler. Kazwiniň adamlary olara garşy söweşmegi ýüreklerine düwdüler. Iki tarapdan hem örän köp ýitgi boldy. Mongollar Kazwini taşlap gitmäge mejbur boldular. Kazwin ilatyndan kyrk müň adam öldürildi.

## MONGOLLARYŇ MARAGANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

618-nji ýylyň sapar aýynda mongollar Töwrize geldiler. Töwrizliler olara köp baýlyk berenden soň, ol ýerden Maraga gitdiler we Maragany gabawa saldylar. Maraganyň hökümdary aýaldy. Muhammet alaýhyssalam: «Serkerdesi aýal bolan kowum hiç haçan ýeňmez» diýipdi. Şol hem dogry bolup çykdy.

Mongollar bir ýeri gabawa salanda, goşunyň öňki hatarlarynda musulman ýesirlerini goýdular. Eger-de olar söweşmekden boýun gaçyrsalar öldürýärdiler. Birnäçe gün gabawdan soň, mongollar şäheri eýelediler, adamlaryň barysyny gyrdylar, derde ýarar ýaly zat bolsa taladylar. Köp adamlar mongollardan gizlenipdi. Mongollar ýesirlere: «Mongollar gitdi» diýip gygyrtdylar. Gizlenenler bukudan çykanlaryndan, olaryň barysyny öldürdiler. Mongollar şäheri doly weýran etdiler.

## MONGOLLARYŇ HEMEDANA GAÝDYP GELMEGINIŇ BEÝANY

Mongollar Hemedanyň golaýyna gelip, çadyr dikindiler. Olar Hemedanyň ýaşaýjylaryndan ýene-de pul, baýlyk talap etdiler. Hemedanlylar näme etjeklerini bilenokdy. Olar bar zatlaryny ýygnap beripdiler. Hemedanlylar mongollara garşy söweşmegi ýüreklerine düwdüler. Olar mongollaryň Hemedandaky goýan adamlaryny öldürdiler we şäheriň derwezesini ýapdylar. Mongollar Hemedana gelip, bu ýeri gabap aldylar we hemedanlylar bilen söweşe girdiler. Taraplaryň ikisinden hem köp adam gyryldy. Söweş dyngysyz birnäçe gün dowam etdi. Musulman esgerleri dynç almazdan, iýip-içmezden söweşýärdiler. Ahyrynda olar mejaldan gaçdylar.

618-nji ýylyň rejep aýynda mongollar şähere kürsäp girdiler. Olar adatdakysy ýaly ähli adamlary gylyçdan geçirdiler. Öýlerden derde ýarar ýaly zatlary alyp, şähere ot berdiler. Iki tarapdan hem sansyz köp adam gyryldy. Mongollar Irdebile gitdiler.

## MONGOLLARYŇ BUHARADAN WE SAMARKANTDAN SOŇ MAWERENNAHRDA EDENETDILIKLERINIŇ BEÝANY

Çingiz han Horasanda Horezmşanyň goşunynyň ýeňlendigini eşidip, esgerlerini birnäçe topata böldi. Olardan bir toparyny Ferganany, ýene bir bölegini Termezi, galan bolegini bolsa Jeýhun derýasynyň kenaryndaky Kalana galasyny eýelemäge ugratdy. Bu gala örän berk we synmaz galalaryň biri hasaplanýardy. Mongollaryň ählisi ugradylan ýerlerine gidip, ol ýerleri eýelediler we adatdakysy ýaly talaňçylyk edip, köp adamlary gylyçdan geçirdiler. Olar iberilen ýerlerinden sansyz-sajaksyz olja bilen dolanyp geldiler. Soňra olaryň ählisi hökümdarlary Çingiz hanyň ýanyna, Samarkanda jemlendiler. Çingiz han esgerlerini ikä bölüp, birini Horezme, beýleki topary bolsa Horasana ugratdy.

## MONGOLLARYŇ HORASANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl mongollar Jeýhun derýasyndan geçip, Horasana aralaşypdyrlar we Balh şäherine baryp ýetdiler. Olar Balh, Zowzan, Mimant, Anthoý we Karýat galalaryny söweşsiz eýelediler. Köp olja aldylar. Emma ol ýerleriň adamlaryna degmediler. Soňra Talykana gitdiler. Olar Talykan ilatyny gabawa saldylar we olar bilen alty aý gije-gündiz söweşdiler. Emma

ýeňip bilmediler. Mongollar ýagdaýy Çingiz hana habar etdiler. Çingiz han ýanyndaky esgerleri bilen Talykana geldi. Gabaw ýene-de dört aý dowam etdi. Mongollardan söweşde örän köp adam gurban boldy. Çingiz han manjanyklar bilen gala daş zyňdyrdy. Galanyň diwarlary harap bolup, mongollar şähere girdiler. Olar aýallara el garyp, erkek adamlary gylyçdan geçirdiler. Soňra bolsa şäheri talap, öýleri weýran etdiler.

Çingiz han aman beren ýurtlaryndaky ähli adamlaryny Merwe ugratdy. Merwe dürli ýerlerden iki ýüz müň adam ýygnanypdy. Mongollaryň baran ýerinden halas bolan adamlar gaçyp Merwe gelýärdiler. Olar mongollaryň Merwe gelýändigini eşidip, şäheriň daşyna çykdylar. Merwliler mongollar bilen aýylganç söweşe girdiler. Olar mongollaryň esgerleriniň birnäçesini ýesir aldylar. Mongol esgeriniň biri: «Eger mongoly öldürip bolýar diýseler ynanyň, emma mongollar ýeňlipdir diýseler ynanmaň» diýdi. Musulmanlar ýeňlip ugradylar, olardan örän köp adam öldürildi. Olaryň at-ýaraglary, olja alyndy. Soňra mongollar Merwi gabawa saldylar. Şäheriň içindäkiler daşyndaky esgerleriň ýeňlişe sezewar bolýandygyny görüp, ruhdan düşdüler. Musulmanlardan wepat bolýan köpdi. Gabawyň bäşinji güni mongollar şäheriň emirine hat ýollap: «Sen özüňi hem, ilaty hem köseme, biziň ýanymyza, bärik çyk. Biz seni öz ýurduňa emir goýup, özümiz bolsa bu ýerden gideli» diýdiler. Emir özüne we ilata aman diledi. Olar aman berdiler. Emir olaryň ýanyna çykdy. Çingiz hanyň ogly oňa halat-serpaý ýapdy, hormatlady. Soňra: «Sen biziň ýanymyza beýleki emirleri hem alyp gel. Biz olaryň içinden hyzmatymyza ýarajagyny saýlaly we ykta bereli» diýdi.

Emir galan emirler we esgerleri bilen gelende, ony tussag edip, zyndana okladylar. Mongollar şäheriň ilatyna şäherden çykmagy buýurdylar. Mongollaryň serkerdesi olaryň içinden senetçileri, ussalary, hünäri bar adamlary saýlap aldy. Çingiz

hanyň ogly altyndan ýasalan kürsüsinde oturyp, tussag edilen emiri we onuň esgerlerini getirmegi buýurdy. Halkyň öňünde göz edip, olaryň kellesini kesdirdi.

Bu gün ýatdan çykmajak gün boldy. Ähli ýerden agy sesleri gelýärdi. Mongollar adamlaryň gizlän baýlyklaryny getirtmek üçin olara her dürli azaplar berýärdiler. Olaryň köpüsi azaba çydaman ölýärdi. Köpüsinde bolsa talap edilýän mal-mülk ýokdy. Mongollar baýlyk gözläp, Soltan Sanjaryň gabryny hem gazdylar. Olar üç günläp şäheri talanlaryndan soň, şähere, şeýle-de Soltan Sanjaryň gabryna ot berdiler. Dördünji gün Merwiň uludan-kiçi hemmesini gylyçdan geçirdiler. Gurban bolanlaryň sany ýedi ýüz müňe ýetýärdi.

Mongollar bu ýerden Nyşapura gitdiler. Bäş gün gabawdan soň bu ýeri eýelediler. Başga ýerlerdäki ýaly, bu ýeri hem harap etdiler. Öýlerini talap, adamlary gyrdylar, aýallaryň namysyna degdiler. Soňra Tusa we Maşada gitdiler. Bu ýerleri hem talap, soňundan ýumurdylar.

Ol ýerden Hyrada bardylar. On gün gabawdan soň Hyrady eýelediler. Birnäçe adamy öldürip, galanyna aman berdiler. Hyratda öz dikmelerini goýup, Gazna gitdiler. Hyratlylar mongollaryň goýan dikmesini öldürdiler. Mongollar Hyrada gaýdyp gelip, şäherdäki ähli adamy gyrdylar. Aýallary masgaraladylar, öýleri talap, şäheri otladylar. Soňra Talykana, Çingiz hanyň ýanyna gaýtdylar.

## HOREZMIŇ EÝELENMEGINIŇ WE HARAP EDILMEGINIŇ BEÝANY

Horezmiň tutýan meýdany uly bolandygy üçin Çingiz han goşunynyň köp bölegini bu ýere ýollady. Musulmanlaryň batyr, edermen esgerleri Horezmdedi. Horezmiň ilaty ähli ýerde edermenligi bilen tanalýardy. Olar mongollara güýçli garşylyk

görkezdiler. Horezmiň gabawy bäş aýa çekdi. Iki tarapdan hem örän köp adam wepat boldy. Mongollardan öldürilenleriň sany has köpdi. Mongollar Çingiz handan kömek soradylar. Çingiz han esgerleriniň köp bölegini Horezme ýollady. Mongollar şäheri ýuwaş-ýuwaşdan eýeläp ugradylar. Şäheriň her bölegi üçin aýylganç söweş bolýardy. Şäheriň goragyna aýaldyr çagalar hem gatnaşdylar. Mongollar şäheriň hemme ýerini eýeläp, ähli adamy gyrdylar, şäheri doly taladylar. Soňra Jeýhun derýasynyň bendini ýykyp, şäheri suwa gark etdiler. Mongollaryň basyp alan käbir ýerinde iki ýeke adam gizlenip halas bolýardy. Emma Horezmiň ähli adamlary heläk boldy. Birnäçe beýik alymlary, meşhur adamlary, soltanlary bilen dünýä tanalan bu şäher ýer bilen ýegsan edildi.

## MONGOLLARYŇ GAZNANY WE GUR ÝURTLARYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Mongollaryň serkerdesi Horasany eýeländen soň, esgerleriniň köp bölegini Gazna ugratdy. Gaznanyň hökümdary Jelaleddin Horezmşady. Kakasynyň goşunlary Jelaleddiniň gol astyndady. Olaryň sany altmyş müň esgere ýetýärdi. Mongollar bilen Soltan Jelaleddiniň esgerleri Balk diýilýän ýerde söweşdiler. Söweş üç gün dowam edip, musulmanlar ýeňiş gazandylar. Olar mongollary nähili isleseler, şol hili edip paýhyn etdiler. Halas bolanlar Çingiz hanyň ýanyna, Talykana gaçyp gitdiler. Mongollar ýeňlenden soň, Jelaleddin Çingiz hana şeýle mazmunda hat ýollady: «Söweşmek üçin islendik ýeri saýla, men gelerin». Çingiz han esgerlerine ogullarynyň birini baş edip, Soltan Jelaleddiniň üstüne uly goşun iberdi. Olar Kabula geldiler we çadyr dikindiler. Musulmanlar hem ol ýere ugradylar. Olaryň arasynda aýylganç söweş bolup, mongollar ýene-de ýeňildiler. Jelaleddin Horezmşa mongollaryň ýeňilmezekdigini

ýalana çykardy. Olardan örän köp adam öldürildi, galany bolsa ýesir alyndy. Musulmanlar olaryň ähli zatlaryny olja aldylar we mongollaryň elindäki musulman ýesirlerini boşatdylar. Olja musulmanlaryň iň uly ýagysy bolup döredi. Musulmanlaryň içinde Seýfeddin Bugrak diýilýän edermen emir bardy. Onuň bilen Horezmşanyň garyndaşlaryndan saýylýan emir Mälik hanyň arasynda dawa turdy. Mälik han Hyrat hökümdarydi. Olaryň oljanyň üstündäki dawasy soň urşa ýazdy. Bu uruşda Bugragyň dogany öldürildi. Seýfeddin Bugrak: «Men kapyrlar bilen urşup, janymy orta goýýan mahalym meniň doganymy musulmanlar öldürýär» diýip, goşundan aýrylyp, çykyp gitdi. Onuň bilen otuz müň esger gitdi. Soltan Jelaleddin ony galdyrjak bolup ýalbaryp gördi, jihada çagyrdy, Allanyň adyndan gorkuzdy. Emma Seýfeddin yzyna dolanmady. Musulman goşuny azaldy, güýçden gaçdy.

Çingiz han uly goşun bilen Soltan Jelaleddiniň garşysyna çykdy. Jelaleddin Horezmşa esgerleri azalandygy sebäpli hindi ýurtlaryna tarap gitdi. Olar Sind derýasynyň kenaryna geldiler. Emma olaryň derýadan geçmäge gämileri ýokdy. Çingiz han olaryň yzyndan ýetip geldi. Jelaleddin Horezmşa mongollar bilen söweşe girdi. Olar aýylganç söweşdiler. Öňki söweşler bu söweşiň ýanynda göýä bir oýun ýalydy. Musulmanlar mongollaryň başyna kyýamat gopdurdylar. Olardan örän köp adam öldürildi, köpüsi ýaralandy. Bu uruşda musulmanlardan emir Mälik han şehit boldy. Mongollar yza çekildiler. Musulmanlar täzeden hüjüme geçip, olary ýene-de uly ýitgä sezewar etdiler. Allanyň emri bilen kenara gämi geldi. Musulmanlar gämä münüp, derýadan geçdiler.

Ertesi gün kapyrlar (mongol goşunlary) Gazna dolanyp geldiler. Olar musulmanlaryň derýadan hindi ýurtlary tarapa gidendigini görüp, has arkaýyndylar. Mongollar barşyna şäheri eýelediler. Adamlary öldürip, aýallaryň namysyna degdiler. Şä-

heri doly talap, weýran etdiler. Soňra gala ot berdiler. Obadakylaryň-da başyna şeýle oýun saldylar. Bu töwerekler adamgarasyz boşap galdy.

## MÄLIK EŞREBIŇ AHLADY DOGANY ŞYHABEDDIN GAZA BERMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň ahyrynda Mälik Eşrep Musa ibn Mälik Adyl Ahlat şäherini we onuň töwereklerindäki: Maýýafarykyn, Diýarbekir, Hani Armaniýa şäherlerini dogany Şyhabeddin Gazy ibn Mälik Adyla berdi. Ondan Ahladyň deregine Ruha şäherini we Jeziräniň Saruç şäherini aldy. Şyhabeddin 618-nji ýylyň başynda Ahlada göçdi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň dört tirkeşigiň dördünji aýynda Bedreddin Lulu Telagfer galasyny eýeledi.

Bu ýylyň jumadyl ula aýynda Mälik Eşrep Sanjary eýeledi. Soňra ol Mosula gitdi we Erbili almagy ýüregine düwdi. Erbiliň hökümdary bilen Mälik Eşrep meret aýynda ylalaşyga geldiler.

Bu ýyl mongollar Reýi eýeläp, köp gyrgynçylyk etdiler. Olar bu ýerleri taladylar, şähere ot berip, Hemedana gitdiler. Hemedanyň hökümdary mongollaryň öňünden çykyp, aman diledi. Mongollar olardan köp paç alyp, Genjä gidip, ol ýerleri harap eýlediler. Olar bu ýeriň ilatyny talap, adamlary gulgyrnak etdiler.

Bu ýyl halypanyň öňki weziri Nasyreddin Nasyr ibn Mäti Alawy aradan çykdy. Onuň jynazasy köşkdäki metjitde okaldy. Döwletiň ähli emeldarlary onuň jynazasyna gatnaşdy.

Bu ýyl Mosulda sopy, alym, fakyh Sadreddin Abu Hasan Muhammet ibn Hamawy Jüweýni dünýäden ötdi. Onuň asly Horasan taraplaryndandy. Ol özüniň ylmy bilen adamlaryň söýgüsini gazanmagy başardy. Goý, Alla olaryň ählisine rehim etsin!

## 618-NJI HIJRI ÝYLY
*( 25. 02. 1221 – 16. 01. 1222 ý.)*

## MEKGÄNIŇ HÖKÜMDARY KYTADANYŇ WEPAT BOLUP, ONUŇ ORNUNA OGLUNYŇ GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşigiň dördünji aýynda Mekgäniň hökümdary Kytada ibn Idris Alawy togsan ýaşyň içinde dünýäden ötdi. Mekge hökümdarlygy Mekge, Medine, Ýanbug galasyny we Ýemene çenli aralygy öz içine alýardy. Mekgäniň hökümdarynyň esgeri köpelip, abraýy artdy.

Ol hökümdarlyga başlanda, ýagşy gylyk-häsiýetli adamdy. Raýatlaryna köp haýyr-yhsan edip, gije-gündiz olaryň aladasyny ederdi. Emma soň iň bir zalym adamlaryň birine öwrüldi. Halka ezýet berip, haja gelýänleri talady.

Ol ýogalandan soň, tagta onuň ogly Hasan geçdi. Mekge hökümdarynyň başga-da ogly bardy. Onuň ady Rajyh bolup, ol Mekgäniň golaýyndaky galalaryň birinde ýaşaýardy. Rajyhyň dogany Hasany ýek-ýigrenýärdi we onuň tagtyna dawa edýärdi.

Halypanyň Akbaş atly mamlugy bardy. Ol haja gelýänleriň howpsuzlygyna jogap berýärdi. Bu ýyl Rajyh onuň öňünden çykyp, Mekge hökümdarlygyny almaga ýardam bermegini sorady. Rajyh halypa Nasyr Lidinillä köp halat-serpaý edip, onuň

razylygyny aldy. Akbaş ýagşy gylyk-häsiýetli, hajylar bilen ýagşy gatnaşykda bolýan, ýumşak häsiýetli adamdy.

Hasan dogany Rajyh bilen haj emiri Akbaşyň goşun tutup gelýändigini eşidip, esgerleri bilen olaryň öňünden çykdy. Hasanyň esgerleriniň köp bölegi araplardan durýardy. Taraplar söweş meýdanynda duşuşdylar. Akbaş bu ýerleri bilmeýändigi sebäpli azaşyp, esgerlerinden daşlaşdy. Ol näme etjegini bilmän, daga tarap gaçdy. Emma Hasanyň esgerleri Akbaşyň daşyny gurşap aldylar we kellesini kesdiler. Halypanyň esgerleri ýeňlip, derbi-dagyn boldular. Hasanyň esgerleri hajylaryň daşyny gurşap alyp, olary talamak islediler. Emma Hasan hajylara aman berdi we olara haj parzyny ýerine ýetirmek üçin Mekgä girmäge rugsat etdi. Hajylar Mekgä girip on gün boldylar we parzlaryny ýerine ýetirip, yzyna dolandylar. Hasanyň adamlary halypanyň ýanyna baryp, ondan ötünç soradylar.

Hasanyň kakasy şeýle ýagdaýda wepat bolupdy. Ol uly goşun jemläp, Medinä ugrady. Emma Furug düzlügüne ýetende keselläp, esgerlerine doganyny we ogly Hasany baş edip, özi goşundan galdy. Birnäçe gün geçip, esgerleriň biri Hasanyň ýanyna gelip: «Seniň agaň: «Eger agam wepat bolsa, meni goldaň we meniň tarapyma geçiň» diýip özüne tarapdar jemleýär» diýýär. Gulagyna agasy barada aýdýan myş-myşlar hem degip ugrady. Hasan kakasynyň mamluklaryny we agasyny ýanyna çagyryp: «Sen esgerleriň arasynda şeýle-şeýle diýipsiň» diýýär. Emma Kytadanyň dogany onuň ýaly gürrüňiň bolmandygyny aýdýar. Hasan mamluklaryna agasyny öldürmegi buýurýar. Mamluklar oňa: «Sen hem emir, ol hem emir. Emiriň buýrugy bilen emiri öldürip bilmeris» diýip, Hasanyň buýrugyny ýerine ýetirmeýärler. Hasanyň iki sany wepaly guly bardy. Olar Hasana: «Şu işi bize buýursaň, biz berjaý edeli» diýdiler. Hasan ol iki guluna agasyny öldürmegi emr etdi. Hasanyň gullary onuň agasynyň kellesini aldylar.

Kytada doganynyň öldürilendigini eşidip, dergazap boldy we oglyny öldürmegi buýurdy. Hasanyň tarapdarlary derhal Mekgä gelmese, öldüriljegini habar etdiler. Hasan bu habary eşdip, şol wagtyň özünde ýola düşdi. Mekgä gelip, kakasynyň köşgüne girende, onuň otagynyň agzynda adamlar üýşüp dur-dylar. Hasan adamlara kakasyny bimaza etmezlik üçin öýli-öýüne gaýtmagy buýrup, kakasynyň otagyna girdi. Kytada Hasany görüp, sögünip başlady. Hasan rejäň geň däldigini aňyp, kakasynyň üstüne topuldy we ony bogup öldürdi. Ol Mekgäniň tanymal adamlaryny we emirlerini Mekgedäki baş metjide jemläp, kakasy hökümdarlygy özüne ynanandygyny aýtdy we olaryň muny ykrar etmegini talap etdi. Olar Hasany Mekge hökümdary diýip ykrar etdiler. Köp wagt geçmän, Hasan kakasynyň wepat bolandygyny yglan etdi we adamlara onuň tabydyny görkezdi. Mekgeliler ýas tutup, Kytadany depin etdiler. Emma bu tabytda Kytadanyň jesedi ýokdy. Hasan ony gizlin ýagdaýda eýýäm depin edipdi.

Ýanbug galasynda Kytadanyň ýene-de bir ogly bardy. Hasan ony çagyryp, kakasynyň ýaraman ýatandygyny we ony görmek isleýändigini habar etdi. Haçanda ol Mekgä gelende, Hasan onuň kellesini aldyrtdy. Hasan tagtda ynjalykly oturmak üçin doganlaryny we kakasynyň doganlarynyň hemmesini öldürtdi. Ol özüniň zalymlygy bilen ýakasyny tanatdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl musulmanlar ýewropalylardan Dymýat şäherini gaýdyp aldylar.

Sapar aýynda mongollar Maragany eýelediler we ol ýeri talap, adamlary gylyçdan geçirip, galany weýran etdiler.

Soňra mongollar Hemedana gitdiler we ol ýeri hem talap, ýurdy weýran etdiler. Mongollaryň bu ýerde gylyçdan geçiren adamlarynyň sany-sajagy ýokdy.

Bu ýyl mongollar Balikan, Arran, Genje, Derbent, Şirwan, Şamahy, Gürji, Gypjak we Ruslaryň ýurtlaryny talap, ol ýerleri weýran etdiler. Adatdakysy ýaly olar ilki halky talap, soňra gylyçdan geçirdiler.

Bu ýyl meniň dostum, kätip Emineddin Ýakut aradan çykdy. Ol iň meşhur kätipleriň biridi. Onuň ýaşan döwründe oňa taý geljek ýokdy. Ol özüniň ýagşy gylyk-häsiýeti bilen halkyň söýgüsini gazanmagy başardy. Şahyrlar onuň şanyna örän köp goşgy düzdüler. Nejibeddin Huseýin ibn Aly Wasyty ol hakynda şeýle ýazdy:

Sensiň ylym hem-de abraý eýesi,
Dindarlardyr danalaryň söýesi.

Hat ýazmakda ýokdyr seň deňi-taýyň,
Etdiň haýyr işi, jennetdir jaýyň.

Hatyň owadandyr – keşdedir misli,
Ol ylym eýesi, keremden asly.

Öwretdiň hadysy hem-de Gurhany,
Şoldur hemmä ähli derdiň dermany.

Kätipleriň arasynda Ibn Hylal ibn Bewwap iň meşhuru bolsa, Emineddin-de şonuň hataryndadyr. Goý, Alla oňa rehim etsin!

# 619-NJY HIJRI ÝYLY
*( 15. 02. 1222 – 06. 01. 1223 ý.)*

## BEDREDDINIŇ ŞUŞ GALASYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Mosul hökümdarynyň atabegi Bedreddin Lulu Şuş galasynyn eýeledi. Bu gala Akr galasynyň ýanynda ýerleşip, Ymadeddin Zeňňä degişlidi. Bedreddin Lulu bilen Ymadeddiniň arasynda aç-açan duşmançylyk bardy.

Bu ýyl Ymadeddin Zeňňi ibn Arslanşa Uzbeg ibn Pälwana hyzmat etmäge Genjä geldi. Mosul hökümdary Bedreddin Lulu Şuşa gitdi we ol ýeri gabady. Şuş galasy dagyň üstünde ýerleşýärdi. Gabaw uzaga çekdi. Bedreddin gabawy esgerlerine galdyryp, özi Mosula dolandy. Galadakylar gabawyň aýrylmaýandygyny, özlerine hiç hili kömegiň gelmeýändigini görüp, Bedreddine boýun boldular. Bedreddin Lulu bu ýere öz naýybyny belledi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň meret aýynyň ýigrimisine asmanda bir ýyldyz dogdy.  Bu ýyldyzyň uzyn guýrygy bardy. Ol daň atmazynyň öň ýanynda dogup, on günläp, görnüp durdy. Bu ýyldyz ilki doganda, günbatar tarapdan dogsa-da, her gün göz çaky bilen on zarg günorta süýşdi. Soňra birden demirgazyk tarapa süýşüp başlady. Birnäçe gün şeýle ýagdaý dowam edip, oraza aýynyň ahyrynda gözden ýitdi.

Bu ýyl Kifa we Amyt galalarynyň hökümdary Nasyreddin Mahmyt ibn Muhammet Gara Arslan ýogaldy. Ol örän zalym, garasöýmez, raýatlaryna köp azap görkezen, ezýet beren adam hökmünde tanalýardy. Ol pelsepe kitaplaryny köp okady we

Allanyň bardygyna, kyýamat gününe ynanman başlady. Ol wepat bolandan soň, tagta onuň ogly Mälik Mesut geçdi. Goý, Allatagala älem-jahanda şeýle musulman hökümdarlaryny azrak ýaratsyn!

## 620-NJI HIJRI ÝYLY

*( 04. 02. – 26. 12. 1223 ý.)*

## ÝEMENIŇ HÖKÜMDARYNYŇ MEKGÄNI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Müsüriň hökümdary Mälik Kämil Muhammediň ogly Mälik Mesut Atsyz Mekgä ýöriş etdi we ol ýeri eýelemegi başardy. Mekgäniň hökümdary Hasan ibn Kytada zalym adamdy. Ol zalymlygy bilen kakasynyň mamluklaryny özünden daşlaşdyrdy. Ýemeniň hökümdary Mälik Mesut Atsyz esgerlerini jemläp, Mekgä ýöriş etdi we sähel wagtyň içinde ol ýeri basyp aldy. Ýemeniň hökümdary ilki bilen adamlara eden işiniň dogrydygyny aýan etmek üçin Hasanyň kakasy Kytadanyň gabryny açdyryp, tabydy çykartdy. Jemagat sesini çykarman, bolýan zatlara seredip durdy. Köpüsi Mälik Mesudyň bu işini oňlanokdy. Tabydy gabyrdan çykaryp, halka açyp görkezenlerinde, adamlar içini çekdiler. Sebäbi tabyt boşdy. Mekgäniň raýatlaryna Hasanyň kakasyny öldürip, gizlin ýagdaýda jaýlandygy aýan boldy.

Hasan Kytada örän köp zalymlyk etdi. Şol sebäpli hem akybeti erbet gutardy. Ol tagt saklamak üçin agalaryny, doganlaryny gylyçdan geçirdi. Emma Allatagalanyň jezasy uzak garaşdyrmady. Ýemen hökümdarynyň sebäp bolmagy bilen Mekgeliler zalymdan halas boldylar. Goý, Alla musulmanlaryň mukaddes şäherini duşmandan we zalym hökümdardan aman saklasyn!

## GYÝASEDDIN BILEN DAÝYSYNYŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşigiň dördünji aýynda Jebel, Reý, Yspyhan, Kumanyň hökümdary Iýgen Daýysy öz ýegeni Gyýaseddin ibn Horezmşa Muhammet ibn Tekeşden ýeňildi.

Iýgan Taýysy Gyýaseddine hyzmat edýärdi. Ýurtda onuň hökümüni ýöredýärdi. Gyýaseddin hem onuň sözüne gulak asýardy. Onuň abraýy artdy. Ýurdy özi eýelemegiň kül-külüne düşdi. Ol tarapdarlaryny daşyna üýşürip, Gyýaseddiniň tabynlygyndan çykdy. Ol ýollarda mysapyrlary talady, adamlara köp ezýet berdi. Soňra Gyýaseddiniň garşysyna söweşmäge gaýtdy. Gyýaseddin esgerleri bilen onuň öňünden çykyp, söweşe girdi we ony derbi-dagyn etdi. Ýeňlenler masgara bolup, Genjä dolandylar. Gyýaseddin ýurdunda galdy we abraýy artdy.

## BIR GEŇ WAKANYŇ BEÝANY

Gürji şalarynyň maşgalasyndan diňe bir aýal galdy. Ol hem ýurdy dolandyrýardy. Oňa öz ýurdundan bolan adama durmuşa çykyp, döwlet işlerini adamsynyň dolandyrmagyny talap etdiler. Emma onuň isleýän adamyny tapyp bilmediler.

Bu wagt Arzyrumuň hökümdary Mugyseddin Togrulşa ibn Gylyç Arslan ibn Mesut Gylyç Arslandy. Ol yslam hökümdarlarynyň meşhurlarynyň biridi we seljuk şalaryndandy. Onuň ýetişen ogly bardy. Ol gürjülerden şa gyzy ogluna durmuşa çykarmagy talap etdi. Emma gürjüler onuň talabyny kabul etmediler. Olar: «Beýle zat asla mümkin däl. Biziň döwlet işimizi musulman dolandyrmaz» diýip, garşy çykdylar. Onda Mugysedin: «Eger oglum nasrany (hristian) dinini kabul etse, şa gyzyny durmuşa çykararmysyňyz?» diýip sorady. Olar muňa razy

boldular. Mugyseddiniň ogly nasrany dinini kabul edip, şa gyzyna öýlendi we onuň ýurduna göçüp baryp, döwlet işlerini dolandyrmaga başlady. Beýle zatlardan Allanyň özi saklasyn.

Gürji zenanyň gowy görýän mamlugy bardy. Mugyseddiniň ogly aýalynyň erbet işler bilen meşgul bolýandygyny eşitse-de, oňa kelam-agyz zat diýip bilenokdy. Günleriň birinde gürji zenanyň adamsy aýalynyň otagyna girse, ol mamlugy bilen düşekde ýatyrdy. Adamsy oňa dergazap boldy. Gürji zenany adamsyna: «Isleseň-ä ýaşa, islemeseň hem ýurdumdan göç» diýdi. Mugyseddiniň ogly onuň „isleseň-ä ýaşa” diýeni bilen razylaşmady. Şa gyzy ony başga ýurda göçürdi. Soňra şa gyzy Lan ýurdunda iki sany görmegeý ýigidiň bardygy hakynda eşidip, olary öz ýurduna getirtdi we olaryň birine durmuşa çykdy. Emma az wagtdan ol ýigit hem şa gyzyny irizdi. Şa gyzy ony terk edip, başga ýigidiň gözlegine çykdy. Soňra şa gyzyna Kenjeden bir musulmany getirdiler. Gürjüler oňa nasrany dinini kabul etmegi teklip etdiler. Emma ol ýigit bu teklibi kabul etmedi. Şa gyzy ol ýigide durmuşa çykmak isleýärdi. Gürji emirleri şa gyzyna garşy çykdylar we ýurdy musulman hökümdarynyň dolandyrmagyna ýol bermejekdiklerini aýtdylar. Şa gyzy diňe ol ýigidi küýseýärdi. Emma kenjeli ýigit nasranylygy kabul etmekden boýun gaçyrdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Yraga, Şama, Diýarbekre we Jezirä çekirtge geldi we ähli hasyly weýran etdi. Bu ýerlerde azyklyk, zatlar gymmatlady.

Bu ýylyň oraza aýynda şapygy mezhebiniň ulamasy Abdyrahman ibn Hibatulla ibn Asakir aradan çykdy. Ol özüniň ylmy we eden haýyr-yhsan işleri bilen halkyň kalbynda öçmejek yz galdyrdy. Goý, Alla oňa rehim etsin!

## 621-NJI HIJRI ÝYLY

*( 24. 01. – 14.12. 1224 ý.)*

## MONGOLLARYŇ REÝE, HEMEDANA WE BAŞGA ÜLKELERE GAÝDYP GELMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Çingiz hanyň esgerlerinden başga bir topar Reýe geldiler. Öň Hemedany, Reýi başga topar talap, harap eýläpdi. Reý öňki gezek eýelenende, gaçyp gizlenip, halas bolan adamlar yzyna dolanyp gelipdiler. Bu gelen mongollar hem ýurdy talap, berbat etdiler. Adamlaryň hemmesini gylyçdan geçirdiler. Soňra olar Sawa gidip, şeýle zatlar etdiler. Mongollar Kum we Kaşan galasyna gitdiler. Öňki gezek bu ýerlerden mongollar aýlanyp geçip, aman galypdy. Mongollar bu iki galany doly talap, adamlary gylyçdan geçirdiler, galalary ýumurdylar. Soňra Hemedanyň adamlaryny taladylar, öldürdiler we ýesir aldylar. Şäheri weýran etdiler.

Mongollar Reýe ýetende, horezmli esgerleriniň üstünden bardylar. Mongollar duýdansyz çozup, olaryň köpüsini gylyçdan geçirdiler. Horezmlileriň galany Genjä gaçdy. Mongollar Genje hökümdary Uzbeg ibn Pälwany: «Eger sen biziň tarapymyzda bolsaň, ýanyňdaky horezmlileri ber. Bolmasa-da, sen nätjekdigimizi bizi bilýänsiň» diýip, hat ýolladylar. Uzbeg ibn Pälwan horezmlileriň ençemesini öldürdi, köpüsini ýesir aldy. Soňra horezmlileriň kellesini we başga-da örän köp halat-serpaýy mongollara iberdi. Mongollar bu ýerden Horasana gitdiler. Mongollar 3 müň atlydy, ýeňlen musulmanlar alty müň atly. Uzbeg ibn Pälwanyň esgerleri bularyň ikisinden hem köpdi.

## GYÝASEDDINIŇ PARS ÝURTLARYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

620-nji ýylyň ahyrynda Reý, Hemedan, Yspyhan, Kerman şäherleriniň hökümdary Gyýaseddin ibn Horezmşa Muhammet Pars ýurtlaryna gitdi. Ol ýeriň hökümdary Atabeg Sagt ibn Daklady. Ol Gyýaseddiniň gelendigini duýman galdy. Atabeg galalaryň birinde gizlendi. Gyýaseddin hiç bir kynçylyksyz parslaryň iň uly şäheri Şirazy eýeledi. Şiraz Pars ýurdunyň esasy şäheridi. Ähli döwlet işleri bu ýerden dolandyrylýardy. Pars ýurdunyň köp bölegi Gyýaseddiniň eline geçdi. Soňra ol Atabeg bilen ylalaşyp, birnäçe galany oňa berdi. Gyýaseddin mongollaryň ýene-de Reýe gelendiklerini eşidip, Şirazda galdy.

## ŞYHABEDDIN GAZYNYŇ ÖZ DOGANY MÄLIK EŞREBIŇ GARŞYSYNA ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Mälik Eşrep Musa ibn Mälik Adyl Ahlady we onuň töwereklerini öz dogany Şyhabeddin Gaza beripdi. Mälik Eşrep ony tagt mirasdüşeri yglan etdi. Naýyplaryny we esgerlerini onuň tabynlygyna berdi.

Şyhabeddin Mälik Eşrebiň tabynlygyndan çykdy. Ol häkimligi öz eline almak isledi. Şyhabeddin Damask hökümdary Muazzam Isa we Erbil hökümdary Muzaffareddin ibn Zeýneddin bilen Mälik Eşrebiň garşysyna çykmagy ýüreklerine düwdüler.

Mälik Eşrep bu dildüwüşigi eşidip, Müsür hökümdary Mälik Kämilden kömek sorady. Mälik Kämil Damask hökümdary Muazzama: «Eger sen ýurduňdan çyksaň, ýurduňy men eýelärin» diýip hat ýollady. Muazzam Mälik Kämilden gorkusyna Şyhabeddine kömege gitmedi. Muzaffareddin hem Mosula

gidip, Şyhabeddine kömege gelmedi. Mälik Eşrep esgerleri bilen gelip, Ahlady gabady. Şyhabeddin güýjüniň ejiz geljegini bilip, galalaryň birinde gizlendi. Bu ýylyň dört tirkeşigiň dördünji aýynyň on ikisine başgüni Ahladyň adamlary Mälik Eşrebe şäheriň derwezesini açdylar. Şyhabeddin gije galadan çykyp, dogany Mälik Eşrebiň ýanyna geldi we ötünç sorady. Mälik Eşrep onuň günäsini geçdi, ondan öňki beren ähli ýerlerini yzyna alyp, oňa diňe Maýýafarykyny galdyrdy.

## ERBILIŇ HÖKÜMDARY MUZAFFAREDDIN GÖKBÖRINIŇ MOSULY GABAWA SALMAGYNYŇ BEÝANY

Erbiliň hökümdary Muzaffareddin Gökböri ibn Zeýneddin Aly, Ahlat hökümdary Şyhabeddin Gazy we Damask hökümdary Mälik Muazzam dagylar Mälik Eşrebiň ýerlerini elinden alyp, deň paýlaşmagy karar etdiler. Emma Damask hökümdary Müsür hökümdaryndan hat alyp, ýörişe gitmekde boýun gaçyrdy. Şyhabeddin Gazy bolsa Ahlatda gabawa salyndy we bu gala ondan alyndy.

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynyň on üçüne Erbiliň hökümdary Muzaffareddin ibn Zeýneddin Aly ähli esgerlerini jemläp, Mosula ýöriş etdi. Muzaffareddin Mosuly gabawa salsa, Mälik Eşrep Ahladyň gabawyny taşlap gaýdar we onuň yzysüre Şyhabeddin Gazy oňa kömege geler öýtdi. Eger şeýle ýagdaý bolsa, Damask hökümdary Mälik Muazzamyň hem ýardama geljegi ikuçsuzdy. Muzaffareddini Mosula ýöriş etmäge höweslendiren zatlaryň ýene-de biri Bedreddin Lulunyň esgerleriniň köp böleginiň Mälik Eşrebiň ýanynda bolmagydy.

Ol Mosuly birnäçe gün gabawda saklap, alyp bilmedi. Azyk gymmatlap, Muzaffareddine goşuny saklamak agyr düş-

ýärdi. Mosulyň içindäkileriň azyk ýagdaýy gowudy. Olaryň uzak wagt daşardan azyksyz oňar ýaly harajatlary bardy. Mälik Eşrebiň Ahlady Şyhabeddinden alandygy hakyndaky habar Muzaffareddine gelip gowşanda ol esgerlerini yzyna tirkäp, ýurduna dolandy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Bagdada jala ýagdy. Onuň ähli ýeri suw-sil bolup ýatyrdy. Şäheriň ýaşaýjylary suwda ýüzüp ýördüler.

Bu ýyl adatdaky ýaly sünnüler bilen şaýylaryň arasynda çaknyşyk bolup geçdi.

Bu ýyl Mosul, Jezire, Diýarbekr we Yragyň birnäçe ýerlerinde ýagyş ýagman, gurakçylyk boldy. Ösüp ýetişenje hasyly hem çekirtge harap eýledi. Bu ýerlerde azyk gymmatlap, açlyk başlandy.

## 622-NJI HIJRI ÝYLY
*( 13. 01.– 04. 12. 1225 ý.)*

## SOLTAN JELALEDDINIŇ HUZYSTANA WE YRAGA GELMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň başynda Jelaleddin ibn Muhammet ibn Tekeş hindi ýurtlaryndan Huzystan we Yrak tarapa gaýtdy. Jelaleddin hindi ýurdundan gaýdyp, Kermana geldi. Kermany eýeläp, ol ýerden Yspyhana geldi. Yspyhan Jelaleddiniň dogany Gyýaseddiniň gol astyndady. Gyýaseddin Jelaleddine tabyn boldy. Şeýdip Pars ýurdunyň bir bölegi Jelaleddiniň elinde jemlendi. Ol Huzystanyň Tustar şäherini gabawa saldy. Tustar halypa Nasyr Lidinilläniň naýyby emir Muzaffareddiniň elindedi. Ol şäheri goramagy başardy. Jelaleddiniň esgerleri Tustaryň töwe-

reklerini taladylar. Horezmli esgerler dumly-duşa dagap, talaňçylyk etdiler. Olaryň bir topary şol ýerleri talasa, başga bir topar Basra gitdi we ol ýeri talaňçylyga saldy. Basra hökümdary emir Boltegin esgerleri bilen horezimlilere garşy çykdy we aldym-berdimli söweşe girdi. Iki tarapdan örän köp ýitgi bolup, horezmli esgerler yza çekildiler. Basranyň töwereginde halypanyň esgerleri bardy. Olara halypanyň mamlugy Jemaleddin Gaşdemir serkerdelik edýärdi. Halypanyň esgerleri Jelaleddiniň garşysyna çykmaga gorkdular we onuň talaňçylygyna garşylyk görkezmediler. Jelaleddin ol ýerden Bakuba gitdi. Bu meşhur obalaryň biridi. Bakuba Bagdat bilen Horasanyň aralygynda, Bagdatdan ýedi parsah uzaklykda ýerleşýärdi. Bu habar Bagdada baryp ýetdi. Halypa Nasyr Lidinillä Jelaleddiniň garşysyna söweşe esger taýýarlap ugrady. Jemaleddin Gaşdemir hem esgerleri bilen Bagdada dolanyp geldi. Halypa Jelaleddinden gorkusyna ähli esgerlerini Bagdatda jemledi.

Jelaleddin Bakubadan Dakuka gitdi we ol ýeri gabady. Bu ýeriň adamlary galanyň diwarlaryna çykyp, Jelaleddine garşy söweşdiler. Aýylganç söweş bolup, iki tarapdan hem köp adam gyrylýardy. Dakukanyň adamlary Jelaleddine paýyş sögýärdiler. Jelaleddin has-da gazaplanyp, hüjümini güýçlendirdi we ol ýeri eýeledi. Jelaleddiniň esgerleri adamlaryň köpüsini öldürdiler. Jelaleddin esgerlerine Dakukany talamaga rugsat berdi. Horezmli esgerler birnäçe günläp, galany taladylar. Horezmli esgerleriň bir bölegi Tikride gitdiler. Tikritliler Jelaleddiniň esgerleriniň gelýändigini eşidip, ol ýeri taşlap gaçdylar. Halypanyň Tikritdäki esgerleri bilen horezmli esgerleriň arasynda aýylganç söweş bolup, iki tarapdan hem köp ýitgi boldy.

Jelaleddiniň Dakukany basyp alyp, ilaty talandygy hakyndaky habary eşiden Bawazijiň ilaty gorkdy. Bu ýer Mosul hökümdaryna degişlidi. Olar Jelaleddine köp pul iberip, özüniň şihnesini ýollap, bu ýerleri goramagyny soradylar. Jelaleddin

razy boldy we ol ýere öz şihnesini iberdi. Meniň eşdişime görä, Jelaleddiniň iberen şihnesi mongol hökümdary Çingiz hanyň ogullarynyň biridi. Ol söweşleriň birinde Jelaleddine ýesir düşüpdi. Jelaleddin oňa hormat goýdy we ýanyndan aýyrmady. Ol Bawaziji we ol ýeriň ilatyny duşmandan gorady.

## MÄLIK AFDALYŇ ARADAN ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň sapar aýynda Sumeýsat hökümdary Mälik Afdal Aly ibn Salaheddin Ýusup ibn Eýýup elli ýedi ýaşynda tarpataýyn aradan çykdy.

Mälik Afdal öz döwrüniň iň adyl hökümdarlarynyň biridi. Ol haýyr işleri köp edýän, ýumşak häsiýetli, gowy gylykly, sahy, günäden daşda durýan adamdy. Eger dünýäde perişde kimin ynsan bar diýseler, onda ol adam Mälik Afdaldyr. Onuň owadan ýazuwy bardy. Men onuň Damask hökümdarlygyndan jyda düşen başgüni dostlaryna ýazan hatyny görüp, haýran galdym. Mälik Afdalyň şahyrçylykdan hem başy çykýardy. Meniň gören hatymda Mälik Afdal şeýle ýazýar:

Soradym dostlarymdan: «Barmy Watana söýgi»,
Diýdiler başyn ýaýkap: «Kalbymyz doly gaýgy».

Soradym bu soragym duşmanymdan, erbetden,
Jogaby oň doludy paýyş sözden, haýbatdan.

Iň bir ýagşy çykalga – soragymy etdim bes,
Janym heýjana geldi, durmuşa etdim höwes.

Ol adamlara diňe ýagşylyk etmäge çalşardy (goý, Alla oňa rehim etsin we ondan razy bolsun!). Mälik Afdal wepat bolandan soň onuň dogany bilen ogullarynyň arasynda hökümdarlyk

üçin dawa tutdy. Emma olaryň hiç birisiniň hökümdarlyk etmäge gurby çatmady.

Bu ýyl Arzyrum hökümdary Mugyseddin Togrul ibn Gylyç Arslan aradan çykdy. Nasrany dinini kabul edip, gürji şagyzyna öýlenen Mugyseddiniň oglydy. Mugyseddin wepat bolandan soň, Arzyruma onuň ogly hökümdar boldy.

Bu ýyl Arzankän hökümdary hem dünýäden ötdi.

Bu ýylda Hyrta Birt hökümdary Yzzeddin Hydyr ibn Ybraýym ibn Abu Bekr ibn Gara Arslan ibn Syklan hem ýogaldy. Onuň ýerini ogly Artykşa eýeledi.

## SOLTAN JELALEDDINIŇ GENJÄNI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Soltan Jelaleddin Dakukadan Maraga geldi we ol ýeri eýeledi. Ol bu ýerdekä emir Iýgen Daýysynyň Hemedana niýetlenendigini eşitdi.

Iýgen Daýysy bäş müň töweregi esger jemläp, Genje, Pars ýurtlaryna baryp, ol ýerleri talady. Halypa Iýgen Daýysyny Soltan Jelaleddine garşy goýmak üçin, eger ol Pars ýurtlaryny, Hemedany eýelese, bu ýerleri oňa ykta berjekdigini aýtdy. Iýgen Daýysy Soltan Jelaleddiniň Dakukadadygyndan peýdalanyp, Hemedana ýöriş etdi. Soltan Jelaleddin Maragadan gije ýeke özi Iýgen Daýysynyň ýanyna gitdi. Daýysynyň esgerleri garaňkylyk bolansoň, Soltan Jelaleddini tutsalar-da tanamadylar. Ertesi irden başyndaky täji görüp, esgerler onuň Soltan Jelaleddindigini bildiler. Olaryň özleriniň göwresini saklamaga mejaly galmady, ellerindäki ýaraglary ýere gaçdy. Bu habary eşiden Iýgen Daýysy aýalyny Soltan Jelaleddiniň ýanyna aman dilemäge iberdi. Iýgen Daýysynyň aýaly Soltan Jelaleddiniň aýal doganydy. Soltan Jelaleddin oňa aman berdi we Iýgen Daýysynyň esgerlerini ýanyna alyp, Maraga dolandy.

Genje hökümdary Uzbeg ibn Pälwan Soltan Jelaleddinden gorkusyna Töwrizden Kenja gaçyp gitdi.

Uzbeg ibn Pälwan Töwrizden gidenden soň, bu ýerde talaňçylyk başlady. Pälwanyň Töwrizde galan esgerleri ilatyň elinde bolan bar baýlygy aldylar. Ýurtda eden-etdilik başlandy. Töwriziň ilaty zorluga çydaman, Pälwanyň aýalyna bu ýerdäki şihnäniň üstünden arz etdiler. Genjäni dolandyrýan onuň aýalydy. Uzbeg ibn Pälwanyň aýaly Soltan Togrul ibn Arslan ibn Togrul ibn Muhammet ibn Mälikşanyň gyzydy.

Soltan Jelaleddin Töwrize geldi we ol ýeri gabady. Töwriziň ilaty Soltan Jelaleddine garşy aýylganç söweşdi. Töwriziň ilaty ejizledi. Olar Soltan Jelaleddinden aman dilediler. Soltan Jelaleddin olara Uzbeg ibn Pälwanyň horezmlileri öldürip, kellelerini mongollara eltip berenini ýatladyp, rehimsizlik bilen köpüsini gyrdy. Olar Soltan Jelaleddine bu işi Uzbeg ibn Pälwanyň buýrugy bilen edendiklerini aýdyp, ötünç soradylar.

Soltan Jelaleddin rejep aýynyň on ýedisine Genjäni doly eýeledi we raýatlaryň günäsini geçdi. Olar Uzbeg ibn Pälwanyň aýalyna aman dilediler. Soltan Jelaleddin aman berdi we Uzbeg ibn Pälwanyň aýalyny Huwaý galasyna göçürdi. Onuň hyzmatynda esger we birnäçe gyrnak berdi. Soltan Jelaleddin anna güni juma namazyna bardy. Hutba okalyp durka, halypanyň ady tutulanda, ýerinden turdy we hutbanyň ahyryna çenli oturmady. Soňra Soltan Jelaleddin Uzbegiň köşgüne girdi. Ol bu kaşaň köşge aýlanyp görüp: «Bu köşkde diňe ýalta adam ýaşap biler» diýip, çykyp gitdi we esgerlerine gürjüleriň üstüne ýörişe taýýar bolmagyny buýurdy.

## GÜRJÜLERIŇ SOLTAN JELALEDDINDEN ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Gürjüler musulmanlara örän köp ezýet berdiler. Olar serhede golaý ýerdäki musulman obalaryny we şäherlerini talap,

adamlaryny öldürýärdiler. Musulmanlar Alladan özleriniň gürjülerden aryny alar ýaly soltanyň döremegini dileýärdiler. Olaryň dilegi kabul bolup, şeýle soltan döredi. Allatagala Soltan Jelaleddini musulman ymmatynyň bagtyna dünýä inderdi.

Soltan Jelaleddin Genjäni eýeländen soň, Gürjüstana hyýallandy. Ol şol ýylyň meret aýynda Gürji ýurdyna bardy. Soltan Jelaleddin esgerleriniň arasyna aýlanyp, olara: «Meniň esasy maksadym gürjüler bilen söweşip, olaryň ýurduny eýelemek. Olaryň mal-mülküni olja edip, bu ýerde ýaşaýan musulmanlary kapyrlaryň ezýetinden halas etmek» diýerdi. Esgerler Soltan Jelaleddini gowy görýärdiler we oňa doly tabyn bolýardylar. Sebäbi Soltan Jelaleddin batyr serkerde we syýasatçy hökümdardy.

Soltan Jelaleddin gürjüleriň üstüne ilçi iberip, olaryň ýurduna ýöriş etjekdigini duýdurdy. Olar razy boldular we «Biz seniň kakaňy derbi-dagyn eden mongollar bilen söweşip, olardan üstün çykmagy başardyk. Seniň kakaň döwletem, esgerem seniňkiden güýçlüdi. Mongollar siziň ýurduňyzy ýer bilen ýegsan etdiler. Sen biziň üstümize ýöriş edeniňden gidip, mongollardan aryňy al» diýip, hat ýolladylar.

Soltan Jelaleddin dergazap bolup, ýetmiş müň esger jemläp, gürjüleriň üstüne ýörişe başlady. Ol Dawin şäherine baryp, çadyr dikindi. Dawin şäheri az wagtyň içinde eýelendi. Bu şäheri öň gürjüler musulmanlardan basyp alypdylar. Soňra Soltan Jelaleddin gürjüleriň esasy goşunynyň üstüne sürdi. Olaryň arasynda aýylganç söweş bolup geçdi. Soltan Jelaleddiniň esgerleri duşmanyň üstüne «Alla!» diýip at goýdular. Aýylganç söweş bolup, gürjülerden ýigrimi müň adam gylyçdan geçirildi, galanlary ýesir alyndy. Käbirleri maňa gürjüleriň mundan-da hem köp gyrlandygyny aýtdylar. Gürjüler ýeňlip, mal-mülkleri olja, özleri hem gul-gyrnak boldular. Soltan Jelaleddin esgerlerine ýurdy talamaga rugsat berdi we soňundan galalary

ýumurmagy buýurdy. Gürjüleriň hökümdary aýaldy. Muhammet alaýhyssalamyň: «Hökümdary zenan bolan kowum hiç haçan ýeňiş gazanmaz» diýen sözi bu gün ähli musulman ymmatyna aýan boldy.

## SOLTAN JELALEDDINIŇ TÖWRIZE GAÝDYP GELMEGINIŇ WE UZBEG IBN PÄLWANYŇ AÝALYNA ÖÝLENMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Jelaleddin gürjüler bilen söweşip ýörkä, Töwrizde soltanyň weziri Şerefulmülk Jelaleddiniň garşysyna gitmegi niýetine düwdi. Ol Şemseddin Tugraýyny hem öz tarapyna çekdi. Olar ýurda Uzbeg ibn Pälwany getirmekçidiler. Olar: «Eger biz ýurda Uzbeg ibn Pälwany getirsek, Soltan Jelaleddin gelmäge gorkar. Eger birden geläýse-de, gürjüler hem onuň yz ýany bilen gelerler. Uzbeg ibn Pälwanyň esgerleri bilen gürjüler birleşip, Soltan Jelaleddiniň soňuna çykarlar» diýip, maslahat etdiler. Soltan Jelaleddin bu habary gürjüler bilen söweşden öň eşitdi. Soltan Jelaleddin gürjüleri ýeňenden soň, esgelerini we serkerdelerini jemläp, olara ýagdaýy habar berdi. Olara: «Men bu habary öň eşitdim, emma söweşiň öň ýanynda erbet habar aýdyp, sizi birahatlandyrmak islemedim. Men Töwrize gitmekçi bolýaryn. Siz eýelenen ýerleri iň soňky demiňize çenli goraň» diýip sargady we az sanly esger bilen Töwrize ugrady. Soltan Jelaleddin Töwrize gelip, pitneçileri tussag etdi. Ol şäher hökümdary Şemseddin Tugraýy şähere masgara edip aýlatdy. Adamlar şäheriň köçelerine çykyp, Şemseddini daşlaýardylar we oňa nälet okaýardylar. Sebäbi ol zalymlygy bilen raýatlara köp ezýet beripdi. Soltan Jelaleddin Şemseddini masgaralap, soňra öldürtdi. Galanlary tussaglykda galdylar. Soňra Soltan Jelaleddin Uzbeg ibn Pälwanyň talak beren aýaly Soltan

Togrulyň gyzyna öýlendi[1] we birnäçe wagtlap Töwrizde galdy. Soltan Jelaleddin goşunyny Kenje şäherine ugratdy we ol ýeri eýeledi. Uzbeg ibn Pälwan Kenje galasynda gizlendi.

Meniň eşidişime görä, Soltan Jelaleddiniň esgerleri Kenje galasynyň töwereginde ýaşaýan ilaty talap, olara köp ezýet beripdirler. Uzbeg ibn Pälwan Soltan Jelaleddine hat ýollady. Ol: «Men özümiň iň ýagşy görýän serkerdelerime-de talaňçylyk etmäge rugsat bermeýärdim. Seniň esgerleriň halky talap, olary lagar düşürýärler. Men senden esgerleriňe halky talamagy gadagan etmegiňi soraýaryn» diýip haýyş bilen ýüzlenýär. Soltan Jelaleddin onuň haýyşyny kanagatlandyryp, esgerlerine raýatlary talamagy gadagan etýär.

## HALYPA NASYR LIDINILLÄNIŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň oraza aýynyň iň soňky gijesi Nasyr Lidinillä Abu Abbas Ahmet ibn Mustady Biemrilla wepat boldy. Halypanyň ýaşy ýetmişe baryp, ol kyrk alty ýyl on aý ýigrimi gün halypalyk etdi. Ondan öň diňe Mustansyr Billä Alawy Müsürde altmyş ýyllap halypalyk edipdi. Emma Mustansyr Billäniň edi ýaşynda halypa boldy diýen maglumata ynanmak kyndyr.

Ejesiniň ady Zümerret bolup, onuň asly türkmenlerdendi. Halypa Nasyr Lidinillä wepat bolmazyndan üç ýyl öň şel bolup, hereketden galdy. Soň bir gözi kör bolup, beýleki gözi

[1] Muhammet ibn Wasylyň «Ibn Wasylyň taryhy» atly eserinde bu barada şeýle maglumat berilýär: „Uzbeg ibn Rälwan aýalyna – soltan Togrulyň gyzyna talak bermändi we şerigatyň kada-kanunyna laýyklykda Jelaleddin oňa öýlenip bilmeýärdi. Uzbeg ibn Pälwanyň gowy görýän mamlugy bardy. Ol adamlaryň arasynda: «Şu mamlugyma bir zat bolsa, aýalym talak bolsun» diýerdi. Uzbegiň bu sözlerini Jelaleddine aýdanlarynda, ol Uzbegiň mamlugyny tapyp, ony öldürmegi buýurdy. Mamlugyň öldürilmegi bilen Uzbegiň aýaly talak boldy we Jelaleddin şerigatyň kada-kanunyna laýyklykda soltan Togrulyň gyzyna öýlendi”.

hem çala görýärdi. Wepat bolmazyndan ýigrimi gün öň içgeçme keseli degdi we şol keselden aýňalman ýogaldy.

Halypa Nasyr Lidinillä örän zalym adam bolup, halkyň köp hakyny iýdi. Halka köp salgyt salyp, olaryň köpüsini ýurtdan çykardy. Halypa syýasatdan baş çykaranokdy. Köp ýurtlarda onuň adyna hutba okalmasy kesildi. Diňe halypadan halat-serpaý alanlar halypanyň adyna hutba okatdylar. Halypa oraza aýynda garyp-gasarlara sadaka paýlap, nahar bererdi. Emma onuň eden bu işi uzak dowam etmedi. Ynamly dostlarymyň biri maňa: «Halypanyň iň agyr günäleriniň biri onuň mongollary musulman ýurtlaryna çagyrmagydyr. Ol Horezimşadan gorkusyna mongollaryň hökümdary Çingiz hana hat ýollap, eger ol Horezme ýöriş etse, özüniň päsgelçilik bermejegini aýdypdyr» diýip, gürrüň berdi.

## ZAHYR BIEMRILLÄNIŇ HALYPALYGA GELMEGINIŇ BEÝANY

Öň aýdyp geçişimiz ýaly, 585-nji ýylda halypa Nasyr Lidinilläniň ogly Abu Nasyr Muhammet tagt mirasdüşeri diýip yglan edildi we halypalygyň ähli ýerlerinde onuň adyna hutba okaldy. Soň halypa öz pikirini üýtgedip, ogly Alyny tagt mirasdüşeri etdi. Emma 612-nji ýylda Aly wepat boldy. Halypa ýene-de Abu Nasyr Muhammedi tagt mirasdüşeri etmäge mejbur boldy.

Halypa Nasyr Lidinillä wepat bolandan soň, onuň ogly Abu Nasyr Muhammet halypa boldy. Raýatlar ol Allanyň emrini berjaý eder diýen umyt bilen oňa Zahyr Biemrilla lakamyny berdiler.

Zahyr Biemrillä halypalyga gelip, örän köp haýyr-yhsan, adyl işler etdi. Eger Omar ibn Abdylezizden soň köp haýyr iş eden kim diýseler, ikirjiňlenmän Zahyr Biemrillä diýmek bolar.

Ol kakasynyň alýan salgytlaryny azaldyp, raýatlarynyň kynçylyklaryny ýeňletdi. Bagdadyň golaýyndaky Bakuba obasynyň ýaşaýjylary gadymdan ýylyna on müň dinar töleýärdiler. Emma halypa Nasyr Lidinilläniň döwründe obanyň salgydy segsen müň dinara ýetirildi. Zahyr Biemrillä halypa bolup, obanyň salgydyny ýene-de on müňe getirdi we kakasynyň artyk alan salgydyny raýatlara gaýdyp berdi. Ol kakasynyň zyndana oklan adamlaryny tussaglykdan azat edip, olara pul kömegini berdi.

Halypa Nasyr Lidinilläniň döwründe Bagdat birnäçe mähellelere bölünip, her mähelläniň gözegçileri bardy. Olar Bagdatdaky adamlaryň arasyna aýlanyp, olaryň halypa hakynda edýän gürrüňlerini jemläp, kagyza geçirip, her gün halypa ýetirip durardylar. Halypa özi hakynda erbet gürrüň edýänlere jeza bererdi. Zahyr Biemrillä halypalyga gelende, mähelläniň gözegçileri adatdakylary ýaly halypa Bagdatda bolan gürrüňleriň ýazgysyny getirdiler. Halypa olary okap görüp: «Munuň nämä derkary bar. Siz boş gürrüňleri ýazman, raýatlaryň bähbidini, olaryň kemçiliklerini belläň we döwleti ösdürmegiň ýollaryny salgy beriň» diýýär. Gözegçileriň ýolbaşçysy halypa: «Eger raýatlara gözegçilik etmeseň, olaryň arasynda şer işler köpeler» diýýär. Halypa gaharlanyp: «Adamlaryň ýaşaýşy gowy bolsa we Alla ýardam berse, şer iş bolmaz» diýýär.

Mosul we Jezirede bazardaky we dükanlardaky harytlar gymmatlap, raýatlaryň haly kynlaşdy. Wezirdir döwlet işgärleri halypa söwdagärlere bahany arzanlatmagy emr etmegini soradylar. Halypa olara: «Söwdagärlerem, alyjylaram meniň üçin birdir. Olaryň ikisi hem meniň raýatlarymdyr. Men olaryň biriniň peýdasy üçin beýlekä zulum edip bilmerin» diýip, bahalaryň arzanlatmagy üçin özi haryt getirdip, arzan bahadan satdyrdy. Alan girdejisini hem raýatlaryna paýlady.

Onuň bir aýdan sözi maňa güýçli täsir etdi. Halypa: «Sen näme üçin adamlara gereginden artyk pul seçýäň?» diýenlerin-

de, ol: «Adamzadyň şatlygyna deň geljek zat ýokdyr. Men olaryň ýarym asyr jebir-jepa çekip ýaşanyny nähili gaýtarjagymy bilemok. Men haýyr iş etsem, meni öz günüme goýuň, eger şer iş etsem, onda maňa aýdyň. Meniň näçe gün ýaşajagym belli däl» diýdi. Şol ýylyň oraza baýramynda Zahyr Biemrillä alymlara ýüz müň dinar paýlady.

## BEDREDDIN LULUNYŇ YMADYÝA WE HARUZA GALALARYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Mosul hökümdary esgerleri bilen Ymadyýa galasyna geldi we ol ýeri gabawa saldy. Bedreddin galany azykdan kesip, galanyň ýaşaýjylarynyň ýagdaýyny kynlaşdyrdy. Soň Bedreddin az sanly esgeri bilen Haruza galasyna gitdi we ol ýeri hem gabawa saldy we köp güýç sarp etmän, eýelemegi başardy. Haruza galasy eýelenenden soň, Bedreddin Lulu ogly Emineddin Luluny esgerlerine baş edip, galanyň gabawynda goýdy we özi Mosula dolandy. Bedreddin Ymadyýadan gidenden soň, boş aýynda galadakylar bu gala derek başga gala berilse Bedreddine tabyn boljagyny aýtdylar. Bedreddin olaryň şertine razy bolmakçy bolanda, ogly Emineddiniň uçuran hat gatnadýan kepderisi geldi. Kepderiniň ganatynyň aşagynda hat bardy. Hatda Emineddiniň Ymadyýa galasyny güýç ulanyp eýeländigi hakynda ýazylypdy. Bedreddin Ymadyýalylaryň şertinden ýüz dönderdi.

Ymadyýa galasynda beni hoja diýilýän tire bardy. Olar Ymadyýa galasynyň esasy tanymal adamlarydy we galada sözi diňlenýänlerdendi. Olar Ymadeddin Zeňňiniň tarapyny tutup, Bedreddin Lulunyň garşysyna çykdylar. Emma Ymadyýa galasynyň raýatlary söweşlerden ýadadylar. Olar Emineddin Lulunyň ýanyna ilçi iberip, gala gelse, galany oňa berjekdigini

aýtdylar. Emineddin olaryň diýenine ynanmady, emma esgerlerini alyp galanyň derwezesine bardy. Galadakylar Emineddine galanyň derwezesini açyp berdiler. Galanyň içinde Bedreddine şöhratlandyrýan şygarlar gygyrylyp başlandy. Beni hojanyň adamlary we olaryň ýaranlary tussag edilip saklanýardy. Şeýdip bu gala hiç hili tölegsiz we öwezine gala bermezden eýelendi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň sapar aýynyň ýigrimi birinde Yrakda, Jezirede we Mosulda ýer yrandy. Emma ýer titremesi gaty güýçli bolmady.

Bu ýyl geň waka boldy. Bazarlardyr dükanlarda goňur şekeriň bahasy 1,25 dirhem, ak şekeriň bahasy bolsa 2 dirhemdi. Birden baha galyp, goňur şekeriň bahasy 3,50 dirhem, ak şekeriň bahasy bolsa 3,25 dirhem boldy. Muňa sebäp bolan zatlaryň biri şudur: ýurtda mergi keseli ýaýrap ugranda, aýallar: «Goňur şeker mergä garşy derman eken» diýipdirler welin, ýurtda şekeriň bahasy galypdyr. Aýallaryň nadan pikiri zerarly mergi keseli güýjäp, sanardan köp heläkçilik boldy. Men şol wagt bir tabytda birnäçe jesediň alnyp barylýanyny gördüm. Bu keselden otuz sekiz ýaşly dostum, Mosul hatyby Abdylmuhsyn ibn Abdylhatyp Tusy hem wepat boldy.

Bu ýyl Mosul, Yrak, Şam, Jezire we Diýarbekire güýçli jala geldi. Jala sebäpli köçeler suwdan dolup, ýollarda ýöremek kynlaşdy.

Gyş paslynda Yrakda güýçli gar ýagdy. Meniň eşidişime görä, gar Yragyň ähli ýerinde ýagypdyr.

Bu ýyl Mosula degişli bolan meşhur Zagpyran galasy harap edildi. Bu gala Faraşpuryň golaýyndaky daglyk ýerde ýerleşýärdi.

Mosulyň ýene bir galasy bolan Hakkaryýa galasy harap boldy. Bu gala degişli obalar indi Ymadyýa galasyna degişli boldy.

Bu ýylyň zul hijja aýynda Horezmşa Jelaleddin Töwrizden Gürji ýurduna gitdi. Bu ýylyň ahyryna çenli ondan hiç hili habar bolmady.

Bu ýyl Bagdatda gar ýagyp, howa örän sowuk boldy. Köp adam sowuga çydaman, heläk boldylar.

Dört tirkeşigiň birinji aýynda Dejle derýasynyň suwy köpelip, kenardaky ýaşaýjylara uly howp abandy. Adamlar derýanyň suwy joşup, öýlerini weýran eder öýdüp gorkdular. Emma Allanyň eradasy bilen derýanyň suwy peselip, adamlar rahatlyk tapdylar.

## 623-NJI HIJRI ÝYLY
*( 02. 01. – 23. 11. 1226 ý.)*

## SOLTAN JELALEDDINIŇ TIFLISI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynyň 8-ne Soltan Jelaleddin Tiflisi eýeledi.

Geçen ýyl Soltan Jelaleddin Töwrize gidende, gürjüler täzeden uly goşun jemlediler. Olara Lan we Lakiz galasyndaky gürjüler, gypjaklar we başga milletler kömege geldiler. Ýygnanan goşunyň sany-sajagy ýokdy. Şeýtan olara uly ýeňşi wada etdi. Soltan Jelaleddin Töwrizden gelip, gürjüler bilen söweşe girdi we az salymyň içinde olary derbi-dagyn etdi. Gürjiler alabasgy bolup, dogan-dogandan geçip, aýagaldygyna gaçdylar. Soltan Jelaleddin gürjüleriň ýekejesini-de goýman, gyrmagy buýurdy. Gürjülerden ýeke adam aman sypmady. Soltan Jelaleddiniň egindeşleri oňa Tiflise ýöriş etmegi we olaryň höküm-

daryny derbi-dagyn edip, ýurdy doly eýelemegi maslahat berdiler. Soltan Jelaleddin esgerlerine: «Galanyň töwereginde söweşmän, galanyň özüne gidip söweşeliň. Ýaranyň özenini çykarmasaň, ýara gutulmaz» diýýär we Tiflise tarap gidýär. Soltan Jelaleddin Tiflisiň golaýyna baryp, çadyr dikdi. Soltan Jelaleddin söweşe girmezden öň, söweş meýdanyna ser salyp, söweş tilsimlerini düzerdi. Ol ýanyna esgerlerini alyp, söweşjek ýerlerini görmäge çykdy. Ol birnäçe buky ýerde esgerlerini goýup gitdi. Galan esgerleri bilen Tiflise ýakyn geldi. Onuň esgerleriniň azdygyny gören gürjüler aňsat ýeňiş tamasyny edip, Soltan Jelaleddiniň üstüne çozdular. Soltan Jelaleddiniň esgerleri az salym söweşip, bukudaky esgerlere tarap gaçdylar. Gürjüler bukynyň deňinden geçenden, olary ähli tarapdan Soltan Jelaleddiniň esgerleri gurşap alyp, gylyçdan geçirdiler. Aman sypan gürjiler gaçyp gala girdiler. Soltan Jelaleddiniň esgerleri hem olar bilen gala kürsäp girdiler we şäherdäki adamlary gylyçdan geçirdiler. Gürjüler aljyraňňylyga düşüp, şäheriň içi alagopgun boldy. Bu gün gürjüler üçin kyýamat gopan dek bolup, dogan-dogandan, kakasy oglundan geçdi. Şäheriň çar künjeginden ahy-nala sesi eşdilýärdi. Soltan Jelaleddin gürjüleriň yslam dinini kabul edenini goýup, galanyny uly diýmän, kiçi diýmän gyrmagy buýurdy. Yslamy kabul edenleri sünnet etdirdi. Musulmanlar şäheri taladylar. Aýal-gyzlary gyrnak etdiler. Bu ýeňiş musulman esgerleriniň iň uly ýeňişleriniň biridi.

Yslam dini geleni bäri we ondan öň hem gürjiler musulman ymmatynyň ganym duşmanydy. Soltan Jelaleddinden öň hem birnäçe hökümdarlar Gürji ýurduna ýöriş edip, maksadyna ýetip bilmän, yzyna gaýdypdylar. Gürjüler 515-nji hijri ýylynda soltan Mahmyt ibn Mahmyt ibn Mälikşa Seljugyň döwründe Tiflisi eýelediler. Soltan Mahmyt şol wagt esgeri köp, çäksiz ýurduň eýesi we musulman hökümdarlarynyň iň haýbatlysy bolsa-da, Tiflisi gorap bilmedi. Reý, Yspyhan, Jebel we Pars ýurtlary,

Huzystan, Yrak, Genje, Arran, Erminiýýa, Diýarbekir, Jezire, Mosul we Şam Soltan Mahmydyň golastyndady. Horasan we Mawerannahr bolsa onuň kakasynyň dogany Soltan Sanjara degişlidi. Emma şeýle sansyz goşuna we çäksiz ýurtlara eýelik etse-de, soltan Mahmyt 519-njy ýylda Tiflise ýöriş edip, maksadyna ýetip bilmedi. Soltan Mahmytdan soň hem Gürji ýurtlaryna birnäçe ýörişler boldy. Emma olaryň hiç haýsy Soltan Jelaleddiniň gazanan üstünlügini gazanyp bilmedi. Allatagala bu ýeňşi Soltan Jelaleddine peşgeş berdi. Tiflis musulman hökümdarynyň golastyna geçip, ýurtda azan sesi ýaňlanyp başlady.

## KERMAN NAÝÝBYNYŇ SOLTAN JELALEDDINE GARŞY ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynda Soltan Jelaleddine Kerman naýyby Ballak Hajybyň onuň tabynlygyndan çykmakçy bolýandygy hakyndaky habar gelip gowuşdy. Ballak hajyp soltan Jelalediniň gürjüleriň ýurduny eýeläp, esgeriniň köpelip, abraýynyň artýandygyny görüp, ýagdaýy mongollara habar berdi. Mongollar oňa ýardam berse, Soltan Jelaleddine garşy çykjakdygyny aýdýar. Soltan Jelaleddin bu habary eşidip, esgerlerini alyp, gyssagly Kermana gitdi. Ol Kermanyň golaýyna baryp, köp halat-serpaý berip, naýybyň ýanyna çapar ýollady. Çapar naýybyň ýanyna baryp, halat-serpaýy gowşuryp, Soltan Jelaleddiniň ony öz ýanyna, Gürji ýurduna çagyrýandygyny habar edende, Ballak hajyp bu ýerde bir hiläniň bardygyny we Soltan Jelaleddiniň şu töwerekdedigini duýup, iň ýakyn adamlaryny ýanyna alyp, galalaryň birinde gizlendi. Ol Soltan Jelaleddine hat ýollady. Ballak hajyp hatynda: «Men seniň sadyk guluň we wepaly mamlugyňdyryn. Seniň bu ýerlere gelýändigiňi eşidip, men seniň ýurduňy boşatdym» diýip ýazýar.

Soltan Jelaleddiniň çapary onuň Tiflisdedigini aýdyp, ant içip, awy ýalasa-da Ballak hajyp ynanmady. Soltan Jelaleddiniň çapary maksadyna ýetip bilmän, soltanyň ýanyna lapy keç halda gaýdyp geldi. Soltan Jelaleddin galany almakçy bolsa, köp eglenjekdigine göz ýetirip, Ballagyň gizlenen galasyny oňa berdi we halat-serpaý ýollady. Şol wagt Tiflisden Mälik Eşrep bilen Soltan Jelaleddiniň esgerleriniň arasynda çaknyşyk bolandygy hakynda habar geldi. Soltan Jelaleddin wagt ýitirmän, Tiflise tarap ugrady.

## MÄLIK EŞREBIŇ ESGERLERI BILEN SOLTAN JELALEDDINIŇ ESGERLERINIŇ ARASYNDA BOLUP GEÇEN SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýyl Soltan Jelaleddin Kermana gitdi we esgerlerine baş edip weziri Şerefulmülki belledi. Soltan Jelaleddin gidenden soň, galan esgerleriň azygy gutardy. Arzyrumuň töwereklerine gidip, adamlary taladylar, aýallary masgaralydylar we örän köp olja aldylar. Olar yzyna dolananda ýollary Ahladyň golaýyndan geçýärdi. Ahlatda Mälik Eşrebiň naýyby Husameddin bardy. Ol Soltan Jelaleddiniň esgerleriniň Ahladyň töwereklerini talandygyny eşidip, esgerlerini alyp, olaryň garşysyna çykdy. Husameddin bilen Soltan Jelaleddiniň esgerleri çaknyşyp, Soltan Jelaleddiniň esgerleri ýeňildi. Olaryň ähli oljalary Husameddine galdy. Wezir Mälik Eşrebiň gelmeginden gorkup, Soltan Jelaleddine çaltrak yzyna dolanmagyny haýyş edip, hat ýollady.

## HALYPA ZAHYR BIEMRILLÄNIŇ ARADAN ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň rejep aýynyň on dördüne halypa Zahyr Biýemrillä ýogaldy. Ol kakasy ölenden soňra dokuz aý we ýigrimi dört gün halypalyk etdi. Ol adyl we haýyr-yhsan edýän, Alla-

dan gorkýan, raýatlarynyň halyndan habar alýan adamdy (goý, Alla oňa rehim etsin!). Onuň ýerini ogly Mustansyr Billä eýeledi.

## AMYDYŇ HÖKÜMDARY BILEN KEÝKUBADYŇ SÖWEŞINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň meret aýynda Rumuň hökümdary Alaeddin Keýkubat ibn Keýhysrow ibn Gylyç Arslan Amydyň hökümdary Mälik Mesudyň üstüne ýöriş etdi we birnäçe galasyny basyp aldy.

## SOLTAN JELALEDDINIŇ ANI WE KARS ŞÄHERLERINI GABAWA SALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň oraza aýynda Soltan Jelaleddin Kermandan Tiflise dolandy we gürjüleriň Ani şäherine gitdi. Ol ýerde gürjüleriň wezipeli adamlary we saýlama esgerleri bardy. Soltan Jelaleddin esgerleriniň ýarysyny Kars şäherine iberdi. Ol şähere manjanyklardan daş zyňdyrdy. Gürjüler Soltan Jelaleddinden gorkusyna elinde baryny edip goranýardylar. Soltan Jelaleddin baýram aýynyň ahyryna çenli gabawy saklap, soňra bu ýerde esgerleriniň ýarysyny goýup, Tiflise dolandy. Tiflisden hem Abhaziýa gidip, ol ýeri talady. Adamlaryň köpüsüni öldürip, galanyny ýesir aldy. Soňra ýurdy weýran edip, ot berdi. Soltan Jelaleddin köp olja alyp, yzyna Tiflise dolandy.

## SOLTAN JELALEDDINIŇ AHLADA ÝÖRIŞ ETMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Jelaleddin bu ýylyň boş aýynyň on üçüne ruhgüni Malazgirde we şu aýyň on bäşine, başgün Ahlat şäherine geldi.

Ahlat ilaty Soltan Jelaleddine garşy çykyp, aýylganç söweşdi. Soltan Jelaleddiniň esgerleri şäheriň diwaryna ýakynlaşdy. Ahladyň ilatyndan örän köp adam öldürildi. Soltan Jelaleddiniň esgerleri bir hüjümde şäheriň bir bölegini eýelediler. Adamlary talap, aýallara el gatdylar. Bu ýagdaýy gören Ahladyň ilaty horezmlilere garşy söweşmäge öz esgerlerine kömege bardylar we olary şäherden çykardylar. Soltan Jelaleddin gabawy gyş pasly düşýänçä saklady we gurban aýynyň ahyrynda bu ýerden gitdi. Onuň bu ýerden gitmeginiň sebäbi sowuk düşüp, gar ýagyp başlamagy we eýwanly türkmenleriň ýurdunda talaňçylyk etmegidi.

## SOLTAN JELALEDDINIŇ EÝWANLY TÜRKMENLER BILEN SÖWEŞINIŇ BEÝANY

Eýwanly türkmenler Genjedäki Esne we Urmyýa şäherlerini eýeläp, Huwaýýa şäherinden hem paç alýardylar. Olar Soltan Jelaleddiniň meşgullygyndan peýdalanyp, ýollarda mysapyrlary talaýardylar. Olar Töwriziň töwereginde täjirleri talap, olardan ähli zatlaryny we ýigrimi müň töweregi goýunlaryny olja aldylar. Adamlaryň haly kynlaşyp, eýwanlylardan goranmagyň çäresini gözleýärdiler. Soltan Togrulyň gyzy ýanyndaky ähli adamlaryny eýwanlylardan goranmaga ýollady we ýurtdaky ýagdaýy Soltan Jelaleddine habar berdi.

Soltan Jelaleddin bu habary eşidip, Ahladyň gabawyny taşlap gaýtdy. Eýwanlylar Soltan Jelaleddin Ahlatda diýip arkaýyndylar. Olar duýdansyz Horezmşa Jelaleddiniň esgerleriniň gabawyna düşdüler. Soltan Jelaleddin ähli tarapdan hüjüm edip, köpüsini gylyçdan geçirdi. Galanlaryny gul-gyrnak edip, ýany bilen alyp gitdi. Olaryň ähli talan oljalaryny elinden alyp, Töwrize dolandy.

## MÄLIK MUAZZAM BILEN MÄLIK EŞREBIŇ ARASYNDAKY YLALAŞYGYŇ BEÝANY

Mälik Adyl wepat bolandan soň, onuň ogullary agzybir höküm sürüp, bir jan bir ten bolup ýewropalylara garşy durdular. Müsür diýarynyň hökümdary Mälik Kämil Muhammet, Damask hökümdary Mälik Muazzam Isa, Ahlat we Jeziräniň hökümdary Mälik Eşref Musa dagylar biri-birine ýardam bermek hakynda ylalaşdylar. Hakykatdan hem Mälik Adylyň ogullarynyň agzybirligi duşmandan üstün çykmaga ýardam etdi. Il-halk olaryň agzybirligine guwandylar. Emma ýewropalylar ýeňlip, ýurtlaryna gaýdandan soň, olaryň arasyna tow düşdi. Mälik Eşrep dogany Mälik Kämiliňkä, Müsür diýaryna gitdi. Mälik Eşrebiň Mälik Muazzam bilen maslahatlaşman, Müsür diýaryna gitmegi Mälik Muazzama ýaramady. Mälik Muazzam Hama gitdi we ol ýeri gabawa saldy. Emma onuň doganlary Müsür diýaryndan çapar ýollap, Mälik Muazzama Hamadana tarap gitmegi talap etdiler. Şeýdip doganlaryň arasynda gizlin duşmançylyk başlady. Halypa Nasyr Lidinilläniň Mälik Muazzama halat-serpaý ibermegi bolsa Mälik Kämile we Mälik Eşrebe ýaramady.

Emma Solran Jelaledin Horezmşanyň ýüze çykmagy we onuň esgeriniň köpelip, abraýynyň artmagy Mälik Kämil bilen Mälik Eşrebi gorkuzdy. Eger Soltan Jelaleddin Mälik Muazzam bilen agyz birikdirip Ahlada ýöriş etse, Damask hökümdary Müsürden geljek esgerleriň ýoluny saklap biljekdi. Mälik Eşrep ähli zady ölçerip-döküp, Mälik Muazzam bilen arasyny sazlamagy makul bildi. Ol Mälik Muazzama köp halat-serpaý ýollap, onuň bilen ýagşy gatnaşykda boldy. Mälik Eşrebiň dogany Mälik Muazzam bilen dil birikdirmegi Mälik Kämile ýaramady. Mälik Eşrep Mälik Kämiliň ýanyna çapar ýollap, Soltan Jelaleddinden goranmak we Adylyýa döwletini bitewi saklamak üçin şeýle edýändigini aýdanda, Mälik Kämil köşeşdi.

Gyş düşüp, aýazly şemal öwüsýärdi. Ahladyň adamlary gyş nähili sowuk hem bolsa, onuň tiz geçmezligini dileýärdiler. Çünki gyş pasly geçip, howa maýladygy Soltan Jelaleddiniň horezmli esgerlere baş bolup, bu ýerlere ýöriş etjekdigi uludan-kiçä aýandy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl iki gezek Aý tutuldy. Aý birinji gezek sapar aýynyň on dördüne tutuldy.

Mosulyň töwereginde bir çeşme bardy. Oňa Kaýýara çeşmesi diýerdiler. Adamlar bu çeýşä «Şatlyk gözbaşy» diýip at berdiler. Sebäbi bu çeşmäniň örän gyzgyn suwy bolup, ol köp derdiň dermanydy. Köp ýerlerden adam gelip, bahar we güýz aýlarynda bu çeşmäniň suwuna düşünerdiler we şypa tapardylar. Bu çeşmäniň düzüminde dürli-dürli minerallar bardy. Emma bu ýyl birden çeşmäniň suwy sowady we adamlar bu ýere gelmesini bes etdiler.

Bu ýyl doňuz, möjek we ýylanlaryň köpelýän ýyly boldy. Möjekler Mosula girip, adamlara topuldylar. Emma awçylaryň hüşgärligi raýatlary heläk bolmakdan halas etdi. Mosulyň her bir bagy-bossanlygynda ýedi-sekiz ýylan tapmak bolýardy.

Bu ýyl Yragyň köp ýerinde ýagyş ýagman, gurakçylyk boldy. Hasylyň suwsuzlykdan heläk bolman galan bölegini çekirge zaýalady. Ýurtda galla azalyp, bahalar galdy.

Meniň dostum bir towşan awlady. Bu towşan iki jynslydy. Ýanymyzdakylaryň biri: «Men öň beýle towşanyň bir ýyl erkek, bir ýyl urkaçy bolýandygy hakynda eşdipdim» diýdi. Biz onuň diýenine ynanman, bu towşanyň erkekdigini ýa-da urkaçydygyny bilmek üçin garnyny ýardyk. Onuň içinde iki towşan çagasy bardy. Towşanyň urkaçysynyň geň tarapy ol hem zenanlar ýaly aýbaşy görýär. Men bir ýyl Jezirede boldum. Baran

ýerimiň goňşusynyň Safyýa atly gyzy bardy. Ol gyz on bäş ýaşyna çenli şeýle ýagdaýda boldy. On bäş ýaşdan soň onda erkekleriň ujydy peýda boldy we sakal-murt bitdi. Ol gyzyň hem aýal, hem erkek jyns agzalary bardy.

Bir gezek bir adam bizi myhmançylyga çagyrdy. Ol biziň üçin goýun soýup, kellebaşaýagyndan nahar taýýarlatdy. Nahary iýip görenimizde onuň ajylygyny görüp, haýran galdyk. Goýunyň etiniň galan bölegi hem örän ajydy.

Boş aýynyň ýigrimi bäşine, ýaşgüni säher wagty Yrakda we Ajam ýurtlarynda ýer yrandy. Ýer yranmasynyň has güýçli bolan ýeri Şährezur şäheridi. Ajam ýurtlarynyň köp galalary harap boldy. Meniň eşidişime görä, ýer yranmasy otuz günläp dowam edip durupdyr.

Rejep aýynda kazy Hüjjeteddin Abu Mansur Muzaffar ibn Abdylkahyr ibn Hasan ibn Aly ibn Kasym Şährezury wepat boldy. Ol ömrüniň köp bölegini Mosul kazysy bolup geçipdi. Wepatyndan iki ýyl öň bir derde ýolugyp, şondan hem aýňalman wepat boldy. Ol alymdy we ýagşy häsiýetli bir adamdy. Goý, Alla oňa rehim etsin.

## 624-NJI HIJRI ÝYLY
*( 22. 12. 1226 – 12. 11. 1227 ý.)*

## GÜRJÜLERIŇ TIFLISI OTLAMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda Jelaleddiniň eýwanly türkmenleriň üstüne gitmeginden peýdalanyp, gürjüler Tiflise gaýdyp geldiler. Bu ýerde Jelaleddiniň az sanly esgerleri bardy. Olar Tiflisiň ilatyny talap, olara ezýet berdiler. Tiflisiň ýaşaýjylary ýene-de gürjilere maýyl edip ugradylar. Olar gürjilere hat ýollap, Tiflise çagyrdylar. Gürjiler Tiflisiň raýatlarynyň olara bolan garaýşynyň üýtgändigini görüp, Tiflise ýöriş

etdiler. Olar Soltan Jelaleddiniň az sanly esgerlerini ýok edip, şäheri taladylar we Soltan Jelaleddin dolanyp gelse, ýurdy gorap bilmejekdiklerine düşünip, Tiflisi otlap, bu ýerden gitdiler.

Jelaleddin Horezmşa esgerlerini alyp, Tiflise gelende, gürjüleriň birini hem tapmady.

## SOLTAN JELALEDDINIŇ YSMAÝYLYLAR ÝURDUNY TALAMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylda ysmaýylylar Jelaleddiniň uly emirleriniň birini öldürdiler. Soltan Jelaleddin bu emire Kenje we onuň töweregini ykta beripdi. Ol emir örän akylly, köp haýyr-yhsan edýän, şer işlerden daşda durýan adamdy. Bu emir Jelaleddin Horezmşanyň esgerleriniň raýatlary talamagyny oňlamaýardy. Ol Soltan Jelaleddine talaňçylygy gadagan etmegi maslahat bererdi. Emma Soltan Jelaleddin onuň sözüni kabul etmändi.

Jelaleddin Horezmşa bu emiriniň öldürilendigini eşidip, esgerlerini alyp, ysmaýylylaryň ýurduna gitdi. Ol Almutanyň serhedinden Kürdkuha çenli aralygy weýran etdi. Olaryň erkeklerini öldürip, aýallaryna el gardy, çagalaryny ýesir aldy. Öldürilen emiri üçin ysmaýylylardan rehimsizlik bilen öç aldy. Musulman ymmaty Soltan Jelaleddiniň musulmanlary rehimsizlik bilen gyrmagyny oňlamady. Soltan Jelaleddiniň musulman hökümdarlaryny özüne garşy goýandygyny eşiden mongollar ýene-de musulman ýurtlaryna ýörişe taýýarlyk görüp başladylar.

## SOLTAN JELALEDDIN BILEN MONGOLLARYŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Ysmaýylylardan ar alyp bolandan soň, Reýiň golaýyndaky Damganda mongollaryň uly goşunynyň bardygyny soltan Jela-

leddine habar berdiler. Jelaleddin Horezmşa olaryň üstüne bardy we birnäçe günläp söweşip, köpüsini öldürdi, ençemesini hem ýesir aldy. Galan mongollar ýeňlip gaçdylar. Jelaleddin Horezmşa mongollaryň uly goşunynyň gelýändigini eşidip, Reýde galdy.

## MÄLIK EŞREBIŇ ESGERLERINIŇ GENJÄ GIRMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň meret aýynda Mälik Eşrebiň naýyby hajyp Aly Husameddin esgerleri bilen Genjä geldi. Munuň sebäbi Jelaleddin Horezmşa ýurtda ýokdy. Onuň aýaly Soltan Togrul Seljukynyň gyzy bolsa Genjededi. Ol öň Uzbeg ibn Pälwanyň aýalydy. Uzbegiň aýalyka, ýurdy onuň özi dolandyrdy. Jelaleddin Horezmşa oňa öýlenenden soň, ony döwlet işinden daşlaşdyrdy. Soltan Togrulyň gyzyna hökümdarlykdan daşlaşdyrylmagy örän ýokuş degdi. Ol Soltan Jelaleddiniň ýokdugyndan peýdalanyp, Mälik Eşrebiň naýyby Husameddini ýurda çagyrdy. Husameddin esgerleri bilen geldi. Jelaleddiniň aýaly oňa Genjäniň birnäçe galadyr şäherlerini berdi. Soňra olar Soltan Jelaleddiniň aýaly bolan Soltan Togrulyň gyzyny ýanyna alyp, Ahlada dolandylar.

## DAMASK HÖKÜMDARY MÄLIK MUAZZAMYŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň boş aýynyň ahyrynda anna güni Damaskyň hökümdary Mälik Muazzam Isa ibn Mälik Adyl içagyry keseli bilen keselläp, wepat boldy. Ol kakasy ölenden soň, Damaskda on ýyl bäş aý ýigrimi üç gün häkimlik etdi.

Mälik Muazzam dürli ylymlar bilen meşgul bolup, hanafy mezhebini tutýardy. Ol alym adamlary gowy görüp, olara

ýakyndan ýardam bererdi. Olar bilen mejlis gurap oturardy we maslahat ederdi. Hiç bir ynsan Mälik Muazzamyň agzyndan paýyş söz çykanyny eşiden däldir. Ol köşkdäki her bir gapynyň ýanynda Muhammet alaýhyssalamyň hadyslaryny ýazdyryp, asyp goýmagy buýurdy. Mälik Muazzam nahuw, sarf ylymlaryndan gowy baş çykarýan adamdy. Ol ölmeziniň öň ýanynda ak kepene dolap, ýanyna altyndan zat goýmazlygy we tabytda jaýlamagy wesýet etdi. Mälik Muazzam hemişe: «Meni çöllükde, mawy asmanyň astynda jaýlaň we üstüme hiç zat bina etmäň» diýerdi we: «Eý Allam, Dymýatda bolan zatlar üçin meniň günämi geç» diýip, dileg ederdi. Onuň ýerini ogly Dawut eýeledi we oňa Mälik Nasyr lakamy berildi. Ol şol wagt ýigrimi ýaşyndady.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl hem Jezire diýarynda bahalar galdy. Birnäçe aý ygal bolmadygy bahalaryň galmagyna sebäp boldy.

Bu ýyl Mosulda dowar az bolup, et gymmatlady. Dowaryň azalany Yragyň ähli ýerine täsirini ýetirdi. Meniň mal söwdasyny edýän dostlarymyň biri maňa: «Biz bir günde bir dowardan köp satyp bilemzok. Beýle ýagdaý uzak wagt bäri bolanokdy» diýdi. Zowzan tarapda bolsa dowaryň bahasy has arzanlady. Sebäbi öň Mosulyň we Bagdadyň töwereginde ýaşaýan köp mally türkmenler gyşlaga Zowzan galasynyň töweregine göçdüler. Türkmenleriň bu ýerlerden göçmegi hem Yrakda bahanyň galyp, Zowzanda düşmegine getirdi.

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda Mosula iki gezek gar ýagdy. Beýle wagr gar ýaganyny gören-eşiden ýokdy. Gar ýagmagy ot-çöpleri we miwe-meýzi heläk etdi. Yragyň başga ýerlerinden hem şeýle habar gelip gowuşdy.Yssy ýurtda bahar paslynda gar ýagmagy geň wakalaryň biridir.

Bu ýyl Halap töwereginde ýaşaýan türkmenleriň bir topary ýewropalylaryň Antakyýadaky iki sany esasy serkerdelerini öldürdiler. Antakyýadaky ýewropalylaryň hökümdary bu habary eşidip, türkmenleriň üstüne at goýdy. Ýewropalylar az sanly türkmenleriň üstüne çozup, olaryň köpüsini gylyçdan geçirdiler, galanyny ýesir aldylar. Ýewropalylar türkmenleriň mal-mülküni olja alyp, yzyna dolandylar. Halap hökümdarynyň iş dolandyryjysy atabag Şyhabeddin bu habary eşdip, türkmenlere ýardam bermek üçin esger iberdi. Ýewropalylar Halap esgerlerinden heder edip, türkmenlerden alan oljalaryny we ýesirlerini yzyna gaýdyp berdiler.

Bu ýylyň rejep aýynda Diýarbekirden bolan bir kürt taýpasy Ibn Omar adasynyň hökümdarynyň öldürilendigini eşidip, ol ýeri eýelemegiň kül-külüne düşdi. Ibn Omar adasyna degişli bolan Sülgün atly uly oba bardy. Ol obanyň adamlary kürtleriň gelýändigini eşidip, olaryň öňünden çykdylar. Sülgün atly obanyň we kürtleriň arasynda aldym-berdimli söweş bolup, kürtler derbi-dagyn edildi we olaryň aty-ýaragy olja alyndy.

## 625-NJI HIJRI ÝYLY
*( 12. 12. 1227 – 01. 11. 1228 ý.)*

## SOLTAN JELALEDDIN BILEN ONUŇ DOGANY GYÝASEDDINIŇ ARASYNDAKY GAPMA-GARŞYLYGYŇ BEÝANY

Bu ýyl Soltan Jelaleddiniň dogany Gyýaseddini ýüregine dowul düşüp, Jelaleddin Horezmşadan gorkup başlady. Onda Jelaleddin Horezmşa meni tussag edip, zyndana taşlar diýen pikir döredi. Gyýaseddiniň işdäsi kesilip, birnäçe gijäni ukusyz geçirdi. Ýanyndaky emirleri oňa Jelaleddinden halas bolmak üçin ýurdy terk etmegi maslahat berdiler. Gyýaseddin ýanyna

birnäçe adam alyp, Huzystana gitdi. Huzystan halypa degişli ýurtlaryň biridi. Gyýaseddin halypanyň tabynlygyna girmek isledi. Emma halypanyň Huzystandaky naýyby Gyýaseddin mekirlik edip, al saljak bolýandyr öýdüp, ony Huzystana goýbermedi. Gyýaseddin Huzystany taşlap, Ysmaýylylaryň ýurduna gitdi we ol ýerde gaçybatalga tapdy.

Soltan Jelaleddin mongollar bilen bolan söweşden soň, Töwrize dolandy. Soltan Jelaleddin jöwgen oýnuny oýnap ýörkä, oňa Gyýaseddiniň dönüklik edendigi hakyndaky habary ýetirdiler. Jelaleddin Horezmşanyň elindäki jöwgen oýnaýan taýagy elinden gaçdy. Ol derrew atyna atlanyp, ysmaýylylaryň ýurduna tarap ýola düşdi. Ol ysmaýylylaryň hökümdaryna çapar ýollap, dogany Gyýaseddini bermegini talap etdi. Ysmaýylylaryň hökümdary Jelaleddin Horezmşa hat ýolady. Ol hatynda: «Eý soltanyň ogly soltan! Seniň doganyň bizden haraý isläp geldi we ony goramagy biz öz üstümize aldyk. Biz ony öz aramyzda saklap, seniň ýurduňa el garmaga ýol bermeris. Biz senden doganyň günäsini geçmegiňi soraýarys. Biz hem seniň tabynlygyňa girip, saňa boýun bolýarys. Eger bize ýigrenç duýgyň bar bolsa, onda ynha biz seniň golastyňda, isle ýurdumyzy tala isle ot ber. Biz saňa hiç hili garşylyk görkezmeris» diýip ýazýar. Soltan Jelaleddin olaryň diýeni bilen razylaşyp, bu ýerden Ahlada gidýär.

## SOLTAN JELALEDDIN BILEN MONGOLLARYŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýylda geň wakalaryň biri boldy. Çingiz han serkerdeleriniň birini ýanyndan kowdy. Kowlan mongollar Reýe tarap gaýtdylar. Olar ilki Horasana geldiler. Emma bu ýerleriň harap edilendigini görüp, Reýe gitdiler. Mongollar ol ýerde Soltan

Jelaleddine duşdular. Soltan Jelaleddin mongollar bilen aýylganç söweş etdi. Emma onuň esgeri azlyk edenligi sebäpli ýeňlişe sezewar boldy. Olaryň arasynda ikinji çaknyşyk boldy. Bu gezek hem Jelaleddin Horezmşa ýeňildi. Soňra Jelaleddin Horezmşa Yspyhan bilen Reýiň aralygynda çadyr dikinip, tabynlygyndaky ýurtlardan esger jemledi. Soltan Jelaleddiniň esgerleri mongollara garşy sap-sap bolup durkalar, Soltan Jelaleddiniň dogany Gyýaseddin esgerleri bilen goşundan bölünip çykdy. Olary gören mongollar Jelaleddin al salyp, olaryň arka tarapyndan hüjüm etmekçi bolýar diýip pikir etdiler we olar esgerleriniň bir bölegini Gyýaseddiniň giden tarapyna ugratdylar. Pars ýurdunyň hökümdary Sagt ibn Atabegiň ogly hem mongollaryň yzyndan gitdi. Jelaleddin Horezmşa mongollar Yspyhana gidendir öýdüp, esgerleri bilen Sümeýrama tarap ugrady.

Pars ýurdunyň hökümdary yzyna ser salyp, Soltan Jelaleddiniň ýokdugyny görüp, howsala düşdi. Ol mongollardan gorkusyna yzyna dolandy.

Mongollar yzlaryndan hiç hili kowgynyň ýokdygyny görüp arkaýynlaşdylar we Yspyhana gidip, ol ýerleri gabawa saldylar. Yspyhanyň raýatlary mongollary görüp, Jelaleddin Horezmşa wepat bolandyr öýdüp, köp gamgyn boldular. Emma şol wagt Jelaleddiniň çapary ýetip gelip, Soltan Jelaleddiniň sag-salamatdygyny habar berdi. Soltan Jelaleddin yspyhanlylara hat ýollapdy. Ol hatynda: «Men siziň bilen bir jan, bir tendirin. Siziň kynçylygyňyz meniň başymdan inen kynçylykdyr. Men esgerlerimi jemläp, tiz wagtdan siziň araňyza bararyn we kapyrlaryň janyny jähenneme ýollaryn» diýip ýazýar. Yspyhanyň raýatlary Soltan Jelaleddiniň sözlerine ganatlanyp, söweşe häzirlenýärler. Köp wagt geçmän, Jelaleddin Horezmşa esgerleri bilen Yspyhana ýetip geldi we gelşine mongollaryň üstüne at goýdy. Yspyhanyň gerçek ýigitleri hem Jelaleddin Horezmşa

goşulyp, mongollara garşy söweşdiler. Mongollar gözsüz batyr serkerdäniň eden aýylganç zarbasyna çydamadylar. Olar aljyraňlylyga düşüp, gaçyp başladylar. Soltan Jelaleddin mongollaryň köpüsüni gyryp, galanyny ýesir aldy. Mongollar masgaraçylykly ýeňlişe sezewar edildi. Jelaleddin Horezmşa mongollary Reýe çenli kowup gitdi we ol ýerde-de olary derbi-dagyn etdi. Soltan Jelaleddin mongollary ýeňenden soň, Reýde galdy. Mongollaryň az sanlysy at-abraýdan we at-ýaragdan jyda düşüp, ýurtlaryna dolandylar.

Jelaleddin Horezmşa batyrlygy bilen mongollaryň hem hormatyny gazanypdy. Çingiz hanyň ogly Jelaleddin Horezmşa hat ýollady. Ol hatynda: «Seniň üstüňe ýöriş edenler biziň aramyzdan kowlan mongollar. Biz seniň üstüňe çozup, seni bimaza etmeris» diýip ýazýar. Soltan Jelaleddin Çingiz hanyň oglunyň hatyny alandan soň, kalby rahatlyk tapyp, Genjä gitdi.

## ÝEWROPALYLARYŇ ŞAMA GITMEGI WE SAÝDA GALASYNYŇ BINA EDILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl sisiliýaly ýewropalylaryň köpüsi ýurtlaryndan çykyp, Şama gaýtdylar. Olar Akka galasyna gelip düşdüler. Akkadaky ýewropalylaryň sany köpelip, olar musulmanlar üçin uly howp döredýärdi.

Ýewropalylara Alman (nemes) hökümdary serkerdelik edýärdi. Onuň imperator lakamy bardy. Imperator emirleriň şasy diýmegi aňladýardy. Bu hökümdar wepat bolan alman şasynyň ogludy. Alman şasy beýleki ýewropa hökümdarlaryndan batyrlygy, başarjaňlygy we söweş tilsimlerini gowy bilýänligi bilen tapawutlanýardy.

Ýewropalylar Akkadan Sur galasyna, ol ýerden Beýruda we ol ýerden hem Saýda şäherine bardylar. Saýda şäheri mu-

sulmanlar tarapyndan harap edilipdi. Ýewropalylar Saýdany eýeläp, ol ýeri täzeden bina etdiler. Olar bu kiçi ýeňişlerinden soň, uly galadyr şäherleri eýelemegi tama edip ugradylar.

## KEÝKUBADYŇ ARZANKÄNI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylda Konýa, Akkara, Malatyýa we birnäçe Rum ýurtlarynyň hökümdary Alaeddin Keýkubat ibn Keýhysrow ibn Gylyç Arslan Arzankäni basyp aldy.

Arzankäniň hökümdary Bähram şa uzak wagt höküm sürdi. Ol näçe uzak höküm süren hem bolsa ne Gylyç Arslana ne-de onuň ogullaryna tabyn boldy. Ol wepat bolandan soň, onuň ýerini ogly Alaeddin Dawutşa ibn Bähramşa eýeledi. Keýkubat Dawutşadan Arzyruma ýöriş etmäge esger sorady. Dawutşa esgerleri bilen Keýkubadyň ýanyna geldi. Keýkubat Dawutşany tussag edip, Arzankäni eýeledi. Arzankäne degişli bolan Kemmah atly gala bardy. Bu galada Dawutşanyň dikmesi oturýardy. Bu gala pugta goralýan we alyp bolmajak diýip pikir edilýän galalaryň biridi. Keýkubatyň esgerleri bu gala beýik ýerde ýerleşenligi sebäpli oňa gala hüjüm edilýän ýaraglary bilen golaýlaşyp hem bilmediler. Arzankän hökümdary Dawutşa raýatlaryny kösemezlik üçin galadaky dikmesine galany Keýkubata bermegi buýurdy. Şeýdip bu gala Keýkubatyň eline geçdi.

Keýkubat bu ýerden Arzyruma ýöriş etmekçidi. Ol ýere Keýkubatyň agasynyň ogly Togrulşa ibn Gylyç Arslan hökümdarlyk edýärdi. Togrulşa Keýkubatyň Arzyruma ýöriş etmekçi bolýandygyny eşidip, Ahlat hökümdary Mälik Eşrebiň mamlugy Husameddin Alydan kömek sorady we Mälik Eşrebiň tabynlygyna girmegi wada berdi. Husameddin Aly gyssagly esgerlerini jemläp, Arzyrum hökümdaryna ýardama ýetip geldi. Jezire we Şam ýurdunyň esgerleri-de Husameddine goşuldylar.

Olaryň ählisi eger Keýkubat Arzyrumy eýelese, onuň abraýy-nyň artyp, ýurdunyň giňemegi bilen özleriniň ýurduna ýöriş ederinden gorkýardylar.

Keýkubat Arzyruma dürli ýerlerden goşun gelendigini we rumly kapyrlaryň onuň bir galasyny eýeländigini eşidip, yzyna dolandy we rumlularyň eýelän galasyny gury ýerden we suwdan gabawa salyp, ol galany yzyna aldy. Soňra bolsa adatyna görä, Antakyýa şäherine gyşlamaga gitdi.

## MÄLIK KÄMILIŇ MÜSÜR DIÝARYNDAN ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň Baýram aýynda Müsür diýarynyň hökümdary Mälik Kämil Muhammet ibn Mälik Adyl Şama sapara ugrady. Ol Kudusa gelip, zyýarat etdi. Soňra Nablusa baryp, ol ýeri eýeledi we oňa özüniň dikmesini belledi. Bu ýerler Damask şäherine degişlidi. Damask hökümdary – Mälik Muazzamyň ogly agasy Mälik Kämiliň Damaska ýöriş ederinden gorkup, ýurda Mälik Eşrebi çagyrdy we ondan ýardam sorady. Mälik Eşrep Damaska ýeke özi gelip girdi. Mälik Kämil Mälik Eşrebiň Damaska gelendigini eşidip, ol ýeri eýeläp bilmejegine göz ýetirdi.

Mälik Eşrep Mälik Kämil gaty görmez ýaly, oňa hat ýollady. Ol hatynda: «Men bu ýere Damasky eýelemek üçin däl-de, Damasky ýewropalylardan goramak üçin geldim. Meniň saňa hiç hili garşylygym ýok» diýip ýazýar. Mälik Kämil Mälik Eşrebiň hatyny okap, oňa jogap hat ýollady. Ol: «Men hem bu ýere doganymyň üstüne ýöriş üçin däl-de, musulman ýurtlaryny ýewropalylardan goramak üçin geldim. Olar şu çaka çenli musulman ýurtlaryny eýeläp, ol ýerlerde gala gurundylar. Emma hiç bir musulman hökümdary olara garşylyk görkezmedi. Seniň bilşiň ýaly, agamyz Salaheddin Eýýup ýewropalylara garşy söweşip, olaryň köp ýurtlaryny eýeledi we özünden soň ýagşy

ýatlama galdyrdy. Biz bolsa onuň eýelän ýurtlaryny elimizden giderip, özümiz hakynda ýaman ýatlama galdyrarys öýdüp gorkýaryn. Musulman ýurtlaryny ýewropalylar eýeländen soň, ne adamlaryň öňünde, ne-de Allanyň öňünde ýüzümiz bolar» diýip ýazýar. Mälik Eşrep oýlanyp oturdy we hakykatdan hem Mälik Kämil Müsüre dolansa, ýewropalylar Şamy we onuň töwereklerini eýelärler öýdüp gorkdy. Ol Mälik Kämiliň ýanyna geldi we onuň bu ýerde galmagyny haýyş etdi. Bu waka gurban baýramynyň birinji güni bolup geçdi. Mälik Kämil bilen Mälik Eşrep şol ýerde galyp, gurban baýramyny bilelikde bellediler.

## SOLTAN JELALEDDINIŇ ERMENIÝA ÝURTLARYNY TALAMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylda Jelaleddin Horezmşa Ahlat, Jebel Jur, Muş çöllügindäki obalary talady. Adamlary öldürip, aýallaryna el gardy. Ol köp olja alyp, ol ýerdäki obadyr galalary weýran etdi. Soňra gyş düşendigi sebäpli yzyna dolandy.

Ahladyň töweregindäki Saruç we Harran galalaryna Jelaleddin Horezmşanyň Ahlady talandygy hakyndaky habar gelip ýetende, ol ýeriň adamlary aljyraňlylyga düşdüler. Olar Soltan Jelaleddin Jezirä gyşlaga geler öýdüp gorkdular. Sebäbi Jezirede gyş gaty sowuk bolanokdy. Saruç, Manbaç galalarynyň adamlary Jelaleddin Horezmşanyň esgerlerinden gorkusyna başga ýerlere göçmek islediler. Emma Ahlada örän köp gar ýagyp, Jelaleddin Horezmşanyň ýurduna dolanandygy hakyndaky habar gelip gowşandan soň, olar ýene-de öňki ýaşaýan ýerlerinde galdylar.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Jezire we Mosulda hasyl gowy bolandygy üçin ähli zatlar arzanlady. Daýhan öň bir halta arpa alaryn diýip pikir ed-

ýän ýerinden iki-üç halta arpa aldy. Emma harytlaryň bahasy näçe arzanlasa-da, gymmatlamazyndan öňki bahalaryna barmady.

## 626-NJY HIJRI ÝYLY
*( 30. 11. 1228 – 21. 10. 1229 ý.)*

## MÄLIK EŞREBIŇ DAMASKY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň meret aýynyň ikisine Mälik Eşrep ibn Mälik Adyl doganynyň ogly Salaheddin Dawut ibn Muazzamdan Damask şäherini basyp aldy.

Mälik Nasyr Dawut agasy Mälik Kämilden gorkusyna Mälik Eşrebi kömege çagyrypdy. Mälik Eşrep Damaska gelip, ol ýerde ornaşdy. Damaskyň raýatlarynyň şatlygynyň çägi bolmady. Olar Mälik Eşrep aralarynda bolsa, hiç hili howp abanmaz öýtdüler. Mälik Eşrebiň Mälik Kämil bilen birikmegi köpleri ünjä goýdy. Mälik Nasyr Dawyt Beýsana gitdi. Ol Beýsanda bolýarka, Mälik Eşrep hem onuň ýanyna bardy. Bir gün olar çadyrda otyrkalar, Mälik Muazzamyň mamlugy Yzzeddin Aýbeg çadyra girdi we Mälik Nasyra: «Eger tussag edilmek islemeýän bolsaň, derrew ýeriňden tur» diýip, ony çadyrdan alyp çykardy we Damaska alyp gitdi. Mälik Eşrep az sanly esgeli bolandygy sebäpli oňa garşylyk görkezip bilmedi. Bu wakadan soň, Mälik Kämil bilen Mälik Eşrebiň gizlin dildüwşügi aýan boldy. Mälik Eşrep Mälik Kämiliň esgerleri bilen Damaska geldi we ol ýeri gabawa saldy. Köp wagt geçmän, Mälik Kämil hem Mälik Eşrebe ýardama geldi. Damaskyň raýatlarynyň ýagdaýy kynlaşýardy. Mälik Nasyryň hazynasy Kerekdedigi sebäpli ol raýatlaryna hiç hili ýardam berip bilenokdy. Ol aýallarynyň şaý-seplerini we gymmatbaha lybaslaryny satdyryp,

raýatlaryna we esgerlerine paýlady. Emma bu puluň hem uzak wagta ýetmejegini bilip, daň agaran çagy ýeke özi Damaskdan çykdy we Mälik Kämiliň ýanyna bardy. Ol Damasky we Şowbegi agasy Mälik Kämile berdi we deregine özüne Kerek, Gawr, Nablus we Beýsany, mamluk Aýbeg üçin bolsa Serhedi aldy. Şeýdip Damask hem Mälik Kämile degişli boldy. Mälik Eşrep Ruha, Rakka, Harran, Resul Aýn we Saruç galalaryny Mälik Kämile berip, Damasky ondan yzyna aldy. Mälik Eşrep Damaskda, Mälik Kämil bolsa Jezirede galdy.

## HAJYP ALYNYŇ TUSSAG EDILMEGINIŇ WE ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Mälik Eşrep Yzeddin Aýbegi Ahlada iberdi we oňa ol ýeriň naýyby Hajyp Husameddin Alyny tussag etmegi buýurdy. Husameddin Aly Mälik Eşrebiň Ahlatdaky iş dolandyrjysydy. Yzzeddin Aýbeg Husameddin Aly bilen basdaşdy we şol sebäpl ol Husameddini tussag etdi we öldürtdi.

Mälik Eşrep näme sebäpden Husameddin Alyny tussag etmegi buýrandygyny bilýän ýokdy. Husamedin Aly Mälik Eşrebiň ýurduny wepalylyk bilen gorady. Raýatlaryna ýagşy göz bilen seretdi. Deň bolmadyk söweşde Jelaleddin Horezmşa garşy durmagy başardy. Hatda ahlatlylar: «Mongollaryň we başgada birnäçe hökümdarlaryň gorkýan Jelaleddinine Mälik Eşrebiň bir hyzmatkäri garşy durdy» diýerdiler. Ol köp haýyr-yhsan edýän, ylym eýelerine ýardam berýän adamdy. Ol ýollaryň ugrunda kerwensaraýlar, Ahlatda dälihanalar we birnäçe metjitler bina etdirdi. Goý, Alla oňa rehim etsin.

Allatagalla Aýbegiň aryny uzaga çekdirmedi. Husameddin Aly öldürilenden soň, Jelaleddin Horezmşa Ahlady eýeledi. Ahlat eýelenende, Aýbeg we onuň ýanyndaky emirler Jelaleddine ýesir düşdüler. Mälik Eşrep bilen Jelaleddin Horezmşa

ylalaşandan soň, Jelaleddin ýesirleri yzyna gaýdyp berende, olaryň içinde Yzzeddin Aýbeg ýokdy.

Meniň eşidişime görä, Husameddin Alynyň bir hyzmatkäri bardy. Ol Husameddin öldürilenden soň, Jelaleddin Horezmşanyň ýanyna gitdi. Ahlat eýelenende, ýesirleriň içinde Yzeddin Aýbegiň bardygyny görüp, Jelaleddinden Aýbegi oňa bermegini haýyş etdi. Jelaleddin Horezmşa Yzzeddin Aýbegi Husameddiniň hyzmatkärine berdi. Husameddiniň hyzmatkäri Aýbeg Husameddini nähili öldüren bolsa, ol hem Aýbegi şol hili öldürdi. Şol gije Mälik Eşrep düýş gördi. Düýşünde Husameddin Ali Mälik Eşrebiň mejlisine girip, Yzzeddin Aýbegiň boýnuna ýaglyk daňyp çykyp gidýär. Mälik Eşrep ýerinden syçrap turup: «Men düýşümde şeýşe-şeýşe zatlary gördüm, megerem Yzzeddin Aýbeg öldürilen bolsa gerek» diýdi.

## MÄLIK KÄMILIŇ HAMA GALASYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň oraza aýynyň ahyrynda Müsür diýarynyň hökümdary Mälik Kämil Hama ýöriş etdi we ol ýeri eýeledi.

Hama hökümdary Mälik Mansur Muhammet ibn Takyýeddin Omar wepat bolmazyndan öň, ýurdy uly ogly Mälik Muzaffara wesýet etdi. Ýurduň ähli emirleri we tanymal adamlary Mälik Muzaffary tagt mirasdüşeri diýip ykrar etdiler. Mälik Mansur wepat bolanda, Mälik Muzaffar Müsürde, Mälik Kämiliň ýanyndady. Ol Mälik Kämiliň gyzyna öýlenipdi. Mälik Mansuryň kiçi ogly Gylyç Arslan Salaheddin Damaskda, Mälik Muazzamyň ýanyndady. Hamanyň emirleriniň birnäçesi Mälik Muzaffaryň, birnäçesi bolsa Gylyç Arslanyň tarapyny tutdular. Şeýdip Hama Mälik Mansuryň kiçi ogly Gylyç Arslan hökümdar boldy. Mälik Kämil Gylyç Arslana hat ýollap, ýurdy hak eýesine – Mälik Muzaffara bermegini talap etdi. Emma Gylyç

Arslan Mälik Muazzamy arka tutunyp, Mälik Kämiliň talabyny ýerine ýetirmedi. Mälik Muazzam wepat bolandan soň, Mälik Kämil esgerleri bilen Şama gitdi we Damasky eýeledi. Soňra Mälik Kämil oraza aýynyň on üçüne esgerlerini Hama ýollady we ol ýeri gabawa saldy. Mälik Kämiliň esgerlerine Humus hökümdary Esededdin Şirkuh we emir Fahreddin Osman serkerdelik edýärdiler. Gabaw birnäçe wagt dowam etdi.

Mälik Kämil Damaskdan Hamanyň golaýyndaky Selemiýýa galasyna gelip düşdi. Günleriň birinde Gylyç Arslan Salaheddin emirlerini ýygnap, Mälik Kämile boýun bolmakçydygyny aýtdy. Emirler oňa: «Sen näme üçin boýun egmekçi bolýaň? Bu etrapda seniňkiden berk goralýan gala ýok. Galanyň hazynalary baýlykdan we azykdan dolyka boýun bolmagyň hiç geregi ýok ahyryn» diýdiler. Emma Gylyç Arslan: «Her zadyň öz wagty gelýär. Bu gün megerem meniň hökümdarlygymyň ahyrky günleri ýetip gelendir. Şonuň üçin meni öz günüme goýuň. Eger maňa ýol bermeseňiz, men özümi galadan oklaryn» diýýär. Emirler bu sözlerden soň oňa garşy bolmaýarlar. Gylyç Arslan galadan çykyp, Selemiýýa galasyna, Mälik Kämiliň ýanyna gitdi. Mälik Kämil ony tussag edip, Hamany onuň dogany Mälik Muzaffara berdi. Mälik Kämil Gylyç Arslany tussaglykdan azat edip, oňa Bagryn galasyny berdi.

## SOLTAN JELALEDDINIŇ AHLADY GABAMAGYNYŇ WE EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň baýram aýynda Jelaleddin Horezmşa Ahlada geldi we ony gabady. Ahlat Mälik Eşrebe degişli bolup, esgerleri bu ýerdedi. Ahladyň ýaşaýjylary galanyň derwezelerini gulplap, Soltan Jelaleddini gala goýbermediler. Ahladyň ýaşaýjylary Jelaledin Horezmşadan öler ýaly gorkýardylar. Galanyň raýatlary galanyň diwarlaryna çykyp, Jelaleddin Horezmşa garşy

söweşýärdiler. Olar galanyň diwarynda durup, Jelaleddine sögünip, oňa nälet okadylar. Gyş pasly aýazly gelip, Jelaleddin esgerlerini şol ýerdäki obalara ugratdy. Jelaleddin howa maýlandan, ýene-de galanyň gabawyna gaýdyp geldi we gala manjanyklardan daş zyňdyrdy. Manjanyklardan zyňylýan daşlardan ýaňa galanyň diwary ýumruldy. Emma ahlatlylar derrew galanyň ýykylan haýatyny dikeltdiler. Gala uzak wagt gabawda saklanadygy zerarly galadakylaryň azygy gutardy. Olar ilki agyldaky dowardyr sygyrlaryny iýip gutardylar. Soňra eşek, gatyr it, pişik etini iýdiler. Meniň eşidişime görä, adamlar syçan tutup, onuň etini hem iýipdirler. Jelaleddiniň yzygiderli hüjümlerinden basylan emirler dört tirkeşigiň üçünji aýynyň on sekizine şäheri oňa berdiler. Jelaleddin Horezmşa şäheriň köp adamyny gylyçdan geçirdi. Şäheriň galan ilaty ýa-ha gaçyp gutuldy ýa-da açlygyndan gyryldy.

Jelaleddin Ahlady eýeländen soň, ýurdy talatdy, aýallary masgaralady, çagalaryny gul-gyrnak edip, bazarlarda satdyrdy we şäheri doly weýran etdirdi. Hiç bir musulman hökümdary Soltan Jelaleddiniň eden işini etmändi. Jelaleddin Horezmşanyň musulmana eden zulumy üçin Allatagala ondan ýüz öwürdi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň ahyrynda ýewropalylar Şama geldiler we onuň birnäçe galalaryny taladylar. Şu gelen ýewropalylaryň üstüne birnäçe türkmen taýpalary döküldiler we olary derbi-dagyn edip, bar zatlaryny olja aldylar. Ýewropalylardan diňe az sanly adam aman sypan bolsa gerek.

## 627-NJI HIJRI ÝYLY
*( 20. 11. 1229 – 11. 10. 1230 ý.)*

## SOLTAN JELALEDDINIŇ MÄLIK EŞREP BILEN KEÝKUBATDAN ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň oraza aýynyň ýigrimi sekizine, ruhgüni Jelaleddin Horezmşa Rum ýurtlarynyň we Konýanyň, Malatyýanyň, Aksaraýyň, Siwasyň hökümdary Abdylla ibn Keýkubat ibn Keýhysrow ibn Gylyç Arslandan we Ahlat, Damask we Jezire ýurtlarynyň hökümdary Mälik Eşrep ibn Mälik Adyldan ýeňildi.

Jelaleddin Ahlady eýeläende, oňa Arzyrumuň hökümdary kömege gelipdi. Arzyrumuň hökümdary Keýkubadyň agasynyň ogludy. Bu ikisiniň arasynda köneden gelýän duşmançylyk bardy. Keýkubat Jelaleddin Horezmşadan gorkusyna Mälik Kämiliň ýanyna çapar gönderip, Mälik Eşrebi ýardama ibermegini haýyş etdi. Mälik Kämil bu wagt Harrandady. Ol Damaska, Mälik Eşrebe hat ýollap, Rum hökümdary Keýkubata ýardam bermegi buýurdy. Mälik Eşrep esgerlerini alyp, Mälik Kämiliň ýanyna gaýtdy. Alaeddin Keýkubat Jelaleddin Horezmşadan gorkusyna olaryň ýanyna çapar yzyna çapar ýollaýardy. Hatda bir günde bäş çaparyň gelen wagty hem boldy. Keýkubat esgerlerini birikdirip, Ahlada, Jelaleddin Horezmşanyň üstüne ýöriş etmegi teklip etdi. Mälik Eşrep Şamdaky we Jeziredäki esgerlerini alyp, Siwasa, Keýkubadyň ýanyna bardylar. Olar Siwasdan Ahlada gitdiler. Soltan Jelaleddin Mälik Eşrep bilen Keýkubadyň gelýändigini eşidip, olaryň garşysyna çykdy.

Mälik Eşrebiň bäş müň esgeri, Keýkubadyň ýigrimi müň esgeri bardy. Bu esgerler edermenlikde deňi-taýy ýokdy, olar urşuň abyny-tabyny alypdylar. Soltan Jelaleddiniň esgeri azdy.

Ol derrew ýeňlişe sezewar boldy we Genjäniň Huweý şäherine gitdi.

Mälik Eşrep Ahlada girende, şäheriň galan ilaty ony şatlyk bilen garşy aldylar.

## KEÝKUBADYŇ ARZYRUMY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Jelaleddin ýeňlenden soň, Arzyrumuň hökümdary Alaeddin Keýkubadyň doganynyň ogly ýesir alyndy. Ony Keýkubadyň ýanyna getirdiler. Ol Arzyrumy Keýkubada berdi. Onuň bar mal-mülki elinden alnyp, özi hem ýesirlikde galdy.

## MÄLIK EŞREP, ALAEDDIN WE JELALEDDIN HOREZMŞANYŇ ARASYNDAKY YLALAŞYGYŇ BEÝANY

Mälik Eşrep Ahlada dolandy we ol ýerde galdy. Jelaleddin Horezmşa Mälik Eşrepden ýeňlenden soň, Genjedäki Huwaý galasyna gitdi. Olaryň arasynda ilçi gatnap, her kim öz eýelän ýerlerine eýelik etmekligi ylalaşdylar. Belli ylalaşyga gelnenden soň, Mälik Eşrep Sanjara we ol ýerden hem Damaska gitdi. Jelaleddin Horezmşa bolsa mongollar Genjä ýöriş edýänçäler, ol ýerde galdy.

## ŞYHABEDDIN GAZYNYŇ ARZAN ŞÄHERINI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Arzan şäheri Mälik Eşrebiň tabynlygyndady. Bu ýeriň hökümdary Husameddin Mälik Eşrep söweşe gidende, oňa pul, ýarag kömegini bererdi. Emma özi onuň bilen gitmezdi.

Jelaleddin Horezmşa Ahlady eýelände, Arzan şäheriniň hökümdary hem Jelaleddine ýesir düşdi. Jelaleddin Arzan şäherini ondan almakçy bolanda, Jelaleddiniň ýanynda sözi diňlenýän tanymal adamlar oňa: «Bu şäher olara ata-babasyndan miras geçip, eýýäm birnäçe asyr bäri bu şäheri diňe olaryň nesli dolandyrýar. Şol sebäpli sen hem bu nesli mirasyndan mahrum etme» diýip maslahat berdiler. Jelaleddin Horezmşa olaryň sözüni kabul edip, ony wezipesinde galdyrdy. Husameddin Jelaleddine garşy söweşmezligi kasam etdi.

Mälik Eşrep bilen Keýkubat Jelaleddin Horezmşa garşy söweşenlerinde, Husameddin ähdine wepaly bolup, Jelaleddine garşy söweşe gitmedi. Jelaleddin ýeňlenden soň, Mälik Eşrebiň dogany – Maýýafarykynyň hökümdary Şyhabeddin Gazy Arzan şäherini gabady we ol ýeri eýeledi. Ol Husameddine Arzan şäheriniň deregine Diýarbekriň Hani şäherini berdi.

Husameddin ýagşy gylyk-häsiýetli, adyl, raýatlarynyň halyndan habar alýan adamdy. Olaryň tiresi gadymy tireleriň biridi. Olara Tagan Arslanyň ogullary diýerdiler. Mälikşa ibn Alp Arslan Seljuky olara Arzan, Bidlis we Wastan galalaryny ykta beripdi. Husameddiniň kakasy Salaheddine ýardam berende, Ahlat hökümdary Bekdemir Bidlise ýöriş edip, ol ýeri eýeläpdi. Şeýdip Husameddinde diňe Arzan şäheri galypdy. Hemme zadyň ahyry bar diýlişi ýaly, Tagan Arslanyň ogullaryndan hem Arzan hökümdarlygy geçdi.

## SUNJYŇ RUÝANDEZ GALASYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylda türkmen taýpalarynyň içinde Sunç diýen emir orta çykdy. Onuň lakamy Şemseddindi we taýpasynyň ady Kişýalwady. Onuň abraýy artdy. Daşyna köp esger jemlendi. Olar ýollary, kerwenleri, mysapyrlary talaýardylar. Soňra ol Muzaf-

fareddin Gökböriniň Erbil şäheriniň töweregindäki Serw galasyny eýeledi we ondaky emiri öldürdi. Muzaffareddin onuň bilen söweşmek isledi. Emma Şemseddiniň esgeriniň köpdügini görüp, bu galanyň onda galmagyna razylaşdy.

Soltan Jelaleddin esgerleri bilen Genjäniň Ruýandez galasyny gabady. Bu gala iň berk gurlan we alyp bolmajak diýip pikir edilýän galalaryň biridi. Jelaleddin bu galany uzak wagt gabawda saklady welin, galadaky emirler galany Jelaleddine bermäge razy boldular. Jelaleddin Horezmşa galadaky adamlara köp halat-serpaý iberdi. Ilçi bu sowgatlary ilatyň ýarysyna paýlady, ýarysyna-da bermedi. Galadakylar Soltan Jelaleddine boýun boldular. Halat-serpaýdan paý ýetmedikler Soltan Jelaleddin bu ýerden gidenden, Şemseddin Sunjy çagyryp, galany oňa berdiler. Allanyň eradasy bilen, synmaz diýip pikir edilýän gala garakçy Şemseddin Sunç tarapyndan gan dökmän eýelendi.

Soňra Şemseddin başga ýerleri eýelemegiň kasdyna düşdi we Maraga ýöriş etdi. Maragada ony peýkam bilen öldürdiler. Onuň ýerini dogany eýeledi, Töwrizi we onuň töwereklerini talady. Oňa mongollaryň bir topary duşup, ony öldürdiler we ähli zatlaryny paýlaşdylar. Ondan soň onuň ýerine aýal doganynyň ogly geçdi. Bu wakalaryň ählisi iki ýylyň dowamynda bolup geçdi.

## 628-NJI HIJRI ÝYLY
*( 09. 11. 1230 – 30. 09. 1231 ý.)*

## MONGOLLARYŇ GENJÄ GELMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl mongollar Mawerannahrdan Genjä geldiler. Olar bu ýerde-de Horasanda we başga ýerlerde eden işlerini etdiler. Mongollar galadyr şäherleri talap, öýleri otladylar. Mawerannahryň we Horezmiň ýaşaýjylary şäherlerine gaýdyp gelip,

täzeden ymaratlar bina etdiler. Emma Horasanyň şäherleri şol öňküsi ýaly harap bolup ýatyrdy.

Mongollar Soltan Jelaleddin güýçden gaçandan soň, musulman ýurtlaryna ýöriş etmelerini barha köpeltdiler. Mongollar Soltan Jelaleddinden heder edip, musulman ýurtlaryna aralaşmaga gorkýardylar. Çingiz hanyň ogly Jelaleddin Horezmşanyň ýurduna ýöriş etmezlige äht edipdi. Emma Jelaleddin Horezmşa Mälik Eşrepden we Keýkubatdan ýeňlenden soň ýagdaý üýtgedi. Bu ýylda ysmaýylylar Soltan Jelaleddiniň güýçden gaçandygyny we onuň Mälik Eşrep bilen Keýkubatdan ýeňlendigini habar berip, mongollara hat ýolladylar. Mongollar gelende, olar boýun boldular we mongollar bilen Reýe we Hemedana ýöriş etdiler. Olar Reý we Horasany eýeläp, Genjä gitdiler. Mongollar Genjede adamlary öldürip, ýurdy weýran etdiler.

Soltan Jelaleddiniň olara garşylyk görkezmäge ýagdaýy ýokdy. Onuň musulman ymmatyna eden zulumy üçin daş-töweregindäkiler Jelaleddin Horezmşany terk etdiler. Ol musulman hökümdarlaryna garşy çykyp, olary özüne duşman tutundy. Jelaleddin Horezmşa Yspyhana, Huzystana ýöriş edip, ol ýerleri eýeledi. Soňra halypa degişli bolan Şiştar we Dakuka galalaryna ýöriş edip, ol galalary hem eýeledi. Jelaleddin Horezmşadan diňe bir mongollar däl, eýsem musulman hökümdarlary hem öler ýaly gorkýardylar. Olar Soltan Jelaleddinden gorkularyna biri-biri bilen arkalaşyp, Jelaleddin Horezmşadan goranýardylar. Jelaleddin Horezmşa deňi-taýy bolmadyk serkerde bolsa-da, musulmanlary mongollardan gorasa-da, özi hem musulmanlara-da ezýet beripdi.

Soltan Jelaleddiniň weziri onuň tabynlygyndan çykypdy we köp esgerleri ony taşlap gidipdi, sebäbi Soltan Jelaleddin guduzlan ýaly boldy. Onuň Gylyç atly guly bardy. Jelaleddin ony ogluny gowy görşi ýaly gowy görýärdi we hiç ýanyndan

goýmazdy[1]. Günleriň birinde Jelaleddiniň gowy görýän bu guly wepat boldy. Jelaleddin onuň ölümine örän gynandy. Gylyç Töwrize golaý ýerleriň birinde wepat boldy. Jelaleddin Horezmşa ýanyndaky wezirdir emirlerine Töwrize çenli atdan düşüp, pyýada gitmegi we Töwriziň ilatynada başlaryny aşak salyp, aglap-eňräp, ýas tutup garşy almagy buýurdy. Töwrizliler tabyt alyp, Jelaleddiniň öňünden çykanlarynda, Jelaleddin olaryň ýas tutuşyndan göwni suw içmän, olaryň baryny gylyçdan geçirmek isledi. Emma emirleriniň töwellasyny kabul edip, olara aman berdi. Jelaleddin hyzmatkäriniň jesedini depin etmän, nirä gitse ýany bilen alyp ýöredi. Hyzmatkärler Jelaleddin Horezmşa nahar äberenlerinde, ol: «Ilki bilen Gylyjy naharlaň, men soň iýerin» diýerdi. Bir gezek hyzmatkärleriň biri: «Soltanym, Gylyç öldi. Ol indi nahar iýmez» diýende, Jelaleddin ýerinden böküp turyp, ol hyzmatkäri gylyjy bilen çapyp taşlady. Bu wakadan soň hiç kim Gylyjyň ölendigini aýtmaga milt edip bilmedi. Jelaleddin Horezmşa: «Gylyç nahar iýdimi?» diýip soranda, oňa: «Hawa, ol ýaňyja naharyny iýip uka gitdi» diýip, jogap bererdiler. Jelaleddin Horezmşa sejde edip, ýeri ogşardy we: «Eý Allam, sen meniň nalyşlarymy eşidipsiň. Saňa bihasap şükür. Indi men ýene-de öňki kaddyma gaýdyp barsam bolýar» diýerdi. Jelaleddin mongollaryň Genjä gelýändigini eşidip, Gylyjyň porsap başlan jesedini depin etdirdi. Jelaleddin Horezmşa näme edýänini we näme gürleýänini bilmän, haýran bolardy. Ol giden wezirini ýanyna çagyryp, köp halat-serpaý ýapdy. Adamlar ýene-de öňki Jelaleddin Horezmşa gaýdyp geldi diýip begendiler. Emma köp wagt geçmän, ol bu wezirini hem öldürtdi. Musulman ymmatynyň gorag galkany bolan serkerdäniň beýle ýagdaýa düşmegi örän gözgyny ahwaldy. Jelaleddin nähili zalym bolan bolsa-da, onuň ýaly serkerde az-

[1] Muhammet ibn Wasylyň taryh kitabynda Jelaleddiniň ogly mongollaryň eline ýesir düşenden soň aklyndan azaşan ýaly bolupdyr diýen maglumat bar.

azdyr. Ýeňilmezek hasaplanýan mongollary dyza çökeren, kapyrlara garşy arman söweşen ýeke-täk serkerde Jelaleddin Horezmşadyr. Goý, Alla eden işleri üçin oňa rehim etsin.

## MONGOLLARYŇ MARAGANY EÝELEMEGI

Bu ýyl mongollar Genjäniň Maraga şäherine ýöriş etdiler. Galanyň ýaşaýjylary mongollardan gorkusyna galada gizlendiler. Olar mongollaryň ýanyna ilçi iberip, aman dilediler we galany olara berjekdiklerini habar etdiler. Mongollar galadakylara aman berseler-de, gala girenden soň, galadakylaryň köpüsini gylyçdan geçirip, adamlaryň mal-mülküni taladylar we gala özleriniň dikmesini goýdular. Soltan Jelaleddin güýçden gaçandan soň, mongollar guduzlan ýaly bolup, musulman topraklaryna ýaňadan çozup geldiler. Jelaleddin Horezmşanyň ýerini tutar ýaly başga bir batyr serkerde tapylmady. Musulman esgerleri söweşe alyp çykmaga mynasyp serkerde bolmandan soň, mongollar ýurtda edenini edip ýördüler.

## SOLTAN JELALEDDINIŇ AMYDA GELIP, OL ÝERDE ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Jelaleddin mongollaryň Genjäni weýran edendigini görüp, onuň ýüreginde gorky döredi. Ol galan esgerleri bilen Ahlada, ondan hem aňryk Amyda gitdi. Ol mongollardan ätiýaç edip, öňden çapar iberýärdi. Jelaleddin Horezmşa ähli musulman hökümdarlaryna çapar ýollap, mongollara garşy goşun jemläp, aýgytly söweşe çykmagy teklip etdi. Emma onuň teklibi goldaw tapmady. Soltan Jelaleddin Amydyň golaýynda düşledi. Olaryň üstüne mongollaryň bir topary döküldi. Soltan Jelaleddin bu söweşde ýeňildi we onuň esgerleri ony taşlap gaçdylar. Soňra Harranda Mälik Kämiliň esgerleri Soltan Jela-

leddiniň we onuň birnäçe esgeriniň üstüne çozup, bar zatlaryny taladylar. Soltan Jelaleddini bu ýagdaýda ýönekeý daýhan hem talamaga synanyşýardy. Ondan öňki etmişleri üçin ar alýardylar. Mongollar Soltan Jelaleddiniň tapdan gaçandygyny gördüler, emma islendik wagt ýene-de esger jemläp, garşylaryna çykjagyna göz ýetirip, onuň gözlegine çykdylar.

Bu ýylyň ahyryna çenli mongollar musulman ýurtlarynyň köp ýerini täzeden basyp aldylar. Öňki weýrançylykdan soň dikeldilen ymaratlary ýene-de ýumurýardylar. Şäherlere gaýdyp gelen adamlary talap, köpüsini gylyçdan geçirýärdiler. 628-nji ýylyň sapar aýyna çenli soltan Jelaleddin Horezmşadan hiç hili habar ýokdy. Onuň ölüdigini ýa-da diridigini hiç kim bilenokdy. Musulmanlaryň başyndan inen uly musallat bolan mongollar bolsa ýurtlary weýran etmegini dowam etdirýärdiler.

## MONGOLLARYŇ DIÝARBEKRE WE JEZIRÄ GELIP, OL ÝERLERDE EDEN IŞLERINIŇ BEÝANY

Jelaleddin Horezmşanyň Amydyň ýanyndaky ýeňlişinden soň, mongollaryň ýüregi aram tapdy. Indi olar özlerine garşy durup biljek güýjüň ýokdugyny bilip, edenini edip başladylar. Olar Amyt, Arzan, we Miýýafarykyna ýöriş edip, ol ýerleriň adamlaryny öldürip, mal-mülküni olja aldylar. Soňra mongollar Asgart galasyny gabawa saldylar. Asgartlylar galadan çykyp, mongollara garşy söweşdiler. Mongollar olardan heder edip, galadakylara aman berjekdiklerini habar etdiler. Galanyň derwezesi açylandan, mongollar kürsäp, gala girdiler we galadakylary biryan ujundan gylykçdan geçirdiler. Diňe buky ýerde gizlenenler we az sanly adam aman galdy. Asgart galasynyň gabawy bäş gün dowam edipdi. Mongollar bu ýerden Tanza şäherine gitdiler we ol ýerde hem adatdakysy ýaly adam öldürmek we talaňçylyk bilen meşgul boldular.

Mongollar haýsy galanyň hökümdary güýçsüz hasap edilýän bolsa, şol ýere-de ýöriş ederdiler. Olar Tanzadan soň Mardine gitdiler we ol ýerleri hem taladylar. Mardiniň hökümdary we raýatlary Mardin galasynda gizlendiler. Dunaýseriň ilaty hem Mardin galasyna gaçyp gelipdiler. Mongollar bu ýerden Nasibin galasyna geldiler. Nasibiniň raýatlary galany berk ýapyp, galanyň diwarynyň üstünde durup söweşdiler. Mongollar gala girip bilmän, galanyň töweregindäki obalary talap, öňünden çykan adamlary gylyçdan geçirdiler. Soňra Nasibinden Sanjara tarap gaýtdylar we Sanjaryň töweregindäki Araban, Habur galalaryny taladylar we ol ýerdäki adamlaryň köpüsini gylyçdan geçirdiler. Mongollaryň bir bölegi Mosul tarapa gitdiler. Olar Mosulyň golaýyndaky obalaryň birine dökülip, ol ýerdäki erkek adamlaryň ählisini gylyçdan geçirdiler we boşap galan obany taladylar. Şol obada ýaşan adamlaryň biri maňa: «Mongollar oba girenden, men tamdyryň içinde gizlendim. Olar wagşy haýwan ýaly adamlary rehimsizlik bilen gylyçdan geçirdiler. Men olary görýärdim, emma olar meni görenokdy. Men olaryň meni görmezligi üçin Alladan dileg etdim. Mongollar ähli erkek adamlary gylyçdan geçirip bolup, obany taladylar we aýallara el gardylar. Goragsyz galan zenanlar olaryň eden-etdiligine boýun bolmaga mejbur bolýardylar. Soňra olar öz dillerinde aýdym aýdyp, dürli oýunlara gümra boldylar» diýip gürrüň berdi.

Mongollaryň başga bir topary bolsa Rum ýurdynyň Fyrat derýasynyň kenarynda ýerleşýän galalaryna tarap ugradylar. Olar bu ýerleri talap, soňra Bidlise geldiler. Bidlisliler galanyň derwezesini ýapyp, galada gizlendiler. Mongollar gala girip bilmän, galanyň töwereklerindäki obalary talap, gala ot berip, bu ýerden gitdiler. Mongollar Bidlisden Ahlada tarap gitdiler we Ahladyň Bakiri galasyna ýöriş etdiler. Bakiri galasy iň bir berk we synmaz galalaryň biridi. Mongollar bu galany hem

zalymlyk bilen basyp aldylar we adamlaryň ählisini gylyçdan geçirip, galany taladylar. Soňra Ahladyň Erjiş şäherine ýöriş etdiler. Erjiş örän owadan we uly şäherleriň biridi. Bu ýerde hem mongollar başga ýerlerde edişi ýaly etdiler. Bu waka bu ýylyň gurban aýynda bolup geçipdi.

Allatagala adamlaryň ýüregine howp salsa, ynanyp bolmajak geň wakalar-da bolup geçýär. Bir mongol ýeke özi musulmanlaryň bir obasyna baryp, ol obadakylary ýeke-ýekeden gylyçdan geçiripdir. Obadakylar köplük hem bolsa, gorkularyna oňa zat edip bilmändirler.

Bir mongol iki sany ýaragly musulmany tutupdyr. Mongolyň elinde hiç hili ýarag ýokdy. Ol näme etjegini bilmän, musulmanlara ýere ýatmagy emr edipdir. Ol iki esger ýere ýatandan soň bolsa, gidip atynyň eýerindäki gylyjyny getirip, ol iki musulmanyň kellesini alypdyr.

Maňa bir adam şeýle wakany gürrüň berdi. Ol: « Bir gezek biz on ýedi adam bolup, bir ýere gidip barýarkak, bir mongol öňümizden çykdy. Ol bize ýüp oklap biri-birimiziň ellerimizi daňmagy emr etdi. Meniň ýoldaşlarym biri-biriniň elini daňmaga başlady. Men olara: «Ol biziň ellerimizi daňyp, bizi öldürmek isleýänini bileňzoky, edýän işiňiz näme? Biz köplük şonuň üçin ony öldürip, özümiz hem bu ýerden gaçalyň» diýenimde, olar: «Biz gorkýarys» diýdiler. Megerem şol wagt Allatagala meniň kalbyma batyrlyk guýup, bizi halas etmek isländir. Men ýanymdaky pyçagymy çykaryp, mongolyň üstüne topuldym we ony öldürdim. Biz ol ýerden gaçyp gaýtdyk we halas bolduk» diýdi.

## MONGOLLARYŇ ERBIL WE DAKUKA EDEN ÝÖRIŞLERINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň zul hijja aýynda mongollaryň bir topary Genje tarapdan gelip, Erbile tarap geçip gitdiler. Olar ýol ugruna eý-

wanly türkmenler we kürtler bilen aýylganç söweşdiler. Emma türkmenler esger sanynyň azlygy sebäpli ýeňlişe sezewar boldular. Mongollar Erbiliň töweregindäki obalary talap, adamlaryň köpüsini gylyçdan geçirdiler. Mongollar bu ýerde adamzadyň oý-pikrine gelmejek zalymlyk etdiler.

Erbil hökümdary Muzaffareddin Gökböri esgerlerini alyp, mongollar bilen söweşe ugrady. Mosully esgerler hem Muzaffareddine ýardam bermäge gelipdiler. Mongollar bu ýerden Dakukanyň Kerhini galasyna ýöriş edip, ol ýerleri talap, Genjä dolandylar. Muzaffareddin Gökböri mongollaryň gidendigini eşidip, mongollaryň yzyndan gitmän, Erbile dolandy.

Men bu wakalar barada eşidip, bu musallatyň tizräk musulmanlaryň başyndan sowulmagyny Beýik Alladan dileg etdim.

## GENJÄNIŇ MONGOLLARA TABYN BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň ahyrynda Genjäniň ähli ýerleri mongollara boýun egdi. Olar mongollara örän köp baýlyk berip, ýylda paç tölemäge razy bolup, gyrgynçylykdan halas boldular.

Soltan Jelaleddiniň Amydyň golaýyndaky ýeňlişinden soň, musulman ýurtlarynyň raýatlary has-da aljyraňlylyga düşdüler. Olar diňe Jelaleddin Horezmşa mongollardan halas edip biler diýip, oňa bil baglaýardylar. Emma Jelaleddin Horezmşanyň ýeňilmegi musulmanlaryň köpüsini mongollara tabyn bolmaga mejbur etdi. Soltan Jelaleddin mongollary ýeňen we musulman ymmatyny birnäçe ýyllap mongollaryň talaňçylygyndan goran ýeke-täk serkerdedi. Jelaledin Horezmşanyň ýeňşi, ähli musulman ymmatynyň ýeňşi bolan bolsa, onuň ýeňlişi hem ähli musulman ymmatynyň ýeňlişi boldy. Megerem, onuň ýaly serkerde az-az bolsa gerek. 629-njy ýylyň sapar aýynda-da ol hakynda hiç hili habar ýokdy. Goý, Allatagala musulmanyň bagty

üçin dörän serkerdäni öz penasynda aman saklasyn we musulmanyň geljekki ýeňişlerini hem oňa peşgeş bersin.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Jezire we Şamda ygal az bolup, hasyl bitmedi we şol zerarly bazarlarda galla gymmatlady. Esasan hem Halabyň bazarlarynda has gymmatçyllyk boldy. Öňler Halapda beýle baha görlüp-eşdilmändi. Halap hökümdary Mälik Eziz ibn Mälik Muazzamyň iş dolandyryjysy we atabegi Şyhabeddin hazynadan pul goýberip, döwletiň hasabyna sadakalar berdi we arzan bahadan galla satdyrdy. Halapda galla gytçylygy bildirmedi. Goý, Allatagala onuň eden haýyr işleri üçin sogabyny bersin.

Bu ýyl Humus we Rahba hökümdary Esededdin Şirkuh Selemiýýa galasynyň ýanynda täze bir gala bina etdirdi we oňa Sumeýmis diýip at goýdy. Mälik Kämil Müsür diýaryndan sapara çykanda, bu galada düşledi. Esededdin Şirkuh Mälik Kämile hyzmat edip, oňa doly tabyn bolýandygyny aýan etdi. Mälik Kämil Esededdin Şirkuha Selemmiýa galasyny ykta berdi.

Bu ýyl ýewropalylar Şamyň Jebele galasyna çozup, ol ýeri taladylar we adamlaryny ýesir alyp, yzyna dolandylar. Bu habar Halap hökümdarynyň atabegi Şyhabeddine baryp ýetende, gyssagly Halap esgerlerini ýewropalylaryň yzyndan iberdi. Halaply esgerler ýewropalylaryň yzyndan ýetip, olar bilen söweşe girdiler. Aýylganç söweş bolup, ýewropalylar ýeňlişe sezewar edildi. Halaplylar ýewropalylaryň alan ýesirlerini azat edip, musulmanlardan alnan oljany gaýdyp aldylar.

Bu ýyl Kazy ibn Ganaýym Halaby dünýäden ötdi. Ol örän dindar we ylymly adamdy. Kazy ibn Ganaýym algebradan we hadys ylmyndn gowy baş çykarýady. Alymlaryň biri: «Mege-

rem, Kazy ibn Ganaýym öz döwrüniň iň ybadathon adamy bolsa gerek» diýdi. Ol dogruçyl we köp haýyr-yhsan edýän adamlaryň biridi.

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynyň on ikisine meniň dostum Abylkasym Abdylmejit Ajamy Halaby aradan çykdy. Onuň asly Ajam ýurdundan bolup, ýagşy gylyk häsiýetli we örän myhmansöýer adamdy. Ol Halapda desterhan ýazyp, garyp-gasary myhmançyluga çagyrardy we hezzet-hormat ederdi. Myhman gelmedik güni tukat, gamgyn gezerdi. Dileg bilen ýüz tutan adamyň hajatyny ýerine ýetirmäge çalşardy. Goý, Alla olaryň ählisinden razy bolsun.

## KÄMIL YNSANYŇ «KÄMIL TARYHY»

Garaşsyzlyk eýýamyndan öň türkmeniň ykbaly, taryhy, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasynda: «**Türkmen taryhyny türkmen taryhçysyndan başga her kim ýazdy. Olar türkmeniň taryhyny isleýşiçe ýazdylar**»[1] diýip, belleýşi ýaly boldy. Ata-babalarymyzyň ykbaly, ertirimiziň gönezligi bolan düýnümiz bize ýetirilmän saklanyldy ýa-da hakykatdan üzňe, ýoýlan we ýalana ýakyn taryh bilen milletimiziň ruhy hakydasyny unutdyrylmaga çalşyldy. Taryhyň käbir parçalaryny ýatdan çykardyp bilerler, ýöne ony üýtgedip bolmaýar. Şamçyragymyz Mukaddes Ruhnamada «**Türkmeni galp taryh ýazyp kiçeldip bolmaz, sebäbi onuň örän uly taryhy bar! Türkmeni galp taryh ýazyp, hapa bulap bolmaz, sebäbi türkmeniň örän päk tebigaty bar**»[2] diýip, uly ynam bilen aýdylýar. Şeýle diýmäge hakykatdan-da uly esas bar.

Geçmişde öz eserlerini arap, pars, türkmen dillerinde ýazan türkmen alymlarynyň, edebiýatçylarynyň, taryhçylarynyň, şahyrlarynyň, tebipdir lukmanlarynyň diňe atlary sanalyp geçilse hem ençeme jilt kitap bolar. Sowet döwründe, has dogrusy XVIII asyrdan başlap, olaryň eserlerinden türkmeni uzak saklamak islediler, hatda olary öz aralarynda «paýlaşdylar». Olar haýsydyr bir gaýry milletiň wekilleri edilip görkezildi. Taryh

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. — Aşgabat, 2001, 58 sah.

[2] Şol ýerde. 58 sah.

welin şeýle şahsyýetleri türkmeniň beýikliginiň subutnamasy hökmünde unutman gelýär. Mähriban ylym atamyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy geçmiş taryhymyzy, medeniýetimizi, edebiýatymyzy, dilimizi öwrenmek, halkymyzyň ruhy hakydasyny dikeltmek maksady bilen Türkmenistanyň Milli medeniýet «Miras» merkezini döretdi. Bu merkezde neşire taýýarlanýan kitaplar geçmişiň dymyp ýatan gatlaryny, bu beýik milletiň şöhratdan doly geçmişini aýan edip ugrady.

Şeýle eserleriň biri hem Ibn Esir ady bilen meşhur bolan Yzzeddin Abylhasan Aly ibn Muhammet ibn Muhammet ibn Esiriň «Kämil taryhydyr». Ibn Esir 1160-njy ýylda Jezirede eneden bolýar. Onuň kakasy şol ýeriň häkimi eken. Soňra ol maşgalasy bilen Mosula göçüp barýar. Ol ýerde ylym-bilim alýar. Ol Arabystana, Siriýa we Palestina syýahat eden döwründe, öňki alan ylym-biliminiň üstüni doldurýar. Ony hadyslary we taryhy öwrenmek ylymlary özüne çekýär. Ömrüniň köp bölegini Mosulda geçirýär we ylym-bilime özüni berýär. Ol 1188-nji ýylda Salaheddiniň haçparazlar bilen eden söweşine gatnaşýar. Ömrüniň ahyrlarynda ol ýene-de Siriýa, iň soňunda Mosula gaýdyp gelýär we 1234-nji milady ýylynda şol ýerde aradan çykýar. Onuň ýazan «Kämil taryh» diýip atlandyrylan eseri bütindünýä taryhy häsiýetine eýedir. Ýazar öz eserini senenama görnüşinde ýazýar. Ol öz eseriniň X asyra çenli beýanyny, esasan Tabarynyň taryhyndan susup alýar. Ol Tabarynyň taryhyny gysgaldyp, täzeden işleýär we wakalary yzygiderlilikde bermäge çalyşýar. Bu hakda Ibn Esir şeýle diýýär: «Ilki bilen ähli taryhçynyň esasy salgylanmasy bolan Ymam Abu Japar Tabarynyň ýazan uly «Taryh» eserinden başladym. Bir hadysa dogrusynda çapraz pikirler ýüze çyksa, adamlaryň ählisi şu kitaba esaslanýar. Onuň içindäki ähli maglumatlaryň birini hem goýman aldym. Abu Japar Tabary taryhy hadysalary beýan edende köp sanly rowaýatlara salgylanypdyr. Her rowaýatyň göwrümi biri-birinden az tapawut edýär. Manylaryna

hem az-kem artykmaç zat goşulypdyr ýa-da aýrylypdyr. Men doly wakalary şol durşuna aldym we olaryň kömegi bilen kemkäsleýin beýan edilen rowaýatlaryň üstüni ýetirdim. Ähli zady ýerli-ýerinde goýdum. Ana, şonda beýan ediliş ýollarynyň dürlüdigine garamazdan, wakalaryň ählisi bir sapaga düzüldi duruberdi»[1]. Şeýle-de bolsa, ol resmi ýazgylary «Kämil taryhyna» almandyr. Beýleki bir tarapdan, Ibn Esir Tabarynyň taryhynyň üstüne Müsür, Demirgazyk Afrika we Ispaniýa bilen baglanyşykly wakalaryň beýanyny goşupdyr. Bu hakda alymyň özi: «Tabarynyň kitabyndan soň ygtybarly saýylýan beýleki meşhur taryhlary okadym. Tabarynyň taryhynda ýok maglumatlary şol kitaplaryň üsti bilen doldurdym. Ähli zady tertibe salyp, ýerli-ýerinde goýdum. Men Resulallanyň sahabalarynyň arasynda bolup geçen wakalara goşmaçalar girizmedim. Diňe özümçe zyýada beýan etdim we käbir adam atlaryny düzetdim. Beýleki taryhçylaryň arasynda Abu Japar Tabara aýratyn ähmiýet bermegimiň sebäbi ol, hakykatdan-da, ussatlygy kämil ymam, ylymlaryň gory, ygtykady düz we dogry sözli ynsandyr»[2] diýýär. Tabarynyň birnäçe eseri Ibn Esirde hakyky nusgasynda, ýagny Tabarynyň hut özüniň taýýarlan nusgasynda bolupdyr, çünki Ibn Esiriň berýän käbir taryhy maglumatlary Tabarynyň bize gelip ýeten golýazmalarynda duş gelmeýär. Bu bolsa «Kämil taryhyň» ýazarynyň Tabarynyň eserleriniň has doly nusgasyny ulanypdyr diýmäge esas berýär. X asyryň başyndan başlap, tä 1231-nji milady ýylyna çenli ýetirilen wakalaryň ähmiýeti has-da gymmatlydyr. Ol we Tabarynyň yzyny dowam etdirijileriň köpüsi bu döwrüň wakalaryny beýan edenlerinde Tabarydan peýdalanypdyrlar. 915-nji milady ýylyna çenli wakalary öz içine alýan Tabarynyň işini gysgaldyp, 932-nji ýyla çenli dowam etdiren taryhçylaryň biri hem Ispaniýanyň Gurtoba (Kordowa) şäherinde ýaşan Aryp ibn Sagtdyr. Gündo-

[1] Ibn Esir. Kämil taryh, — Aşgabat, «Miras», 2005, I jilt. .... sah.
[2] Şol ýerde, .... sah.

garda Tabarynynyň taryhyny 903-974-nji milady ýyllarynyň wakalary bilen üstüni ýetiren taryhçy Sabyt ibn Sinandyr. Ondan başga-da Tabarynyň şägirdi we döwürdeşi Abu Muhammet Abdylla ibn Ahmet Fergany öz işine «Goşmaça» («Ez-zeýl» ýa-da «El-Muzeýýal») diýip at goýup, ussadynyň «taryhyny» dowam etdiripdir. Onuň şägirdi we ogly Ahmet ibn Abdylla Fergany (Müsürde ýaşapdyr we 1007-nji milady ýylynda şol ýerde aradan çykypdyr) Müsüriň taryhy hakynda iki sany eser ýazypdyr. Aradan köp wagt geçmänkä bolsa, Ibn Miskaweýh (1030-njy milady ýylynda aradan çykan) Tabarynyň taryhyny gysgaldýar we  X asyryň wakalary bilen üstüni ýetirip, 980-nji milady ýylyna çenli dowam etdirýär. Bu eserden Ibn Esiriň peýdalanandygyny aýtmak bolar. Soň-soňlar «Tabarynyň taryhy» iki ugur boýunça, hem Sabyt ibn Sinanyň, hem-de Ibn Miskaweýhiň ugry boýunça dowam etdirilipdir.

Sabytyň ýegeni Hilal ibn Muhsin Saby (1056-njy milady ýylynda aradan çykypdyr) öz daýysynyň taryh kitabyny 970-1055-nji milady ýyllarynyň wakalary bilen dowam etdiren bolsa, onuň ogly Garsynnugma Muhammet ibn Hilal (1114-nji milady ýylynda aradan çykan) wakalaryň beýanyny 1086-njy milady ýylyna çenli ýetirip, eserine «Senenama çeşmeleri» diýip at goýupdyr («Uýunyt-tawaryh»). Onuň yzyny Muhammet ibn Abdylmälik Hemedany dowam etdiripdir (1127-nji milady ýylynda aradan çykypdyr) we «Tabarynyň taryhyny» 1118-nji ýyla çenli bolan wakalar bilen dolduryp «Tabarynyň taryhyna goşmaça» («Tekmilet taryh at-Tabary») eserini ýazypdyr. Onuň yzyny indiki dowam etdirijiler, ylmy älemde giňden tanalmaýan Abylhasan ibn Raguny 1113-nji ýyla çenli, Sadaka Hatdat Afif 1174-nji ýyla çenli, meşhur Ibn Jöwzi (1200-nji ýylda aradan çykypdyr) 1184-nji ýyla çenli hem-de Ibn Kadysy 1231-nji ýyla çenli bolan wakalar bilen üstüni ýetiripdirler.

Ibn Miskaweýhiň taryhyny dowam etdirijilerden Muhammet Ibn Hüseýin Abu Şujag Hemedany Rudraweriniň (1095-nji

milady ýylynda aradan çykypdyr) «Goşmaçasy» («Zeýl») 980-999-njy milady ýyllaryndaky wakalara bagyşlanypdyr we Ibn Esir tarapyndan ulanylypdyr. Ibn Miskaweýhi dowam etdiriji hökmünde meşhur Horasanly taryhçy Ibn Funduk lakamyny alan, Abylhasan Aly ibn Zeýt Beýhakyny hem görkezmek bolar (1105-1169-njy milady ýyllarynda ýaşap geçipdir). Onuň «Tejribeleriň güzeri we täsinlikleriň gämisi» («Maşaryp at-tejaryp we gawaryp el-garaýyp») eserini Ibn Esir «Seljuklaryň we Köneürgenç türkmen döwletiniň «taryhyny» ýazanynda, Jüweýni bolsa «Älemi eýeleýjiniň taryhy» («Taryhy Jahanguşa») eserini ýazanda giňden peýdalanypdyrlar. Bu eserden Ýakuty hem peýdalanypdyr. Ýazaryň özi beýleki bir eserinde «Senenamasyny» Utbynyň «Taryhy Ýemini» kitabynyň dowamy hökmünde görkezýär. Ibn Miskaweýhi Rudraweriden soňky dowam etdiriji Muhammet ibn Hüseýin Abdylla Bagdadydyr.

Ibn Esiriň köp peýdalanan eserleriniň ýene biri Belazuriniň «Meşhur şahslaryň şejeresi» («Kitap ansap el-eşrep») kitaby we Hamza Esat Ibn Kalanysyň (1160-njy milady ýylynda aradan çykypdyr) «Damaskyň taryhyna goşmaça» eseridir.

Ibn Esiriň «Kämil taryhynyň» Horasanyň we Orta Aziýanyň taryhy bölümi üçin esasy çeşme hökmünde Orta Aziýa taryhçysy Abylhüseýin Aly Ibn Ahmet Sellamynyň «Horasanyň hökümdarlarynyň taryhy» («Taryh wulat Horasan» ýa-da «Taryh ahbar wulat Horasan») eseri hyzmat edipdir. Ýazar Samanly hökümdarlaryndan Abu Bekr Çakanyň we onuň ogly Abu Alynyň ýakyn adamlaryndan biri eken. Abu Aly ýurdundan kowlup çykarylanda (954-nji milady ýyly) Ahmet Sellamy onuň ýanynda bolupdyr we eserini tä hojaýyny aradan çykýança 958-nji milady ýylyna çenli bolup geçen wakalar bilen dowam etdiripdir.

Sellamy Muktadyryň döwründe ýaşan Ybraýym ibn Muhammet Beýhakynyň şägirdi we uly edebiýatçy we taryhçy

alym Abu Bekr Horezminiň (993-nji milady ýylynda Nyşapurda aradan çykypdyr) halypasy bolupdyr. Sellamynyň eserini Ibn Esirden başga-da birnäçe arap we pars dilinde ýazan türkmen alymlary tarapyndan peýdalanylypdyr. Olardan Gardizi (milady 1049-1053-nji ýyllar aralygy), Ibn Makula (milady 1082-nji ýylda aradan çykypdyr), Awfy (milady 1228-nji ýylda aradan çykypdyr) we Ibn Hallikan ýaly dünýä belli orta asyr türkmen alymlaryny ýatlamak bolar. Ibn Esir Saffarylaryň taryhyny beýan edende Sellamydan başga-da Abu Abdylla Muhammet ibn Azhar Ahbarynyň (936-njy milady ýylynda aradan çykypdyr diýip çaklanylýar) eserini hem peýdalanypdyr. Azhar Ahbarynyň bu eserini Ibn Hallykan hem peýdalanypdyr. Ibn Esiriň «Kämil taryhy» ýazanda peýdalanan ähli çeşmeleri häzirlikçe bize nämälim bolup galýar. Beýik taryhçy we öz döwrüniň meşhur şahsy bolan Ibn Esir «Kämil taryhdan» başga-da «Mosul atabegleriniň taryhy» we Samanynyň «Şejere» kitabyndan Muhammet pygamberiň we onuň egindeşleriniň terjimehallaryny aýratyn kitap hökmünde taýýarlapdyr.

Ibn Esiriň siziň eliňizdäki «Kämil taryh» atly eseri ilkinji gezek arap dilinden, asyl nusgadan türkmen diline terjime edildi. Terjimäniň esasy çeşmesi hökmünde Türkiýäniň Süleýmaniýe kitaphanasynda saklanylýan golýazma saýlanyp alyndy. Ibn Esiriň uly göwrümli bu eseriniň beýleki nusgalary Berliniň Döwlet kitaphanasynda, Pariž kitaphanasynda, London muzeýinde hem saklanylýar.

Köksüz daragtyň, geçmişsiz halkyň bolmaýandygyny mysal getirip, zerur zatlary öwrenmegi aňymyza guýan, bagtyýar geljegiň hatyrasyna taryhy tejribelerden many almagy ündeýän Pygamber paýhasly Mähriban Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şöhratly halkymyzyň gaýtadan dikeldilýän taryhy üçin atalyk aladalaryny edýär. «Kämil taryh» eserini türkmen diline terjime etmek meselesinde hem Beýik Serdarymy-

zyň sargytlary biziň esasy şamçyragymyz boldy. Şonuň üçin ilkinji nobatda bütindünýä taryhyny beýan edýän bu eserden türkmenlere degişli ýerler dolulygyna seçilip alyndy we terjime edildi. Ýer-ýurt we adam atlaryny bermek babatynda hem köňüllerimiziň kuýaşy Mukaddes Ruhnama daýanyldy.

Biz bu ýerde Ibn Esiriň «Kämil taryhyny» derňäp durmagy özümize maksat edinmedik. Goý, okyjynyň özi bu kitaby okap, özüçe netije çykarsyn. Mähriban Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasynda türkmeniň geçmişde 70-den gowrak döwlet gurandygy aýdylýar. Ynha, siziň eliňizdäki Ibn Esiriň «Kämil taryhy» şol aýdylanlaryň delilidir.

Orta asyr taryhçylarynyň arasynda dogruçyllygy we bitaraplygy bilen beýleki alymlardan tapawutlanýan alymyň bu eseri, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy eýýamynda, hut onuň özüniň tagallasy bilen dörän terjime mekdebi tarapyndan terjime edildi. Bu bolsa orta asyrlardaky türkmenleriň taryhyny ylmy esasda ýazmakda Beýik Türkmenbaşy eýýamynyň taryhçylaryna maglumat çeşmesi bolup hyzmat eder.

**Rejepmuhammet GELDIÝEW,**
*Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkeziniň terjime we neşire taýýarlaýyş bölüminiň müdiri, dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

## MAZMUNY

**584-nji hijri ýyly**

Soltan Salaheddiniň Köwkep galasyny gabawa salmagynyň beýany ........ 8

Soltan Salaheddiniň Ýewropa ýurtlaryna eden ýörişiniň beýany ........ 8

Jebeläniň basylyp alynmagynyň beýany ........ 9

Lazykyýa galasynyň basylyp alynmagynyň beýany ........ 10

Sisiliýa deňiz güýçleriniň ýagdaýynyň beýany ........ 11

Sihýun we başga-da birnäçe galalaryň basylyp alynmagynyň beýany ........ 12

Bakas we Şugr galalarynyň basylyp alynmagynyň beýany .... 13

Sarminiýa galasynyň basylyp alynmagynyň beýany ........ 14

Barzaýa galasynyň alynmagynyň beýany ........ 14

Darb Sak galasynyň alynmagynyň beýany ........ 16

Bagras galasyyň basylyp alynmagynyň beýany ........ 17

Musulmanlar bilen Antakyýanyň hökümdaryniň arasyndaky ýaraşygyň beýany ........ 17

Kerek galasynyň we onuň töwerekleriniň eýelenmeginiň beýany ........ 18

Safad galasynyň basylyp alynmagynyň beýany ......................19
Köwkep galasynyň basylyp alynmagynyň beýany ..................19
Soltan Togrulyň halypanyň goşunyny derbi-dagyn etmeginiň beýany ........................................................................21
Bu ýylda bolup geçen wakalar ...............................................22

**585-nji hijri ýyly**

Şakyf Arnun galasynyň alynmagynyň beýany.........................23
Ýewropalylar bilen ýezekleriň arasynda ýüze çykan çaknyşygyň beýany ...............................................................24
Ikinji çaknyşygyň beýany.........................................................25
Üçünji çaknyşygyň beýany ......................................................26
Ýewropalylaryň Akka ýörişi we ony gabawa salmagynyň beýany .........................................................................................27
Ýewropalylaryň araplar bilen bolup geçen çaknyşygynyň beýany .........................................................................................29
Akkanyň ýanynda bolup geçen uly söweşiň beýany................30
Soltan Salaheddiniň gitmegi we Akkanyň gabawa alynmagynyň beýany...............................................................31
Müsürli esgerleriň we Müsür deňiz güýçleriniň gelmeginiň beýany .........................................................................................32
Bu ýylda bolup geçen wakalar ...............................................33

**586-njy hijri ýyly**

Ýezekler bilen ýewropalylaryň çaknyşmagy we Soltan Salaheddiniň ýewropalylaryň ýerlerini eýelemeginiň beýany .33
Diňleriň ýakylmagy we deňizdäki çaknyşygyň beýany...........34

Alman şasynyň Şama gelmegi we onuň wepat bolmagynyň beýany ........ 36
Musulmanlar bilen ýewropalylaryň arasynda Akka üçin bolup geçen çaknyşygyň beýany ........ 38
Ýewropalylaryň garymlardan çykmagynyň beýany ........ 39
Salaheddiniň esgerleriniň Akkany eýelemeginiň beýany ........ 41
Erbil hökümdary Zeýneddin Ýusubyň wepat bolmagy we onuň ornuny Muzaffareddin Gokböriniň eýelemeginiň beýany ........ 41
Gyýaseddiniň we Soltanşanyň arasyndaky Horasanda bolan söweşiň beýany ........ 42
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 42
**587-nji hijri ýyly**
Mosul hökümdary Yzzediniň Jeziräni gabawa salmagynyň beýany ........ 42
Takyýeddin Omaryň Fyratdan geçip, Harran we başga ýurtlary eýelemeginiň we Ahlada gidip, ol ýerde wepat bolmagynyň beýany ........ 43
Günbatarly ýewropalylaryň deňiz üsti bilen Akka gelmeginiň beýany ........ 44
Ýewropalylaryň Akkany eýelemeginiň beýany ........ 46
Ýewropalylaryň Askalan tarapa gitmegi we ol ýerleriň harap bolmagynyň beýany ........ 47
Ýewropalylaryň Natrun galasyna gitmeginiň beýany ........ 49
Soltan Salaheddiniň Kudusa gitmeginiň beýany ........ 50
Ýewropalylaryň Ramla gaýdyp gelmeginiň beýany ........ 51
Gyzyl Arslanyň öldürilmeginiň beýany ........ 51

Bu ýylda bolup geçen wakalar ................................................52

**588-nji hijri ýyly**

Ýewropalylaryň Askalany dikeltmekleriniň beýany...............53

Markisiň öldürilmegi we onuň ýerini Kind Hiranyň eýelemeginiň beýany.........................................................53

Ýewropalylar bilen bolan ýagdaýyň beýany...........................54

Mälik Afdal we Mälik Adylyň Jezire ýurtlaryna gitmeginiň beýany .....................................................................................54

Ýewropalylaryň musulman kerwenini talamagynyň beýany...55

Ýewropalylaryň Akka dolanyp gelmeginiň beýany................56

Soltan Salaheddiniň Ýafany eýelemeginiň beýany.................56

Ýewropalylar bilen baglaşylan ýaraşyk we Soltan Salaheddiniň Damaska gaýdyp barmagynyň beýany..................................57

Gylyç Arslanyň wepat bolmagynyň beýany ...........................58

Şyhabeddin Gurlynyň hindilerden Ajmary we başga ýerleri almagynyň beýany.................................................................60

Bu ýylda bolup geçen wakalar ................................................62

**589-njy hijri ýyly**

Soltan Salaheddiniň wepat bolmagy we onuň ömür beýany. ..62

Soltan Salaheddiniň ölüminden soň ogullarynyň we doganlarynyň düşen ýagdaýynyň beýany ..............................63

Atabeg Yzzeddiniň Mälik Adylyň ýurduna ýörişiniň we onuň kesellemeginiň beýany .........................................................64

Atabeg Yzzeddiniň wepat bolmagy we onuň ömür beýany.....65

Ahlat hökümdary Bekdemiriň öldürilmeginiň beýany ...........65

Bu ýylda bolup geçen wakalar ................................................65

**590-njy hijri ýyly**

Şyhabeddin Gurly bilen hindi şasy Benarisiň arasynda bolup geçen söweşiň beýany........................................................ 66

Soltan Togrulyň öldürilmegi, Horezmşanyň Reýi eýelemegi we onuň dogany Soltanşanyň wepat bolmagynyň beýany............ 67

Mälik Eziziň Damasky gabawa salmagynyň beýany .............. 68

Bu ýylda bolup geçen wakalar................................................ 69

**591-nji hijri ýyly**

Halypa weziriniň Hemedan we başga ajam ýurtlaryny eýelemeginiň beýany ........................................................... 70

Halypa esgerleriniň Yspyhany eýelemeginiň beýany ............. 71

Gökjäniň Reý we Hemedan ýurtlaryny eýelemeginiň beýany........................................................................................ 71

Mälik Eziziň ikinji gezek Damasky gabamagy we ýeňilmeginiň beýany........................................................................................ 72

Bu ýylda bolup geçen wakalar................................................ 73

**592-nji hijri ýyly**

Şyhabeddin Gurlynyň Bahankary we başga hindi ýurtlaryny eýelemeginiň beýany ........................................................... 73

Mälik Adylyň Mälik Afdaldan Damasky basyp almagynyň beýany........................................................................................ 74

Bu ýylda bolup geçen wakalar................................................ 75

**593-nji hijri ýyly**

Mälik Adylyň ýewropalylardan Ýafany almagy, ýewropalylaryň bolsa musulmanlardan Beýrudy almagynyň we ýewropalylaryň Tebnini gabawa salmagynyň we ol ýerden gitmeginiň beýany ........................................................... 76

Seýfulyslamyň wepat bolmagy we onuň ýerini oglunyň eýelemeginiň beýany ........ 78
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 78

**594-nji hijri ýyly**

Ymadeddiniň ölümi we onuň ornuny ogly Kutbeddin Muhammediň eýelemeginiň beýany ........ 79
Nureddin Arslanşanyň Nasibin galasyny eýelemeginiň beýany ........ 79
Gurlularyň Balh şäherini eýelemeginiň beýany ........ 80
Hatalylaryň gurlulardan ýeňilmeginiň beýany ........ 81
Horezmşanyň Buharany eýelemeginiň beýany ........ 82
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 83

**595-nji hijri ýyly**

Mälik Eziziň wepat bolmagy we dogany Mälik Afdalyň Müsür diýarynyň hökümdarlygyna gelmeginiň beýany ........ 84
Mälik Afdalyň Damasky gabawa salmagy we ýene-de yzyna dolanyp gelmeginiň beýany ........ 85
Mälik Adylyň esgerleriniň Mardinden gaýtmagynyň beýany ........ 87
Horezmşanyň Reýe eden ýörişiniň beýany ........ 88
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 89

**596-njy hijri ýyly**

Mälik Adylyň Müsür diýaryny eýelemeginiň beýany ........ 90
Horezmşanyň wepat bolmagy we onuň ömür beýany ........ 91
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 93

**597-nji hijri ýyly**

Halap hökümdary Mälik Zahyryň Manbaj we Şam ýurtlarynyň başga ýerlerini eýelemeginiň, Mälik Zahyryň we Mälik Afdalyň Damasky gabawa salmagynyň beýany ...................... 94

Gyýaseddiniň we onuň doganynyň Horezmşanyň Horasandaky ýerlerini eýelemeginiň beýany............................................... 96

Nureddiniň Mälik Adylyň ýurduna ýörişi we olaryň arasyndaky ylalaşygyň beýany ............................................... 98

Şyhabeddin Gurlynyň Nehrawany eýelemeginiň beýany ....... 98

Rukneddiniň Arzyrumy we Malatyýany basyp almagynyň beýany ........................................................................... 99

Amyt hökümdary Sykmanyň wepat bolmagy we ýurdy onuň dogany Mahmydyň eýelemeginiň beýany............................... 99

Bu ýylda bolup geçen wakalar.............................................. 100

**598-nji hijri ýyly**

Horezmşanyň Gurlularyň Horezmlilerden alan ýerini gaýdyp almagynyň beýany ............................................................ 101

Horezmşanyň Hyrady gabamagy we yzyna dolanmagynyň beýany.......................................................................... 103

Bu ýylda bolup geçen wakalar.............................................. 104

**599-njy hijri ýyly**

Mälik Adylyň esgerleriniň Mardini gabamagy we ol ýeriň hökümdary bilen ýaraşyk baglanyşmagynyň beýany............ 105

Gur şasy Gyýaseddiniň wepaty we onuň ömür beýany......... 105

Mälik Zahyryň dogany Mälik Afdaldan Nejm galasyny almagynyň beýany ............................................................ 106

Bu ýylda bolup geçen wakalar.............................................. 107

**600-nji hijri ýyly**

Horezmşanyň ikinji gezek Hyrady gabawa salmagynyň beýany ....................................................................108

Şyhabeddiniň hindi ýurdundan gaýdyp gelip Horezmi gabawa salmagy we Hatalylardan ýeňilmeginiň beýany ....................108

Horasandaky ysmaýylylaryň gylyçdan geçirilmeginiň beýany ....................................................................111

Mosul hökümdary Nureddiniň Mälik Adylyň esgerlerinden ýeňilmeginiň beýany ..........................................................111

Ýewropalylaryň yslam ýurduna gelmegi we olaryň ýaraşyk baglaşmagynyň beýany ........................................................112

Gökjäniň Jebel ýurdunda öldürilmeginiň beýany ..................112

Rukneddin ibn Gylyç Arslanyň wepaty we onuň ornuna oglunyň geçmeginiň beýany.................................................113

Bu ýylda bolup geçen wakalar ..............................................113

**601-nji hijri ýyly**

Keýhysrow ibn Gylyjyň doganynyň oglundan Rum ýurduny almagynyň beýany......................................................................114

Amyt galasynyň hökümdarynyň Harta Birt galasyny gabawa salmagy we ol ýerden yzyna dolanmagynyň beýany.............115

Bu ýylda bolup geçen wakalar ..............................................116

**602-nji hijri ýyly**

Şyhabeddin Gurlynyň Köwker taýpasy bilen söweşiniň beýany ....................................................................117

Tirahiýadaky ýeňişiň beýany ................................................119

Şyhabeddin Gurlynyň öldürilmeginiň beýany .......................120

Täjeddin Düzüň eden işiniň beýany.......................................121

Şyhabeddin Gurlynyň ömür beýany ...................................... 122
Bahaweddin Samyň Gazna ýörişi we wepat bolmagynyň beýany............................................................................ 123
Alaeddiniň Gaznany eýelemegi we soňra Gaznanyň ondan yzyna alynmagynyň beýany .................................................. 123
Täjeddin Düzüň Gaznany eýelemeginiň beýany.................... 125
Gyýaseddiniň agasy öleninden soňky ýagdaýynyň beýany .. 125
Horezmşanyň gurlularyň Horasandaky ýurtlaryny eýelemeginiň beýany ............................................................ 127
Horezmşanyň Termezi eýelemegi we ony hatalylara bermeginiň beýany.............................................................. 129
Bamyýan hökümdaryniň ogullarynyň Gazna gaýdyp gelmeginiň beýany.............................................................. 130
Täjeddin Düzüň Gazna gaýdyp gelmeginiň beýany............. 132
Maraganyň we Erbiliň hökümdarlarynyň dil birikdirip, Genjä ýöriş etmeginiň beýany..................................................... 133
Ydgamyşyň Ysmaýylylaryň ýurduna eden ýörişiniň beýany............................................................................ 134
Horezmli esgerleriň Jebel ýurduna gelmegi we olaryň soňky ykbalynyň beýany............................................................. 135
Bu ýylda bolup geçen wakalar............................................... 135

**603-nji hijri ýyly**

Apbasyň Bamyýany eýelemegi we ony doganyna gaýdyp bermeginiň beýany.............................................................. 137
Horezmşanyň Talykany eýelemeginiň beýany....................... 137
Gyýaseddin bilen Düzüň we Aýbegiň arasyndaky bolan ýagdaýyň beýany ............................................................... 138

Mazendaran hökümdaryniň wepatynyň beýany.....................140
Gyýaseddin Keýhysrowyň Antakyýany eýelemeginiň beýany ...................................................................141
Balbanyň Bekdemiriň oglundan Ahlady almagynyň beýany ...................................................................141
Halypa esgerleri bilen Lurystan hökümdarynyň arasyndaky çaknyşygyň beýany ...................................................142
Bu ýylda bolup geçen wakalar ...............................................143

**604-nji hijri ýyly**

Horezmşanyň Mawerannahry eýelemeginiň beýany .............144
Ibn Harmiliň öldürilmegi we Hyradyň gabalmagynyň beýany ...................................................................145
Horezmşanyň Horasandaky eden işleriniň beýany ................147
Gyýaseddin Mahmydyň öldürilmeginiň beýany ....................148
Horezmşa bilen hatalylaryň ikinji gezek söweşmeginiň beýany ...................................................................149
Samarkandyň hökümdaryniň Horezmlilere dönüklik etmeginiň beýany ...................................................................150
Hatalylaryň soňuna çykan söweşiň beýany...........................151
Nejmeddin ibn Mälik Adylyň Ahlady eýelemeginiň beýany ...................................................................152
Ahlatdaky pitne we onda köp adamyň gyrylmagynyň beýany ...................................................................153
Abu Bekr ibn Pälwanyň Maragany eýelemeginiň beýany.....154
Halypanyň weziriniň wezipesinden boşadylmagyniň beýany ...................................................................154
Bu ýylda bolup geçen wakalar ...............................................155

**605-nji hijri ýyly**

Sanjar şanyň öldürilmeginiň we onuň ýerini oglunyň eýelemeginiň beýany ........................................................ 156

Bu ýylda bolup geçen wakalar.............................................. 157

**606-njy hijri ýyly**

Mälik Adylyň Habur we Nasibini eýelemeginiň, Sanjary gabawa salmagynyň hem-de Nureddin Arslan şa bilen Muzaffareddiniň ylalaşmagynyň beýany.............................. 158

Bu ýylda bolup geçen wakalar.............................................. 159

**607-nji hijri ýyly**

Halypanyň mamlugy – Huzystanyň hökümdary Sanjaryň Halypanyň tabynlygyndan çykmagynyň beýany................... 159

Nureddin Arslanşanyň aradan çykmagy we onuň ömür beýany ....................................................................................... 161

Mälik Kahyryň Mosul hökümdarlygyna ykrar edilmeginiň beýany ....................................................................................... 162

Bu ýylda bolup geçen wakalar.............................................. 163

**608-nji hijri ýyly**

Meňliniň Jebel bilen Yspyhany eýelemeginiň hem-de Ydgamyşyň gaçmagynyň beýany ......................................... 164

Bu ýylda bolup geçen wakalar.............................................. 164

**609-njy hijri ýyly**

Ibn Meňliniň Bagdada gelmeginiň beýany........................... 165

Bu ýylda bolup geçen wakalar.............................................. 166

**610-njy hijri ýyly**

Ydgamyşyň öldürilmeginiň beýany...................................... 166

Bu ýylda bolup geçen wakalar ............................................... 167

**611-nji hijri ýyly**

Horezmşa Alaeddiniň Kermany, Mukrany we Sindi eýelemeginiň beýany ............................................... 167

Bu ýylda bolup geçen wakalar ............................................... 168

**612-nji hijri ýyly**

Meňliniň dünýäden ötmeginiň we onuň ýerini Aglamyşyň eýelemeginiň beýany ............................................... 169

Halypanyň oglunyň aradan çykmagynyň beýany .................. 170

Horezmşanyň Gaznany we onuň töwereklerini eýelemeginiň beýany ............................................... 171

Düzüň Lahory eýelemeginiň we öldürilmeginiň beýany ....... 173

Bu ýylda bolup geçen wakalar ............................................... 173

**613-nji hijri ýyly**

Halabyň hökümdary Mälik Zahyryň wepat bolmagynyň beýany ............................................... 174

Bu ýylda bolup geçen wakalar ............................................... 175

**614-nji hijri ýyly**

Horezmşanyň Jebel ýurtlaryny eýelemeginiň beýany ............ 176

Atabeg Sagt bilen ogullarynyň arasynda bolup geçen hadysanyň beýany ............................................... 178

Dymýat şäheriniň musulmanlara gaýdyp gelmeginiň beýany ............................................... 179

Ýewropalylaryň Tur galasyny gabamagynyň we galanyň ýumrulmagynyň beýany ............................................... 180

Ýewropalylaryň Dymýaty gabamagynyň we ol ýeri eýelemeginiň beýany ........................................................ 181
Musulmanlaryň Dymýaty gaýdyp almagynyň beýany.......... 182
Bu ýylda bolup geçen wakalar............................................. 183

**615-nji hijri ýyly**

Mälik Kahyryň wepat bolmagy we onyň ömür beýany ........ 184
Ymadeddin Zeňňiniň Hakkaryýa we Zowzan galalarynyeýelemeginiň beýany ......................................... 186
Bedreddin Lulu bilen Mälik Eşrebiň arasyndaky ylalaşygyň beýany.......................................................................... 187
Ymadeddin Zeňňiniň Bedreddiniň esgerlerinden ýeňilmeginiň beýany.......................................................................... 188
Mosulyň hökümdary Nureddiniň wepat bolmagynyň beýany.......................................................................... 188
Bedreddin Lulunyň Muzaffareddin Gökböriden ýeňilmeginiň beýany.......................................................................... 188
Ymadeddiniň Kawaşa galasyny, Bedreddiniň Telagfer galasyny, Mälik Eşrebiň Sanjary eýelemeginiň beýany........ 189
Mälik Eşrebiň Mosula gitmeginiň we Muzaffereddin Gökböri bilen ylalaşygynyň beýany ................................................. 191
Hakkaryýa we Zowzan galalarynyň Bedreddine gaýdyp gelmeginiň beýany............................................................. 192
Keýkowusyň Halaba ýörişiniň we onuň Mälik Eşrepden ýeňilmeginiň beýany......................................................... 192
Mälik Adylyň wepat bolmagy we onyň ömür beýany .......... 194
Bu ýylda bolup geçen wakalar............................................. 195

**616-njy hijri ýyly**

Keýkowsuň wepat bolup, onuň ornuny dogany Keýkubatyň eýelemeginiň beýany ........ 195

Sanjaryň hökümdaryniň aradan çykmagynyň ornuny oglunyň eýelemeginiň beýany ........ 196

Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 196

**617-nji hijri ýyly**

Mongollaryň yslam ýurtlaryna aralaşmagynyň beýany ........ 197

Mongollaryň Türküstana we Mawerannahra eden ýörişleriniň beýany ........ 197

Horezmşanyň mongollardan ýeňilmeginiň we wepat bolmagynyň beýany ........ 201

Horezmşanyň häsiýetleri we ömür beýany ........ 201

Mongollaryň Mazendarany eýelemeginiň beýany ........ 203

Reýiň we Hemedanyň eýelenmeginiň beýany ........ 203

Mongollaryň Maragany eýelemeginiň beýany ........ 204

Mongollaryň Hemedana gaýdyp gelmeginiň beýany ........ 204

Mongollaryň Buharadan we Samarkantdan soň Mawerennahrda eden-etdilikleriniň beýany ........ 205

Mongollaryň Horasany eýelemeginiň beýany ........ 205

Horezmiň eýelenmeginiň we harap edilmeginiň beýany ........ 207

Mongollaryň Gaznany we Gur ýurtlaryny eýelemeginiň beýany ........ 208

Mälik Eşrebiň Ahlady dogany Şyhabeddin Gaza bermeginiň beýany ........ 210

Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 210

**618-nji hijri ýyly**

Mekgäniň hökümdary Kytadanyň wepat bolup, onuň ornuna oglunyň geçmeginiň beýany ............................................ 211

Bu ýylda bolup geçen wakalar............................................ 213

**619-njy hijri ýyly**

Bedreddiniň Şuş galasyny eýelemeginiň beýany .................. 215

Bu ýylda bolup geçen wakalar............................................ 215

**620-nji hijri ýyly**

Ýemeniň hökümdarynyň Mekgäni eýelemeginiň beýany..... 216

Gyýaseddin bilen daýysynyň arasyndaky söweşiň beýany ... 217

Bir geň wakanyň beýany ................................................... 217

Bu ýylda bolup geçen wakalar............................................ 218

**621-nji hijri ýyly**

Mongollaryň Reýe, Hemedana we başga ülkelere gaýdyp gelmeginiň beýany......................................................... 219

Gyýaseddiniň pars ýurtlaryny eýelemeginiň beýany............. 220

Şyhabeddin Gazynyň öz dogany Mälik Eşrebiň garşysyna çykmagynyň beýany .......................................................... 220

Erbiliň hökümdary Muzaffareddin Gökböriniň Mosuly gabawa salmagynyň beýany .......................................................... 221

Bu ýylda bolup geçen wakalar............................................ 222

**622-nji hijri ýyly**

Soltan Jelaleddiniň Huzystana we Yraga gelmeginiň beýany................................................................................. 222

Mälik Afdalyň aradan çykmagynyň beýany.......................... 224

Soltan Jelaleddiniň genjäni eýelemeginiň beýany................. 225

Gürjüleriň soltan Jelaleddinden ýeňilmeginiň beýany...........226
Soltan Jelaleddiniň Töwrize gaýdyp gelmeginiň we Uzbeg ibn Pälwanyň aýalyna öýlenmeginiň beýany..............................228
Halypa Nasyr Lidinilläniň wepat bolmagynyň beýany..........229
Zahyr Biemrilläniň halypalyga gelmeginiň beýany...............230
Bedreddin Lulunyň Ymadyýa we Haruza galalaryny eýelemeginiň beýany..................................................................232
Bu ýylda bolup geçen wakalar ..............................................233
**623-nji hijri ýyly**
Soltan Jelaleddiniň Tiflisi eýelemeginiň beýany ...................234
Kerman naýybynyň soltan Jelaleddine garşy çykmagynyň beýany ...................................................................................236
Mälik Eşrebiň esgerleri bilen soltan Jelaleddiniň esgerleriniň arasynda bolup geçen söweşiň beýany.................................237
Halypa Zahyr Biemrilläniň aradan çykmagynyň beýany.......237
Amydyň hökümdary bilen Keýkubadyň söweşiniň beýany...238
Soltan Jelaleddiniň Ani we Kars şäherlerini gabawa salmagynyň beýany...........................................................238
Soltan Jelaleddiniň Ahlada ýöriş etmeginiň beýany.............238
Soltan Jelaleddiniň eýwanly türkmenler bilen söweşiniň beýany ...................................................................................239
Mälik Muazzam bilen Mälik Eşrebiň arasyndaky ylalaşygyň beýany ...................................................................................240
Bu ýylda bolup geçen wakalar ..............................................241
**624-nji hijri ýyly**
Gürjüleriň Tiflisi otlamagynyň beýany.................................242

Soltan Jelaleddiniň Ysmaýylylar ýurduny talamagynyň beýany ........ 243
Soltan Jelaleddin bilen mongollaryň arasyndaky söweşiň beýany ........ 243
Mälik Eşrebiň esgerleriniň Genjä girmeginiň beýany ........ 244
Damask hökümdary Mälik Muazzamyň wepat bolmagynyň beýany ........ 244
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 245

**625-nji hijri ýyly**

Soltan Jelaleddin bilen onuň dogany Gyýaseddiniň arasyndaky gapma-garşylygyň beýany ........ 246
Soltan Jelaleddin bilen mongollaryň arasyndaky söweşiň beýany ........ 247
Ýewropalylaryň Şama gitmegi we Saýda galasynyň bina edilmeginiň beýany ........ 249
Keýkubadyň Arzankäni eýelemeginiň beýany ........ 250
Mälik Kämiliň Müsür diýaryndan çykmagynyň beýany ........ 251
Soltan Jelaleddiniň Ermeniýa ýurtlaryny talamagynyň beýany ........ 252
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 252

**626-njy hijri ýyly**

Mälik Eşrebiň Damasky eýelemeginiň beýany ........ 253
Hajyp Alynyň tussag edilmeginiň we öldürilmeginiň beýany ........ 254
Mälik Kämiliň Hama galasyny eýelemeginiň beýany ........ 255
Soltan Jelaleddiniň ahlady gabamagynyň we eýelemeginiň beýany ........ 256

Bu ýylda bolup geçen wakalar ............................................. 257

**627-nji hijri ýyly**

Soltan Jelaleddiniň Mälik Eşrep bilen Keýkubatdan ýeňilmeginiň beýany ............................................................ 258

Keýkubadyň Arzyrumy eýelemeginiň beýany ....................... 259

Mälik Eşrep, Alaeddin we Jelaleddin Horezmşanyň arasyndaky ylalaşygyň beýany ............................................................ 259

Şyhabeddin Gazynyň Arzan şäherini eýelemeginiň beýany .. 259

Sunjyň Ruýandez galasyny eýelemeginiň beýany ................. 260

**628-nji hijri ýyly**

Mongollaryň Genjä gelmeginiň beýany ................................ 261

Mongollaryň Maragany eýelemegi ....................................... 264

Soltan Jelaleddiniň Amyda gelip, ol ýerde ýeňilmeginiň beýany ............................................................................ 264

Mongollaryň Diýarbekre we Jezirä gelip, ol ýerlerde eden işleriniň beýany ................................................................ 265

Mongollaryň Erbil we Dakuka eden ýörişleriniň beýany ...... 267

Genjäniň mongollara tabyn bolmagynyň beýany ................. 268

Bu ýylda bolup geçen wakalar ............................................. 269

*Rejepmuhammet Geldiýew*. Kämil ynsanyň «kämil taryhy» . 271

# Ibn Esir

# KÄMIL TARYH

## III jilt

**Teh redaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Korrektor G. Mämmedowa**

Çap etmäge rugsat edildi 03.01.2005 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 18,5.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 2 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №_____.
A-21501

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.